**Ö. Meläýew, Ç. Ataýew**

# STANDARTLAŞDYRMAGYŇ HUKUK ESASLARY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK
M

**Meläýew Ö., Ataýew Ç.**
**M** **Standartlaşdyrmagyň hukuk esaslary.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

TDKP № KBK

© Ö. Meläýew, Ç. Ataýew , 2014



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Her bir ýurduň, döwletiň ykdysady potensialy, onuň güýç-kuwwaty ýurduň ykdysadyýetiniň kämilligi, durnuklylygy, ösüş depgini halkyň hal-ýagdaýynyň ösüş derejesi bilen kesgitlenýär we häsiýetlendirilýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň esasy ykdysady ösüşine uly goşant goşýan pudaklarynda uly özgertmeleriň, ösüşleriň bolmagyna turuwbaşdan uly badalga berdi.

Dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, umuman senagat pudagy halk hojalygynyň düzümine girýän ähli pudaklaryň emele gelmeginde, işlemeginde, kämilleşmeginde, ösmeginde olaryň esasy özeni bolup durýar, sebäbi senagatyň özünde we beýleki pudaklaryň hemmesinde ulanylýan esasy önümçilik tehniki serişdeleriň we şaý-sepleriniň hemmesi senagatyň aýry-aýry pudaklarynda öndürilýär. Senagat pudagynyň ýene-de bir aýratynlygy ol ýurduň, döwletiň kuwwatyny, onuň ykdysady we syýasy derejesiniň mäkämligini häsiýetlendirýär we görkezýär. Munuň şeýledigine biziň Türkmenistan Döwletimiziň mysalynda hem görmek bolýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýadawsyz aladasy netijesinde, ýurdumyzda senagat pudaklarynyň işini täzeden guramak, ösdürmek meselelerini ileri tutup, içerki we daşarky maýa goýumlarynyň esasy bölegini şolaryň işine düýpgöter täzeden gurnamaklyga, ösdürmeklige gönükdirildi. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygymyzda Beýik Galkynyşlar täze özgertmeler döwründe senagat pudaklarynyň ösmegi üçin edilen işler, gazanylan ykdysady görkezijiler guwanmaga, buýsanmaga mynasypdyr.

Elbetde munuň ýaly üstünlikler tötänden bolmaýar, ol ilki bilen öndürilýän önümiň hiliniň ýokary derejede bolmagyndadyr. Öndürilýän önümiň hiline gönüden-göni täsir edýän ýagdaýlar – ýokary hilli çig mal, halkara standartlaryň talabyna gabat gelýän önümçilik tehni-

ki serişdeleri, şaý-sepleri, enjamlar, iş dolandyryjy serişdeler, gurallar, ygtybarly elektroenergiýa üpjünçiligi, zähmet, önümçilik tertip düzgüni we başgalardyr. Ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli önümler diňe bir-iki senagat toplumlarynda däl-de halk hojalygynyň beýleki pudaklarynda öndürilýän taýýar önümleriň we çig mallaryň hili hem şonuň ýaly ýokarydyr.

Ýokary hilli önümiň özüne düşýän gymmatyny azaltmagyň esasy ugurlary (rezerwi) bu çig mallary, materiallary, ýangyjy, elektrik energiýasyny we ýokary kuwwatly tehnikany tygşytly ulanmakdan ybaratdyr. Önümçiligiň tehnikasyny we tehnologiýasyny ösdürmek arkaly hem ýokary hilli önümleri öndürmek we olaryň özüne düşýän gymmatyny peseltmek mümkin.

Mälim bolşy ýaly, önümiň hili şol harydyň maksadyna laýyklykda ulanmagyň ýa-da sarp etmegiň belli bir şertlerinde belli bir islegleri kanagatlandyrmak üçin onuň ýaramlylygyny şertlendirýän häsiýetleriň jemine düşünilýär (şunda harydyň timarlanylyşy, fasony modasy we beýlekiler göz öňünde tutulýar).

Harytlaryň hilini ýokarlanyrmak möhüm halk hojalyk wezipeleriniň, çykarylýan önümiň tehniki derejesini we hilini yzygiderli ýokarlandyrmak önümçiligiň netijeliligini artdyrmagyň iňňän möhüm çeşmesidir.

Harytlaryň hilini ýokarlandyrmak döwlet möçberinde meýilnamalaşdyryş we dolandyryş obýektidir.

Ilatyň maddy hal-ýagdaýy we medeni derejesi ösdügiçe önümleriň hili baradaky talaplar mydama artýar. Şoňa görä-de döwlet önümleriň hilini ýokarlandyrmaga hemişe üns berip gelýär. Hökümetiň kararlarynda önümiň hilini ýokarlandyrmaga aýratyn üns berilýär, munuň özi hem önümçiligi ösdürmek, onuň netijeliliginiň ösüşini çaltlandyrmak esasynda halkyň maddy we medeni ýaşaýyş derejesiniň has ýokary göterilmegini üpjün etmek wezipesi bilen baglanyşyklydyr.

Standartlaşdyrmak bu ýurtda öňde goýlan maksatnama laýyklykda halk hojalygy dolandyrmakda ylym we tehnikanyň ösüşini çaltlandyrmakda we onuň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmaga hem-de öndürilýän önümleriň hiliniň halkara standartlaryň talaplaryna laýyk gelmegine bagly bolan meseleleri çözmekde esasy ugur hasaplanýar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetimiziň diwersifika-

siýalaşdyrmakda hem standartlaşdyrmagyň ähmiýeti örän uludyr. Häzirki wagtda Hormatly Prezidentimiziň esasy aladasy ýurdumyzyň önümçilik kärhanalarynda, halkara standartlaryň talaplaryna laýyk gelýän, dünýä bazarlarynda bäşleşige ukyplylyk bolan önümleri öndürmekden ybaratdyr.

Elbetde önümçiligi ýola goýmak, önümleri öndürmek we ş.m. mälim hukuknamalaryň talaplaryna gabat gelmelidir. Şol sebäpli "Standartlaşdyrmagyň hukuk esaslary" atly okuw kitaby ilkinji gezek çapa taýýarlanyldy. Bu gollanma özünde Türkmenistanda standartlaşdyrmak meseleleri boýunça hukuknamalary olaryň ulanyş aýratynlyklary we Garaşsyz döwletimizde häzirki döwürde standartlaşdyrmak boýunça ulanylýan hukuknamalaryň mazmunlary beýan edildi.

Şu okuw kitaby "Standartlaşdyrmak" we "Hili dolandyrmak" hünärinde okaýan talyplara hem-de standartlaşdyrmak, standartlaryň talaplaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly pudaklaryň hünärmenleri üçin gollanma hökmünde ulanmaga mümkinçilik döreder diýip aýdyp bileris.

# 1. STANDARTLAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI, MANYSY, DÜÝP ESASY WE USULLARY

## 1.1. Standartlaşdyrmagyň ähmiýeti we peýdalary

Zamanamyzda ylmy tehniki ösüşiň çalt depginde ösmegi ykdysadyýetde we senagatda täzelikleriň durmuşa öz wagtynda ornaşdyrylmagyny mejbur edýär. Az wagtyň içinde uly özgerişlikler bolup geçýär. Dünýä jemgyýetçiligi hem hil taýdan yzygiderli özgerýär. Täze tehnologiýalar işlenilip düzülýär we önümçilige ornaşdyrylýar, olaryň binýadynda bolsa önümçiligiň köp pudaklary gaýtadan guralýar. Senagatyň, ylmyň we tehnologiýanyň ösmegi kärhanalary heniz görülmedik derejedäki bäşleşige itekleýär. Döwrümizde önümçilikde çalt üýtgeşikleriň orta çykmagyny ýaşaýan zamanamyz talap edýär. Önüme bolan islegi artdyrmak we müşderiniň islegini kanagatlandyrmak we harydyň bazarda satuwyny artdyrmak üçin häzirki döwürde önümden talap edilýän hasiýetleriň giňemegi we köpugurlaýyn bolmagy gerek bolup durýar. Ylmyň we tehnikanyň çalt depginde ösmeginde, önümçilikde dürli usullary işläp düzmeklikde, zähmetiň we ýokary hilli materiallaryň önümçilikdäki täze usullaryny oýlap tapmakda, halk hojalygynda ynamyň we ygtybarlylygyň artmagynda, bazar gatnaşyklary şertlerinde hili dolandyrmakda we onuň ähmiýetini ýokarlandyrmakda, şeýle-de önümiň zyýanly täsirinden adamyň jan saglygyny goramakda standartlaşdyrmaklygyň uly orny bardyr.

Standartlaşdyrmak ylmyň gazananlaryny yzarlamakda we durmuşa ornaşdyrmakda, ýazuwa geçirip goýmaklykda we wagtly-wagtynda döwrebaplaşdyrmakda örän täsirlidir. Standartlaşdyrmak jemgyýetiň ösmegine we ylmy-tehniki progresiň kämilleşmegine itergi berýär. Standart önümiň kämilleşmegi bilen baglanyşykly ösüşden

yza galdyryp aşak çekmeli däldir. Bu standartlaşdyrmaklygyň maksadyna tersdir. Eger halkara standartlary we ylmy ösüşler bilen sazlaşyklylygy öz wagtynda dogry alnyp barylmasa standartlaşdyrmak şol bir wagtyň özünde tehniki bökdençlik hem bolup biler.

Enjamlar we desgalar bir-birlerini tamamlaýan gurallardan ybaratdyr. Kärhanalaryň we önümçilik pudaklarynyň arasyndaky baglanyşyk örän çylşyrymly bolup, bularyň öz aralarynda utgaşyp işlemekligi zerurdyr. Her bir kärhana ähliumumy normalara, düzgünlere we talaplara laýyklykda önüm öndürmeli bolýar. Önüme, hyzmata we prosese degişli ähliumumy düzgünleri bolsa standarta esaslanyp yzarlamak mümkindir.

Her bir önümçilige giren çig mala, desgalara, tamamlaýjy detallara we goşmaça materiallaryň hiline bolan talap ýokarlanýar. Sebäbi önümçiligiň sazlaşykly işlemekligi üçin bu gerek bolup durýar. Bellenen talaplara gabat gelmedik häsiýetde çig mal, enjam we goşmaça material bilen önümçiligiň we ulgamyň sazlaşykly işlemegi mümkin däldir. Şeýlelikde standartlaşdyrmak meselesini dogry gurnamak ylmy tehniki progressiň ösüşini çaltlandyrýar.

Tehnikada we ylymda ýol görkeziji hökmünde ähmiýeti uly bolan standartlaşdyrmak – ylmyň gazanan ähli tapgyrlarynda, ýagny täze önümiň nusgasyny we innowasion tehnologiýalary taslamakda, ulanmakda, oýlap tapmakda, tehniki derejelere gowuşmakda we önümiň hiline gözegçilik etmekde nätakyklyklary we gabat gelmeýän häsiýetleri belli bir ulgam içinde dolandyrmaklyga we utgaşdyrmaklyga ýardam berýär.

Halk hojalygynyň pudaklarynyň ösüş ugurlaryny bilmek üçin ylmy tehniki progresiň gazananlaryndan habarly bolmaly. Bu babatdaky maglumaty degişli standartlardan almak has ynamly hasaplanýar. Standartyň berjaý edilişine gözegçiligi bolsa döwletleriň degişli guramalary alyp barýar.

Önümçiligiň her bir tapgyrynda, enjamlarda we gurallarda, dürli goşmaça detallaryň we materiallaryň önümçilige ornaşdyrylmagynda standartlaşdyryş işleri möhümdir. Her bir enjam bir başga enjamyň goşundysy we dolduryjysy bolup durýar. Enjamlaryň arasyndaky sazlaşyk we degişli ähliumumy talaplara laýyklyk standartlaşdyrmak bilen amala aşyrylýar.

Şeýle-de standartlaşdyrma önümçilikde tygşytlylygy, ulanylan goşmaça detallaryň rejeliligini we netijeliligini artdyrýar. Standarta gabat gelmeýän enjam bilen öndürilen önümde, başgaça aýdanymyzda goşmaça materiallar we enjamlar önümçilikdäki desgalar bilen utgaşmazdan önümçilik prosessini alyp barmaklygyň netijesinde hilsiz önüm peýda bolar we bu-da kärhana tarapyndan ýitgi bolup durýar. Bu ýitgiler Ailsiz önümi täzeden işlemeklik, ýok etmeklik, önümçilik galyndylary, hili pes bolandygy sebäpli müşderi tarapyndan yzyna gelen önümler bilen baglanyşykly bolup biler. Bularyň ählisi halk hojalygynyň ösmegine oňaýsyz täsir edýär we önümçilik prosessini ýuwaşadýar. Ýagny önümi rejeli peýdalanmak we ýokary hil bilen gazanylan ykdysady girdeji azalýar. Hilsiz we ulanyşdan galan materiallaryň, galyndylaryň getirýän zyýany gaty köpdür. Netijede hili ýokarlandyrmak we ykdysady girdejini artdyrmak babatynda standartlaryň roly örän uly bolup durýar.

Standart ylmyň gazananlaryny durmuşa geçirmek arkaly halk hojalygynyň we döwletiň ösmegine itergi bolmak wezipesini hem ýerine ýetirýär. Standartlara ylmyň we tehnologiýanyň ösmegi bilen gazanylan täzelikler we üýtgeşikler girizilip durulýar. Ýöne täze standartlary önümçilige ornaşdyrmak aňsat däl. Sebäbi bu şol bir wagtyň özünde uly tehniki we guramaçylyk taýýarlygyň zerurdygyny görkezýär. Birnäçe köne tehnologiki prosessi aýryp, ýerine täze tapylan enjamy ulanmaklyk we kämil ölçeg serişdelerini ornaşdyrmaklyk hem gymmat, hem-de zähmeti köp talap edýär. Emma täze standart esasynda öndürilen önümi we önümçilik desgalaryny öz wagtynda ornaşdyrmazdan çykarylan harydyň köp wagtlap bazarda saklanmagy mümkin däl. Sebäbi ylym we tehnikanyň çalt ösüşi bilen baglylykda, belli bir wagtdan soňra seniň harydyňa bolan alyjylaryň islegini azaldyp bilýär. Şonuň üçin halkara derejesinde üstünlik gazanan önümçilik kärhanalary bir harydy bazara hödürlänlerinden soňra derrew täze oýlap tapyşlar we täze önümleriň taslamasy bilen meşgul bolmaga başlaýarlar. Öndüren täze önümleri bilen köne önümlerini özleri bazardan çykarmaly bolýar. Bolmasa başga bäsdeş kärhanalar olary bazardan kowup çykarýar. Ylmy tehnika progressiň ösmegi köp önümiň ulanyşdan galmaklygyna ge-

tirýär. Önüm bolsa standartlaşdyrmaklygyň obýektlerinden biridir, önümiň hil görkezijileri döwür bilen bile üýtgemeklige mejbur bolýar. Emma standartlaşdyrmak bu çalt depgindäki ösüşe böwet bolmaly däldir. Standart işlenip düzülen halatynda geljekdäki bolup biljek üýtgeşiklikleri, ylmy-barlag guramalaryň çaklamalaryny nazara almak bilen hil görkezijileri meýilnamalaşdyrylýar.

Häzirki döwürde hile bolan talap öňküsinden has hem ýokarlandy. Döwrümizde senagatyň, ylmyň we tehnologiýanyň ösmegi kärhanalary ykdysadyýetde görülmedik derejede ýaryşa we bäşleşlige itekledi. Bu çalt ösüş depgininde kärhanalaryň beýleki bäsdeş guramalardan artykmaç taraplaryny köpeltmek we halka hyzmat etmeklikde öz jogapkärçiliklerini giňeltmek, şeýle hem sarp edijileriň isleglerini nazara alyp önüm öndürmek we degişli hyzmatlary ýokary hil derejesinde hödürlemek hökmany bolup durýar. Munuň üçin bolsa çig maly satyn almakdan başlap, taslama, önümçilik, hil gözegçilik, marketing we satyş soňrasyndaky hyzmat bilen baglanyşykly önümçiligiň ähli gatlagyny birlikde kämilleşdirmek we standartlaşdyrmak derwaýys bolup durýar.

Şonuň üçin döwletiň milli standartlary yzygiderli seredilip, degişli üýtgeşikler wagtynda girizilip durulýar. Täzelenen standart dünýädäki iň ösen we öňdebaryjy kärhanalaryň tejribesini, iň tanymal bilim adamlaryň pikirlerini, halkara we sebitara standartlaryny, müşderileriň garaýyşlaryny we seslenişlerini, hem-de döwletiň mümkinçiliklerini nazara almak bilen taýýarlanýar.

Standart ähli gyzyklanýan taraplaryň birlikde işläp özara ylalaşmagy esasynda amala aşyrylar. Haýsy-da bolsa bir tarapa ýa-da pudaga gabat gelmeýän, ýagny ylalaşylmadyk ýagdaýyndaky kadalary standart görnüşine getirmek we oňa «standart» diýmek mümkin däldir. Standartlaşdyrmak toplumyň ähli ugurlaryna peýdalydyr. Şeýle hem standart ynsanyň jan saglygyny goramakda we önümleriň zyýansyz taraplaryny işläp düzmekde möhüm rol oýnaýar. Esasanam adamlaryň elmydama sarp edýän azyk önümlerinde anyk talaplary, häsiýetnamalary kesgitlemek bilen, standart – jemgyýetiň içinde öz ornunyň uludygyny aýdyň görkezýär.

Standartlaşdyrmagyň birnäçe **peýdalary** bardyr. Ýagny:

1. Öndürijä bolan peýdasy:

• Önümçiligiň belli bir meýilnama we maksatnama laýyklykda ýerine ýetirilmegine ýeňillik döreder;

• Standarta laýyk seriýalaýyn önümçilige mümkinçilik berer;

• Ýitgi we artykmaç zaýaçylyklary, önümçilik galyndylaryny azaldar;

• Netijeliligi, ygtybarlylygy, durnuklylygy, hasyly artdyrýar;

• Önümi saklamaklygy, daşamaklygy we hasaby ýeňilleşdirer;

• Önümçilik goýumlaryny we çig mallary, zähmet, ýangyç – energiýa resurslaryny tygşytly peýdalanmaga mümkinçilik berer;

• Dünýa bazarynda önümiň hereketini tizleşdirer;

• Öndürijileriň arasyndaky tehniki düşünişmezligi aradan aýrar;

• Standartlaşdyrmaklygyň usullaryndan bolan "unifikasiýa" edilen goşmaça detallar, olaryň zaýalanan detallaryny bejermekligine ýa-da çalyşmaklygyna mümkinçilik berer;

• Önümçilikde zähmet, wagt we çig mal ýitgilerini peselder;

2. Ykdysadyýete peýdasy:

• Hile bolan islegi artdyrar we hiliň üsti bilen girdeji gazanmaklyga itergi berer;

• Döwletiň mümkinçiliklerine görä standartlaşdyrmak işini amala aşyrmak bilen, ýurtda bol bolan çig maly ulanmaklyga gönükdirmek mümkinçiligi dörär;

• Hili standartlaşdyrmak ulgamynyň içine girizip gözegçilik etmek bilen, ýerli, import we eksport harytlaryň hiline gözegçiligi ýeňilleşdirer;

• Senagaty belli maksatlara ugrukdyryp önümçilikde hiliň ösmegine we ýokarlandyrmaga islegiň artmagyna ýardam berer.

• Tehniki bökdençlikleri, düşünişmezlikleri aradan aýrar;

• Import we eksporta ýeňillik berer. Dünýä bazarynda talaby kanagatlandyrýan ýokary hilli harytlaryň eksportyny ösdürer.

• Halk hojalygyny dolandyrmagy kämilleşdirer;

• Bäsdeşligi artdyrmak bilen bazar ykdysadyýetinde hili pes harydy bazardan kowup çykarar;

• Ylmy tehniki hadysalary çaltlandyrar;
• Halkara, ykdysady, tehniki we medeni gatnaşyklary ösdürer;

3. Sarp edijä peýdasy:
• Adamyň jan – saglygyny gorar;
• Bazarda harydy deňeşdirmäge we akylly başly saýlap almaga mümkinçilik döreder;
• Baha we hil babatyndan alyjynyň aldanmazlygyna ýardam berer;
• Alyjynyň hili pes harydy almak we çalyşmak bilen baglanyşykly ýüze çykyp biljek jedelleriň, stresiň öňüni alar;
• Sarp edijileriň harydy saýlamakda düşünjeliligini artdyrar;

## 1.2. Hil we bäsleşige ukyplylygyň nazary esaslary

Hil we standart biri-birinden aýrylmaz bir bitewidir. Şonuň üçin hem hili gowy önüm diýip standartyň talaplaryna laýyk gelýän önüme aýdylýar. Belli hil dolandyryjysy J. Juran: «hil – şertlere we talaplara laýyklykdyr» diýip belleýär. Diýmek standartyň talaplaryna gabat gelmeýän önüme hili pes önüm diýilýär. Hil munuň özi latynça «Qualitas» sözden gelip, Fransuzça «qualite», rusça «качества» sözi bilen durmuşa ornaşypdyr we biz türkmençe «hil» sözüni ulanýarys.

Häzirki wagtda «hil» düşünjesiniň ykdysady, durmuş, dolandyryş, şahsy we beýleki birnäçe görnüşlerine görä, hersiniň degişli ugruna baglylykda düşündirişleri bar.

Ykdysadyýetde we dolandyryşda «hil» adalgasy, ilki bilen, önümleri we hyzmatlary işläp düzmek we ulanmak bilen baglanyşykly bolup, barlagdan geçirilýän we dolandyrylýan obýekt bolup durýar. Hil dogry dolandyrylan halatynda, mydama onuň üsti bilen girdeji gazanmagyň mümkindigini, şeýle-de önümiň we hyzmatyň hilini kämilleşdirmek bilen onuň bäsleşik ukybyny ýokarlandyryp, müşderileri köpeltmegiň hasabyna peýdanyň artdyrylmagy üpjün edilýär.

Hili alamatlandyrýan önümiň häsiýetidir. Kesgitli islegleri kanagatlandyrma derejesidir. Bu manyda hil önümiň haýsydyr bir ölçenil-

ýän mukdarlaýyn häsiýetleriniň öndürijisi bolup durýar. Eger hiliň häsiýetleri we görkezijileri köp bolsa, hil şonça ýokarydyr. Meselem, elektrohereketlendirijide silindr näçe köp bolsa, onuň hili ýokarydyr diýlip hasaplanylýar. Emma, bu düşünje juda çäklidir, sebäbi, ol önümiň alyjy üçin ýaramlydygyny görkezmeýär.

Önümiň niýetleniş ugruna laýyklygy onuň hilini alamatlandyrýar. Şu düşünjä laýyklykda, hil önümiň ýa-da hyzmatyň niýetleniş ugruny kanagatlandyrýan bolmalydyr. Mysal üçin, açar gapyny açmak üçin niýetlenilen bolsa, ol gapyny ýeňillik bilen açmalydyr. Berk demirden ýa-da altyndan ýasalan bolsa hem, gapyny kynçylyk bilen açýan açar hili pes hasap edilýär. Amerikaly alym J.Juran «önümiň ýa-da hyzmatyň hilini – ulanmak üçin ýaramlylyk» diýip düşündirýär.

Önümiň bahasy onuň hilini alamatlandyrýar. Bu ýagdaýda hil önümiň ýaramlylygynyň we nyrhynyň gatnaşygy esasynda düşündirilýär. Bu garaýşa görä, özüniň ýaramly häsiýetleri boýunça bäsdeşleriň önümlerine laýyk gelýän, emma, arzan satylýan ýa-da öz häsiýetleri boýunça deň nyrhdaky meňzeş önümlerden üstün çykýan önüm oňat hilli önüm bolup durýar. Bular ýaly çemeleşmeler öndürijileriň öňünde önümiň alyjylyk häsiýetlerini kämilleşdirmegiň we ony öndürmek we sarp etmek boýunça çykdajylary peseltmegiň arasyndaky deňagramlylygy gözlemegi maksat edip goýýar.

Önümiň kadalaşdyryjy resminamalaryň we standartyň talaplaryna laýyklygy onuň hilini alamatlandyrýar. Standart ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň gazananlaryna laýyklykda, önümiň we hyzmatyň hilini üpjün etmek baradaky häsiýetnamalardan we kadalardan ybarat bolup durýar. Standart munuň özi standartlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminama bolup durýar we ol – işiň anyk görnüşlerine ýa-da olaryň netijelerine degişli düzgünleri, talaplary, umumy ýörelgeleri, häsiýetnamalary özünde saklaýan resminamalardyr. Önümleriň we hyzmatlaryň degişli standartlaryň talaplaryna laýyk getirilmegi olaryň hiliniň üpjün edilmegi bolup durýar. Adamyň jan saglygy üçin önümiň howpsuzlyk talaplaryny özünde has köp jemlemek, şeýle-de tygşytlylyk we biri-biriniň ýerini çalşyp bilmek ýörelgesi esasynda, standart tarapyndan degişli talaplar bellenilýär.

Standartyň talaplary hil bilen baglanyşyklydyr. Standartyň talaplaryndan has ýokary hili üpjün etmek üçin, «Standartlaşdyrmak

hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynda göz öňünde tutulan beýleki kadalaşdyryjy resminamalary işläp düzmek mümkindir. Mysal üçin, tehniki şertler, pudaklaýyn standartlar, kärhana standartlary we beýlekiler.

K.Işikawanyň aýtmagyna görä, hiliň obýektiw we subýektiw taraplary bardyr. Önümiň hil görkezijileriniň fiziki, himiki, mehaniki ýaly häsiýetleri onuň obýektiw tarapyny, alyjynyň kanagatlanma derejesi bolsa subýektiw tarapyny emele getirýär. Şonuň üçin, alyjy tarapyndan şikes hökmünde görülýän her bir kemçiligi anyklamak we şol esasda önümi taslamak, kämilleşdirmek, öndürmek we durnukly hili dowam etdirmek zerur bolup durýar.

A. Feigenbaum: «Hil bilen baglanyşykly hadysalaryň we hereketleriň merkezinde alyjynyň isleglerini kanagatlandyrylmak baş maksat bolup durýar, bu şol bir wagtyň özünde, üpjün edijileri hem öz içine alýan dolandyryş hadysasydyr (prosesidir). Hiliň başlangyç we ahyrky nokady müşderidir.

Hili alyjylaryň isleglerini we garaýyşlaryny kanagatlandyrýan häsiýetleriň ylmy we kadalaşdyryjy talaba laýyk derejede utgaşmasy diýip hasaplamak bolar.

2008-nji ýylda herekete girizilen 9000 tapgyrly ISO halkara standartynda «hil» düşünjesine täzeden düşündiriş berildi, ýagny «obýektiň häsiýetleriniň utgaşmasy bilen, degişli talaplary ýerine ýetirýän dereje» ýaly görkezilýär. Şeýlelikde, standartda ýazylyşy ýaly, obýektiň hili onuň alyjylyk häsiýetleri arkaly kesgitlenýär. Hil istegleriň dürli derejelerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýän we hemişe hereketde, hemişe üýtgedilýän, täzelenilýän obýektiň häsiýetleriniň utgaşmasy bolup durýar. Bu düşündiriş diňe bazarda aluw-satuwyň obýekti bolup çykyş edýän önümleriň we hyzmatlaryň hiline däl-de, bilimiň we zähmet durmuşynyň hili ýaly dürli durmuş hadysalarynyň we ýagdaýlarynyň hiline hem degişli edilýär. Hil meselesiniň dogry dolandyrylmagy we çözülmegi dünýäde durmuş-ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugry bolup durýar.

Ýewropa hil barlag toplumyna (EQQC) görä; «hil – bir önümiň ýa-da hyzmatyň belli bir islegi kanagatlandyrmak üçin ýeterli üpjünçiligi orta goýýan häsiýetleriň toplumydyr. Bu häsiýetleriň käbiri


2. Sargyt № 2916

göwrümi, ölçegi, himik we fizik häsiýetleri, ömri hem-de ygtybarlylygydyr.» Amerikan hil toplumyna görä bolsa; «hil – önümiň ýa-da hyzmatyň kesgitlenen islegleri kanagatlandyrmak mümkinçiliklerine esaslanan häsiýetleriň jemidir». Görşümiz ýaly, Ýewropanyň we Amerikanyň hil baradaky kesgitlemeleri biri-birine ýakyndyr.

Hil nähili kesgitlense-de, bazara hödürlenen önümi we hyzmaty müşderileriň we bäsdeşleriň kabul ediş derejesi bilen baglanyşykly hasaplamak bolar. Hil müşderileriň hajatlarynyň, isleglериniň, arzuwlarynyň we seçip almalarynyň düýp manysyna akylly-başly çemeleşip, olary yzygiderli kanagatlandyryp biljek önümleriň we hyzmatlaryň iň ygtybarly görnüşde öndürilmegidir.

Hil barada esasy öwrülişik «hil sarp edijileriň isleglerini, talaplaryny kanagatlandyrmakdyr» düşünjesi bilen başlanýar. Kärhanada her bir soňraky tapgyr müşderi hökmünde kabul edilýär. Toplumlaýyn hili dolandyrmak düşünjesinde kärhananyň içinde işleýänleriň, üpjün edijileriň, araçylaryň, alyjylaryň we bäsdeşleriň ählisi müşderi hökmünde kabul edilýär. Müşderileriň hil baradaky isleglerini kanagatlandyrmak üçin, wagtyň geçmegi bilen, ýüze çykýan täzelikleri we özgerişleri göz öňünde tutmaly bolýar. Üýtgeşmeleri çalt, wagtynda, dogry we maksadalaýyk çaklamak zerurdyr. Bu nukdaýnazardan, hil prosesdir.

TDS-15467-79 Döwletara standarty boýunça: «Önümiň hili önümiň niýetleniş ugruna laýyklykda, islegleri kanagatlandyrmaga gönükdirilen bolup, onuň ýaramlylygyny görkezýän häsiýetleriň utgaşmasydyr.» «Önümiň hilini dolandyrmak bolsa, önüm işlenip düzülende, öndürilende, ulanylanda, önümiň hiliniň degişli derejesini bellemek, üpjün etmek we saklamak, hiliň gözegçiligini yzygiderli geçirmek we önümiň hiline täsir edýän şertlere we ýagdaýlara maksadalaýyk täsir etmek ýoly arkaly amala aşyrylýar» diýlip, standartda beýan edilýär.

Islendik üns merkezinde saklanylýan uly meselelerde netijeli dolandyryş möhüm bolup durýar. Şonuň üçin, bellenip geçilen nazary düşünjeleriň nukdaýnazaryndan seredilende, «önümiň (hyzmatyň) hilini dolandyrmak bu alyjylaryň we jemgyýetiň isleglerini kanagatlandyrýan hökmany hil derejesini kesgitlemek, üpjün etmek we

bir durkunda saklamak maksady bilen, önüm (hyzmat) döredilende, öndürilende we ulanylanda amala aşyrylýan hereketlerdir» diýmek mümkindir.

Önümiň bäsleşige ukyplylygy, esasan, hiliň derejesi bilen alamatlandyrylýar. Öndürijiniň we alyjynyň isleglериniň berjaý edilýän, bazaryň şertlerine doly laýyk gelmegini aňladýan meňzeş harytlaryň häsiýetlerinden, alamatlaryndan we talaplaryndan pes bolmadyk gabat gelmelere bäsleşige ukyplylyk diýilýär. Bäsleşige ukyplylyk önümiň hili, bahasy, tehniki derejesi, alyjylyk häsiýeti, mahabatlandyrylyşy, bazaryň ýagdaýy we hyzmat bilen kesgitlenýär. Şeýlelikde, harytlar diňe tehniki, estetik, ergonomik we beýleki häsiýetlere eýe bolman, hatda olary sarp etmegiň şertlerini hem kanagatlandyrmalydyr (nyrh, buýurmagyň möhleti, hyzmatlar, firmanyň abraýy, reklama we ş.m.) Bäsleşige ukyplylygyň esasy görkezijileri şu aşakdakylardan ybaratdyr.

Häzirki döwürde harydyň bäsleşik ukyplylygyny onuň hil görkezijileri esasynda artdyrmak uly ähmiýete eýedir. Sebäbi, hili pes önümleriň we hyzmatlaryň sarp edijiler tarapyndan bazardan çalt çykarylýandygy hakykatdyr. Önümiň bäsleşige ukyplylygy bazaryň aýratyn şertlerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýän alyjylyk häsiýetleriniň (hil we mukdar) toplumy bilen kesgitlenýär. Bäsleşige ukyply önüm bazarda az çykdajyly ýollar bilen aňsat we tiz ýerlenilýär. Bäsleşige ukyplylyk alyjynyň harytdan kanagatlanarlyk derejesine baglydyr. Her bir alyjy özüniň şahsy hem-de jemgyýetiň isleglerini ýokary derejede kanagatlandyrýan harydy alýar.

Harydyň bäsleşige ukyplylygy alyjylaryň degişli toparynda höwes döredýän häsiýetleriň utgaşmasy bilen kesgitlenýär. Eger harydyň gymmaty ol önüme alyjylaryň isleg bildirmeýän täze häsiýetleriň berilmegi sebäpli ýokarlandyrylan bolsa, ýokary hilli önümiň bäsleşik ukyplylygy pes bolýar. Ondan başga-da, şol bir önüm içerki bazarda bäsleşige ukyply bolup, tersine, daşarky bazarda ukypsyz hem bolup biler. Şeýlelikde, harydyň hil görkezijileriniň üýtgemedik ýagdaýynda onuň bäsleşik ukyplylygy giň çäklerde üýtgäp bilýär, ýagny bazaryň şertleriniň üýtgemeginden, daşarky we içerki ýagdaýlardan täsirlenip bilýär.

Bazary seljermek, bäsleşige ukyply harydy saýlap almak we meňzeş harytlaryň esasy ölçeglerini deňeşdirmek arkaly, harydyň bäsleşige ukyplylygyna baha bermek mümkindir. Sebäbi, meňzeş önümler esasy ölçegler boýunça bäsleşýärler. Bäsleşik ukybyny çaklamak kärhananyň bazarda uzak döwürleýin iş salyşmak üçin gerekli bolan strategiýalaryny kesgitlemek, häzirki wagtdan haýsy ugurlara gönükdirmegiň zerurdygyny anyklamak üçin möhümdir. Önümiň bäsleşik ukybynyň ölçegleri kadalaşdyryjy resminamalar, tehniki we hil görkezijileri, ykdysady ýagdaý we guramaçylyk şertleri bolup biler.

Kadalaşdyryjy resminamalara: halkara, sebitara we döwletara talaplary, döwlet standartlary, tehniki şertler, pudaklaýyn we kärhana standartlary, beýleki düzgünler, düzgünnamalar, gollanmalar, usulyýet görkezmeleri, kadalar we maslahatlar degişlidir. Bularyň her biri hökmany talaplar bolup, önümiň hukuk taýdan esaslandyrylandygyny görkezýär. Degişli ygtyýarnamalaryň, sertifikatlaryň, patentleriň, şertnamalaryň we beýleki resminamalaryň üpjünçiligi bu talaplara laýyklygy kesgitleýär. Tehniki we hil görkezijileri bolsa, her bir önümiň aýratynlygyna görä kesgitlenýär. Bular önümiň niýetleniş ugruna görä kybapdaşlygy, ergonomik, konstruktiw-tehniki, estetik ölçegleri we önümiň beýleki hil görkezijileri bolup biler. Bu ölçegler baradaky kadalar we talaplar bolsa, her önümiň özüne degişli bolan standartlarda we tehniki şertlerde beýan edilip bilner. Kanunda görkezilen talaplardan we kadalaşdyryjy resminamalardan gyşarmazlyk şerti bilen, kärhana standartlarda görkezilen hil görkezijilerinden has ýokary hil aýratynlygy bilen, bazarda bäsleşip biler. Önüm öndüriji hil derejesini müşderileriň ol önüme töläp biljek maliýe ýagdaýyna çenli ýokarlandyryp biler. Bu ýerde önümiň bäsleşik ukybynyň başga bir ölçegini, ýagny, ykdysady ýagdaýyny göz öňünde tutmak zerur bolup durýar. Harydyň özüne düşýän bahasy hili üçin edilen harajatlar, hünärmen taýýarlamak, daşamak we beýleki çykdajylar bolup durýar. Şeýle-de täze önümiň görnüşini bazara hödürlemek üçin başlanan taýýarlyk tapgyryndan başlap, müşderilere we bazara eltip gowşurmak, hyzmat çykdajylary bilen baglanyşykly ähli tapgyryň maliýe ýagdaýyny öz içine alýar. Bazarda harydyň hiliniň pesdigi belli bolýança, iň arzan önüm köp satylýar. Önümiň hiliniň pesdigi belli bolandan soňra gysga möhletiň içinde onuň müşderisi azalýar. Şonuň

üçin bazarda hiliň üsti bilen bäsleşmek, bazarda uzak wagtlap haryt geçginligini saklamagyň iň ygtybarly ýoludyr. Hili ýokary önümiň, elbetde, belli bir gymmaty bardyr we hasaplanmalydyr.

Önümiň bäsleşik ukybyny ýokarlandyrmakda guramaçylyk we dolandyryş ulgamynyň netijeliligi we maksadalaýyklygy uly ähmiýete eýedir. Muňa önümiň bahasyny arzanladyş, töleg usullary, harydy gowşurmagyň we tabşyrmagyň bitewüligi, kepillik möhleti we şertleri, önümçilik medeniýetiniň kanagatlanarlylygy, reklama we beýleki guramaçylyk işleri degişli bolup durýar. Kärhananyň müşderiler bilen işleýän dolandyryş ulgamynyň ýeňil we islegi kanagatlandyrýan görnüşde guralmagy zerurdyr. Bäsdeş önümlerden gymmat hem bolsa guramaçylyk we dolandyryş ulgamynyň müşderiler üçin ýeňilligi, takyklygy, ygtybarlylygy önümiň bäsleşik ukybyny ýokarlandyrýar. Söwdada müşderileriň ynamyny ödemek we önümiň kesgitli hil derejesini bir durkunda saklamak möhümdir. Ynamyň yzygiderli kanagatlandyrylmagy kärhana üçin «wepaly müşderileri» köpeldýär. Wepaly müşderileriň köpelmegi netijesinde, kärhananyň ykdysady bähbidi ýokarlanar. Guramaçylyk we dolandyryş ulgamyny müşderileriň islegine görä sazlamak we utgaşdyrmak üçin ISO 9001 «hil ulgamyny dolandyrmak» halkara standartynyň talaplaryny kärhanada ornaşdyrmalydyr.

«Harydyň bäsleşige ukyplylygy» düşünjesi «harydyň hili» we «harydyň tehniki derejesi» düşünjelerden giňdir. Köp ýagdaýlarda harydyň görnüşiniň köpdürlüligi, bahasy, bazaryň ýerleşýän ýeri we amatlylygy ýaly artykmaçlyklar täsir edip bilýär. Bäsleşige ukyplylygyň derejesi, harydyň gönüden-göni alyjylyk gymmatyny görkezýän görkezijileri we häsiýetleri bilen kesgitlenýär. Ýagny bu görkezijler harydy tabşyrmagyň möhleti, hyzmatyň hili, reklama, töleg şertleri, beýleki bäsdeş harytlaryň hiliniň pese düşmegi, alyjylaryň isleglerininiň üýtgemegi we beýleki şertler bolup biler. Ýöne harydyň bäsleşige ukyplylygynyň esasy serişdesi «hil» bolup durýar. Şol sebäpli, bazarşynaslykda hiliň we bäsleşige ukyplylygyň meseleleri deslapky däl-de, uzak wagtlaýyn, strategik häsiýete eýedir. Önümleriň öndürilýän we sarp edilýän döwründe olaryň görnüşlerine we hiline bolup biljek talaplary ýüze çykarmak, alyjynyň isleglerini

kanagatlandyrmagyň ylmy-tehniki we ykdysady mümkinçiliklerini kesgitlemek, şeýle-de önümiň gelejekde ulanyljak görnüşlerini we hil görkezijilerini çaklamak bäsleşige ukyplylygyň möhletini uzaltmak üçin zerur bolup durýar.

Şeýlelikde hil we bäsleşige ukyplylyk meselesine ylmy nukdaýnazardan çemeleşmek bilen, halkara we ýerli tejribeleriň, oýlap tapyşlaryň netijesinde öwrenmek we özleşdirmek adam we jemgyýet taýdan durmuş-ykdysady bähbitli ösüşleri gazanmak üçin strategik ähmiýete eýedir.

## 1.3. Standartlaşdyrmak barada kesgitlemeler we düşünjeler

Standart iňlis sözünden göni terjime edilende «norma», «ölçeg», «esas», «etalon» diýen ýaly manylary aňladýar. Dürli ýyllaryň manyly sözlüklerinde dürli kesgitlemelere gabat gelmek bolýar. Mysal üçin:

✓ Standart – tipleşdirilen nusga bolup şol nusgalary, ölçegleri, daşky görnüşi we hili boýunça islegi, talaby kanagatlandyrmakdyr;

✓ **Standart** – standartlaşdyrmak baradaky kadalaşdyryjy tehniki resminama bolup, ylmyň, tehnikanyň, öňde baryjy tejribäniň gazananlarynyň esasynda işlenip düzülýär we standartlaşdyrylan obýekte ähliumumy normalary, kadalary, talaplary belleýär we degişli organlar tarapyndan döwlet standartlaşdyryş ulgamlarynyň düzgünleri esasynda tassyklanýar we bellige alynýar.

✓ «Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda bolsa «**standartlaşdyrmak** – önüm (işler, hyzmatlar), onuň işlenip taýýarlanylmagynyň, öndürilmeginiň, ýerlenilmeginiň, ulanylmagynyň (peýdalanylmagynyň), saklanylmagynyň, daşalmagynyň prosesleri babatda ölçegleriň, düzgünleriň we häsiýetnamalaryň bellenilmegi boýunça iş»;

✓ **standartlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalar** – işiň anyk görnüşlerine ýa-da olaryň netijelerine degişli düzgünleri, talaplary, umumy ýörelgeleri, häsiýetnamalary özünde saklaýan resminamalar;

Şeýle-de standart – kesgitli ugurda geçirilýän işleri tertipleşdirmek üçin ähli gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmagynda bellenen we ulanylýan peýdaly düzgünlere aýdylýar. Diýmek, haýsy hem bolsa bir önümiň asyl nusgasy, onuň beýany, ýerine ýetirilýän işiň (prosesiň) düzgüni, tertibi we kadalary standart bolup hyzmat edýär.

Standartlary döretmek üçin ýerine ýetirilýän işleriň ählisi bolsa standartlaşdyrmaklyga degişli bolup durýar.

Standartlaşdyrmak işi ylym, tehnika we önümçilik bilen aýrylmaz baglanyşykda bolýar. Bu 3 sütün bir-birini goldaýar.

**Türkmenistanyň döwlet standarty** – «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan tassyklanan we bellige alnan milli standart. (TDS)

**Halkara standart** – Standartlaşdyrmak barada halkara guramalary tarapyndan kabul edilen standart. (mysal üçin ISO, IEC we başgalar)

**Sebitara standart** – Standartlaşdyrmak barada sebitara guramalary tarapyndan kabul edilen standart. (mysal üçin CEN, CENELEC we başgalar)

**Döwletara standart** – standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak pudaklary boýunça bilelikde iş alyp barmaklygy ylalaşyk easasynda amala aşyrýan döwletleriň kabul eden standarty. Standartlaşdyrmak, metrologiýa, sertifikatlaşdyrmak boýunça döwletara geňeşi (МГС) tarapyndan kabul edilen ГОСТ-lar. Bu döwletara standartlary sebitara standarty hökmünde görülýär we kabul edilýär.

**Milli standart** – haýsam bolsa bir döwletiň standartlaşdyrmak baradaky guramany tarapyndan kabul edilen standart.

Halkara, sebitara ýa-da daşary ýurtlaryň milli standartlarynyň bir döwletiň standartlaşdyrmak baradaky guramasy tarapyndan milli standart görnüşinde kabul edilmegi bilen orta çykan garmonizirlenen standartlar **ekwiwalent** ýa-da **modifisirlenen** görnüşi bolup bilýär. Halkara standart eger deňdeş (identiçnyý terjime) bolan halatynda ýa-da standartyň manysy ýitirilmedik we GR ISO/IEC 21:2002 b.4.2. görkezilen kiçi üýtgeşmelerden çykmadyk ýagdaýynda ekwiwalent hasap edilýär. **Modifisirlenen** bolsa, standartyň talaplarynyň üstünde edilen tehniki gyşarmalar kesgit-

li, anyk barabarlaşdyrylan we düşündirişi bolan ýagdaýynda hasap edilýär. Şeýle-de belli bir bölegi modifisirlenip belli bir bölegi ekwiwalent bolup bilýär. Iki standartyň (halkara – milli ýa-da halkara – sebitara) arasynda edilen gyşarmalaryň düşündirişi anyk görkezilen halatynda kabul edilýär. Modifisirlenen standart şu ýagdaýlary bolup bilýär.

a. “Sebitara ýa-da milli standartyň talaplary az bölegini tutýar”

b. “Sebitara ýa-da milli standartyň talaplary köp bölegini tutýar”

c. “Sebitara ýa-da milli standart halkara standartyň talaplarynyň belli bir bölegini tutýar.”

d. “Sebitara ýa-da milli standart başga alternatiwalar* bilen üpjün edilýär”

Bu ýokardaky şertlere gabat gelmedik, anyk identifisirlenmedik we düşündirilmedik ýagdaýyndaky ekwiwalent bolmadyk standartlar gormanizirlenen diýlip kabul edilmeýär.

Gysgaldylan bellikleri:

- Deňdeş (identiçniý) – IDT
- Modifisirlenen – MOD
- Ekwiwalent bolmadyk - NEQ

görnüşinde ýazylýar.

Mysal üçin:

• TDS ISO 6051-1998, Fotografiýa – saklanyş şerti (ISO 6051:1997, IDT)

• TDS IEC 60068-1-1990, Daşky gurşawyň synagy, – umumy düzgün we gollanma (IEC 60068-1:1988, IDT)

• TDS 2345-1993, Tok transformatorlary (IEC 60185:1987, MOD)

• TDS 567-1997, Sagat we suw astynda ýüzmek üçin aksesuarlar (ISO 6425:1996, Suw astynda ýüzmek üçin sagat, NEQ)

Standartlaşdyrmaklygyň halkara tejribesinde şu aşakdaky ýaly standartlaryň görnüşleri bar:

**Esas düzüji standartlar** – haýsam bolsa bir kesgitli pudagyň umumy ýa-da gözükdirji düzgüni içine ýerleşdirilen kadalaşdyrjy res-

* Mümkin bolan iki ýa-da birnäçe biri-birinden aýrybaşga mümkinçilikleriň birini saýlap almak zerurlygy.

minama. Käbir halatlarda standart hökmünde ulanyp, käbir halatlarda bolsa metodiki resminama hökmünde ulanylýar. Onuň esasynda başga standartlar işlenip taýýarlanýar.

Standartyň düzülişine, beýan edilişine, resmileşdirilişine we mazmunyna bildirilýän umumy talaplar standart bilen berkidilýär. Türkmenistanda standartlaşdyrmagyň maksady, wezipesi we esasy ýörelgesi, standartlaşdyrmak işleri boýunça guramaçylyk esaslary, kadalaşdyryjy resminamalaryň kategoriýasy, görnüşini, adalga we kesgitlemeleri, synag usullaryny döwlet standartlaşdyryş ulgamy düzýär. Bu resminamada standartyň wezipeleri, ähmiýeti, ýörelgeleri, guramaçylygy anyk kesgitlenen bolýar. Döwlet standartlaşdyryş ulgamy kärhanadan başlap döwletiň ähli pudagynda standartlaşdyrma bilen baglanyşykly meselelerini, düýp esasyny hem-de mazmunyny kesgitleýär we standartlaşdyrma bilen baglanyşykly ähli düzgünleri tertipleşdirýär. Standartlaşdyrma boýunça bir bitewi ugry görkezmek bilen ähli pudaklary utgaşdyrýar.

**Adalgalaryň standarty** – standartlaşdyrmaklygyň obýekti adalgalar bolup durýar. Adalgalara kesgitleme berilýär we nirelerde ulanyp boljakdygy barada düşündiriş berilýär.

**Synag usullaryň we barlagyň standarty** – dürli synaglaryň geçirilişiniň usulyny (metodika), ýörelgesini, tertibini, synag nusgalarynyň alnyşyny we synagyň haýsy enjamlarda nähili geçirilişini görkezýär.

**Önümiň standarty** – önümiň hili, düzümi we niýetleniş ugurlaryna laýyklygy barada degişli talaplary bolan standart. Önümiň standarty doly we doly bolmadyk görnüşi bilen çykarylýar. **Doly standart** – diňe önümiň ýokardaky talaplaryny içine almak bilen çäklenmän, eýsem onuň synag üçin nusga alnyşyny, synagyň geçirilşini, önümiň kabul edilişini we önümiň belgilemegiň, gaplamagyň, daşamaklygyň we saklamaklygyň düzgünleriniň standarty we ş.m. talaplary hem içine alýar. Tehniki talaplaryň standarty ýa-da tehniki şertleriň standarty bolup ähli görkezijileri öz içine alýar. **Doly bolmadyk standart** – bolsa haýsam bolsa önümiň bir böleginiň talabyny öz içine alýar. (Mysal üçin diňe önümi kabul etmegiň düzgünleriniň standarty ýa-da önümiň diňe belgilemegiň standarty ýa-da önümiň tipleriniň we esasy parametrleriň standarty we ş.m.)

**Prosesiň standarty** – Standartlaşdyrmaklygyň obýekti haýsam bolsa bir proses (önümçilik tehnologiýasy) bolup durýar.

**Hyzmatyň standarty** – Standartlaşdyrmaklygyň obýekti haýsam bolsa bir hyzmat (awtoserwis, dellekhana, jemgyýetçylyk iýmiti hyzmatlary, ussahana we ş.m.) bolup durýar.

**Jemlenip sazlaşdyrylan standart** – bu standart önümiň ulanylýan ugry bilen baglanyşykly ulgamyň ähli bütinini ýa-da belli bir bölegini öz içine alýar. (Mysal üçin howa arassalaýjy ulgamy ýa-da signalizasiýa ulgamy we ş.m.)

**Düzgünini beýan ediji standart** – bu metodiki we häsiýetlendiriji düzgünnama hökmünde ikä bölünýär. **Metodiki düzgünnama** – bu haýsy hem bolsa bir prosesde netije gazanmak üçin nähili ýol bilen ýa-da haýsy resminamalar bilen işlemelidigini görkezýär. Bu kadalaşdyryjy resminama «metodiki standart» hem diýilýär. **Häsiýetlendiriji düzgünnama** – bu konstruksiýany, goşmaça şaýlary, ilkinji materialyň düzümini, detalyň ölçeglerini we ş.m. häsiýetlendirýär. Şeýle-de bu kadalaşdyryjy resminama detalyň ulanyş ýerlerini we düzgünini hem görkezýär. Parametrleriň we ölçegleriň standarty, konstruksiýalaryň we ölçegleriň standarty bu kategoriýa girýär.

## 1.4. Standartlaşdyrmagyň düýp esasy we mazmuny

Standartlaşdyrmaklygyň halk hojalygyna we jemgyýetiň ösüşine bolan peýdalaryny we ähmiýetini nazara almak bilen, ýurtda standartlaşdyrmak işini dogry meýilnamalaşdyrmak zerur bolup durýar. Başlangyçda haýsy ugurlara üns bermelidigi barada seljeriş işlerini geçirip, standartlaşdyrmaklygy belli bir yzygiderlilikde amala aşyrmak we yzarlamak gerekli bolup durýar. Halk hojalygyndaky önümçilikleriň we ýurduň galkynyş strategiki meýilnamalary göz öňüne tutulyp standartlaşdyrmak işi kesgitli ugurlara gönükdirilýär.

Halk hojalygynyň ösmegini gazanmak üçin standartlaşdyrmak işini meýilnamalaşdyrmak esasy serişde bolup durýar. Standartlaşdyrmaklykdan dogry peýdalanmak üçin bolsa dört ýörelge derwaýysdyr. Ýagny:

Birinjiden, halk hojalygynyň netijeliligini gazanmakda we önümiň hilini ýokarlandyrmakda, şeýle-de önümçilik ulgamyndaky gapma-garşylyklary aradan aýyrmakda standartyň ähmiýeti we orny güýçlendirilýär. Bu meselede çig mallaryň, materiallaryň, ýarym fabrikatlaryň we ätiýaç şaýlaryň hiline bildirilýän talaplarda ähliumumy taraplaryň ylalaşygy alnyp standartlaşdyrmak zerurdyr. Muňa toplumlaýyn standartlaşdyrmak hem diýilýär. Ýagny Toplumlaýyn (kompleks) standartlaşdyryş munuň özi bellibir maksada gönükdirilen bolup kärhanalaryň we guramalaryň, her iki tarapyň hem görkezijileriniň ulgamda ulanmak üçin ylalaşmaklary esasynda, gyzyklanýan talaplaryny umumy kanagatlandyrmak bilen doly derejede üpjün etmekden ybarat bolan standartlaşdyrma işidir. Belli bir çig malyň, materialyň we goşmaça detallaryň, serişdeleriň we ölçegleriň toplumlaýyn standartlaşdyrma usuly bilen çözülen ýagdaýynda anyk meselede ähli ugurlaryň ylalaşygy alynmak arkaly umumy peýdaly kararyň alynmaklygy üpjün ediler. Önümiň ahyrky netijesi, ähli taraplary kanagatlandyrjak bir bütünlik hökmünde orta çykýar. Bu standart senagatda we ýokary hilli önümi çykarmakda ösüşiň düýp esaslandyryjysy hökmünde çykyş edýär.

Ikinjiden, standartlaşdyrmakda we esasan hem agyr senagatda unifikasiýa işini ýokary derejede ýola goýmak. Unifikasiýa – munuň özi standartlaşdyrmaklygyň aýratynlygy, usuly bolup birmeňzeş wezipeleri ýerine ýetirýän bölejikleriniň, elemenleriň ähmiýetli we köpugurly ýerine ýetirer ýaly edilip tipi, görnüşi, ölçegi boýunça rejeli gysgaltmalara gidilmegine aýdylýar. Unifikasiýa işi esasan hem maşyn gurluşykda, enjamlarda we desgalarda, maşynyň umumy şaýlarynda, tehnologiki galyndylarda we gurallarda, awtomatiki we mehaniki serişdelerde başlanýar. Şeýlede agyr senagatda ýokary derejede unifikasiýa işini mejbur edýän enjam we gurallar köpdür. Senagatda önümçilikleri düýpgöter üýtgetmek arkaly çekinmän täze tehnikany ornaşdyrmak we önümçiligiň ulanyş güýjüni ýokarlandyrmak, döwrebaplaşdyrmak, uzyn ömürliligini, ygtybarlylygyny gazanmak gereklidir. Täze tehnologiýa girizilenden soňra bolsa kiçi birnäçe üýtgeşikleri girizip önümi her wagt döwre görä kämilleşdirip durmak zerur bolup durýar. Önümçilige girizilen we täze oylap tapylan önüm-

ler we tehnologiýalar wagtyň geçmegi bilen könelmegi we ulanyşdan çykmagy ähtimaldyr.

Unifisirlemek tejribe taýdan maşynlaryň, detallaryň, agregatlaryň, düzgünleriň köpdürlüligini azaltmak üçin ulanylýar. Unifisirlemek standartyň has köp ýaýran usulydyr.

ISO kesgitlemesine göra, unifisirlemek – standartyň görnüşi we usuly bolup iki ýa-da birnäçe aýratyn ýöriteleşen bölejikleri ýekelige birleşdirýär. Netijede ulanylýan zatlaryň elementlerini özara çalyşyp, ulanyp bolýar. Unifisirlemegiň maksady ylmy tehniki progresiň depginini çaltlandyrmakdan ybaratdyr. Unifisirlemegiň ugurlary:

- Täze ýasalýan enjamlarda, desgalarda, tehnologiýalarda, maşynlarda funksional niýetlenişi boýunça birmeňzeş detallary ulanmak;
- Öňden ýasalan detallaryň, materiallaryň görnüşleriniň sanyny çäklendirmek;

Zatlary unifisirlemek derejesi diýlip ony düzüji elementleriň, detallaryň, enjamlaryň näçesiniň unifisirlenendigine aýdylýar.

Resminamalary unifisirlemek – Halk hojalygyny dolandyrmagy kämilleşdirmekde resminamalaryň ähli görnüşini dürli giňlikde ulanmaklyga aýdylýar. Pudaklarda, welaýatlarda, etraplarda unifisirlemegiň uly ähmiýeti bardyr.

Unifisirlenen resminamalary ulanmak dolandyryş zähmetiniň öndürijiligini artdyrmaga, resminamalary düzmegi çaltlandyrmaga, ulanylýan resminamalaryň sanyny azaltmaga, gerekmejek artykmaç maglumaty azaltmaga, resminamalaryň hereket akymyny tertipleşdirmäge kömek edýär.

Resminamalary unifisirlemegiň esasy iki usuly ulanylýar:

1. Resminamalaryň görnüşi boýunça unifisirlemek;
2. Resminamalaryň ölçegleri boýunça unifisirlemek

Unifisirlenen resminamalaryň görnüşleri aşakdakylardan ybaratdyr: hasabat statistiki, ilkinji hasabat, maliýe we buhgalteriýa hasabaty. Unifisirlenen görnüşe getirilen resminamalary kompýuterleriň üsti bilen ulanmaklykda hem ýeňillik döredýär.

Üçünjiden, ylym we tehnikanyň ösmeginde, önümiň hiliniň artdyrylmagynda metrologiýa ylmynyň ähmiýetini ýokarlandyrmak zerur bolup durýar. Ýagny tehniki ölçeg serişdeleriniň derejesini we takyklygyny ýokarlandyrmak we gurnamak gerekli bolup

durýar. Muňa ýurtda ulanylýan ähli ölçeg birlikleriň ulgamy, ýokary takyklykdaky döwlet etalonlar, takyk nusgalyk ölçeg serişdeleri, ulanylýan iş ölçeg serişdeleri girýär. Her bir iş başlangyçda ölçegden başlanýar we bu ölçegleriň takyk bolmaklygy zerurdyr. Her ýerde şol bir ölçeg serişdesiniň we ölçeg birliginiň ulanylmaklygy, ýagny ölçeg birlikleriň we serişdeleriň standartlaşdyrylmagy örän ähmiýetli mesele bolup durýar.

Dördünjiden, ýurtda tehniki resminamalaryň bir ugruny kesgitlemekden ybaratdyr. Bu ähli kadalaşdyryjy resminamalary derejelendirmekden we haýsy ugurda nähili kadalaşdyryjy resminamalara salgylanyp ulanylmalydygyny tertipleşdirmekden we bir ugruny kesgitlemekden ybaratdyr.

Bu ýokardaky ähmiýetli meseleler standartlaşdyrmak boýunça ýerine ýetiriljek işleriň ugurlary we mazmuny bolup, ýerine ýetirilen halatynda standartyň roly giňäp, önümiň hiliniň ýokarlanmagyna, ykdysadyýetiň we halk hojalygyň netijeli ösmegine uly badalga boljakdygy aýdyňdyr. Şeýle halatda standart boýunça ylmy mazmun beýgeler.

## 1.5. Standartlaşdyrmaklygyň usullary

Goýlan maksatlara we çözülýän meselelere baglylykda standartlaşdyrmanyň dürli usullaryndan peýdalanýarlar we kesgitlenen maksada laýyklykda bu usullar standartlaşdyrmaklygyň işini ýeňilleşdirýär. Şeýle-de matematiki, tejribe ähmiýetli, tehniki, ykdysady, sosiologiki we beýleki usullardan hem peýdalanylýar. Emma tejribede we edebiýat çeşmelerinde iň köp gabat gelýäni şu aşakdakylardyr:

- ulgamlaşdyrma;
- klassifikasiýa;
- kodlama;
- tipleşdirme;
- unifikasiýa;
- agregatlaşdyrma;
- biri-biriniň deregini tutujylyk;

**Ulgamlaşdyrma** – Standartlaşdyrmanyň manysy köp gezeklik ulanmak maksady bilen çözgütleri, düzgünleri, usullary we ş.m. tertipleşdirmekden ybaratdyr. Standartlaşdyrmanyň çägindäki islendik iş maglumatlaryň bar bolan maglumatlaryň toplumyny seljerişinden we esasy, has mahsus häsiýetleriň bölünip aýrylmagyndan başlanýar, şolara laýyklykda toplum ulgamlaşdyrylyp bilner.

Mysal üçin, eger siz özüňiziň şahsy kitaphanaňyzy tertibe saljak bolsaňyz, onda kitaplary tematikalaryna görä goýup bolar: fizika, himiýa, tehnika, çeper edebiýat we ş.m. Çeper edebiýat kitaphanasynda kitaplary ýurtlara görä goýup bolýar: iňlis, nemes, rus, her bölümde bolsa – elipbiýiň tertibinde awtorlaryň familiýalary boýunça. Emma bu ulgamlaşdyrmanyň mümkin bolan ýeke-täk alamaty däldir, çeper edebiýaty hem tematika boýunça goýup bolýar: ylmy-meşhur edebiýat, detektiwler, çagalar edebiýaty we ş.m. Edil şonuň ýaly seljeriş, tehnikada hem geçirilýär.

Standartlaşdyrmanyň iň ýönekeý usuly – **ulgamlaşdyrma**, ýagny barlanýan zatlary ulanyşa laýyk bolan ulgamy emele getirýän belli bir tertibe ýa-da yzygiderlilige görä bölüp goýmak.

Tehnikada ulgamlaşdyrma maşyny gurnaýjy birliklere bölmekde, gurnaýjy birlikleri bolsa – olary bellemegiň belli bir garaýşa laýyklykda böleklere bölmekde ulanylýar, mysal üçin awtomobilleriň ätiýaçlyk şaýlarynyň kataloglary.

**Klassifikasiýa** – ulgamlaşdyrma standartlaşdyrmanyň klassifikasiýa usulyna geçmegiň başlangyjy bolup durýar. Bu ýagdaýda wakalar, düşünjeler, zatlar ýa-da ölçegler, düzgüne görä, aýratyn önümleriň toparyna mahsus bolan belli bir alamatlar boýunça bölünip goýulýar. Tehnikada şu garaýşa esaslanyp, esasy parametrleriň görnüş-ölçeg hatarlary guruldy, esasy parametrler boýunça meňzeş görnüşli maşynlaryň klassifikasiýasy we ş.m. amala aşyrylýar, mysal üçin, gurluşyk kranlarynyň ýük göterijilik görnüş-ölçeg hatarlary ýa-da mikrometrleriň ölçeniş çäkleri: 0…25 mm; 25…50 mm; 50…75 mm we ş.m.

**Kodlama** – Klassifikasiýa we ulgamlaşdyrma maglumaty kodlamagy aňladýar. Kodlama – obýektleri ýa-da obýektleriň toparlaryny belli bir düzgünler boýunça toparlara bölmek hem-de olara şol obýektleriň atlaryndaky birnäçe belgiler (ýa-da simwollar) çalyşmaga

kömek edýän kodlary bermek. Kodlar maglumatlary ýygnamanyň, hasaplamanyň, gorap saklamagyň we işläp taýýarlamagyň netijeliligini artdyrmaga kömek edip, obýektleri has gysga usul (belgileriň iň az sany) bilen meňzetmäge kömek edýär.

Koddaky bellikleriň sany onuň düzümi bilen kesgitlenýär we kodlanýan alamatlaryň möçberine baglydyr. Kodlamanyň on belgili ulgamlary has köp ulanylýar.

Klassifikasiýa we kodlama standartlaşdyrmada standartlaryň pudagara ulgamlaryna girýän standartlaryny bellemek üçin ulanylýar.

Maglumatlary klassifikasiýalaşdyrma we kodlama boýunça işleri alyp barmagyň tertibi «Tehniki-ykdysady we sosial maglumatlary klassifikasiýalaşdyrmagyň we kodlamagyň ýeke-täk ulgamy» döwlet standartlary tarapyndan düzgünleşdirildi, munuň esasynda şu klassifikatorlar işlenilip düzüldi: Klassifikatorlar obýektleriň has uzyn kod belligi hem bolup biler, mysal üçin, maşyn gurluşyk önümçiliginiň tehnologiki klassifikatory boýunça tehnologiki kod 14 indeksi öz içine alýar, olaryň altysy – koduň hemişelik bölegi, sekizisi bolsa – koduň üýtgeýän bölegi.

Hemişelik bölek şaýyň esasy alamatlary toparlarynyň klassifikasiýasy üçin niýetlenendir: ölçeg häsiýetnamasy (diametr, uzynlyk we ş.m.); materiallaryň topary (Polatlar, çoýunlar, reňkli erginler we beýlekiler); şaýy almagyň tehnologiki hadysadynyň görnüşi (kesmek, guýmak, basyş bilen işläp taýýarlamak we ş.m.). Koduň üýtgeýän bölegini şaýyň hemişelik kod bilen suratlandyrylan belli bir alamatlaryny takyklamak üçin ulanýarlar. Koduň üýtgeýän bölegine taýýarlamanyň görnüşi (sim, sozma we beýlekiler), daşky we içki üstleriň takyklygy, üstleriň büdür-südürligi, ýylylyk arkaly işlemeklik we şaýyň massasy (şaýyň agram häsiýetnamasy) girýär.

Tehnologiki koduň gurluşy elektron-hasaplaýyş tehnikasyny ulanmak bilen enjamy, göteriş-ulag we ammar serişdelerine, şeýle hem olaryň gözegçiligi üçin kesýän we ölçeýän gurallary saýlamaklyga düýpli täsir edip, maglumaty dürli derejelerde önümçiligiň konstruksiýa we tehnologiki taýýarlygyna mümkinçilik berýär.

Maglumatlaryň ýygnanan topary belli bir alamatlar boýunça ulgamlaşdyrylandan we klassifisirlenenden soň, standarlaşdyrmanyň indiki usulyna – tipleşdirmä geçilýär.

**Tipleşdirme** – Önümleriň konstruksiýalaryny bir görnüşe salma, ýa-da ýygnama birliklerden we böleklerden ybarat bolan önümleriň, umumy konstruktiw parametrlerden ybarat bolan enjamlaryň işläp düzülmegi we ýola goýulmagydyr.

Bir görnüşe salmakda önümleriň bar bolan bir görnüşdäki ölçeglerini, olaryň düzüm böleklerini, enjamlaryny derňeýärler, şeýle-de ylmyň, tehnikanyň we senagatyň ösüşiniň, satuw bazarlarynyň ýüze çykýan mümkin bolaýjak talaplarynyň geljegini kesgitleýärler. Bir bölegiň, ýa-da ýygnama birligiň gurluşyna öňkä görä uly däl üýtgeşiklik girizmeklik bilen köp sanly täze alyjylaryň talaplaryny kanagatlandyryp bolýar. Bu ýagdaý önümçiligiň tapgyrlylygyny we önümiň hilini ýokarlandyrmagyň hasabyna çykdajylary azaltmaga peseltmäge mümkinçilik berer, bu hem öz gezeginde öndürilýän önümiň hem-de firmanyň bäsleşmekligini artdyrar. Tipleşdirme usuly ähli çylşyrymly tehniki enjamlarda, aragatnaşyk serişdelerinde, öý hojalyk tehnikalarynda giňden ulanylýar (*1-nji surat*).




mod. 1616 mod. 2700 mod. 6300

***1-nji surat* – Tipleşdirme usulyny ulanyp el telefonlarynyň modellerini düzmeklik**

Standartlaşdyrmaklygyň has giňden ýaýran we netijeli usuly unifikasiýa usulydyr.

**Unifikasiýa** (bir nusga getirmeklik) usuly – bu önümleriň dürli görnüşleriniň, ýagdaýlaryň we hyzmatlaryň, olaryň parametrleriniň we ölçegleriniň ähmiýetiniň iň amatly sanynyň saýlawydyr. Unifikasiýa usuly hiliň we doly bir-biriniň deregini tutujylyklygynyň ýokary görkezijileri bar bolan görnüşleriň, şekilleriň, görnüşli ölçegleriň gerekli, emma ýeterlik sanyny ýola goýmaklyga mümkinçilik berýär.

Unifikasiýa – bu önümi çykşyrymlylykdan we köpdürlilikden edip bir forma getirmeklik we onyň biri-biriniň ýerini tutyjylygyny we köpugyrlaýyn ulanyp bolarlygyny gazanmak bolup durýar;

Unifikasiýa usulyň standartlaşdyrmaklygyň beýleki usullaryndan esasy tapawudy unifikasiýa ýagdaýda önümiň, ýa-da başga obýektiň gurluşyna ony ulanmaklygy artdyrmak, özüne düşýän gymmadyny peseltmek, şonuň bilen birlikde hilini ýokarlandyrmak maksady bilen üýtgemeleri girizmeklik çak edilýär.

Köpçülik, tapgyrly we şahsy önümçiligiň önümleri we şol sanda aşakda agzalanlar unifikasiýa usulynyň obýektleri bolup durýarlar:

• bölekleriň käbir ölçegleri we elementleri;

• meňzeş maksatly bölekler;

• enjamlar, ýygnama birlikler we modullar (mysal üçin, maýyşgak önümçilik modullary), eger olar az tapawutly işçi parametrlerde, göwrümli ölçeglerde we ulanyş görkezijilerde häsiýeti boýunça ýakyn wezipeleri ýerine ýetirýän bolsalar;

• ulaglar, eger olar az sanly birmeňzeş maksatly ýygnama birliklerden ybarat bolsa we häsiýeti boýunça ýakyn amallary, ýa-da ýagdaýlary ýerine ýetirýän bolsalar.

Unifikasiýa usulynyň esasy ugurlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

• täzeden döredilýän toparlarda birmeňzeş, ýa-da ýakyn wezipe maksatly öň taslamalaşdyrylan, önümçilikde özleşdirilen we ulanyşda ýokary berkligini görkezen birmeňzeş (önümleriň topar çäginde gaýtalanýan) düzüm bölekleriniň ulanylyşy;

• bir nusga getirilen düzüm bölekleri täzeden döredilýän, ýa-da kämilleşdirilýän önümlerden peýdalanmak üçin işläp düzmeklik;

• önümleriň konstruktiw – bir nusga getirilen hatarlaryny işläp düzmeklik;

• peýdalanmaklyga rugsat berilýän önümleriň we matetiallaryň nomenklatyrasyny peýdalylygy bilen çäklendirmeklik.

Unifikasiýa usuly mazmuny boýunça aşakdakylara bölünýär:

• Ölçegara – birmeňzeş funksiýany ýerine ýetirýän önümleri alamatlandyrmak bilen, biri-birinden diňe esasy parametriniň ölçeg aýratynlyklary bilen tapwutlanýar. Unifikasiýa usuly dürli parametr hatarlara girýän dürli görnüşli ölçeglere ýaýraýar. (*2-nji surat, a*)



3. Sargyt № 2916

• Içi tapawutly görnüşi (içki ölçegli) – bir ugurly funksiýany we birmeňzeş ölçeg aýratynlygy ýerine ýetirýän önümleri alamatlandyrmak bilen, esasy içki konstruksiýasynda, böleklerinde, şekilinde tapawutlary bolan işleri aňladýar. Unifikasiýa usuly belli bir önümiň esasy nusgasy barada we bu nusganyň şekiliniň üýtgemegi barada hemme şekil üýtgemeleri öz içine alýar. (*2-nji surat, b*)

• Görnüşara – dürli görnüşli önümleri we tapawutly konstruksiýalary aňladýar. Diňe bir esasy nusganyň däl-de, eýsem şu parametr hatara girýän dürli ölçegli detallaryň esasy nusgalarynyň şekilini, konstruksiýalaryny üýtgedip bir nusga getirýär. (*2-nji surat, w*)




***2-nji surat*** **- Telewizorlaryň görnüşleri emele getirilende unifikasiýa usulyny ulanmaklyk**

Standartlaşdyrylyşyň (ilki bilen unifikasiýa usulynyň) ykdysady netijeliligi önümiň ýaşaýyş ömründäki sikliniň hemme tapgyrlarynda: taslama, tejribe-konstruktorçylyk işlerinden başlap, tä önümi utilizasiýa edilmesine çenli işlerde ýüze çykýar. Bu barlagla wagtyň tygşytlanmaklygy bilen, täze tehnikany işläp düzmeklik, taýýarlamaklyk we synagdan geçirmeklik bilen baglanyşyklydyr.

Unifikasiýa usuly bilen işlemekligi öndüriji kärhana, pudak, döwletara, sebitara we halkara derejesinde amala aşyrmak mümkindir.

Ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleriň tapgyrlarynda unifikasiýa usulynyň netijeliligi derňäp tassyklanylan, ulanylyşyň gowy tejribesi tarapyndan ykrar edilen çözgütleri ulanmaklykda ýüze çykýar; wagtyň we serişdeleriň tygşytlylygy maketleriň hem-de täze çyzgylaryň, olaryň goşmaça synaglarynyň hem-de ýasap gutarmaklygynyň gerek dälliginiň hasabyna gazanylýar.

Taslamaklyk we önümçilige taýýarlamaklyk tapgyrynda tygşytlylyk tapgyrly önümçiligiň öň işlenilen işçi we ýygnama çyzgylarynyň, şeýle-de, öň demirde döredilen we taýýarlanan ýörite kesýän, ölçeýän gurallaryň, hem-de gurluşlaryň ulanmaklygynyň hasabyna ýüze çykýar. Eger-de täze awtoulag hyýaldan we birinji çyzgylardan başlanyp, dört ýylyň dowamynda dörese, onda unifikasiýa usuly bu möhleti bir ýarym esse azalmaga mümkinçilik berýär. Unifikasiýa usulynyň artykmaçlygy ägirt uly korpus we ülňülenen bölekleri, üstüni, kuzowyny döretmekde aýdyň ýüze çykýar.

Önümçilik tapgyryndaky tygşytlylyk eýýäm işlenilip taýýarlanan tehnologiýa ýagdaýlaryň, kesýän, ölçeýän gurallaryň, hem-de gurluşlaryň böleklerini taýýarlamaklygy we çitimleri ýygnamaklygy ulanmak esasynda gazanylýar.

Ulanyş ýagdaýda unifikasiýa usulynyň we standartlaşdyrylyşyň netijeliligi öň işlenilip düzülen we ulanylan barlag-ölçeg enjamlaryň, gurluşlaryň we ätiýaç şaýlaryň diagnostirlemesi, işlenilip bejermesi üçin ulanylmak mümkinçiliginde ýüze çykýar. Hyzmat edýän we bejeriş işlerini geçirýän işgärlere täzeden bilim bermek zerurlygy ýok bolýar, sebäbi olar eýýäm ulanyş ýagdaýda şeýle önümler bilen öň işleşip gördüler.

Ulaglaryň düzüm bölekleriniň we şaýlarynyň ýöriteleşdirilen önümçiligini guramaklyk we önümleri agregatlaşdyrma usuly bilen taslama geçirmeklik standartlaşdyrylyşyň we birinji nobatda unifikasiýanyň hemme usullaryny ulanmaklygyň netijeleri bolup durýar.

**Agregatlaşdyrma** – bu maşynyň, enjamlaryň bir nusga getirilen standart agregatlardan döretmek ýörelgesi bolup durýar, agregatlar önümde dürli sanda we utgaşmada goýulýar. Agregatlar hemme

ulanyş parametrlere we birleşdirýän ölçeglere görä doly bir-biriniň deregini tutýan häsiýetlere eýe bolmalydyrlar. (*3-nji surat*)

Unifikasiýa we agregatlaşdyrmaklyk usullary iň amatly ulanyş görkezijilerini üpjün etmeklige mümkinçilik berýär, degişli zähmete sarp edilişini 1,5–2 esse peseltmek bilen taslama we täze tehnikany özleşdirme möhletlerini 2–2,5 esse azaldýar.




***3-nji surat*** **– Unifisirlenen elementleri esasynda öý hojalyk mebellerinda agregatlaşdyrma usulyny ulanmaklyk**

**Biri-biriniň deregini tutujylyk** – enjamlaryň, desgalaryň we maşynlaryň detallaryny ýygnamaklyga we çalyşmaklyga ýeňillik döretmek üçin ulanylýar. Şol bir wezipäni ýerine ýetirýän detallaryny her görnüşli meňzeş enjama gabat geler ýaly edilip ýasalýar. Bu usul detalyň we goşmaça şaýlaryň toplumlaýyn we seriýalaýyn önümçiligine mümkinçilik berýär. Biri-biriniň deregini tutujylyk usuly doly, doly bolmadyk, daşky we içki bolup bilýär (*4-nji surat*).



Ves 4540



Ves 4670



Ves 4850

***4-nji surat* – Et üweýji maşynyň çykarylyşynda biri-biriniň deregini tutujylyk usulyny ulanmaklyk**

# 2. HIL we STANDARTLAŞDYRMAGYŇ TARYHY ÖSÜŞINIŇ GYSGAÇA BEÝANY

## 2.1. Hili dolandyrmaklygyň daşary ýurt tejribesi

Daşary ýurtlaryň hili dolandyrmak bilen baglanyşykly tejribelerine syn edeniňde, ol tejribeleriň bazar gatnaşyklary şertlerinde yzygiderli täzelik hödürlemäge we innowasion tehnologiýalary giňden ulanmaga gönükdirilendigi görünýär. Esasan hem Ýaponiýa, ABŞ we Ýewropa ýurtlary hil boýunça bäsleşik ukyplaryny artdyryp, ylmy-tehniki ösüşe öz täsirlerini ýetirdiler. Olaryň hil bilen baglanyşykly

meselelerde awtomatlaşdyrylan tehnologiýalary giňden ulanmagy hili ýokary harytlary köp we arzan bahadan bazara hödürlemeklerine we netijede, harytlarynyň bäsleşik ukyplarynyň ýokarlanmagyna mümkinçilik berýär. Olaryň dolandyryş ylmynda birnäçe täze usullary ulanmagy hil derejesine öz täsirini ýetirýär. Halkara we sebitleýin standartlarynyň hil derejelerini ýokarlandyrmagy, şeýle-de standartlaşdyrmakda ylmy-önümçilik tejribelerden giňden peýdalanmaklary, sertifikatlaşdyrmakda we söwda gatnaşyklaryny emele getirmekde gözegçiligiň ýeňil, çalt we netijeli usullaryny saýlap almaklary hem bu ösüşe aýratyn goşant goşýar.

Amerikada F.Taýlor 1911-nji ýylda çykaran «Ylmy dolanyşyk ýörelgeleri» atly kitaby bilen önümçiligi dolandyrmak we gurnamak düşünjesiniň ylmy esaslaryny ilkinji bolup orta atýar. Önümçilikde netijeliligiň artdyrylmagy üçin ylmy dolanyşyk ýörelgelerini ulanmagyň gerekdigi nygtalýar. Taýloryň pikirine göra, ylmy dolanyşyk: «işi has netijeli ýerine ýetirmek üçin täzeden gurnamak hem-de işgärler bilen wezipeler arasyndaky gatnaşygy birsyhly yzygiderlikde ele almakdan ybaratdyr». Ylmy dolanyşyk nazaryýetleri orta atylyp başlansa-da, bu ýyllarda hil we hili dolandyrmak meselesiniň üstünde az durulýar. Esasan hem, az çykdajy bilen köp önüm öndürmek mahabatlandyrylýar. Önümiň görnüşiniň azlygy sebäpli bäsleşik hem-de hil barada düşünje ýok. Hil, esasan hem, bäsleşik bolan ýerde özüni orta çykarýar. Şeýle-de, bu ýurtlarda hile statistik usullar bilen gözegçilik etmek, esasan hem, ikinji jahan urşundan soň ösdürilýär. Bu barada 1931-nji ýylda ABŞ-da we Angliýada hile gözegçilik etmegiň statistik usullary barada “Ykdysady barlag ýa-da öndürilen önümiň hili” ady bilen kitap çykarýar. Şeýlelik bilen, hili pes önüme we bejergä bolan çykdajylar azaldylýar. Statistik usul bilen hile gözegçilik etmek E.Deming, soňra J.Juran tarapyndan halk köpçüligine ýetirilip başlanýar. 1937-nji ýylda statistik usulda hili barlamakdan soňra, 1960-njy ýylda umumy hil barlaga, 1980-nji ýyldan soň bolsa, umumy hili dolandyrmaga geçilýär (*5-nji surat*).




**5-nji surat. Hil dolanyşygynyň ösüşi**

1950-nji ýyla çenli ABŞ-nyň öndürýän önümleriniň hili pes bolandygy üçin, önümçilik galyndylary we taşlandylary köpelýär. Önümçilik çykdajylaryň 20–25 göterimi önümleriň kemçiliklerini orta çykarmaga we düzetmäge sarp edilýär. Ýagny, önümçilikdäki işgärleriň dörtden bir bölegi hiç zat öndürmän, diňe birinji gezekde gowy çykarylmadyk kemçilikli önümi täzeden işlemek we dikeltmek bilen meşgullanýar. Muňa, bazardan yzyna gaýdyp gelen we çalyşmaga mejbur edilen önümleri hem goşsak, ummasyz çykdajylar diňe hili peslik sebäpli ýüze çykýar. Bu meseläni döwlet derejesinde çözmek maksady bilen tarifler, kwotalar, salgytlar täzeden tertipleşdirilýär, emma, ýene-de hil meselesi çözülmän galýar. Sebä-

bi, hiliň derejesini artdyrmak bilen önümiň özüne düşýän gymmaty ýokarlanar we müşderiler azalar diýen düşünje bar. Emma, tersine, hili peslik sebäpli müşderiler azalyp başlaýarlar. Netijede, hökümetiň kararlarynda we halkyň nazarynda hile bolan üns artyp başlaýar. Her bir kärhanada bu hakykat doly kabul edilmek bilen, hili dolandyrma işi ýokary derejede alnyp barylýar. Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda hili dolandyrmagyň meýilnamalaşdyrylmasy başlanýar, ýöne, bu hili dolandyrmak meýilnamasy kärhananyň içindäki işgärleriň islegleridir mätäçlikleri göz öňüne tutulmazdan düzülýär we netijede bu meýilnama hem şowsuzlyga uçraýar. Şol ýyllarda, Amerikada tanymal dolandyryş alymy E.Demingiň «Hil, öndürijilik we bäsleşik ukyby» we «Çökgünlikden çykyş» atly iki kitaby çykýar. Deming bu kitaplarynda umumy hili dolandyrmak pelsepesiniň esasynda ýatan pikirleri 14 sany ýörelgede jemleýär. Olarda maksada okgunlylyk pikirini ornaşdyrmak; täze dolandyryş pelsepesini ýerleşdirmek; gözegçilik çyzgylaryny ulanmak; uzakmöhletleýin ynama girmäge çalyşmak; kemçiligi we şikesi ýüze çykarmak we statistik usullary ulanmak; tejribe mysalynda hünär öwrenişi kämilleşdirmek; işjeň we netijeli ýolbaşçylyk hem-de gözegçilikde ulgamlaýyn çemeleşmek; ýalňyşmak gorkusyny ýeňmek, hil boýunça ýalňyşmaga bolup biljek hadysa hökmünde garamak; bölümleriň arasyndaky päsgelçilikleri aýyrmak, ýagny taslama, satyş, önümçilik, müşderiler we üpjün edijileriň köpçülikleýin düşünjesi bilen hereket etmeklerini gazanmak; ähli işgärleriň üns merkezinde hiliň ähmiýetini artdyrýan çäreleri geçirmek hem-de höweslendiriji ýazgylary ýerleşdirmek; iş standartlaryny, oýlap tapyjylygy ösdürmek, mümkinçiligine görä özgertmek; işgärleriň öz işlerine buýsanmaklaryny gazanmak; işgärleriň bilimini we hünärini artdyrjak okuw ulgamyny ýokary derejede gurnamak; bu ýokardaky maddalary ýerine ýetirmek üçin gerekli bolan dolandyryş ulgamyny gurnamak ýaly ýörelgeler öňe sürülýär. Bu pelsepelerden ugur alnyp işlän önümçilik kärhanalarynda hili dolandyrmak boýunça ägirt uly öwrülişik bolup geçýär. Önümiň täze görnüşlerini işläp düzmek, ylmyň we tehnikanyň ösüşine laýyklykda, hili yzygiderli kämilleşdirmek, önümi müşderileriň islegini esas edinip öndürmek ýaly döwrebap hili dolandyrmak ýörelgeleri durmuşa ornaşdyrylyp

başlandy. Önümçiligiň ähli tapgyrynda işleri täzeden üýtgedip guramak, awtomatlaşdyrmakdan we işlemegiň iň ýeňil we oňaýly tejribesini ulanmak bilen hile bolan ünsi artdyrmak öňe çykýar.

ABŞ-nyň hökümeti hili dolandyrmakda «başda hil» şygary bilen ähli zatdan öň hili öňe sürmek we ykdysady galkynyşy gazanmak maksady bilen her ýyl hil boýunça bäsleşik geçirip başlaýar. Esasan hem, öndürilýän önümiň hiline statistik we matematik usullar bilen gözegçilik etmek, hil we san bahasy boýunça önümiň görkezijilerini meýilnamalaşdyrmagyň ýerine ýetirilişine ünsi we administratiw jogapkärçiligi artdyrmak, şeýle-de, kärhanany ösdürmäge umumylaşdyrylan görnüşinde seretmek ýaly häsiýetler has öňe çykarylýar.

XX asyryň ortalaryndan soň, hili dolandyrmak baradaky ösüş esasy Ýaponiýada bolup geçýär. Ýaponiýa döwleti ikinji jahan urşundan soň, weýrançylyga uçrap, önümiň we hyzmatlaryň hilini üpjün etmäge ugrukdyrylan hökümetiň we umumylykda, jemgyýetiň yzygiderli we ählitaraplaýyn hereketleriniň netijesinde, juda gysga wagtyň içinde ykdysady taýdan galkynmagy başarýar. Hökümet uruşdan soňky ýyllarda, döwletiň ykdysady ösüşiniň uzak möhletleýin maksatnamasyny işläp düzende, çig mal we maliýe serişdeleriniň çäklidigini göz öňünde tutup, senagatyň iň köp isleg bildirilýän ugurlaryny ösdürmäge başlaýar. Şeýle-de, ýapon kärhanalarynyň hil ulgamyny dolandyrmakdaky esasy aýratynlygy täze döwrebap tehnologiýalary we önümi ornaşdyrmakda çalt dolandyryş täsirini amala aşyrmakdan ybarat bolup durýar. Önüminiň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmagy onuň ýokary hiliniň hasabyna üpjün etmek göz öňünde tutulýar. Ýapon eksport maksatnamasynyň üstünlikli amala aşyrylmagy, umumymilli ölçeglerde önümiň hiliniň ýokarlandyrylmagy we ylmy-gözleg işlerine goýlan uly möçberli maýa goýumlary täze tehnologiýalary orta çykarmak üçin itergi bolup durýar. Daşary ýurtdan satyn alnan öňdebaryjy tehnologiýanyň tiz we netijeli özleşdirilmegi we bäsleşige ukyply önümiň köpçülikleýin önümçiliginiň ýola goýulmagy hem-de önümiň hilini dolandyrmagyň rejeli ulgamy düzülýär. Öndürilýän önümiň we hödürlenýän hyzmatlaryň hilini üpjün etmek ugrunda döwlet syýasatynyň esasy maksady – ýokary hilli, alyjylaryň isleg-

lerini kanagatlandyrýan we standartlaryň talaplaryna laýyk gelýän, daşarky we içerki bazarlarda bäsleşige ukyply önümi we hyzmatlary işläp düzmekden we öndürmek üçin şertleriň döredilmeginden we şonuň netijesinde ýurduň eksport ukybyny ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar. Hil barada her ýerde seminardyr maslahatlar gurnalýar. E.Demingi we J. Jurany Ýaponiýa seminara çagyrýarlar. Aslynda, ýaponlar hili dolandyrmagyň statistik usullaryny Amerikanyň bilimli adamlaryndan öwrenýär, emma, soňra hili dolandyrmakda uly üstünliklere eýe bolup, özleri hili dolandyrmagyň birnäçe usullaryny işläp düzýärler. Mysal üçin, «Hil halkalary», «Kaizen», «Nol nogsanlyk» ýaly usullary bilen hili ýokary önüm öndürmekde dünýäde ilkinji ýerlere eýe bolýar. Tilsimatlaryň hadysasyny dolandyrmakda gözegçilik kartlary ulanylyp başlanýar. Bu hereketleriň her biri hile bolan ünsi artdyryp, üýtgeşik atmosfera döredip başlaýar. Şeýle-de, «Mätäçlik kämilleşmegiň ussadydyr» diýen atalar sözünde aýdylyşy ýaly, Ýaponiýanyň ikinji jahan urşundan soňraky duş gelen çökgünlikleri we ýetmezçilikleri olaryň ýaşamaga, işlemäge, kämilleşmäge bolan hyjuwyny artdyrýar, itergi berýär. Netijede, ýokary hilli önümleri bilen dünýäde abraýlary artyp, bäsleşikde we ykdysadyýetde üstünlik gazanýarlar. Hile elmydama yzygiderli kämilleşmek üçin gerekli bolan obýekt hökmünde seredilýär.

Hili dolandyrmak boýunça tapawutlanan kärhanalar Ýaponiýada «E.Deming adyndaky baýrak», ABŞ-da «Malcolm Baldridge milli hil baýragy», Ýewropada «Ýewropa hil baýragy» ýaly atlar bilen sylaglanýarlar.

Ýaponiýanyň hili dolandyrmak tejribesi öwrenilende, esasy şu häsiýetler has öňe çykýar: önümçiligiň ähli ýerlerinde zähmetiň netijeliligini we önümçilik hadysasyny kämilleşdirmäge gönükdirmek; önümiň hiliniň alnyp barlyşyna gözegçiligi düýpli artdyrmak; kemçilik goýbermek mümkinçiliginiň öňüni almak; meselelere yhlasly we ykjam ýapyşyp, gözleg we seljeriş işlerini, şeýle hem, gelejekde kemçilikleriň gaýtalanmazlygy üçin öňüni alyş çärelerini geçirmek; medeni ýörelgeler esasynda «seniň müşderiň-seniň soňraky önümçilik hadysalaryňy ýerine ýetirijidir» hökmünde garamak; ýerine ýetirijilere we zähmet netijesiniň hiline doly jogapkärçiligi berkitmek; zäh-

met we adam serişdesini, başarnygyny netijeli ulanmak; işgärleriň we gullukçylaryň oýlap tapyş we döredijilik mümkinçiligini ösdürmek. Medeni ýörelgelerde bolsa, «hormatlanýan adama işini erbet, netijesiz alyp barmak utançdyr» diýen ýaly ýörelgeleriň bardygy görülýär. Şeýle hem, Günbatar ýurtlary bilen Ýaponiýanyň arasynda ussatlyklary, köpbasgançaklyk (iýerarhiýa) gurluşy, teýlorizm düşünjesi, töleg şertleri, köp milletliligi, bilim, ynanç we din aýratynlyklary ýaly tapawutlary bar.

Şeýle-de, ýapon kärhanalarynyň gysga wagtyň içinde hili dolandyrmakda uly üstünliklere eýe bolmaklarynyň bir sebäbi olaryň bilim derejesiniň ýokarydygy bilen düşündirilýär. Önümçilik ýerlerinde işleýän işçileriň bilim derejesi pes bolan ýerlerde hiliň hem pes bolýandygy üçin, ylma-bilime we hünär öwrenişe köp wagt we maýa-goýum goýulmalary goýulýar.

Günbatar ýurtlary bilen Ýaponiýanyň hili dolandyryş aýratynlygyny ýüze çykarmak maksady bilen, alymlar 500 sany kärhanada seljerme-gözleg işlerini geçirýärler. Netijede, Ýewropada medeni we dolandyryş aýratynlyklary bilen tapawutlanýan «Toplumlaýyn hili dolandyrmak» ulgamynyň düýbi tutulýar.

Toplumlaýyn hili dolandyrmak ulgamy bilen işleýän kärhanlarda hasaplaýyş we awtomatlaşdyrylan tehnikalar, täze tehnologiýalar we kompýuterler, statistik usullar giňden ulanylýar. Adama işlemegiň iň ýeňil we oňaýly ýollary saýlanyp alynýar. Çig mal bilen üpjün edijileriň hem hilini dolandyrmak, olara-da ýardam bermek, gerek bolsa, okuw işlerini geçirmek, hünär derejesini ýokarlandyrmak, önümçilik güýçlerini artdyrmak, önümiň hiline gözegçilik etmegi kadalaşdyrmak we döwrebaplaşdyrmak ýaly ulgamlaýyn we döwürleýin (prosesleýin) çemeleşmegiň aýratynlyklaryny giňden ulanýarlar. Munuň üçin, ýörite meýilnamalar düzülýär we birnäçe çäreler gurnalýar. Sebäbi, çig mal ahyrky netijede harydyň hiline täsir edýär.

Şeýle-de, Ýaponiýada standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak «meýletinlik» we «hökmanylyk» ýörelgesine görä amala aşyrylýar. Lukmançylyk enjamlary we materiallary, oba hojalyk önümleri, mineral dökünler hökmany standartlaşdyrmaga we sertifikatlaşdyrmaga degişli edilen bolup, milli senagat standartlary bolsa, meýletinlik

ýörelgesi boýunça işlenýär. Şeýle-de, sertifikatlaşdyrmak ulgamynyň görnüşleriniň 3-si bar. Birinjisi, hökmany sertifikatlaşdyrmaga degişli bolup, kanunyň talaplaryna laýyklygy diňe döwletiň ygtyýarly edarasy tarapyndan tassyklanylýar. Ikinji görnüş meýletin sertifikatlaşdyrmak ulgamy bolup, döwletiň ygtyýarly edarasy tarapyndan amala aşyrylýar. Üçünji görnüşde bolsa, meýletin sertifikatlaşdyrmak ulgamy hususy akkreditirlenen sertifikatlaşdyryş guramalary tarapyndan amala aşyrýar.

## 2.2. Standartlaşdyrmanyň taryhy boýunça gysgaça maglumat

Gadymy Ýekipitde gurluşyk işlerinde standart ölçegde kerpiçler ulanylypdyr. Bu ugurda ýörite adamlar kerpijiň ölçegine gözegçilik edipdirler. Köne arhitektura ýädigärlikleri, owadan ymaratlar, köşkler bu standart kerpiçlere mysaldyr. Şeýle-de hemişelik ölçegde suw geçirijiler ulanylypdyr.

Ekerançylyk ýyllarynda miwe we gök önümler belli talaplara laýyklanyp, çüýrükleri saýhallanyp alynmaga başlanýar. Maldarçylykda gurbanlyk mal alanlarynda malyň dişine, ýaşyna, gulagyna, keselligine seredilýär. Tikinçilik önümçiliginde matanyň giňligini kesgitli ölçegde saklamak hem-de çitimleriniň sanynyň hemişelik bolmagy gazanylýar. Adamlaryň aňynyň ösmegi, olaryň durmuşa, ýaşaýşa bolan ukyplarynyň artmagy bilen ýaşaýşa gabat gelýän zerurlyklar netijesinde zähmet gurallary we onuň bilen baglanyşykly adalgalar, ölçeg aňladýan sözler döreýär. Aýry-aýry territoriýalarda ýaşaýan halklaryň arasynda söwda gatnaşyklary ýola goýulýar. Bu gatnaşyklar bolsa ölçeg birlikleriň zerurlygyny döredýär we hile bolan isleg we talap artyp başlaýar.

Orta asyrlaryň soňlarynda agyr senagatyň ösmegi bilen hile bolan talap güýçlenýär we standartlaşdyrma bolan ähmiýet artyp başlaýar. Mysal üçin 1555–nji ýylda Russiýada atyjy toplaryň hemişelik ölçegi döredilýär. 1785-nji ýylda fransuz inženeri Leblan 50 sany ýarag gulpuny ýasap, olaryň detallarynyň ählisini birmeňzeş, bir biriniň ýerine tutujylyk bolar ýaly çalyşmak mümkinçiligi bilen ýasamagy

başarýar. 1846-njy ýylda Germaniýada demir ýol tigirleriň giňligi we wagonlary birleşdirýän gurluşlar standart ölçegde gurulýar. 1891-nji ýylda Angliýada, soňra beýleki döwletlerde standart hyrlar giňden ulanylyp başlanýar. 1870-nji ýyllarda Ýewropa döwletleriň arasynda kerpijiň standart ölçegi kabul edilýär we beýleki önümleri hem standartlaşdyrmak işleri giňden ýaýrap başlaýar. Milli we halkara standartlaryň netijeleri öndüriji güýçleriň ösüşine uly täsir edýär we standartlaşdyrma bolan ähmiýet artyp başlaýar.

Ölçeg birlikleriniň emele gelşi tötänleýin bolupdyr. Alyş-çalyş we söwda gatnaşyklary üçin zerur bolan belli bir takyk agyrlygy, giňişligi (meýdany), göwrümi, möçberi, beýikligi, inliligi, galyňlygy, uzynlygy, çuňlugy, ýylylygy, suwuklygy, wagty görkezýän ölçeg gurallary-da, ölçeg birlikleride bolmandyr. Her bir döwletiň halky durmuşda ölçeg birliklerini öz halkynyň içinde ýerleşişi ýaly ulanyp başlapdyrlar. Türkmenler özara alyş-çalyş gatnaşyklarynda: gulak ýaly, kelle ýaly, el ýaly, şapbat ýaly, barmak ýaly, dyrnak ýaly, adam boýuna barabar, barmak boýy, gol boýy, naýza boýy, tam boýy, agaç boýy, dyz boýy, bir içerlik suw, bir bişirim et, bir ýugurasy hamyr, bir basyrym gatyk, bir sapanlyk ýer, barmak sygar-sygmaz deşik, boýy bilen deňeçerräk, adam boýy, adam boýundan ýokarrak, sesýetim aralyk we ş.m. meňzetmek, deňeşdirmek arkaly aňladypdyrlar. Tebigatda, jemgyýetde her bir görýän zatlarymyz beýleki bir zada meňzedilip, deňeşdirilip her hili çen-takmyn ölçeg aňladylyşy giň ýaýran hadysadyr. Halkyň gündelik durmuşyndaky alyş-çalyş gatnaşygynda ulanylýan gap-gaçlar hem ölçeg serişdesi hökmünde peýdalanylypdyr. Mysal üçin: bir halta däne, bir çemçe çorba, bir okara (jam, tabak) aş, bir çäýnek çaý, bir küýze gatyk, bir kädi suw, bir kepgir palaw, bir kündük suw, bir ganar saman, bir fartuk pagta, bir bedre süýt we ş.m. Şonuň ýaly-da öý haýwanlaryň atlary we olaryň beden agzalarynyň atlary bilen baglanyşykly bolan: at gaýtarym meýdan, at ýüki, düýe ýüki, eşek ýüki, atla bir günlük ýol, düýelä bir günlük ýol, goýnuň böwregi ýaly, at boýy, düýäniň dabany ýaly, eşek ýaly, towugyň budy ýaly we ş.m. Wagt ölçegleri hem halkara birlikler ulgamyna girilmezden öň aýyň, günüň, ýyldyzlaryň, umuman zaman jisimleriniň hereketleri boýunça kesgitlenipdir. Wagty bilmek üçin çägeden, suwdan, adamyň

kölegesinden, çopan taýagyndan peýdalanypdyrlar. Halkyň gündelik durmuşynda ulanylýan ölçeg aňladýan sözler belli bir bölegini agyrlyk ölçegini aňladýan batman (20 *kg* barabar), agry (2,5 *kg*), onagry, ýigrimiagry, kyrkagry, gadak (400 *gr* töweregi), kirbenke (409,5 *gr* barabar), seýri (25 *kg*), çärýek (1/4 bölek), meýrek (1/8), seýrek (1/16), geýrek (seýregiň ýarsy) we ş.m.

Ýokarda hem aňladylyşy ýaly bu ölçeg birliklerini her kimiň öz bilşi ýaly ulanmagy halkara alyş-çalyş gatnaşyklarynda kynçylyk döredýär we bu ölçeg birliklerini bir galyba salmaklygyň zerurlygy orta çykýar. Netijede ilkinji 1791-njy ýylda Pariž ylymlar akademiýasy tarapyndan uzynlyk ölçegi hökmünde «metr» ölçeg birligi kabul edilýär. 1875-nji ýyllarda ilkinji halkara gurama Metriki konwensiýa we halkara ölçeg we agramlar býurosynyň açylmagy, bu guramanyň halkara ölçeg birliklerini kabul etmegi we döwletleriň arasynda giňden ulanmaklygy ýola goýmagy dünýäde takyk ylymlaryň, standartlaşdyrmaklygyň ösmegine we ylmy tehniki progresiň kämilleşmegine uly itergi berýär.

XX asyryň başlarynda tehnikada, senagatda we ykdysadyýetde uly ösüşler gazanylýar. Bu ösüşler ösen ykdysadyýetli döwletleriň arasynda milli standartlaşdyrma guramasynyň döredilmegine getirýär. Netijede 1901-nji ýylda Angliýada Standart boýunça komitet döredilýär. Bu komitetiň wezipesi ykdysadyýeti kuwwatlandyrmak üçin çigmaly, senagat önümlerini we harby tehnikany standartlaşdyrmakdan ybarat bolup durýar. XX asyryň ikinji ýarymynda standartlaşdyrma işleri ähli senagat kärhanalarynda geçirilýär. Standartlaşdyrma ilki bada aýratyn firmalaryň, kärhanalaryň içinde kämilleşýär. Soňra jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň kämilleşmegi, ösmegi netijesinde milli, hat-da halkara standartlaşdyrma derejesine ýetdi.

1906-njy ýylda halkara derejesinde elektrotehniki, radiotehniki we aragatnaşyk ulgamlary boýunça standartlaşdyrmak işini alyp barmak üçin Halkara elektrotehniki topar (IEC- International Electrotechnical Comission) döredilýär.

XX asyryň başlaryna gadam goýulmagy bilen standartlaşdyrmagyň wezipesi we ähmiýeti hasam artýar. Şol esasda birinji jahan urşy döwründe we ondan soňra milli standartlaşdyrma guramalary

döredilýär. Mysal üçin: Gollandiýada (1916 ý.), Germaniýada (1917 ý.), Fransiýa, Şwesariýa we ABŞ-da (1918 ý.), Kanada (1919 ý.), Awstriýada (1920 ý.), Italiýa, Ýaponiýa we Wengriýada (1921 ý.), Awstraliýa, Şwesiýa we Çehoslowakiýada (1922 ý.), Daniýada (1926 ý.), Ruminiýada (1928 ý.) standartlaşdyrma guramalary döredilýär.

Şeýle öňegidişlik netijesinde standartlaşdyrma halkara derejesinde hem ösüşe eýe bolýar. Halkara haryt alyş çalşygyň ösmegi we döwletleriň arasyndaky meseleleri kämilleşdirmek boýunça 1928-da (Pragada) Çehoslowakiýada Standartlaşdyrmak boýunça Halkara Assosiasiýasynyň açylmagyna getirdi. Başlangyçda bu gurama 20 döwlet girýär, emma 1939-njy ýylda bu assosiasiýa II-nji jahan urşy sebäpli özüniň işini dowam edip bilmedi.

1943-nji ýylda Birleşen milletler guramasynyň çäginde standartlaşdyrmak barada komitet döredilýär we Londonda, Nýu-ýorkda býurosy açylýar.

1946-njy ýylyň 14-nji oktýabrynda Halkara standartlaşdyrma guramasy (ISO) Londanda döredilýär we 1947-nji ýylyň fewral aýynda resmi taýdan işläp başlaýar. Oňa başlangyçda 25 döwlet gatnaşýar we häzirki döwürde dünýäde iň uly halkara standartlaşdyrmak gurama hökmünde uly ähmiýete we abraýa eýedir. Wagtyň geçmegi bilen dünýäniň dürli künjeginden bu gurama agza bolup girýän döwletleriň sany köpelýär. Häzirki wagtda her ýylyň oktýabr aýynyň 14-i «Halkara standartlaşdyrmak güni» diýlip bellenip geçilýär.

## 2.3. SSSR döwründe standartlaşdyrmagyň ýagdaýy

Sowet döwründe 1923-de Ýokary ölçeg we agram palatasynyň garamagynda etalon we standart boýunça komitet açylýar. Komitetiň işläp başlamagy bilen uzynlyk, göwrüm boýunça ilkinji standartlar çykyp başlaýar. Soňra 1924-nji ýylda standartlaşdyrmak boýunça halk hojalygynyň ýokary guramasynyň başlygynyň buýrugy bilen senagatda standartlaşdyrmak býurosy açylýar. Bu býuronyň wezipesi umumy senagat pudagyny standartlaşdyrmak üçin topar döretmek we standartlary işläp düzmek bolup durýar. Dürli pu-

daklarda standartyň taslamasyny işlemek boýunça 120 sany topar döredilýär. Soňra standartlaşdyrmagyň ähmiýeti zerurlygy özüni hasam öňe çykarýar we 1925-de Standartlaşdyrmak boýunça komitet döredilýär. Bu komitetde şol döwrüň belli alymlary A.Bah, I.Gubkin, D.Prýanişnikow we ş.m. işläp başlaýar. 1926-nji ýylda ilkinji OCT 1 «Galla, Bugdaý seleksiýa sorty, nomenklatura» işläp düzülýär.

1928-nji ýylda bolsa ähli sowet döwrüň respublikalaryna hem iberilen 300-den gowrak döwletara standartlary işlenip düzülýär. 1926-njy ýyldan 1932-nji ýyla çenli Komitet 4114 sany standart tassyklaýar. Esasan hem halk hojalygyny ösdürmekligiň iň derwaýys bolan pudaklarynda standartlaşdyrmak işleri çalt geçirilip başlanýar. Standarta bolan ünsüň artmagy bilen ylym we senagat, önümçilik we ykdysadyýet uly depgin bilen ösüp başlaýar.

23.11.1929-njy ýylda bolsa standartyň talaplaryna gabat gelmeýän hili pes önüm öndürilen ýagdaýynda jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigi barada karar çykarylýar. Netijede halk hojalygynda standartyň talaplary berk berjaý edilip başlanýar we standartyň ähmiýeti has hem ýokarlanýar.

1930-nji ýylda komitet «Standartlaşdyrmak boýunça ählisoýuz komiteti» diýlip atlandyrylýar. Halk hojalygyny standartlaşdyrmak boýunça ilkinji döwlet meýilnamasy düzülýär. 1940-njy ýylda Standartlaşdyrmak boýunça ählisoýuz komiteti tarapyndan işlenip düzülen döwlet standartlaryna ilkinji gezek “ГОСТ” diýip bellik edip başlanýar we standartyň nomerini we çykan ýylyny goýup bellik edip resmileşdirilýär. Mysal üçin: 1940-njy ýylda çykan bolsa “ГОСТ 169-40”.

Ikinji jahan urşunyň başynda eýýäm 6000 sany standart işlenip çykarylýar. Bu standartlaryň 35% maşyn gurluşyk we metallurgiýa senagatyna degişli bolup durýar. Ikinji jahan urşunda standartlaşdyrmak işi esasanam hem harby tehnikalara we ýaraglara ugrukdyrylýar. Uruş döwründe 2000 sany täze standart işlenip çykarylýar we munuň 1000 sanysyny harby uruş zerarly üýtgetme girizilýär, ýagny çig malyň we gerekli goşmaça detallaryň gytlygy zerarly tapylmaýan materiallar, tapyp bolaýjak materiallar bilen

çalyşylýar. Ýagny standartda islenen hili goramak gytçylyk zerarly kynlaşýar.

Ikinji jahan urşy gutarandan soňra bolsa maşyngurluşyk, metal, himiýa pudagyndaky standartlar ösüp başlaýar. Şeýle-de soýuz boýunça birnäçe zawod fabrikalar açylyp täze standartlaryň işlenmegi çaltlanýar. 1954-nji ýylda Sowet ministrligine degişli agram we ölçeg enjamlarynyň, standartlaşdyrmagyň Komiteti döredilýär. Komitet standartlaşdyrmak, metrologiýa we ölçeg enjamlary barada işläp başlaýar.

1958-nji ýyldan 1965-nji ýyla çenli 5000 sany standart (ГОСТ) işlenip taýýarlanýar we şol döwrüň alymlary tarapyndan standartlaşdyrmanyň halk hojalygynyň ösmeginde ýokary derejede ähmiýetlidigi bellenilýär. 11.01.1965-nji ýyldaky Sowet ministriniň kararynda hem döwletiň halka hojalygyndaky ygtybarlylygyny we hilini ösdürmek üçin onda hökmany suratda şol döwletiň standartlaşdyrma ulgamyny ösdürmelidigi nygtalýar we ornunyň hiç zat bilen çalyşyp bolmajak derejede ýokarydygy bellenip geçilýär.

Standartlaşdyrma işleri 1966-njy ýylda ýurdyň halk hojalygyny ösdürmegiň 5 ýyllyk meýilnamasyna girizilip, ähli adamlaryň, kärhanalaryň we önümçiligiň ünsi standartlaşdyrmaklyga çekilýär.

Şeýle-de şol ýyllar standartlaşdyrmak boýunça 5 sany uly ylmy barlag instituty, metrologiýa boýunça 15 sany ylmy-barlag instituty açylýar. Ýyllaryň geçmegi bilen ilki çykan standartlar könelip, ylmyň gazananlaryny durmuşa ornaşdyrmak üçin täze standartlar işlenip düzülýär we köneleri bilen çalşylýar, üýtgetmeler girizilýär, yzygiderli kämilleşdirilip başlanýar. Standartlaşdyrmaga talap artdygyça ýurtda senagat, ylym, önümçilik we halk hojalygynyň netijeliligi artyp başlaýar. Standartlara her 5 ýyldan bir gezek başdan soňuna çenli täzeden gözden geçirmek barada meýilnama düzülýär.

Standartlaşdyrmaklygyň döwlet derejesinde ösmegine 10.11.1970-nji ýylda «Öndürilen önümiň hilini ýokarlandyrmakda standartlaşdyrmagyň roluny artdyrmak» barada kabul edilen karar bolup durýar. Bu karar täze tehnikalaryň işlenip çykarylmagynda, önümiň hilini ýokarlatmakda, jemgyýetçilik önümçilik çärelerinde, çykdajylaryň azaldylmagynda we birnäçe ýurt bähbitli işlerde standartyň roluny artdyrmak arkaly amala aşyryljakdygy beýan edil-


4. Sargyt № 2916

ýär. Bu kararda standartyň talaplarynyň ýerine ýetirilişine döwlet tarapyndan gözegçiligiň boljakdygy göz öňüne tutulýar. Şeýle-de bu karar bilen ilkinji gezek standartyň we tehniki şertiň talaplaryna gabat gelmeýän hili pes önüm öndürilende ykdysady jerime çäreleri göz öňüne tutulýar. Köp senagat pudaklarda ýöriteleşdirilen ylmy institutlar açylýar we ýokary standartlaşdyrma guramasy we guramaçylyk işleri kesgitlenilýär.

Bu kararyň ýurda görkezen bähbitlerinden soňra 1985-nji ýylyň ýanwar aýynda standartlaşdyrmagyň we metrologiýanyň ugurlary kanunlaşdyrylýar, standartlaşdyrmagyň hukuk esaslary kesgitlenilýär. Standartlaşdyrmagyň we metrologiýanyň ösmegi boýunça ähli degişli çäreler işlenip taýýarlanylýar. Önümi synagdan geçirmek, attestatisiýalaşdyrmak, standartyň we tehniki şertiň talaplarynyň ýerine ýetirilişine döwlet gözegçiligi, bütün ýurtda ölçeg we agram birliklerini üpjün etmek, ýurt derejesinde standartlaşdyrmagy gurnamak ýaly işler kanun esasynda anyk kesgitlenilýär.

Sowet döwründe standart ulgamynda jemi 50 müňden gowrak kadalaşdyryjy resminama işlenip çykarylýar.

## 2.4. Türkmenistanda standartlaşdyrmagyň ösüşi

Türkmenistanda standartlaşdyryş we metrologiýa baradaky işler 1991-nji ýyla çenli SSSR-iň standartlaşdyryş we metrologiýa işlerini alyp barýan guramanyň taryhy bilen utgaşyklydyr. Ilkinji milli standartlaşdyryş we metrologiýa guramasy ölçeg we agramlyklar boýunça Türkmenistanyň barlag palatasy ady bilen 1929-njy ýylda iýun aýynyň 20-sine açylýar. 1935–1936-njy ýyllarda ýurdumyzyň welaýat merkezlerinde Balkanabatda we Atamyratda standartlaryň we ölçeg serişdeleriň talaplaryny berjaý etmek boýunça döwlet gözegçilik barlaghanalary (laboratoriýalary) açylýar.

1971-nji ýylda bolsa standartlaşdyrmak barada Türkmenistanyň dolandyryş edarasy (uprawleniýasy) açylýar.

Türkmenistan 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyny alandan soň beýleki kanunlar ýaly standartlaşdyrmak bilen baglanyşykly kanunlar hem

täzelenip başlaýar. Öňki SSSR-iň düzüminde hereket edýän kanunlar birbada güýjüni saklap galýar. Türkmenistanyň Ýokary Soweti 1991-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda geňeşiň barşynda halkyň mälim eden erk-islegini, Türkmenistanyň Sowet Sosialistik Respublikasynyň döwlet özygtyýarlygy hakyndaky Jarnamany durmuşa geçirmek maksady bilen möhüm karar kabul etdi. Şol kararyň 3-nji maddasynda şeýle diýilýär.

«Türkmenistanyň bütün çäginde Türkmenistanyň Baş Kanuny we kanunlary agalyk edýär. Türkmenistanyň Baş kanunynda we kanunlarynda görkezilmedik döwletara gatnaşyklary düzgünleşdirilýänçä, hukuk gatnaşyklaryň kanun çykaryjylyk esasynda reforma edilmegi tamamlanýança SSSR-iň Baş kanuny we kanunlary öz güýjüni saklaýar».

Şeýlelikde öňki SSSR-iň kanunlary we standartlary täzelenýänçä Garaşsyz Türkmenistanda öz güýjüni saklap galýar. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna (GDA) girýän ýurtlaryň hökümetleri tarapyndan standartlaşdyrmaklygyň, metrologiýanyň we sertifikatlaşdyrmaklygyň halkara häsiýetini belläp, 1992-nji ýylyň mart aýynyň 13-ne «Standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak ugurlary boýunça sazlaşykly syýasaty alyp barmak hakyndaky» ylalaşyga gol çekilýär. Öňki ГОСТ-lar döwletara standarty hökmünde ähli GDA ýurtlaryna girýän döwletlerde saklanyp galýandygy barada ylylaşylýar.

Standartlaşdyrma, metrologiýa we sertifikatlaşdyrma boýunça Döwletara geňeşi döredilýär. Döwletara geňeş halkara standartlaryň talaplaryny göz öňüne tutmak bilen, hereket edýän standartlara gaýtadan seredýär, täzelerini işläp düzýär we olary döwletara standarty hökmünde (ГОСТ) kabul edýär. GDA ýurtlarynyň ylmy-barlag institutlarynda we tehniki komitetlerinde işläp düzülen döwletara standartlarynyň halkara standartyna laýyk gelýän ýokary derejesi bar we arkalaşygyň dünýä ykdysadyýetine batyrgaý aralaşmagyna ýardam berýär.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen, döwletimiziň dünýäniň ykdysady ulgamyna aralaşmagy, bazar gatnaşygyna geçmegi esasy wezipeleriň biri bolýar. Standartlaryň we hil meselesiniň

täze ýörelgelerine esaslandyrylmagy derwaýys zerurlyk hökmünde ýüze çykýar. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň 1993-nji ýylyň ýanwar aýynyň 7-sine çykaran Permany bilen standartlaşdyrmak işlerini gurnamak we gözegçilik etmek üçin «Türkmenistanyň standartlaşdyryş, metrologiýa, ýerasty baýlyklary goramak we halk hojalygynda işleri howpsuz alyp barmak baradaky Baş döwlet inspeksiýasy» döredilýär we onuň öňünde durýan wezipeleri kesgitlenilýär.

1992-nji ýylda Türkmenistanyň mejlisi tarapyndan «Ýerasty baýlyklary goramak» hakynda, 1993-nji ýylda bolsa «Standartizasiýa we metrologiýa» hakynda, «Zähmeti goramak» hakynda, «Önümleriň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy» we «Alyjylaryň hukugyny goramak» hakynda Türkmenistanyň kanunlary çykýar. 1993-nji ýylda çykan «Zähmeti goramak» hakynda Türkmenistanyň kanuny 2008-nji ýylda ýatyrylyp «Zähmet kodeksiniň» içinde bir bölüm görnüşinde ýerleşdirilýär.

Standartlaşdyrmak boýunça kanuny binýat tertipleşdirilenden soňra ýurt bähbitli işleriň ençemesi durmuşa geçirilýär. Standartlaşdyrmaklygyň we sertifikatlaşdyrmakygyň döwlet ulgamy döredilýär. Olaryň esasy guramaçylyk işleri we resmi namalary işlenip düzülýär.

1999-nji ýylyň oktýabr aýynyň 5-nin Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen standartlaşdyrmak baradaky guramanyň öňki ady «Türkmenstandartlary» Baş döwlet inspeksiýasy diýlip çalyşylýar we gurluşy üýtgedilip täze düzgünnamasy tassyklanýar. 08.09.2000-nji ýylda bolsa «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy diýlip atlandyrylýar.

2000-nji ýylda Türkmenistanyň Kabinet Ministrliginiň karary bilen «Standartlaryň, tehniki şertleriň we kadalaşdyryjy resmi kagyzlaryň bozulmalary üçin ykdysady jerime çärelerini ulanmagyň tertibi hakynda Düzgünnama» çykarylýar. Bu düzgünnamada standartlaryň talaplaryndan gyşarylyp çykarylan hili pes önüm (iş, hyzmat) ýerlenilen halatynda ödürüjiniň bankdaky hasabyny duzurmak arkaly ykdysady jerime çärelerini ulanmagyň usullary kadalaşdyrylýar.

2014-nji ýylyň aprel aýynyň 17-ne Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen bu dürgünnama ýatyrylyp ýerine «Sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulandygy üçin ykdysady temmi çäreleri ulanmagyň tertibi» çykarylýar.

Şeýle-de milli standartlary işläp düzmek we tassyklamak, standartyň milli fonduny döretmek, ölçeg birliklerini üpjün etmek, etalonlaryň fiziki ululyklaryny milli goragyny alyp barmak, önümiň (iş, hyzmat) sertifikatlaşdyrma ulgamyny gurnamak, hem-de standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikasiýa boýunça halkara we sebitara standartlary ulanmagyň guramaçylyk işlerini alyp barmak, ýerasty baýlyklary rejeli peýdalanmagy we önümçilikde zähmeti goramagy gurnamak we gözegçilik etmek ýaly wezipeler üstüne ýüklenilýär.

Standartlaşdyrma işlerinde halkara hyzmatdaşlygyň, ikitaraplaýyn we köp taraplaýyn gatnaşyklaryň ähmiýeti uludyr. Şol sebäpli «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy 1993-nji ýyldan bäri Halkara standartlaşdyryş guramasynyň (ISO) habarçy agzasydyr. Bu bize standartlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resmi kagyzlary we halkara standartlary almaga mümkinçilik berýär. Bu ýagdaý biziň kabul edýän kadalaşdyryjy resmi namalarymyzyň halkara standartlaryna laýyk gelmegi üçin şert döredýär. 1992-nji ýyldan bäri GDA ýurtlarynyň arasynda açylan (МГС) «Standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak boýunça döwletara geňeşiniň» hem-de ECO girýän Aziýa ýurtlarynyň (MAC) «Standartlaşdyrmak boýunça sebitara assosiasiýasynyň» hem agzasydyr.

2004-nji ýylda «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan öňki möhleti geçen standartlar we kadalaşdyryjy resminamalar ýatyrylýança, üýtgedilýänçä ýa-da möhleti uzaldylýança öz güýjini saklaýandygy barada mälim edilýär we halk hojalygynda tehniki bökdençligiň öňi açylýar.

2011-nji ýyldan «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy hojalyk hasaplaşygyna geçdi we täze düzgünnamasy 2010-nji ýylyň noýabr aýynyň 20-sine Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklandy.

2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň «çäklerinde

Türkmenistanda standartlaşdyryş, metrologiýa, sertifikatlaşdyryş, senagat howpsuzlygy, zähmeti we ýerasty baýlyklary goramak boýunça döwlet gözegçiligini amala aşyrmak ugrunda alnyp barylýan işleri has-da kämilleşdirmek, milli ykdysadyýetimizde öndürilýän, işleriň, hyzmatlaryň halkara standartlaryna laýyk bolmagyny üpjün etmek maksady bilen 2010-njy ýylyň 26-njy noýabrynda «Türkmenistanyň standartlaşdyryş ulgamyny ösdürmegiň 2011–2015-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» işlenilip taýýarlanyldy we Hormatly Prezidentimiz tarapyndan tassyklanyldy.

2011-nji ýylyň maý aýynda Türkmenbaşy şäherinde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Standartlaşdyrmak, metrologiýa we güwälendirmek boýunça nobatdaky Döwletara geňeşiniň 39-njy mejlisi bolup geçdi.

2012-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda «Standartlaşdyrmak hakynda» we «Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek hakynda» Türkmenistanyň kanunlary kabul edildi. 1993-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen «Türkmenistanyň Standartizasiýa we metrologiýa hakynda» Türkmenistanyň kanuny öz güýjüni ýitirip «Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Öňki kanunda standartlaşdyrmak we metrologiýa bilen baglanyşykly maddalar birlikde işlenýän bolsa, täze kanunda metrologiýa baradaky degişli maddalar täzelenip «Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek hakynda» Türkmenistanyň kanuny ady bilen 2012-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda kabul edildi. Şeýle-de bu töre kanunlaryň talaplary esasynda birnäçe tertip işlenip düzüldi.

Şeýle-de 1993-nji ýylda çykan «Önümleri we hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ýatyryldy we 2013-nji ýylyň dekabr aýynda «Sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň täze Kanuny kabul edildi.

Ýylma ýyl Türkmenistan öz milli Türkmen döwlet standartyny (TDS) çykaryp köpeldip başlaýar. «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň garnasynda fondunda jemi 192550 gowrak kadalaşdyryjy resminama toplanýar.

# 3. STANDARTLAŞDYRMAGYŇ HALKARA WE SEBITARA GURAMALARY

## 3.1. ISO – Standartlaşdyrmak boýunça halkara gurama

Halkara haryt alyş-çalşygyň ösmeginde tehniki päsgelçilikleri aradan aýyrmak we döwletleriň arasyndaky gatnaşygy kämilleşdirmek maksady bilen 1943-nji ýylda Birleşen milletler guramasynyň (BMG) çäginde standartlaşdyrmak barada komitet döredilýär we Londonda, Nýu-ýorkda býurosy açylýar we birbada 18 agzasy bolýar.

Soňra 1946-njy ýylda BMG tarapyndan çykarylan karar bilen ISO (International Organization for Standartization) Standartlaşdyrmak boýunça Halkara Guramanyň Londanda düýbi tutulýar. Şol ýerde meýletinlik bilen 25 döwletiň wekilleriniň gatnaşmagynda Baş assambleýanyň ustawynda bu guramanyň esasy statusy kesgitlenýär. 1947-nji ýylyň fewral aýynyň 23-den başlap halkara derejesinde standartlary işläp düzmäge we olary agza döwletlere paýlap durmuşa ornaşdyrmaga başlaýar. Şeýle-de guramanyň maksady we wezipesi bellenilýär.

ISO guramanyň maksady:

- halkara standarty işläp taýýarlamak we standartlaşdyrmagy ösdürmek;
- halkara söwda dolanyşygyny ýeňilleşdirmek we kömek etmek, söwdada tehniki bökdençligi aradan aýyrmak;
- ylmy, tehniki, ykdysady işlerde arkalaşygy giňeltmek;
- ylmy tehniki progrese itergi bermek;
- milli standartlary koordinirlemegi we unifisirlemegi ýeňilleşdirmek üçin komitetlere peýdaly maslahatlar bermek;
- mümkin boldugyça halkara derejesinde täze standartlaryň işlenip taýýarlanmagyny ýeňilleşdirmek we şert döretmek;
- agza döwletleriň arasynda maglumat alyş-çalşygy ýola goýmak;
- beýleki halkara guramalary bilen standartlaşdyrma degişli soraglara garamak;

ISO agzasy bolup diňe ISO-nyň ustawyny we talaplaryny berjaý etmäge razy bolan standartlaşdyrmanyň milli guramalary agza bolup biler.

ISO-nyň resmi dili iňlisçe, fransuzça we rusçadyr.

1964-nji ýylda ISO-nyň maslahatynda çykaran karary esasynda täze «habarçy agza» kabul edilip başlandy. Habarçy agzalara ISO-nyň standartlaryny we edebiýatlaryny iňlis dilinde maglumat hökmünde almaga hukuk berilýär. Habarçy agza döwletiň ýolbaşçysy ISO-nyň tehniki komitetiniň (TK) maslahatyna özüni gyzyklandyrýan meselelerde gatnaşmaga we syn etmäge hukugy bar, emma ses bermäge hukugy ýokdur.

ISO-nyň düzüminde häzirki wagt 164 döwlet agza bolup durýar.* Bu döwletleriň arasynda standartlaşdyrma boýunça halkara meselelere garaýar. Standartlaşdyrmak barada dünýäniň iň uly halkara guramasydyr. ISO-nyň standartlaşdyrma ulgamyny dolandyrýan merkezi dolandyryş edarasy Sweýsariýada, Ženewada ýerleşýär.

ISO bir döwlete bagly resmi gurama däldir. Ol jemgyýet bilen hususy sektor arasynda birleşdiriji köpri wezipesini ýerine ýetirýär. Şeýle-de resmi birnäçe ylmy institutlaryň sazlaşykly işlemeklerini alyp barýar. Hem-de jemgyýetiň islegini we söwdanyň talaplaryny birlikde seretmek bilen ylalaşmak arkaly sazlaşdyrma işini hem amala aşyrýar.

ISO-nyň 3 görnüşli agzasy bar:

**1. Esasy (doly) agza** – bu agzalyga her döwletiň milli standartlaşdyrmak guramasy agza bolup bilýär. ISO-nyň tehniki we syýasy komitetiniň ähli işlerine gatnaşmaga we ses bermäge hukugy bar.

**2. Habarçy agza** – Ösüp barýan ýurtlaryň agzalary gatnaşmak bilen ISO-nyň tehniki we syýasy komitetlerine işjeň ses bermek hukugyna eýe bolman diňe özlerini gyzyklandyrýan işler barada doly maglumatlary saklamak we almak hukugyna eýedirler.

**3. Abonent agza** – örän kiçi ykdysadyýetli döwletler agza bolup bilýär. Abonent agzalykda örän azaldylan töleg töleýär, emma şeýle hem bolsa ISO-nyň ähli işlerinde ýakyn gatnaşyk saklap bilýär.

ISO standartlaşdyrma meýilnamasyny esasy, habarçy we anonent agzalaryndan gelen teklipleri nazarda almak arkaly 5 ýyllyk

* http://www.iso.org/iso/iso members (11.11.2014 ý.)

meýilnama esasynda amala aşyrýar. Ýöne diňe doly agzanyň ses bermäge hukugy bar.

Baş assambleýa her ýylda doly agzalar bilen duşuşýar. Habarçy we abonent agza bolsa synçy hökmünda gatnaşyp bilýär.

Tehniki komitet taýýarlanan standartlar barada hasabat berýär. Şeýle-de gelejekde ediljek işler we standartlaşdyrma barada strategiki meýilnamalar barada teklip berýär. Doly agzalaryň tehniki komitet guramanyň sazlaşykly işlemekleri üçin öz üstlerine düşen wezipeleri bar.

Häzirki wagtda ISO-nyň düzüminde 252 sany tehniki komitet bolup bu komitete degişli birnäçe tehniki toparlar bar. Işleriň esasy bölegi elektron aragatnaşyk serişdeleriniň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu tehniki toparda dürli ýurtlaryň agzalaryndan ekspertler işleýär we ýylda birnäçe gezek duşuşyp öz aralarynda degişli meselelerde maslahatlaşyp durýarlar.

ISO häzirki wagta çenli 19000 halkara standart işläp çykardy. Bularyň köpüsi oba hojalyk, gurluşyk, ulag, lukmançylyga degişli enjamlar, önümçilik, gurşaw, howpsuzlyk, dolandyrmak, maglumat tehnologiýasy we täze ylmyň gazanan üstünlikleri bilen baglanyşykly enjamlardyr. Her ýylda ISO standartlaryň 1000 sanagy täzeden seredilýär ýa-da täzeden işlenip çykarylýar.*

ISO-nyň gurluşy Baş assambleýa, Sowet, Sowetiň komiteti, Tehniki komitet, merkezi sekretariýat bolup durýar. Merkezi sekretariýat ISO-nyň esasy işlerini ýerine ýetirýän resmi wezipeli wekilleri bardyr. Olar: Prezident, wise prezident, gaznaçy we baş sekretar.

Baş assambleýa – ISO-nyň iň ýokary guramasy bolup, milli standartlaşdyryş guramalaryň wekillerinden ybarat bolup durýar. Assambleýa umumy tehniki syýasaty kesgitleýär we esasy soraglary çözýär. Assambleýa, baş sekretaryň, prezidentiň ýa-da komitetiň azyndan 7 sany agzasynyň soramagynda çagyrylýar.

Baş assambleýa maslahatynda agza ýurtlaryň arasyndan biri geňeşe ýolbaşçylyk edýär. Maslahat prezidentden, wisa prezidentden, gaznaçydan, 18 komitetden 3 ýyllyk möhlet bilen saýlanan agzalardan ybarat bolup durýar. Standartlaşdyrmak baradaky halkara guramasy ISO-nyň gurluşy aşakda 5-nji suratda görkezilýär.

* http://www.iso.org/iso/iso catalogue (30.03.2014 ý.)




**6-nji surat – ISO-nyň gurluşy***

* http://www.iso.org/iso/iso structure (03.04.2014 ý.)

## 3.2. IEC Halkara elektrotehniki topar

1904-nji ýylyň sentýabr aýynyň 15-ine ABŞ-de dürli ýurtlaryň wekilleriniň gatnaşmagynda Halkara elektrotehniki kongresinde standartlaşdyrmanyň adalgalaryny we kesgitlemelerini, şeýle-de elektrotehniki enjamlaryň ölçeg birliklerini ylalaşyk esasynda üpjün etmek maksady bilen tehniki arkalaşyk toparyny döretmek barada maslahatlaşylýar (*7-nji surat*). Bu maslahatyň netijesi boýunça 1906-njy ýylda 13 döwletiň gatnaşmagynda Londanda IEC resmi ýagdaýda açylýar. IEC häzirki wagtda elektrotehniki, radiotehniki we aragatnaşyk ulgamlaryny standartlaşdyrmakda dünýäde iň ýokary halkara gurama hökmünde tanalýar.

IEC beýleki halkara guramalaryň arasynda aragatnaşyk saklaýar, tejribe we maglumat alyş-çalyşda sazlaşykly işlemegi ýola goýmak üçin gatnaşyk edýär.

1961-nji ýylda çykan we häzirki wagtda hem dowam edip gelýän IEC-iň ustawynda ýazylyşy ýaly, IEC-niň wezipesi we maksady halkara gatnaşyklaryny emele getirýän elektrotehniki, radiotehniki we aragatnaşyk ulgamlary boýunça standartlaşdyrma degişli ähli soraglara seretmekden we halkara gatnaşyklary ösdürmekden ybarat bolup durýar.

Häzirki wagtda IEC-iň düzüminde 82 sany agza döwlet bar. Bulardan 60 doly agza, 22 sanysy bolsa paýdar agza bolup durýar.[*] (23.03.2014 ý.) Her agza döwlet özlerine degişli meseleleri teklip hökmünde bu gurama berýär. Her bir milli standartlaşdyrma guramasy ýokary komitetiň agzasy bolup durýar we bir ses bermäge hukugy bar. Guramanyň maslahatçy komiteti IEC-de iň ýokary dolandyryjy gurluşy bolup hyzmat edýär. Maslahata milli komitetlerden başga-da komissiýanyň wezipeli agzalary hem girýär, ýagny: prezidenti, öňki prezidenti, gaznaçy, baş sekretar. Maslahat ýylda azyndan bir gezek geçirilýär. Maslahat IEC-iň işi boýunça ähli soraglara seredýär we netije çykarýar. Maslahatyň çykaran netijesi sese goýulýar we ýarysyndan köp ses alnandan soň kabul edilýär. Prezident ses bermäge gatnaşmaýar. Ýöne sesler deň bolan ýagdaýynda netije çykarýar. Ol maslahatyň tabşyrygy boýunça taýýarlanan soraglara tehniki komitetler seredýär. Hereket edýän tehniki komitetler birnäçe gezek maslahat geçirýär. Hereket edýän komitet gerek

* httm://www.iec.ch/



**7-nji surat – Ilkinji gezek 1904-nji ýylda ABŞ-da dürli ýurtlaryň wekilleriniň gatnaşmagynda Halkara elektrotehniki topary döretmek barada geçirilen maslahata gatnaşyjylar**

bolsa maslahatçy toparlary gurnap bilýär. Bu işleriň ählisini gurnaýan we dolandyrýan bolsa IEC-niň merkezi edarasy bolup durýar. Merkezi edara Baş sekretar ýolbaşçylyk edýär. IEC-iň merkezi dolandyryş edarasy Swetsariýada, Ženewada ýerleşýär.

IEC-da 1986-njy ýyla çenli 2000 den gowrak halkara standartlary işläp taýýarlandy. Senagatyň elektrotehniki we radioelektron pudaklaryň ählisini halkara standartlary bilen üpjün edýär we tehniki talaplary görkezýär.

IEC bilen ISO-nyň arasyndaky aragatnaşyk, standartlary işläp taýýarlamakda özara ylalaşygyň netijesinde ýerine ýetirilýär. Ýagny tehniki ulgamlary bölüşilendir. Tehniki komitetleri bilelikde iş geçirýärler we esasy ugurlary boýunça bölünendir. Elektrotehniki, radiotehniki we aragatnaşyk ulgamlary boýunça standartlaşdyrmak meselesine garamak işini ISO IEC-iň üsti bilen ýerine ýetirýär. Şeýle-de bolsa, tehnikanyň ösmegi we biri biri bilen baglanyşygyň bolmagynda gaýtalanýan standartlaryň bolýan ýagdaýlary hem bardyr.

## 3.3. IRSA* (MAC**) Standartlaşdyrmak boýunça sebitara assosiasiýasy

Standartlaşdyrmak boýunça sebitara assosiasiýasy 1991-nji ýylyň sentýabr aýynyň 11-ine Sowet soýuzyň dargamagy bilen garaşsyzlygyny alan Orta Aziýa sebitlerindäki döwletler we beýleki garaşsyz döwletleriň arasynda açylýar we her ýyl bu guramanyň maslahatlary geçirilip başlanýar.

---

* Interregional standardization assosiation

** Межрегиональная Ассоциация по Стандартизации

**Assosiasiýanyň maksady:**

• Standartlaşdyrmak boýunça birnäçe meseleleri bilelikde seretmek we halkara ylmy tehniki progresiň ösüşlerini yzarlamakda sebitleriň arkalaşykly işlemeklerini ýola goýmak;

• Sebitara döwletleriň arasynda önümiň we hyzmatyň alyş-çalşyny ýeňilleşdirmek;

• ISO, IEC ýaly halkara standartlaşdyrma guramalaryň taýýarlan halkara standartlarynyň tanyşdyrylmagyny, ulanylmagyny, ýaýradylmagyny we ornaşdyrylmagyny ýola goýmak;

• Sebitara döwletleriň arasynda bilelikde standartlar taýýarlamak;

• Standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikasiýa boýunça degişli dünýä täzelikleri barada bir-birlerini maglumat alyş-çalyşygyny ýola goýmak;

• ISO, IEC, CEN, CENELEC tarapyndan taýýarlanan adamyň saglygy, umumy howpsuzlyk düzgünleri, saglygyň we önümiň ygtybarlylygy, hil dolanyşygy, töwerek daşyň (EKO) dolanşygy, sarp edijileriň goralmagy ýaly meselelerde bilelikde iş alyp barmak;

• Standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikasiýa boýunça işlejek hünärmenleri taýýarlamak, bilimlerini ýokarlandyrmak, ussatlyk gazanmak üçin degişli okuw işlerini gurnamak;

• Gurşawyň howpsuzlygy we arassalygy, şeýle-de adamyň jan-saglygy boýunça bilelikde iş geçirmek we maksatlar edinmek;

• Milli önümleri we hyzmatlary tanatmak maksady bilen halkara sergileri, seminarlary, konferensiýalary we beýleki köpçülik çärelerini gurnamak;

• Önümleriň synag edilmegi we sertifikatlaşdyrylmagy ugry boýunça bilelikde sazlaşykly iş geçirmek we bir bitewi sertifikatlaşdyrma ulgamyny guramak;

• Agzalaryň arasynda ýakyn baglanyşygy saklap medeni we jemgyýetçilik çäreleri gurnamak;

• Beýleki halkara we sebitara standartlaşdyryş guramalary bilen bilelikde iş geçirmek we aragatnaşyk saklamak;

Assosiasiýanyň düzümi ýokary geňeş, tehniki komitet we merkezi dolandyryş edarasyndan ybaratdyr. Şeýle hem sertifikatlaşdyrma, standartlaşdyrma, metrologiýa we akkreditasiýa komiteti bardyr. Türkiýe standartlar enstütüsü (TSE) başlygy assosiasiýanyň hem

ýolbaşçysy bolýar. Merkezi dolandyryş edarasy Türkiýeniň Ankara şäherinde ýerleşýär.

Bu gurama daşary ýurtlarda IRSA (Interregional standardization assosiation) diýlip tanalýar. Agza ýurtlaryň arasynda bolsa MAC – (Межрегиональная Ассоциация по Стандартизации) diýlip bilinýär. Merkezi sekretariýaty Türkiýede bolandygy üçin türkçede BASB – (Bölgelerarası Standardizasyon Birliği) diýlip atlandyrylýar.

Ýokary geňeşe her agza döwletden iki agza gatnaşyp bilýär. Geňeş bir öňki maslahatda bellenilen ýerde we wagtda ýygnanyp bilelikde meselelere seredýär. Assosiasiýanyň iň ýokary karar kabul edýän guramasydyr. Gerekli ýagdaýlarda hünärmenlerden we ussatlardan ýygnanan iş toparlaryny düzüp iş tabşyryp bilýärler. Ýokary geňeşde bir agza birden köp ýurda wekil bolup bilmez.

Tehniki komitet bolsa her agza döwletden bir adamyň gatnaşmagy bilen assosiasiýanyň gaznasyny, meýilnamalaryny, maksatnamalaryny we standartlaryny işläp düzmek işlerini ýerine ýetirýär. Tehniki komitet ýygnaklaryny ýokary geňeşiň bellän wagtlarynda geçirýär. Tehniki komitet ýokary geňeşiň iş tertibini taýýarlaýar we geňeşiň işinden jogapkärlidir. Ýerine ýetirilen işler ýokary geňeşe berilýär we tassykladylýar. Agzalaryň ses bermekligi arkaly tehniki komitetiň ýolbaşçysy saýlanýar. 1992-nji ýylda soň 3 gezek 1997–2009-nji ýyllarda tehniki komitet 14 gezek toplandy. Resmi dili türkçe we rusçadyr.

**Merkezi dolandyryş edarasy** bolsa sekretarlyk wezipesini, ýagny ähli resmi hatlary we degişli maglumatlary agza döwletlere ýollamak we jogaplary almak, resmileşdirmek, we edilen işleri ýygnamak ýaly işleri alyp barýar. Bu işler TSE (Türkiýe standartlar enstütüsü) tarapyndan ýerine ýetirilýär.

**Sertifikatlaşdyrma** komiteti agza döwletlerde sertifikatlaşdyrma işlerinde,

**Standartlaşdyrma** komiteti standartlaşdyrma işlerinde,

**Metrologiýa** komiteti ölçeg serişdeleriniň barlagy we ölçeg birlikleriniň ornaşdyrylmagy meselesinde,

**Akkreditasiýa** komiteti bolsa akkreditasiýa işlerinden we agza döwletler arasynda degişli syýasaty alyp barmakda jogapkärdirler.

Standartlaşdyrmak boýunça sebitara assosiasiýasyna häzirki wagtda 19 sany döwlet agza bolup durýar. Olar: Adygeý respublikasy (1997), Albaniýa (1992), Azerbegjan (esaslandyryjy), Başkyrdystan (1992), Dagystan (1992), Gruziýa (esaslandyryjy), Kabardino Balkariýa (1992), Gazagystan (esaslandyryjy), Gyrgyzystan (esaslandyrjy), Kipr (KKTC) (esaslandyryjy), Krasnodar (1998), Mongoliýa (esaslandyryjy), Moldawiýa (esaslandyrjy), Özbegistan (esaslandyryjy), Russiýa (2003), Täjigistan (1992), Tatarystan (esaslandyryjy), Türkmenistan (1992), Türkiýe (esaslandyryjy).



**8-nji surat – SSA-nyň Gyrgyzystanda bolup geçen XVI ýokary geňeşiniň maslahatynda bir pursat**

Standartlaşdyrmak boýunça ýokary geňeşiň X maslahaty 21.11.2000-nji ýylda Aşgabatda geçirildi. 8-nji suratda bolsa SSA-nyň Gyrgyzystanda bolup geçen XVI ýokary geňeşiniň maslahatyna gatnaşanlardan bir pursat görkezilýär. Bu ýygnaklarda tehniki komitetiň taýýarlan standartlaryna, meýilnamalaryna we maksatnamalaryna seredilýär. SSA gün-günden öz işini hasam giňeldýär. Agza döwletleriň arasynda SSA maksadyna laýyklykda birnäçe arkalaşykly işler ýola goýlup, sebitara gatnaşyklaryň ösmeginde, ykdysady we tehniki bökdençlikleriň giderilmeginde uly rol oýnaýar. Şeýle-de halkara guramalar bilen işleri ýola goýmakda, dünýa täzeliklerini we ylmyň gazananlaryny durmuşa ornaşdyrmakda köpri bolup durýar.

## 3.4. EASC (МГС) – Standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak boýunça döwletara geňeşi

1992-nji ýylyň mart aýynyň 13-ine Garaşsyz döwletleriň arkalaşygy (GDA) ýurtlaryň arasynda ylalaşyk esasynda açylýan bu gurama SSSR döwründen galan standartlary, ýagny ГОСТ-lary tä-

zeden seretmek, şeýle-de halkara derejesine laýyk gelýän täze standartlary işläp düzmek, döwletara standartlaryň fonduny döretmek we saklamak, GDA döwletleriň arasyndaky tehniki bökdençlikleri aradan aýyrmak, standartlaşdyrmak, metrologiýa, sertifikatlaşdyrmak pudagy boýunça degişli syýasaty ylalaşyk esasynda alyp barmak maksady bilen açylýar.

Bu guramanyň resmi dili rusça bolup merkezi iş dolandyryş edarasy Belarusiýa respublikasynyň Minsk şäherinde ýerleşýär.

Türkmenistan 1992-nji ýyldan bäri bu guramanyň agzasy bolup durýar. MGS tarapyndan seredilen öňki standartlara we täze işläp taýýarlanan standartlara «ГОСТ» belgisi ulanylýar. Biziň ýurdumyzda bu belgi bilen çykan standartlara «döwletara standarty» diýilýär we «Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň kanunyň 11-nji maddasynda normatiw dokumentleriň kategoriýasyna salynmak bilen giňden ulanylýar.

Bu gurama daşary ýurtlarda **EASC** (EuroAsian Interstate Council for Standardization, Metrology and Certification) diýlip tanalýar. Agza ýurtlaryň arasynda bolsa **МГС** – (Межгосударственный совет по стандартизации, метрологии и сертификации) diýlip tanalýar.

MGS öz işini agza döwletleriň arasynda gol çekilen ylalaşyk esasyndaky «Düzgünnama» boýunça amala aşyrýar. Bu geňeşiň başlygy bir ýyl möhlet bilen agza döwletleriň arasyndan, döwletiň ady esasynda yzarlanýan rus alfawitiniň tertibi boýunça saýlanýar. Eger haýsam bolsa bir sebäp bilen milli guramanyň başlygy işden aýrylsa, ol milli standartlaşdyrmak guramanyň täze başlygy berlen möhlet tamamlanýança MGS-iň başlygy bolup dowam edýär.

Döwletara geňeşiň iş dolandyryş edarasynda sebitleýin maglumat merkezleri we ekspert toparlary bilen işleýär. Geňeşiň düzüminde standartlaşdyrmak boýunça 270 sany döwletara tehniki komitet döredilýär. Bu tehniki komitetler döwletara standartlaşdyrmak meselelerini iş meýilnamasy esasynda alyp barýarlar. Ýylda iki gezekden az bolmadyk görnüşde ýygnaklar geçirilýär. Her boljak ýygnagyň ýeri we wagty bir öňki ýyknakda ylalaşyk esasynda kesgitlenýär. Ýygnaga diňe geňeşiň agzalary, GDA ýurtlarynyň ýerine ýetirji komitetiniň wekili we jogapkär

sekretar gatnaşýar. Geňeşiň tehniki ekspertleri hem gatnaşyp bilýär. Şeýle-de geňeş synçy hökmünde standartlaşdyrmak, metrologiýa, sertifikatlaşdyrmak we akkredirlemek boýunça beýleki halkara, sebitleýin, milli guramalaryň wekillerini hem çagyryp bilýär.

Bu döwletara geňeşi ISO halkara standartlaşdyrmak guramasy tarapyndan «standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak boýunça Ýewro-aziýa geňeşi (EASC)» adi bilen sebitleýin gurama hökmünde kabul edilip tanalýar.

«Standartlaşdyryş, metrologiýa we sertifikatlaşdyryş boýunça Döwletara geňeşiniň» 39-njy mejlisi 2011-nji ýylyň maý aýynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanymyzyň Türkmenbaşy şäherinde geçirildi (*9-njy surat*).

MGS döwletara geňeşiň düzümine 12 sany döwlet girýär. Ýagny, Azerbaýjan, Ermenistan, Belarusiýa, Gruziýa, Gazagystan, Gyrgyzystan, Moldawiýa, Russiýa, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan, Ukraina döwletleri girýär.

MGS döwletara geňeşiniň wezipesi:

• Standartlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalary işläp taýýarlamak. (döwletara standartlar, düzgünler, maslahatlar we klassifikatorlar);

• Döwletara, halkara, sebitara we beýleki döwletleriň milli standartlaryny formirlemek, saklamak, güýje girizmek we agza ýurtlary üpjün etmek;

• Fiziki ululyklaryň birlikleriniň ölçeglerini bermek we etalon bazasyny ösdürmek boýunça utgaşdyryjy işleri alyp barmak;

• Ölçeg serişdeleriniň fondy we standart nusgalar barada döwletara maglumatyny üpjün etmek;

• Iki taraplaýyn netijeleri kabul edilýän akkreditirlenen barlaghanalaryň (laboratoriýalaryň), ölçeg



**9-njy surat – Standartlaşdyryş, metrologiýa we sertifikatlaşdyryş boýunça Döwletara geňeşiniň 39-njy mejlisi, 11–13 maý 2011-nji ýyl, Türkmenbaşy şäheri**

serişdelerini barlaýan, kalibrleýän barlaghanalaryň (merkezleriň), önümi we hil üpjünçilik ulgamyny sertifikatlaşdyrmak baradaky organlaryň iş tertibini we düzgünnamasyny taýýarlamak;

• Hil, standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak pudaklary boýunça halkara gatnaşyklaryny alyp barmak;

• Standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak, tehniki reglamentleri sazlaşdyrmaklyk (garmonizirlemek) pudaklary boýunça bilelikde iş alyp barmak we döwletara gatnaşyklaryň esasy ugurlaryny işläp düzmek, ylalaşmak we kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlmak;

• Ylmy – tehniki maksatnamalary, meýilnamalary, taslamalary, ylmy gözlegleriň esasy ugurlaryny kabul etmek we seretmek;

• Ylalaşyk esasynda taýýarlanan işleri tassyklamaklyk;

• GDA ýurtlarynyň ykdysady geňeşine özüne degişli meseleler boýunça teklipler taýýaralamak we garamak;

• Döwletara geňeşine degişli bolan tehniki komitetleri we ylmy-tehniki toparlary döretmek we olaryň iş meýilnamasyny tassyklamak;

• Bu geňeş özüne berkidilen iş boýunça GDA döwletleriň arasyndaky beýleki pudaklaýyn guramalar bilen döwletleriň arasynda söwdada tehniki päsgelçilikleri aradan aýyrmak, ykdysady sazlaşygy emele getirmek, maglumat üpjünçiligini we iş tertip birligini ýola goýmak maksady bilen ikitaraplaýyn peýdaly maslahatlary geçirmek we işi gurnamak;

**Geňeşiň düzümindäki ylmy-tehniki toparlar:**

• Standartlaşdyrmak boýunça;

• Metrologiýa boýunça;

• Laýyklygyny tassyklamak (sertifikatlaşdyrmak) boýunça;

• Akkreditirlemek boýunça;

• Standartlaryň, düzgünleriň, tehniki resminamalaryň talaplarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek boýunça;

• GDA ýurtlarynyň tehniki resminamalaryny sazlaşdyrmak (garmonizirlemek) boýunça.

## 3.5. Standartlaşdyrmak boýunça beýleki sebitleýin guramalar

**• CEN (European Committee for Standardization) – Standartlaşdyrmak boýunça Ýewropa komiteti**

CEN Ýewropa komiteti 1961-nji ýylda döredildi. Günbatar Ýewropa ýurtlarynda ISO halkara standartlaryny ýaýbaňlaşdyrmak we Ýewropadaky döwletleriň ählisinde harytlaryň hilini ýokarlatmak, bir-birleriniň arasyndaky tehniki päsgelçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen açyldy. CEN Ýewropa komiteti esasan howpsuzlyk talaplary köp bolan önümlere köp üns berilýär. Mysal üçin, awiasiýa, gaz enjamlary, suw gyzdyryjylar, kebşirleme, kesme, nasos stansiýalary, suw geçirijiler we ş.m. CEN Ýewropa komiteti standart işlenip taýýarlanan halatynda ISO, IEC ýaly halkara standartlaryň talaplaryna salgylanmaklygy we esaslanmagy esasy ýörelgesi hasaplaýar. Şeýle-de hem öz iş netijeleri boýunça, hem halkara-sebitara standartlary utgaşdyrma işlerini geçirenlerinde halkara standartlaşdyrmak guramasy ISO, IEC bilen ýakyn gatnaşykda işleýärler.

**• CENELEC (European Committee for Electrotechnical Standardization) – Elektrotehnika pudagyny standartlaşdyrmak boýunça Ýewropa komiteti**

Komitet 1973-nji ýylda döredildi we muňa häzirki wagtda Ýewropada 31 sany döwlet agza bolup girýär. CENELEC bir bitewi Ýewropa bazaryny döretmek bilen baglanyşykly elektrotehniki enjamlaryny standartlaşdyrmak zerurlygy bilen orta çykdy. (03.05.2014 ý)

Ýewrosoýuza girýän döwletleriň milli standartlaşdyrmak guramalarynyň arasynda tehniki enjamlaryň standartlaryň birligini, sertifikatlaşdyrmak tertibini sazlaşdyrmak üçin iş alyp barýar. Bu guramanyň standartlaşdyrmak obýektleri bolsa, senagat hojalyk harytlary, lukmançylyk elektroenjamlary, elektromagnit we radio enjamlary, ýokary howply partlaýjy enjamlar, elektron ölçeg enjamlary we ş.m. bolup durýar. Bu guramanyň çykarýan standartlarynyň birnäçe görnüşi bar: Ýewropa standarty (EN), gormanizirlenen resminamalar (НД), deslapky standart (ENV).

**• ETSI (European Telecommunications Standard Institute) – Telekommunikasiýa pudagyny standartlaşdyrmak boýunça Ýewropa instituty**

ETSI telekommunikasiýa senagaty boýunça kommersiýa degişli bolmadyk standartlaşdyrmak guramasydyr. Bu gurama telekommunikasiýanyň ösmegi netijesinde dünýäde bu aragatnaşyk akymyny sazlaşdyrmaklyk zerurlygy sebäpli 1988-nji ýylda açyldy we häzirki wagtda dünýäde 62 sany döwletden 742 sany agza gatnaşyjylary birleşdirýär. Bularyň içinde telekommunikasiýa enjamlaryny öndürijiler, aragatnaşyk boýunça operatorlar, prowaýderler, gözlegçiler we müşderiler bar.

1988-nji ýyldan bäri ETSI Telekommunikasiýa pudagyny standartlaşdyrmak boýunça Ýewropa instituty telokomunikasiýa tehnologiýasy boýunça 21343 standart we kadalaşdyryjy tehniki resminama işläp çykardy.

**• COPANT (Pan American Standards Commission) – Panamerikan standartlaşdyrmak komiteti.**

Bu gurama Latyn Amerika ýurtlarynyň arasynda 1961-nji ýylda açyldy. Häzirki wagtda bu guramanyň düzümine girýän ýurtlar: Argentina, Barbaros, Boliwiýa, Braziliýa, Kanada, Çili, Kolumbiýa, Kosta Rika, Ekwador, Kuba, Salwador, Amerika, Grenada, Guýana, Ýamaýka, Dominikan respublikasy, Meksika, Panama, Paragwaý, Peru, Trinidad-Tobago, Urugwaý, Wenesuela, Gwatemala, Gonduras, Nikaragua.

Esasy işleri bu döwletleriň arasynda söwdada tehniki bökdençlikleri aradan aýyrmak, bu döwletleriň arasynda gatnaşyklary ýygylaşdyrmak, hili ösdürmek we halkara standartlaşdyrmak guramalary ISO we IEC standartlaryny sebitde ornaşdyrmak, halkara standartlaryny gormanizirlemek, ylmy-tehniki progresi yzarlamak we sebiti ösdürmek bolup durýar.

### Belli halkara we sebitara standartlaşdyryş, metrologiýa we akkreditasiýa guramalaryň sanawy

| | |
|---|---|
| **Halkara standartlaşdyrmak guramasy**<br>**ISO** – International Organization for Standardization<br>Международная организация по стандартизации | www.iso.org |

| | |
|---|---|
| **Halkara elektrotehniki topar**<br>**IEC** – International Electrotechnical Commission<br>Международная электротехническая комиссия | www.iec.ch |
| **Standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak boýunça Döwletara geňeşi**<br>**EASC** – EuroAsia Council on Standardization, Metrology, and Certification<br>МГС СНГ Межгосударственный совет по стандартизации, метрологии и сертификации Содружества Независимых Государств | www.easc.org.by |
| **Standartlaşdyrmak boýunça Ýewropa komiteti**<br>**CEN** – European Committee for Standardization<br>Европейский комитет по стандартизации | www.cen.eu |
| **Elektrotehnika pudagyny standartlaşdyrmak boýunça Ýewropa komiteti**<br>**CENELEC** – European Committee for Electro-technical Standardization<br>Европейский комитет по стандартизации в области электротехники | www.cenelec.org |
| **Telekommunikasiýa pudagyny standartlaşdyrmak boýunça Ýewropa instituty**<br>**ETSI** – European Telecommunications Standards Institute<br>Европейский институт по стандартизации в области телекоммуникаций | www.etsi.org |
| **Halkara elektroaragatnaşyk birleşigi**<br>**ITU** – International Telecommunication Union<br>Международный союз электросвязи | www.itu.ch |
| **Standartlar gullugynyň ähli dünýä tory**<br>**WSSN** – World Standards Services Network<br>Всемирная сеть служб стандартов | www.wssn.net |
| **Standartlary ulanyjylaryň halkara federasiýasy**<br>**IFAN** – International Federation of Standards Users<br>Международная федерация пользователей стандартов | www.ifan-online.org |

| | |
|---|---|
| **Panamerikan standartlaşdyrmak komiteti**<br>**COPANT** – Pan American Standards Commission<br>Пан-американская комиссия по стандартам | www.copant.org |
| **Ýuwaş okean ýaka ýurtlarynyň standartlaşdyryş kongresi**<br>**PASC** – Pacific Area Standards Congress<br>Конгресс по стандартизации стран Тихоокеанского бассейна | www.pascnet.org |
| **Metrologiýanyň kanunçylygy boýunça halkara gurama**<br>**OIML** – International Organization of Legal Metrology<br>Международная организация по законодательной метрологии | www.oiml.org |
| **Günbatar Ýewropanyň metrologiýa kanunçylygy boýunça guramasy**<br>**WELMEC** – Organization of European national legal metrology services<br>Организация законодательной метрологии Западной Европы | www.welmec.org |
| **Ähli dünýä metrologiýa guramasy**<br>**WMO** – World Meteorological Organization<br>Всемирная метеорологическая организация | www.wmo.ch |
| **Agramlar we ölçegler boýunça halkara býurosy**<br>**BIPM** – Le bureau International des Poids et Mesures<br>Международное бюро мер и весов | www.bipm.fr |
| **Hil boýunça Ýewropa guramasy**<br>**EOQ** – European Organization for Quality<br>Европейская организация по качеству | www.eoq.org |

| | |
|---|---|
| **Akkreditasiýa boýunça Ýewropa birleşigi**<br>**EA** – European Accreditation of Certification<br>Европейское сотрудничество по аккредитации | www.european-accreditation.org |
| **Barlaghanalaryň akkreditasiýasy boýunça halkara birleşigi**<br>**ILAC** – International Laboratory Accreditation Cooperation<br>Международная конференция по аккредитации лабораторий | www.ilac.org |
| **Metrologiýanyň kanunçylygy boýunça Aziýa-Ýuwaş okean forumy**<br>**APLMF** – Asia-Pacific Legal Metrology Forum<br>Азиатско-Тихоокеанском форум по законодательной метрологии | www.aplmf.org |
| **Birleşen milletler guramasynyň Ýewropa boýunça ykdysady topary**<br>**UN/ECE** – United Nations Economic Commission for Europe<br>Европейская экономическая комиссия ООН | www.unece.org |
| **Aziýanyň günorta-gündogar döwletleriniň assosiasiýasy**<br>**ASEAN** – Association of Southeast Asian Nations<br>Ассоциация государств Юго-Восточной Азии | www.aseansec.org |
| **Aziýa-Ýuwaş okean ykdysady birleşigi**<br>**APEC** – Asia-Pacific Economic Cooperation<br>Азиатско – Тихоокеанское экономическое сотрудничество | www.apecsec.org.sg |
| **Dünýä söwda guramasy**<br>**WTO** – World Trade Organization<br>Всемирная торговая организация | www.wto.org |

| | |
|---|---|
| **Standartlaşdyrmak boýunça sebitara assosiasiýasy**<br>**IRSA** – Interregional standardization assosiation<br>МАС – Межрегиональная ассоциация по стандартизации | www. basb.org.tr |
| **Yslam ýurtlary üçin standart we metrologiýa instituty**<br>**SMIIC** – The standards and metrology institute for islamic countries<br>Институт стандартов и метрологии для исламских стран | www. smiic.org |

## 3.6. Halkara, döwletara (sebit) standartlarynyň, daşary ýurt döwletleri tarapyndan kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň Türkmenistanyň çäginde ulanylmagynyň

## TERTIBI

### I. Umumy düzgünler

1. Şu Halkara, döwletara (sebit) standartlarynyň, daşary ýurt döwletleri tarapyndan kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň Türkmenistanyň çäginde ulanylmagynyň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) «Standartlaşdyrmak hakynda», «Sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň talaplaryna laýyklykda işlenip düzüldi we Türkmenistana import edilýän önümler (işler, hyzmatlar) öndürilende ulanylan daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamalary boýunça seljerme geçirmegiň bellige almagyň we ulanmagyň tertibine kesgitleýär.

2. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamalarynyň bellige alynmagy we ulanmagy söwda-ykdysady hyzmatdaşykda tehniki bökdençilikleri aradan aýyrmak maksady bilen sertifikatlaşdyrmak ulgamynda daşary ýurtdan import edilýän önümlere (işlere, hyzmatlara) Türkmenistanyň çäginde hereket edýän degişli kadalaşdyryjy resminamalarynyň bolmadyk ýagdaýynda amala aşyrylýar.

3. Şu Tertibiň talaplary «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň (mundane beýläk – Gulluk) merkezi edarasynyň gurluş birlikleri hem-de daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamalaryny bellige almak üçin Gulluga ýüz tutýan fiziki we ýuridiki şahslar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmandyr.

## II. Esasy düşünjeler

4. Şu Tertibiň maksatlary üçin aşakda görkezilen esasy düşünjeler ulanylýar.

***halkara, döwletara (sebit) standartlary, daşary ýurt döwletleri tarapyndan kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy resminamalary*** (mundan beýläk – daşary ýurtlaryň kadalaşdyryjy resminamalary) – bu belli bir işiň görnüşlere ýa-da olaryň netijelerine degişli düzgünleri, talaplary, umumy ýörelgeleri, häsiýetleri öz içine alýan daşary ýurtlaryň we standartlaşdyrmak boýunça halkara guramalaryň resminamalary, şeýle hem halkara standartlary, sebitara standartlary, daşary ýurtlaryň milli (döwlet) standartlary, döwletara standartlary, tehniki şertler, pudaklaýyn standartlary;

***kadalaşdyryjy resminamalarynyň döwlet sanawy (reýestri)*** (mundan beýläk – döwlet reýestri) – «Türkmenstandarlary» baş döwlet gullugy tarapyndan ýöredilýän we kadalaşdyryjy resminamalary bellige alýan ýeke – täk maglumatlar gory;

***daşary ýurtlaryň kadalaşdyryjyresminamalaryny bellige almak we ulanmak*** – döwlet reýestlerine daşary ýurtlaryň kadalaşdyryjy resminamalaryny girizmek ýoly bilen olaryň Türkmenistanyň çäginde herekete girizilmegi.

## III. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamalarynyň ulanylmagynyň ýörelgeleri

5. Türkmenistanyň çäginde ulanylýan daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamalaryna bildirilýan talaplar:

standartlaşdyrmak boýunça halkara, döwletara (sebit) standartlaryna, kadalara, düzgünlere we maslahatlara, daşary ýyrt döwletleriň progresiw standartlaryna, häzirki zaman ylmy – tehniki we tehnologik gazananlaryna esaslanmaly, önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) peydalanylmagynyň şertlerini nazara almaly;

önüm (işler, hyzmtlar) babatda kadalaşdyryjy resminamalar ony işläp taýýarlamagyň, öndürmegiň, ýerlemegiň, ulanmagyň

(peýdalanmagyň), saklamagyň daşamagyň proseslerine bildirilýän talaby, önümi (işleri, hyzmatlary) belgilemegiň we gaplamagyň kadalarynyň bu talaplara laýyk gelşine gözegçilik edilmeginiň usullaryny özünden jemlemeli;

standartlaşdyrmak babatynda ýeke – täk döwlet syýasatynyň talaplaryna laýyk gelmeli.

6. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamalarynyň dňwlet reýestrine girizilmegi we ulanylmagy, olary Türkmenistanyň döwlet standartlaryna uýgunlaşdyrmak hem – de üýtgemezden göniden-göni girizmek usullary bilen amala aşyrylýar.

7. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamalarynyň Türkmenistanyň çäginde sertifikatlaşdyrmak işinde ulanylmagy diňe olaryň döwlet reýestlerine girizlenden soňra amala aşyrylýar.

## IV. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamalaryny bellige almagyň we ulanylmagyň tertibi.

8. Döwlet reýestrine daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamalarynyň bellige alynmagy üçin önümleri (işleri, hyzmatlary) sertifikatlaşdyrmagy amala aşyrmak maksady bilen fiziki we ýüridiki şahslar «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugyna arza bilen ýüz tutýarlar.

9. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamalaryny döwlet reýestrine girizmek üçin şu aşakdaky resminamalaryň sanawy zerur:

arza;

daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamanyň resmi gol çekilen dilindäki asyl nusgasy (asyl nusgada ony saklaýjy tarapyndan şol resminama girizilen üýtgetmeleriň sany görkezilmeli we her sahypasy möhür, gorag nyşany ýa-da başga usullar arkaly tassyklanan bolmaly);

resminamanyň asyl nusgasyny saklaýjy ýurduň ygtyýarly edarasy tarapyndan kadalaşdyryjy resminamanyň reýestre girizilendigi barada bellik ýa–da standartlaşdyrmak boýunça halkara ýa–da sebitara edara tarapyndan şol standartyň ykrar edenligi barada şahadatnama (sertifikat);

daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamanyň döwlet diline tassyk edilen terjimesi (üç göçürme nusgada);

awtorlyk hukuklarynyň goralýandygyny bilen bagly, asyl nusgany saklaýjydan daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamanyň Türkmenistanyň döwlet reýestrine girizilmegine razylygy barada rugsat haty;

daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamanyň elektron görnüşi:

bellige almak üçin ýygymyň tölenendigi barada töleg haty.

10. Eger şol ýurduň kanunçylygynda käbir kadalaşdyryjy resminamalaryň derejeleriniň dolanyşygy kadalaşdyryjy resminamalaryň reýestrine girizilmezden ygtyýar berlen bolsa, onda arzanyň ýany bilen daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamanyň asyl nusgasyny saklaýjy ýurduň ygtyýarly edaranyň tassyklama haty bolmaly.

11. Eger-de standartlaşdyrmak ulgamynda Türkmenistan bilen hökümetara ylalaşygyň şertnamasy bolan halatynda, daşary ýurtlaryň standartlaşdyrmak gulluklary (ýa-da beýleki ygtyýarly edaralary) tarapyndan berlen kadalaşdyryjy resminamanyň bellige alynmagy asyl nusgasyny saklaýjydan rugsatnama talap edilmezden amala aşyrylýar.

12. Şu tertibiň 9-njy böliminde görkezilen resminamalar tabşyrylandan soň, resminamalar Gullugynyň merkezi edarasynyň degişli gurluş birliklerine we Türkmenistanyň degişli ministrliklerine we pudak edaralaryna ýollanylýar. Seljerilmegiň umumy möhleti 30 kalendar günden geçmeli däl.

13. Degişli ministrliklerden we pudak edaralaryndan seljerilmeginiň netijeleri alnandan soňra, Gulluk daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamany bellige almak hem-de ony Türkmenistanyň çäginde ulanmaga girizmek ýa-da girizmezlik baradaky çözgidi kabul edýar.

Şunlukda daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamanyň seljerilmeginiň, bellige alynmagynyň hem-de ony ulanmaga girizilmeginiň tertibi Gullugyň kadalaşdyryjy resminamalary esasynda amala aşyrylýar.

14. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamanyň bellige alynmagy Gullugyň başlygynyň buýrugy esasynda amala aşyrylýar we Gulluk tarapyndan kesgitlenen tertibe laýyklykda döwlet reýestrine girizilýär.

15. Gullugyň çözgüdi esasynda öndürijiden ýa-da sertifikatlaşdyryş boýunça daşary ýurt edaranyň önümiň hilini we howpsuzlygyny tassyklaýan daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamany getirilýän önümleri (işleri, hyzmatlary) sertifikatlaşdyrmak maksady bilen,

diňe bir gezeklik döwlet reýestrine girizmeden ykrar edilmegine we ulanylmagyna ýol berilýär.

16. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamasy şol resminamada görkezilen möhlete laýyklykda ulanylýar. Eger daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamada onuň hereket edýän möhleti görkezilmedik bolsa onda ol 5 (bäş) ýyl möhlet bilen ulanylýar.

Kadalaşdyryjy resminamanyň hereket edýän möhletiniň tamamlanmagy bilen onuň hereket edýän möhletiniň uzaldylmagy baradaky mesele degişli fiziki we ýüridiki şahslaryň aýratyn ýüz tutmasy esasynda Gulluk tarapyndan seredilýär.

### V. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamany bellige almak boýunça işleriň tölegi

17. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamany bellige almak we ulanmaga girizmek boýunça işleriň nyrhnamasy Gulluk tarapyndan bellenilýär.

18. Daşary ýurt kadalaşdyryjy resminamany bellige almakdan ýüz döndirilen ýagdaýynda tölenen töleg bellige almak üçin edilen harajatlara degişli bolup, ol yzyna gaýtarylmaýar.

# 4. STANDARTLAŞDYRMAGYŇ MAKSADY, WEZIPESI, ESASY ÝÖRELGELERI WE OBÝEKTLERI

## 4.1. Standartlaşdyrmagyň maksady

«Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň kanunynda we beýleki esas düzüji kadalaşdyryjy resminamalarda şu aşakdaky standartlaşdyrmagyň maksatlary göz öňüne tutylýar:

fiziki we ýuridik şahslaryň bähbitlerini kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän önümden (işlerden, hyzmatlardan) goramak;

tehniki, tehnologik we maglumat taýdan gabat gelmegini, şeýle hem önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) biri-biriniň ornuny tutup bilmegini üpjün etmek;

önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) howpsuzlygyny üpjün etmek;

kadalaşdyryjy resminamalarda bellenilen talaplary berjaý etmek;

maddy serişdeleriň rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek;

ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň gazananlaryny hasaba almak bilen önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) hilini we bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak.

Önümi, (işleri, hyzmatlary) kadalaşdyryjy resminamalar bilen üpjün etmek;

Önümiň, (işleriň, hyzmatlaryň) hili baradaky meselede alyjylaryň we döwletiň bähbitlerini goramak;

Adamlaryň jan-saglygyny we daşky gurşawy gorap saklamagy üpjün etmek;

Söwdada tehniki päsgelçilikleri aradan aýyrmak

Halk hojalygynyň we halkyň islegini kanagatlandyrmakda ylmy tehniki ösüşe laýyklykda önümiň hilini ýokarlandyrmak we kepillendirmek;

Ykdysady görkezijileriň ýokarlanmagyna we halkyň durmuş hal ýagdaýynyň gowulanmagyna täsir etmek;

Adatdan daşary betbagtçylyk hadysalary, bolup biläýjek tebygy we tehnologiki ýykgynçylyklary göz öňüne tutup halk hojalygyndaky obýektleriň howpsuzlygyny üpjün etmek.

## 4.2. Standartlaşdyrmagyň wezipesi

Standartlaşdyrmagyň esasy wezipesi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– Köpçülikleýin öndürilýän önümiň asyl nusgasyndan gyşarnyksyz saklanmagyny üpjün etmek;

– Şol bir önümiň manysyz, çakdan aşa, artykmaç görnüşleriniň orta çykmagynyň öňüni almak;

– Şol bir zada niýetlenen önümiň köp sanly görnüşleriniň

arasyndan çigmaly, materiallary we energiýa çeşmelerini az sarp edýän tygşytly görnüşiniň saýlanyp alynmagyny kadalaşdyrmak;

– Halkyň we döwletiň bähbidini goramakda önümiň hili we nomenklaturasy boýunça iň ýokary talaby bellemek;

– Döwletiň, halkyň we eksportyň bähbidi üçin öndürilýän önümleriň talaplara laýyklyklygyny bellemek boýunça kadalaşdyryjy tehniki resminamalaryň ulgamyny işläp düzmek, düzgünini ýola goýmak, gurnamak we önümçilikde ulanma mümkinçiligini üpjün etmek;

– Dürli ýurtlaryň senagatynda ulanylýan halkara, sebitara we milli standartlaryň talaplarynyň biziň döwlet standartlarymyzyň talaplary bilen sazlaşyklygyny (garmonizirlemekligi) üpjün etmek;

– Utgaşyjylygyň ähli görnüşini (taslamada, elektrikde, elektromagnitde, maglumatda we programmada we ş.m.) we önümiň biri-biriniň deregini tutujylygyny üpjün etmek;

– Unifisirlemekligi zerur bolan we şoňa görä taslanan enjamlaryň goşmaça detallarynda, ölçegleriň we görkezijileriň ulanmagynda unifikasiýa etmek;

– Önümiň, çig mallaryň, materiallaryň, goşmaça detallaryň, elemenleriň häsiýetlerini we görkezijilerini sazlaşdyrmak we ylalaşmak;

– Energiýa çeşmeleriň we materiallaryň ulanylyşynda, tehnologiýada artykmaç galyndylary azaltmak wezipesini ýerine ýetirmek;

– Metrologiki normalary, gollanmalary, düzgünnamalary we talaplary kesgitlemek;

– Standartlaşdyrmak boýunça halkara tejribäni ulanmaklygy ýaýbaňlandyrmak we ýurtlaryň halkara we sebitara standartlaşdyrmak boýunça geçirýän çärelerine gatnaşmak;

– Daşary ýurtlaryň halkara, sebitara we milli standartlaryny öz milli standartymyz ýa-da beýleki kadalaşdyryjy resminamalarymyz hökmünde ulanmaklyk üçin Türkmenistanyň halk hojalygynyň islegini kanagatlandyrmakda çaknyşyk ýok bolsa onda ony göni ulanmaklyk tejribesini giňeltmek;

– Tehnologiki prosesiň talaplaryny kesgitlemek;

– Tehniki we ykdysady maglumatlaryň kodlama we klassifikasiýa ulgamyny alyp barmak we üpjün etmek;

– Önümiň hiline baha bermek we gözegçilik etmek, sertifikatlaşdyryş we synag boýunça kadalaşdyryjy resminamalary bilen üpjün etmekden ybaratdyr.

## 4.3. Standartlaşdyrmanyň esasy ýörelgeleri

Standartlaşdyryşyň esasy ýörelgeleri ýurdy we milli standartlaşdyrmagy ösdürmegiň nukdaýnazarynda bar bolan talaplary we maksatlary bilen birlikde halkara we sebit guramalary, şeýle hem senagat taýdan ösen döwletleriň standartlaşdyryş boýunça milli edaralary tarapyndan yglan edilen ýörelgelerini hasaba almak bilen kesgitlenilýär. Esasy möhüm ýörelgeleriň birnäçeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

• **Döwlet standartlarynyň talaplarynyň halkara we sebit standartlary bilen sazlaşygy;**

Halkara standartlary sebit we milli derejelerinde giňden ulanylýar, öndürijiler, söwda guramalary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, alyjylar we sarp edijiler, barlag geçiriji barlaghanalary, sertifikatlaşdyryş boýunça edaralar we gyzyklanma bildirýän beýleki taraplar arkaly ulanylýar. Halkara standartlary köplenç senagat kärhanalarynyň öňdebaryjy tejribesini, ylmy barlaglaryň netijelerini, alyjylaryň we döwlet edaralarynyň talaplaryny görkezýändigi we köp döwletler üçin düzgünleri, umumy ýörelgeleri ýa-da häsiýetnamalary bolup durýandygy sebäpli, olar söwdada tehniki päsgelçilikleriniň ýok edilmegini üpjün edýän wajyp şertleriň biri bolup durýar. Döwlet standartlarynyň halkara, ýewropa we senagat taýdan ösen döwletleriň milli standartlaryna laýyk gelmegi önümiň, prosesleriň we hyzmatlaryň bir-biriniň ornuny çalyşyjylygyny, barlaglaryň netijelerine ýa-da ol standartlara laýyklykda berilýän maglumatlara ikitaraplaýyn düşünmekligi üpjün etmäge ýardam berýär.

• **Standartlary işläp düzmek prosesleriniň aýdyňlygy;**

Standartlary işläp düzmek prosesleriniň aýdyňlygy meýilnamalaşdyrmakdan kabul etmek prosesine çenli hemme tapgyrlarda üpjün edilmelidir. Standartlaryň hemme taslamalaryny ylmy-tehniki taýdan hökmany seljerip, standartlary işläp taýýarlamak we kabul etmek boýunça düzgünler we kadalar ýeketäk bolup olarda gapma-garşylyklar bolmaly däldir.

**• Standartlary işläp düzmäge gyzyklanma bildirýänleriň hemmesiniň gatnaşmak hukugyny üpjün etmek;**

Standartlaryň işlenip düzülmesi, düzgün bolşy ýaly, standartlaşdyryş boýunça tehniki komitetleri, şol ýa-da beýleki obýekti standartlaşdyrmaga gyzyklanma bildirýän meýletin esasda birleşýän hemme edara görnüşli ýa-da şahsy taraplar tarapyndan ýerine ýetirilýär.

**• Ulanyjylar üçin standartlaryň we olar baradaky maglumatlaryň elýeterlilik we ulanyp bolarlylyk derejesi;**

Işlenip düzülýän we kabul edilen standartlar baradaky resmi maglumatlar, şeýle hem standartlaryň özleri ulanyjylar üçin elýeterli bolmagyny üpjün etmeli. Standarta salynan talaplar obýektiw bolmak bilen önümleriň we hyzmatlaryň standartyny sertifikatlaşdyrmak maksady üçin hem laýyklamak mümkin bolmaly. Şeýle-de standartda ýerine ýetirip boljak iň ýokary talaby bellemeli.

**• Standartlar kabul edilende hemmetaraplaýyn ylalaşyk;**

Standartlar gyzyklanma bildirýän taraplaryň köp böleginde anyk meseleler boýunça düýpgöter garşylyklaryň bolmadyk ýagdaýynda, ýagny hemme taraplaýyn ylalaşyk bilen kabul edilýär. Hemme taraplaryň pikirleri hasaba alnyp we gabat gelmeýän garaýyşlary ýakynlaşdyrmagyň netijesinde oňa ýetmek bolar.

**• Standarty işläp düzmegiň maksadalaýyklygy;**

Standarty işläp düzmegiň maksadalaýyklygy onuň durmuş taýdan, ykdysady, tehniki zerurlygy we ulanylanda ýerlikliligi bilen kesgitlenýär. Şonda döwlet standartyny işläp düzmek baradaky çözgüt kabul edilmänkä, standartlaşdyryşyň anyk obýektine degişli edilen we ýurtda hereket edýän halkara, sebit standartlarynyň gönüden-göni girizilmeginiň mümkinçiligine baha berilýär. Asyl nusgadaky döwlet standartlary degişli halkara ýa-da sebit standartlarynyň bolmadyk ýa-da olaryň talaplary kanuna laýyk gelmedik ýagdaýlarynda işlenip düzülýär. Standartlarda diňe umumy bähbide ugrukdyrylan zerur bolan talaplar bellenilýär.

**• Standartlarda beýan edilýän talaplara ulanyjylaryň düşünmeleriniň birmeňzeşligi;**

Standartlaryň beýany olaryň talaplaryna hemme tarapdan deň düşünmegi üpjün etmek üçin anyk we düşnükli bolmalydyr, ýagny işlenip düzülýän standartlaryň mazmuny gatnaşykda bolan we here-

ket edýän standartlaryň talaplaryny gaýtalamaly däl we olara garşy çykmaly däldir. Tehniki reglamentlerinde we standartlarda anyk identifikatlaşdyryş bilen salgylanmak usulyny has ileri tutulýan hasap etmeli. Ol usul anyk standartlary berjaý etmek ýoly arkaly tehniki reglamentleriň we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Şeýle-de kabul edilýän standartlar laýyklyga baha bermek, synag etmek we sertifikatlaşdyrmak işleri üçin ýaramly bolmaly. Standartda ýerine ýetirip boljak iň ýokary talaby bellemek bilen ol talaplaryň hökman barlanan obýektiw talaplar bolmagy hem zerurdyr.

• **Standartlara goşulýan talaplaryň ösenligi we amatlylygy;**

Standartlaryň talaplary ylmyň, tehnologiýanyň we tejribäniň häzirki döwürdäki üstünliklerini ulanmagyň esasynda, halkara standartlaryň ýa-da olaryň taslamalarynyň soňky neşirleriniň esasynda bellenilýär we tertipleşdirmegiň ýokary derejesini we standartlary ulanyjylaryň önümiň täze görnüşlerini özleşdirmekde gyzyklanmalaryny çäklendirmän, degişli ugurda has ýokary derejedäki mümkin bolan netijeliligini üpjün edýär.

• **Toplumlylyk;**

Standartlaşdyrylýan obýektiň özüne umumylykda we onuň düzüji böleklerine hem-de obýekte täsir edýän beýleki faktorlara bolan talaplaryň bir bütewi ulgam içinde olaryň görkezijilerini, kadalaryny we talaplaryny ylalaşmak ýoly arkaly maksadalaýyk we meýilnamalaýyn bellemek we ulanmak möhümdir.

• **Standartyň talaplarynyň kanunalaýyklygy;**

Standartyň ugyr alýan talaplary kanunlaryň talaplaryna gabat gelmeli we birbirine garşy çaknyşan normalar bolmaly däl;

• **Standartyň döwrebaplygy;**

Standartlary belli aralyklar bilen täzelemek, halkara we ýerli tejribeleri göz öňüne tutmak bilen döwrebap ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna laýyklykda köne talaplaryň üýtgedilmegine döwürleýin seredip durmak we täzelenmegini üpjün etmek derwaýys bolup durýar.

• **Howpsuzlygy;**

Önümiň we hyzmatyň adamyň jan-saglygyna we daş töwerege howsyzlygyny nazara almak bilen standartlarda önümiň häsiýetlerini we onyň ulanyş hilini kesgitlemek üçin hökmany talaplaryny görkezmek.


6. Sargyt № 2916

### 4.4. Standartlaşdyrmagyň obýektleri

Önüm (işler, hyzmatlar), ony işläp taýýarlamagyň, öndürmegiň, ýerlemegiň, ulanmagyň (peýdalanmagyň), saklamagyň, daşamagyň prosesleri, ölçemegiň usullaryna we netijelerine bildirilýän talaplar, olaryň ýerine ýetirilmeginiň takyklygy, şeýle hem standartlaşdyrmak babatda ulanylýan kesgitlemeler.

# 5. TÜRKMENISTANYŇ STANDARTLAŞDYRMAK BARADAKY DÖWLET DOLANDYRYŞ GURAMASY WE GURLUŞY

### 5.1. Standartlaşdyrmak baradaky döwlet dolandyryş guramasynyň wezipeleri, işleýiş düzgüni we hukuklary

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy (mundan beýläk – Gulluk) Türkmenistanda standartlaşdyryş we metrologiýa, önümleri (işleri, hyzmatlary) sertifikatlaşdyryş, sertifikatlaşdyryş edaralaryny we synag barlaghanalaryny attestirlemek hem-de akkreditirlemek, ýerasty baýlyklaryň peýdalanylyşyna we goralyşyna gözegçilik etmek, dag we dag-magdan işlerine gözegçiligi amala aşyrmak we zähmeti goramagy dolandyrmak, senagat howpsuzlygyny üpjün etmek ugurlary boýunça döwlet syýasatyny amala aşyrýan döwlet dolandyryş edarasy bolup durýar.

Gulluk öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň Kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny we Düzgünnamany goldanýar.

Gulluk Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tabyn bolup we onuň ýerlerdäki edara-kärhanalary döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň beýleki edaralary bilen özara gatnaşykda işleýärler.

Gullugyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

• önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) hiline, metrologiýa üpjünçiligine, zähmetiň we ýerasty baýlyklaryň goralyşyna, senagat howpsuzlygyna, standartlaryň we standartlaşdyryş boýunça beýleki kadalaşdyryjy resmi namalaryň talaplarynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

• standartlaşdyryş, sertifikatlaşdyryş, metrologiýa, zähmeti we ýerasty baýlyklary goramak, senagat howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça döwlet maksatnamalaryny işläp taýýarlamak hem-de bu babatda ýeke-täk tehniki syýasaty alyp barmak;

• metrologiýa standartlaryny bellemek we ulanmak, etalonlar hem-de fiziki ululyklaryň birlikleri babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek;

• sarp edijileri we Türkmenistanyň ykdysady bähbitlerini ölçegleriň netijeleriniň nätakyklygynyň ýaramaz täsirlerinden goramak boýunça çäreleri durmuşa geçirmek;

• ölçegleriň birligini üpjün ediş ulgamynyň ösüşini üpjün etmek, bu babatda ylmy-tehniki syýasaty ýöretmek, şeýle hem bu ulgamyň işini halkara (sebitara) we daşary ýurt ulgamlarynyň işi bilen sazlaşdyrmak;

ölçegleriň birligini we dogrulygyny, döwlet etalonlarynyň hem-de nusgalyk ölçeg serişdeleriniň degişli metrologik derejede saklanyp galmagyny gazanmak, olaryň aýawly saklanyşyny üpjün etmek;

• döwlet standartlaşdyryş we metrologiýa ulgamyny döretmek, önümi (işler, hyzmatlar) sertifikatlaşdyrmak, sertifikatlaşdyryş edaralaryny we synag barlaghanalaryny attestirlemek hem-de akkreditirlemek;

• senagat howpsuzlygy we önümiň hili babatda sarp edijileriň bähbitlerini we hukuklaryny goramak;

• ýerasty baýlyklaryň rejeli peýdalanyşyna we goralyşyna, ýerasty baýlyklardan peýdalanmagyň bellenen tertibiniň ähli peýdalanyjylar tarapyndan ýerine ýetirilişine, standartlaşdyryş boýunça kanunçylygyň, şeýle hem standartlaryň (düzgünleriň, kadalaryň) berjaý edilişine gözegçilik etmek;

• dag we dag-magdan işleriniň howpsuz alnyp barylmagyna, olaryň ilata, tebigy gurşawa, binalara we desgalara zyýanly täsiriniň öňüniň alynmagyna we aradan aýrylmagyna gözegçilik etmek;

• partlaýjy maddalaryň we ionizirleýji şöhleleriň çeşmeleriniň saklanyşynyň hasaba alnyşyna gözegçilik etmek;

• zähmeti goramagyň döwlet tarapyndan dolandyrylyşynda, önümçilik serişdelerine, tilsimatlaryna we zähmeti guramaga bildirilýän, işgärleriň saglygyny we zähmetiň howpsuz şertlerini kepillendirýän talaplary işläp taýýarlamak;

• standartlaşdyryş, metrologiýa, önümleri (işleri, hyzmatlary) sertifikatlaşdyryş, ýerasty baýlyklary we zähmeti goramak we senagat howpsuzlygy boýunça kadalaşdyryjy-tehniki resminamalaryň işlenip taýýarlanmagyny guramak;

• öňdebaryjy innowasion tilsimatlary ulanmak bilen öz garamagyndaky edara-kärhanalaryň ýokary netijeli önümçilik işini üpjün etmek.

Gulluk öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda şu **işleri** amala aşyrýar:

• standartlaşdyryş, sertifikatlaşdyryş, metrologiýa, ýerasty baýlyklary we zähmeti goramak, senagat howpsuzlygy babatda döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

• eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralar, kärhanalar, guramalar hem-de hususy telekeçiler üçin hökmany bolan standartlaşdyryş boýunça kadalaşdyryjy-tehniki resmi namalary tassyklaýar we olaryň döwlet tarapyndan hasabyny ýöredýär;

• eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň hem-de hususy telekeçileriň maliýeleşdirmeginde standartlaşdyryş boýunça kadalaşdyryjy-tehniki resminamalaryň işlenip taýýarlanmagyny guraýar;

• standartlaşdyryş, sertifikatlaşdyryş, akkreditirleýiş, metrologiýa, zähmeti we ýerasty baýlyklary goramak, senagat howpsuzlygy babatda öňdebaryjy innowasion tilsimatlary girizýär, bu ugurlar boýunça kadalaşdyryjy-usulyýet resminamalarynyň ýeke-täk maglumat gaznasyny döredýär we reýestrleri ýöredýär;

• synag barlaghanalarynyň, sertifikatlaşdyryş edaralarynyň attestasiýasyny we akkreditasiýasyny geçirýär hem-de eýeçiliginiň

görnüşine garamazdan edaralara, kärhanalara, guramalara hem-de hususy telekeçilere tehniki häsiýetli hyzmatlary edýär;

• sanawlary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan işleriň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmaga bellenen tertipde ygtyýarnamalar berýär;

• geçirilýän işleriň we hyzmatlaryň nyrhnamalaryny, şol sanda döwlet eýeçiligindäki edaralara, kärhanalara we guramalara sertifikatlaşdyrylýan önümleriň bahalarynyň 0,5 göteriminden ýokary bolmadyk möçberde, laýyklyk sertifikatynyň berilmegi üçin tölegleri bellenen tertipde işläp taýýarlaýar hem-de tassyklaýar;

• bellenen tertipde tabynlygyndaky edara-kärhanalary döredýär we ýatyrýar;

• kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp taýýarlamaga gatnaşýar;

• öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde halkara guramalarynda we daşary ýurtlaryň degişli döwlet edaralarynda Türkmenistana wekilçilik edýär;

• öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde resmi namalary terjime etmek boýunça işleri guraýar we geçirýär;

• kömekçi we bagçylyk hojalyklaryny döredýär;

• standartlaşdyryş boýunça ekspert-auditorlyk gulluklaryny döredýär;

• standartlaşdyryş, metrologiýa, sertifikatlaşdyryş, akkreditirleýiş we zähmeti goramak ugurlary boýunça hünärmenleri taýýarlaýar we olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak boýunça okuwlary we maslahatlary geçirýär;

• milli standartlary, standartlaşdyryş boýunça beýleki resmi namalary we olara üýtgetmeleri tassyklaýar, olary halkara standartlaryna laýyk getirmek boýunça işleri geçirýär, halkara we sebitara standartlary hem-de beýleki döwletleriň standartlaryny ulanmagyň kadalaryny belleýär;

• standartlaryň we standartlaşdyryş hem-de metrologiýa boýunça kadalaşdyryjy-tehniki resminamalaryň döwlet gaznasyny döredýär, ony saklaýar we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralary, kärhanalary, guramalary hem-de hususy telekeçileri olar bilen bellenen tertipde üpjün edýär;

• tehniki edebiýatlary, maglumat-usulyýet edebiýatlaryny hem-de standartlaşdyryş, metrologiýa we zähmeti goramak boýunça gollanmalary taýýarlaýar we neşir edýär;

• ölçegleriň talap edilýän takyklygyny we birligini üpjün etmek boýunça işleriň guralmagyny we tertibini kesgitleýän bitewi düzgünleri we kadalaryny işläp taýýarlaýar we tassyklaýar;

• fiziki ululyklaryň birlikleriniň döwlet etalonlaryny tassyklaýar we olaryň saklanyşyny, deňeşdirilmegini üpjün etmek hem-de döwlet etalon binýadyny kämilleşdirýär;

• döwlet (milli) etalonlarynyň we nusgalyk ölçeg serişdeleriniň halkara etalonlaryna laýyklygyny üpjün edýär;

• ölçeg serişdeleriniň synagyny we barlagyny üpjün edýär, ölçeg serişdeleriniň görnüşlerini tassyklaýar, Türkmenistanyň çäginde ulanylmagyna rugsat berlen ölçeg serişdeleriniň döwlet reýestrini ýöredýär;

• sertifikatlaşdyryşyň esasy düzgünlerini we kadalaryny, onuň esaslaryny we gurluşyny işläp taýýarlaýar we tassyklaýar;

• sertifikatlaşdyryş edaralaryny, synag barlaghanalaryny (merkezlerini) akkreditirlemegiň talaplaryny belleýär;

• sertifikatlaşdyryş edaralaryny, synag barlaghanalaryny (merkezlerini) attestatlaşdyrmagyň we akkreditirlemegiň tertibini, önümçilik desgalaryny attestatlaşdyrmagyň we önümleri (işleri, hyzmatlary) sertifikatlaşdyrmagyň usulyýetini hem-de beýleki kadalaryny kesgitleýär;

• akkreditirlenen sertifikatlaşdyryş edaralarynyň, synag barlaghanalarynyň (merkezleriniň) işine, sertifikatlaşdyrylan önümlere (işlere, hyzmatlara), önümçiligiň hil ulgamyna barlag gözegçiligini amala aşyrýar;

• sertifikatlaşdyryşyň laýyklyk belgileriniň döwlet reýestrini ýöredýär;

• önümleriň we harytlaryň synaglaryny geçirýär, synaglaryň öňdebaryjy usulyýetlerini özleşdirmek boýunça işleri guraýar, daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň we harytlaryň radiasiýa howpsuzlygynyň synaglaryny geçirmek, özüniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde arza-şikaýatlara garaýar;

• önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) hili hakynda daşary ýurt sertifikatlaryny, laýyklyk belgilerini we synaglaryň netijelerini ykrar etmegiň kadalaryny belleýär;

• ylmy taýdan esaslandyrylan standartlaryň, düzgünleriň we tehniki kadalaryň esasynda zähmetiň sagdyn we howpsuz şertleriniň üpjün edilmegi üçin zerur talaplary belleýär;

• önümçilikde işleriň howpsuz geçirilmegine, şeýle hem radiasiýa howpsuzlygyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

• betbagtçylykly hadysalaryň bolup geçen ýagdaýlaryna we heläkçilikleriň sebäplerine, önümçilik şikesiniň alnan ýagdaýlaryna, ionizirleýji şöhlelenmeleriň çeşmelerine, partlaýjy maddalaryň we önümleriň ýitirilmeginiň sebäplerine derňew geçirýär;

• dag we gazdan halas ediş, çüwdürime garşy, heläkçilik-dispetçer gulluklarynyň mümkin bolan heläkçilikleri çäklendirmäge we olary aradan aýyrmaga taýýarlygyna gözegçiligi amala aşyrýar;

• aýratyn gözegçilige we barlaga degişli bolan ýokary töwekgelçilikli we howply işleriň sanawyny kesgitleýär we tassyklaýar;

• gaz gözegçiligine degişli desgalary, basyş astynda işleýän bug we suw gyzdyryjy gazanlary, gaplary, bug we gyzgyn suw üçin turba geçirijileri, ýük galdyryjy desgalary hasaba alýar, gazanlaryň hem-de ýük galdyryjy desgalaryň öz wagtynda barlanmagyna gözegçilik edýär;

• ýerasty baýlyklaryň rejeli peýdalanylyşyna we goralyşyna, olaryň döwlet tarapyndan hasaba alnyşynyň we hasabatlylygynyň kadaralarynyň berjaý edilişine, şeýle hem ýerasty baýlyklardan peýdalanylanda işleriň howpsuz alnyp barlyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

• gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary çykarmaga we ulanmaga, känleri özleşdirmäge toplumlaýyn gözegçilik edýär;

• gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary özleşdirmek üçin (umumy ýaýranlardan başga) dag-magdan we magdan işleriniň delilnamasyny berýär we ony hasaba alýar;

• gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary çykarmagy, olary çykarýan we gaýtadan işleýän kärhanalary gurmagyň we olaryň durkuny täzelemegiň taslamalaryny we taslama tabşyryklaryny, şol kärhanalaryň hem-de nebit, gaz we gidromineral guýularyň işiniň ýatyrylmagyny we işiniň togtadylmagyny (konserwasiýa) ylalaşýar;

• öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýar.

Gullugyň şulara **hukugy** bardyr:

• eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralara, kärhanalara, guramalara hem-de hususy telekeçilere öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde päsgelçiliksiz barlaglary geçirmäge we olardan zerur maglumatlary soramaga;

• öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň hem-de hususy

telekeçileriň iş ýerlerini we enjamlaryny çäklendirmäge, togtatmaga ýa-da ulanylmagyny gadagan etmäge;

• standartlaryň, tehniki şertleriň we beýleki kadalaşdyryjy-tehniki resmi namalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän önümleri ýerlemegi gadagan etmäge;

• ýerasty baýlyklardan özbaşdak peýdalanylmagyny we ýerasty baýlyklaryň bar bolan meýdanlarynda özbaşdak gurluşyk etmegi ýatyrmaga, ýerasty baýlyklarynyň bar bolan meýdanlaryna lagym suwlaryny dökmegi gadagan etmäge ýa-da çäklendirmäge, zyýanly maddalaryň we önümçilik galyndylarynyň gömülmegini gadagan etmäge;

• ölçeg serişdeleriniň standartlaryň we kadalaşdyryjy-tehniki namalaryň talaplarynyň bozulyp ulanylmagyny gadagan etmäge.

Gullugyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul eden çözgütleri eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralar, kärhanalar, guramalar hem-de hususy telekeçiler üçin hökmany bolup durýar.

Gulluk standartlaşdyryş we metrologiýa, önümleri (işleri, hyzmatlary) sertifikatlaşdyryş, ýerasty baýlyklary, zähmeti we sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmalary üçin bellenen tertipde administratiw temmi çärelerini ulanmaga ygtyýarlydyr.

Gullugyň işi hojalyk hasaplaşygy esaslarynda alnyp barylýar.

Gullugyň işini üýtgedip guramak we ýatyrmak Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

## 5.2. Standartlaşdyrmak baradaky döwlet dolandyryş guramasynyň gurluşy



**«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň tabynlygyndaky edara-kärhanalaryň SANAWY**

Ahal welaýatynyň we Aşgabat şäheriniň «Türkmenstandartlary» döwlet gullugy

Balkan welaýatynyň «Türkmenstandartlary» döwlet gullugy

Daşoguz welaýatynyň «Türkmenstandartlary» döwlet gullugy

Lebap welaýatynyň «Türkmenstandartlary» döwlet gullugy

Mary welaýatynyň «Türkmenstandartlary» döwlet gullugy

Türkmen standartlar maglumat merkezi

Döwlet etalon merkezi

## 5.3. Pudaklaýyn standartlaşdyryş gulluklary barada

Pudaklaýyn standartlaşdyryş gulluklary GR 16162325-16-2002 «Pudaklaýyn standartlaşdyryş gulluklary barada düzgünnama» esasynda işleýär. Bu guramalar ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, assosiasiýalaryň, korporasiýalaryň, konsernleriň, ylmy-barlag (taslama) guramalarynyň, kärhanalaryň we edaralaryň düzüminde döredilýär. Bu guramalar ol ýerdäki önümiň hilini artdyrmak, standartlaşdyrmak, ylmy ösüşi yzarlap standartlary wagtynda täzelemek, standartlaşdyrmak barada döwlet guramasynyň işleri bilen sazlaşykly iş alyp barmak we utgaşdyrmak üçin açylýar.

Ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, assosiasiýalaryň, korporasiýalaryň, konsernleriň, ylmy-barlag (taslama) guramalarynyň, kärhanalaryň we edaralaryň standartlaşdyryş gulluklaryna (mundan beýläk – pudaklaýyn standartlaşdyryş gulluklary) degişlidir hem-de olaryň esasy borçlaryny we hukuklaryny kesgitleýär.

Pudaklaýyn standartlaşdyryş gulluklary ministrligiň, pudaklaýyn dolandyryş edaranyň, assosiasiýanyň, korporasiýanyň, konserniň (mundan beýläk- ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy), guramanyň, kärhananyň, edaranyň (mundan beýläk – kärhana) ýolbaşçysynyň çözgüdi bilen, standartlaşdyrmak boýunça işleri ge-

çirmek üçin döredilýär hem-de işlenilip düzülen düzgünnama laýyklykda işleýär.

Pudaklaýyn standartaşdyryş gulluklary öz işinde Türkmenistanyň konstitusiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň çözgütlerini, «Döwlet standartlaryny we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryny, ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) ýa-da kärhananyň ýolbaşçysynyň buýruklaryny, görkezmelerini şeýle-de, ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) kärhanasynyň standartlaşdyryş gullugy hakyndaky düzgünnamalaryny goldanýar.

**Standartlaşdyryş gullugynyň esasy wezipeleri:**

– öndürilýän önümiň howpsuzlygyna we hiline oňaýly talaplary bellemek;

– standartlaşdyryş boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň ulgamyny döretmek we olary halkara standartlary bilen utgaşdyrmak;

– önümlere halkara standartlaryna we geljegi bar bolan ylmy-tehniki üstünliklere laýyk gelýän talaplary üpjün edýän standartlary we tehniki şertleri işläp düzmek;

– ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň kärhanalarynda ulanylýan standartlara we tehniki şertlere öz wagtynda gaýtadan seredilmegine, üýtgetmeler girizilmegine we olaryň ýatyrylmagyna gözegçilik etmek;

– berkidilen sanaw boýunça standartlary we tehniki şertleri hasaba almak we döwrebaplaşdyrmak;

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň düzüm bölümleri pudaklaýyn standartlaşdyryş gulluklarynyň işlerine döwlet gözegçiligini amala aşyrýarlar.

Pudaklaýyn standartlaşdyryş gullugynyň düzümi

Pudaklaýyn standartlaşdyryş gullugy aşakdakylardan ybaratdyr:

1. ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) merkezi edarasyndaky standartlaşdyryş gullugy;

2. Senagat pudaklaryndaky standartlaşdyryş boýunça esasy guramalar;

3. kärhanalaryň standartlaşdyryş gulluklary.

Ministrligiň standartlaşdyryş gullugynyň düzümini we wezipe sanawlaryny standartlaşdyryş boýunça esasy guramalary, önümçiligiň aýratynlyklaryny we standartlaşdyrmak boýunça işleriň möçberini hasaba almak bilen ministrligiň ýolbaşçysy kesgitleýär.

Kärhananyň standartlaşdyryş gullugynyň düzümini we wezipe sanawyny kärhananyň ýolbaşçysy kesgitleýär.

Eger standartlaşdyryş boýunça ýöriteleşdirilen bölümleriň guralyşy tehniki we ykdysady taýdan maksada laýyk bolmasa, standartlaşdyrmak boýunça işleri ýerine ýetirmek ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň), kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň), kärhananyň birliginiň wezipeli adamynyň üstüne ýüklenilýär.

**1. Ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) merkezi edarasynyň standartlaşdyryş gullugy**

Ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) merkezi edarasyndaky standartlaşdyryş gullugy ministrlikde, pudaklaýyn dolandyryş edarasynda we şol ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) kärhanalarynda standartlaşdyryş boýunça işlere ýolbaşçylyk etmek üçin döredilýär.

Ministrlik (pudaklaýyn dolandyryş edarasy), takyk şertlerde ulanmak üçin standartlaşdyryş gullugy hakynda düzgünnamany işläp düzýär ýa-da standartlaşdyryş gullugynyň wezipeleri üstüne ýüklenilen ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) birlikleri hakyndaky degişli düzgünnama standartlaşdyryş gullugynyň hukuklaryny, borçlaryny goşýar.

Standartlaşdyryş gullugy hakyndaky düzgünnama «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy bilen ylalaşylyp, ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) ýolbaşçysy tarapynda tassyklanylýar.

Standartlaşdyryş gullugy döwlet standartlaşdyryş meýilnamalarynyň esasynda iş geçirýär we olaryň ýerine ýetirilmegini guraýar.

Standartlaşdyryş gullugynyň ýa-da standartlaşdyryş gullugynyň wezipesini ýerine ýetirýän birligiň ýolbaşçysy gullugyň üstüne ýüklenilen hukuklar, borçlar babatda jogapkärçilik çekýär.

Ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) standartlaşdyryş gullugynyň hukuklary we borçlary:

**Ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) standartlaşdyryş gullugynyň borçlary:**

– Senagatda kadalaşdyryjy resminamalaryň ulgamyny döretmegi, şeýle hem ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) ulgamyndaky guramalaryň, kärhanalaryň, edaralaryň standartlaşdyryş gullugynyň ösüşi we döredilişi boýunça işleri guramagy üpjün edýär.

– Täzeden işläp düzülýän, öndürilýän we ulanylýan önümleriň, işleriň, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, howpsuzlygyny üpjün etmek, bir nusga getirmek, standartlaşdyrmak meseleleriniň ýerine ýetirilmegini guraýar.

– Önümleri sarp edijiler, döwlet gözegçiligi edaralary, beýleki ministrlikler (pudaklaýyn dolandyryş edarasy) we «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy bilen, şol ministrlige (pudaklaýyn dolandyryş edarasyna) berkidilen önümleri standartlaşdyrmak meseleleri boýunça aragatnaşygy saklaýar.

– Gözegçilik serişdelerine we usullaryna, şeýle-de tehniki gözelligiň, ergonomikanyň talaplaryna, zyýanly täsirlerden goramaga, ilatyň saglygyny goramaga, zähmet howpsuzlygyna, daşky gurşawy goramaga, önümleriň bäsleşikligini ýokarlandyrmaga, ýangyjyň, energiýanyň, serişdeleriň, çig malyň sarp edilişini azaltmaga hem-de rejeli peýdalanma degişli meselelerini hasaba almak bilen, önümlere ylmyň, tehnikanyň gazanmalaryna, halkara standartlara, dünýä derejesine laýyk gelýän talaplary kesgitleýän standartlary we tehniki şertleri işläp düzmegi üpjün edýär.

– Ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) ulgamynda standartlaşdyryş meýilnamalaryny işläp düzmegi guraýar we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi belleýär.

– Tehniki toparlarynyň kadalaşdyryjy resmi namalaryny işläp düzmek işine gatnaşýar we esasy standartlaşdyryş gulluklarynyň hem-de kärhanalaryň standartlaşdyryş gulluklarynyň şu işe gatnaşmagyny guraýar.

– Ylalaşyklykda çig malyň, serişdeleriň we düzüji önümleriň standartlaryna we tehniki şertlerine dünýä derejesindäki, halkara standartlaryna laýyk talaplaryň girizilmegini üpjün edýär.

– Ministrlige (pudaklaýyn dolandyryş edarasyna) we onuň kärhanalaryna berkidilen standartlary, tehniki şertleri barlamak we olaryň könelişen görkezijilerini çalşyrmak maksady bilen olary öz wagtynda täzelemek we halkara standartlary bilen utgaşdyrmak işlerini guraýar.

– Pudaga degişli kärhanalaryň barlaghanalarynyň resmi taýdan bellenmegine gatnaşýar.

– Önümi we hil ulgamlaryny güwälendirmek boýunça işlere gatnaşýar.

– Standartlaşdyryş boýunça kadalaşdyryjy resmi namalary öz wagtynda ornaşdyrmak işlerini guraýar.

– Standartlaşdyryş ugrundan hünärmenleri taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak işlerini guraýar.

Pudaklaýyn standartlaşdyryş gullugynyň hukuklary:

– standartlaşdyryş meseleleri boýunça beýleki guramalarda ministrligine (pudaklaýyn dolandyryş edarasyna) wekilçilik etmäge;

– ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) kärhanalarynda we guramalarynda standartlaşdyryş boýunça işleriň ýagdaýyna gözegçiligi amala aşyrmaga;

– standartlar we beýleki kadalaşdyryjy resminamalar işlenip düzülende ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) kärhanalaryň we guramalarynyň arasyndaky çaprarlyklary çözmäge;

– bellenilen tertipde standartlaşdyrmagyň meseleleri boýunça zerur bolan maglumatlary ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) kärhanalaryndan we guramalaryndan soramaga;

– hereket edýän kanunlara ters gelýän, standartlaşdyryş meseleleri boýunça kadalaşdyryjy resmi namalary, buýruklary, gözükdirmeleri ýatyrmak barada teklip girizmäge;

– kemçilikler aradan aýrylýança, standartlaryň we tehniki şertleriň talaplaryna laýyk gelmeýän önümiň önümçiligini ýatyrmak barada teklip girizmäge hukuklary bardyr.

**2. Standartlaşdyryş boýunça esasy gurama**

Standartlaşdyryş boýunça esasy gurama ministrlik tarapyndan senagat pudaklarynda standartlaşdyryş boýunça işleri geçirmek üçin bellenilýär.

Standartlaşdyryş boýunça esasy gurama edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanan standartlaşdyryş boýunça meýilnamanyň esasynda iş geçirýär.

Standartlaşdyryş boýunça meýilnama aýratyn resminama hökmünde işlenip we tassyklanyp bilner ýa-da edaranyň iş meýilnamasynyň düzüm bölegi bolup biler.

Standartlaşdyryş boýunça işleriň guralyşy we ýerine ýetirilişi babatda standartlaşdyryş boýunça esasy guramanyň ýolbaşçysy jogapkärçilik çekýär.

**Standartlaşdyryş boýunça esasy guramanyň borçlary:**

– Pudagyň kadalaşdyryjy resmi namalar ulgamyny döretmegi we olary halkara standartlar bilen utgaşdyrmagy amala aşyrýar.

– Standartlaşdyryş meýilnamalaryna standartlaşdyryş boýunça esasy gurama berkidilen önüm toparlary ýa-da iş ýerleri boýunça teklipleri işläp taýýarlaýar.

– Standartlaşdyryş boýunça esasy gurama berkidilen önüm toparlaryna we iş ýerlerine degişli standartlaryň we tehniki şertleriň tehniki derejesini ýokarlandyrmak boýunça we olara halkara standartlaryň talaplaryny girizmek boýunça işleri ýerine ýetirýär.

– Pudagyň kadalaşdyryjy resmi namalar ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça barlaglary guraýar we geçirýär.

– Pudakda ulanylýan standartlary we beýleki kadalaşdyryjy resminamalara wagtynda täzeden seretmek, olara üýtgetmeler girizmek we olary ýatyrmak işlerine gözegçilik edýär.

– Kadalaşdyryjy resminamalary işläp düzmek we döwletara standartlarynyň taslamalaryna seretmek boýunça tehniki komitetleriň işlerine gatnaşýar.

– Standartlaşdyryş boýunça esasy gurama berkidilen önümleri standartlaşdyrmak meseleleri boýunça «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy bilen, beýleki standartlaşdyryş boýunça esasy guramalar bilen, önümi sarp edijiler bilen aragatnaşygy saklaýar.

– Pudakda ulanylýan standartlary we beýleki kadalaşdyryjy resmi namalary hasaba almak işlerini ýöredýär.

– Standartlary we tehniki şertleri işläp düzmegi guraýar we gerek bolanda ol işlere özi gatnaşýar.

– Önümleri, hyzmatlary, hil ulgamlaryny güwälendirmek işlerine gatnaşýar.

– Pudagyň kärhanalarynyň we edaralarynyň barlaghanalaryny resmi taýdan bellemegi guraýar we oňa gatnaşýar.

– Standartlaşdyryş ugrunda hünärmenleri taýýarlamagy we olaryň hünärini ýokarlandyrmagy guraýar.

– Standartlaşdyryş boýunça esasy gurama berkidilen kärhanalaryň standartlaşdyryş boýunça gulluklarynyň işlerine gözegçilik edýär.

**Standartlaşdyryş boýunça esasy guramanyň şulara hukugy bar:**

– ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) degişli bölümlerine, «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugyna standartlaşdyryş meseleleri boýunça ýüzlenmäge;

– ministrlik (pudaklaýyn dolandyryş edarasy) bilen ylalaşyk boýunça kärhanalary, edaralary we aýry-aýry hünärmenleri kadalaşdyryjy resmi namalaryň taslamalarynyň işlenip düzülmegine gatnaşdyrmaga;

– ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň) ýumşy boýunça standartlary işläp düzmek üçin tehniki tabşyrygy tassyklamaga;

– öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin ministrligiň kärhanalaryndan we edaralaryndan degişli resminamalary we maglumatlary soramaga;

– ygtyýarlygyndaky meseleler boýunça kärhanalarda we edaralarda barlag işlerini geçirmäge;

– ministrligiň tabşyrygy boýunça we onuň adyndan beýleki guramalarda wekillik etmäge.

**3. Kärhananyň standartlaşdyryş gullugy**

Kärhananyň standartlaşdyryş gulluklary, eýeçiligiň görnüşine we degişliligine garamazdan, standartlaşdyryş boýunça işleri geçirmek üçin ähli kärhanalarda döredilip bilner.

Kärhananyň, edaranyň, guramanyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen standartlaşdyryş boýunça işleri ýerine ýetirýän düzüm birligi ýa-da jogapkär işgär bellenilýär.

Kärhananyň standartlaşdyryş gullugy öz işinde standartlaşdyryş boýunça esasy gurama we «Türkmenstandartlary» baş döwlet gul-

lugynyň ýerli edarasy bilen ylalaşylan we kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanan düzgünnamany goldanýar.

Standartlaşdyryş boýunça işleriň guralyşyna we ýerine ýetirilişine kärhananyň ýolbaşçysy we kärhananyň standartlaşdyryş gullugynyň ýolbaşçysy (jogapkär adamy) jogapkärçilik çekýär.

**Kärhananyň standartlaşdyryş gullugynyň borçlary:**

– Kärhananyň kadalaşdyryjy resminamalarynyň esasyny döretmegi amala aşyrýar.

– Kärhananyň birlikleri tarapyndan geçirilýän standartlaşdyryş boýunça işlere usulyýet-guramaçylyk ýolbaşçylygy amala aşyrýar we şol işlere gatnaşýar.

– Standartlary, tehniki şertleri we beýleki kadalaşdyryjy resminamlary işläp düzýär.

– Kärhanalaryň işläp düzen standartlaryny we tehniki şertlerini bellige almak we hasaba alyş işlerini alyp barýar.

– Kärhanalaryň işläp düzen gurnaýyş tehnologiki we beýleki resmi namalarynyň standartlara we tehniki şertlere laýyklygyna gözegçilik edýär we olara üýtgetmeler girizmegi we täzeden seretmegi üpjün edýär.

– Standartlaryň, tehniki şertleriň we ministrligiň hem-de kärhananyň kadalaşdyryjy resmi namalarynyň maglumat gaznasyny ýöredýär.

– Kärhanalarda ulanylýan standartlara we tehniki şertlere wagtynda üýtgetmeleri girizmegi üpjün edýär, ýatyrylan kadalaşdyryjy resmi namalary aýyrýar.

– Kärhananyň işläp düzen standartlarynyň, tehniki şertleriniň we beýleki kadalaşdyryjy resmi namalarynyň asyl nusgalarynyň hasabyny ýöretmegi we olary saklamagy amala aşyrýar.

– Kärhana berkidilen standartlary we tehniki şertleri, olarda görkezilen görkezijileri we çäkleri halkara standartlary bilen utgaşdyrmak maksady bilen barlagy we üýtgetmeleri girizmek boýunça, täzeden seretmek ýa-da standartlary ýatyrmak barada teklipleri degişli esasy gurama, ministrlik (pudaklaýyn dolandyryş edarasy) ýa-da «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy üçin taýýarlamak işlerini geçirýär.

– Kärhananyň birliklerini zerur standartlar, tehniki şertler we standartlaşdyryş boýunça kadalaşdyryjy resminamalar bilen üpjün edýär.

– Özleşdirilende, önümçilige goýlanda önümiň synaglaryna we kabul edilişine gatnaşýar.

– Kärhananyň barlaghanalaryny resmi taýdan bellemäge taýýarlanylýan resmi namalaryň resmileşdirilişine gatnaşýar.

– Kärhanada hil ulgamyny işläp düzmek we ornaşdyrmak işlerine gatnaşýar we usulyýet-guramaçylyk ýolbaşçylygy amala aşyrýar.

– Önümiň, hil ulgamlarynyň güwälendirilmegi, barlaghanalaryny resmi taýdan bellemek boýunça işlere gatnaşýar.

– «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň geçirýän barlaglaryna gatnaşýar.

– Tehniki komitetleriň kadalaşdyryjy resmi namalary işläp düzmek işlerine gatnaşýar.

– Ylalaşylmak üçin kärhana gelen standartlaryň we beýleki kadalaşdyryjy resmi namalaryň taslamalaryna seredýär we olara seslenmeleri taýýarlaýar.

– Standartlaşdyryş ugry boýunça hünärmenleriň taýýarlanyşyny we hünäriniň ýokarlandyrylyşyny guraýar.

– Kärhananyň ähli birlikleri tarapyndan kärhanada hereket edýän standartlaşdyryş boýunça kadalaşdyryjy resmi namalaryň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçilik edýär.

**Kärhananyň standartlaşdyryş gullugyna şu hukuklar berilýär:**

– bellenilen tertipde kärhananyň beýleki birliklerini standartlaryň, tehniki şertleriň we beýleki kadalaşdyryjy resmi namalaryň taslamalaryny işläp düzmäge çekmäge;

– beýleki kärhanalardan we guramalardan gelýän kadalaşdyryjy we tehniki resmi namalaryň kabul edilişine gatnaşmaga;

– Kärhananyň beýleki birliklerine tehniki we kadalaşdyryjy resmi namalara üýtgetmeler girizmek ýa-da hereket edýän standartlara we tehniki şertlere gabat gelmezlik ýüze çykanda olara täzeden seretmek barada görkezme bermäge;

– kärhananyň birlikleriniň arasynda döreýän standartlaşdyryş boýunça jedelli meseleleri çözmäge;


7. Sargyt № 2916

– öz borçlaryny ýerine ýetirmek üçin kärhananyň beýleki birliklerinden gerek bolan maglumatlary we habarnamalary almaga;

– standartlaşdyryş meseleleri barada kärhananyň ýolbaşçysynyň tabşyrygy boýunça we onuň adyndan beýleki guramalarda wekillik etmäge.

## 6. STANDARTLAŞDYRMAK WE METROLOGIÝA BARADA KANUNÇYLYK ESASLARY

1993-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen **«Türkmenistanyň Standartizasiýa we metrologiýa hakynda»** Türkmenistanyň kanuny (mundan beýläk öňki kanun) güýjüni ýitirdi we 2012-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda **«Standartlaşdyrmak hakynda»** Türkmenistanyň kanuny (mundan beýläk täze kanun) kabul edildi. Öňki kanunda standartlaşdyrmak we metrologiýa bilen baglanyşykly maddalar birlikde işlenýän bolsa, täze kanunda metrologiýa baradaky degişli maddalar täzelenip **«Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek hakynda»** Türkmenistanyň kanuny ady bilen 2012-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda kabul edildi.

Standartlaşdyrmagyň hukuk esaslary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we «Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň kanunyna hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna salgylanýar. Beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar bolsa, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarnamalary, bu pudaga degişli esas düzüji standartlar, halkara, sebitara we döwletara ylalaşyklar we standartlaşdyrmak baradaky döwlet guramasynyň düzgünnamasy, buýruklary, «TDS 1.0-93 Türkmenistanyň döwlet standartlaşdyryş ulgamy, esasy düzgünler», «TDS 1.1-93 Döwlet standartlaryny işläp düzmegiň, ylalaşmagyň, tassyklamagyň we hasaba almaklygyň tertibi», «TDS

1.4-93 Tehniki şertleriň işläp düzmegiň, ylalaşmagyň, tassyklamagyň we hasaba almaklygyň tertibi», «TDS 1.5-93 Standartlaryň düzülişine, beýan edilişine, resmileşdirilişine we mazmunyna bildirilýän umumy talaplar.», «TDS 1.6-93 Kärhana standartlary, umumy düzgünler», «TDS 1.8-94 Başga döwletleriň halkara, sebitara we milli standartlaryny gönümel ulanmaklygyň tertibi» ýaly beýleki degişli standartlar we gözükdiriji resminamalary hem standartlaşdyrmagyň salgylanýan resminamalary bolup durýar.

Täze döwrüň talaplaryny we halkara tejribeleri nazara almak bilen işlenip taýýarlanan bu kanun standartlaşdyrmaklygyň hukuk we guramaçylyk esaslaryny bellemekde örän takyk maglumatlary öz içinde jemleýär. Ilkinjilik bilen standartlaşdyrmak ulgamynda ulanylýan esasy adalgalar we kesgitlemeler millileşdirilen, mysal üçin öňki kanunda ulanylýan «normatiw dokumentleriň kategoriýalary» sözi täze kanunda «kadalaşdyryjy resminamalaryň derejeleri» diýlip, «standartizasiýa» «standartlaşdyrmak» diýlip, «normatiw dokumentleriň döwlet fondy» «kadalaşdyryjy resminamalaryň gaznasy» diýlip, «döwletara soweti» «döwletara guramasy» diýlip, «standartizasiýa baradaky döwlet organy» «standartlaşdyrmak babatda ygtyýarly edara» diýlip üýtgedilýär.

Şeýle-de birnäçe maglumat çeşmelerinde «standart» sözüniň ýerine ulanylýan «ülňi» sözi ulanylmaýar. Diýmek «standart» sözüniň özi hem bu kanun bilen standartlaşdyrylan adalga bolup durýar. Hakykatdan hem «ülňi» sözi has köp nusga, etalon, şablon, bir forma getirmek ýaly manylary öz içinde jemleýär. Täze kanunda bolsa **«standartlaşdyrmak** – önüm (işler, hyzmatlar), onuň işlenip taýýarlanylmagynyň, öndürilmeginiň, ýerlenilmeginiň, ulanylmagynyň (peýdalanylmagynyň), saklanylmagynyň, daşalmagynyň prosesleri babatda ölçegleriň, düzgünleriň we häsiýetnamalaryň bellenilmegi boýunça iş» diýlip aýdylýar. Öňki kanunda bolsa «Standartizasiýa munuň özi ylmyň, tehnikanyň, we tehnologiýanyň ösüşine laýyklykda önümiň, işleriň we hyzmatlaryň hilini üpjün etmek maksady bilen normalary, kadalary we häsiýetnamalary bellemek baradaky işden ybaratdyr.» diýlip aýdylýardy. Bu ýerdäki ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň gazananlaryny hasaba almak bilen

önümiň hilini we bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak meselesi standartlaşdyrmaklygyň adalgasyndan çykarylyp täze kanunda standartlaşdyrmaklygyň maksatlarynyň içine ýerleşdirilýär.

Şeýle-de öň standartlaşdyrmak bilen baglanyşykly resminamalarda «kadalaşdyryjy tehniki resminamalar» sözündäki «tehniki» sözi çykarylyp «kadalaşdyryjy resminama» ulanylýar, netijede bu adalgada standartlaşdyrylan bolup durýar. Hakykatdan hem standart diňe bir tehniki resminama bolup durman, eýsem standartyň beýleki pudaklara degişli düzgünleri, adalgalaryň standarty, hyzmatlaryň standarty ýaly görnüşleri hem bar.

Öňki kanunda standartlaşdyrmaklygyň obýekti üçin aýratyn madda (4-nji madda) bar bolup gysgajyk «önüm, iş, hyzmatlar we prosesler» diýlip agzalyp geçilýän bolsa, täze kanunyň 1-nji maddasynda «Kanunda ulanylýan esasy düşünjeleriň» içinde ýerleşdirilýär we öňküden tapawudy «önüm (işler, hyzmatlar), ony işläp taýýarlamagyň, öndürmegiň, ýerlemegiň, ulanmagyň (peýdalanmagyň), saklamagyň, daşamagyň prosesleri, ölçemegiň usullaryna we netijelerine bildirilýän talaplar, olaryň ýerine ýetirilmeginiň takyklygy» diýlip önümiň ýaşaýyş sikline girýän prosesler sanalmak bilen, «standartlaşdyrmak babatda ulanylýan kesgitlemeler» hem standartlaşdyrmaklygyň obýektina degişli edilýär.

Öňki kanunyň 7-nji maddasynda kadalaşdyryjy resminamanyň derejeleri hökmünde döwletara standarty, Türkmenistanyň döwlet standarty we tehniki şertler degişli bolup durýardy. Täze kanunda bolsa bu kadalaşdyryjy resminamalar sanalmak bilen goşmaça şu aşakdakylar hem beýan edilýär:

1) döwlet standartlary;
2) halkara standartlary;
3) döwletara (sebit) standartlary;
4) tehniki şertler;
5) pudaklaýyn standartlar;
6) kärhanalaryň standartlary;
7) düzgünler, düzgünnamalar, gollanmalar, usulyýet görkezmeleri, kadalar we maslahatlar.

Bu ýokardaky döwlet standartyndan – «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan tassyklanan we bellige alnan milli stan-

dart (TDS) göz öňüne tutulýar. Halkara standart – standartlaşdyrmak barada halkara guramalary tarapyndan kabul edilen standart. (mysal üçin ISO, IEC we başgalar). Sebit standart – standartlaşdyrmak barada sebitara guramalary tarapyndan kabul edilen standart. (mysal üçin IRSA, CEN, CENELEC we başgalar). Döwletara standart – standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak pudaklary boýunça bilelikde iş alyp barmaklygy ylalaşyk esasynda amala aşyrýan döwletleriň kabul eden standarty. Standartlaşdyrmak, metrologiýa, sertifikatlaşdyrmak boýunça döwletara geňeşi (МГС) tarapyndan kabul edilen ГОСТ-lar. Bu döwletara standartlary sebitara standarty hökmünde hem görülýär we kabul edilýär. Milli standart – haýsam hem bolsa bir döwletiň standartlaşdyrmak baradaky ygtyýarly edarasy tarapyndan kabul edilen standart. Täze kanunda şeýle-de ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde, Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt döwletleriniň standartlarynyň ulanylmagyna hem rugsat berilýär. Halkara, döwletara (sebit) standartlary, daşary ýurt döwletleriniň standartlary hyzmatdaşlyk hakynda ylalaşyklaryň (şertnamalaryň) talaplary esasynda ulanylýar.

Şeýle-de öňki kanunda göz öňüne tutulmadyk maddalardan biri hem kanunyň hereket ediş çygrydyr. Ýagny täze kanunyň hereket ediş çygry Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilýän bilim, aragatnaşyk, döwletiň goralmagy we howpsuzlygy, saglygy goraýyş, statistik we buhgalterçilik hasaba alnyşy, auditorçylyk işi, bank işi, gymmatly kagyzlaryň emissiýasy babatdaky standartlara, gurluşyk kadalaryna we düzgünlerine degişli däldir.

Standartlaşdyrmaklygyň maksatlarynda öňki we soňky kanunda manysy boýunça düýpli üýtgeşiklik bolman, eýsem önümiň howpsuzlygy, hili, bäşleşige ukyplylygy, tygşytlylygy, ylmylygy, döwrebaplylygy, biri-biriniň ornuny tutup bilmekligi, taraplaryň talaplaryna laýyklygy üpjün etmek ýaly ýörelgelere esaslanyp, takyk we anyk sözler bilen jemlenýär.

Öňki kanunda «standartlaryň we tehniki şertleriň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini standartizasiýa we metrologiýa baradaky döwlet organy amala aşyrýar.» diýlip bellenen. Emma täze kanuna görä bolsa «Standartlaşdyrmak babatda döwlet gözegçiligi we gözegçilik barlagy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ygtyýarly eda-

ra, beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.» Şeýle-de 8-nji, 9-njy, 10-njy maddalarda bu ýokardaky edaralaryň ygtyýarlylygy beýan edilýär. Mysal üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti standartlaşdyrmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny kesgitleýän bolsa, ygtyýarly edara («Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy) standartlaşdyrmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär, döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň beýleki edaralary bolsa öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde standartlaşdyrmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegine gatnaşýarlar. Ygtyýarly edarany hem Türkmenistanyň Ministrler Kabineti kesgitleýär. Öňki kanundaky 5-nji maddada «Standartizasiýa baradaky döwlet organy» we 6-njy maddada «Standartizasiýanyň döwlet sistemasy» barada ýazylan işler täze kanunda bir ýerde jemlenýär we takyklanyp 9-njy maddada giňişleýin berilýär.

Öňki kanunyň 9-njy maddasynda döwlet standartynda hökmany we maslahat berilýän talaplar diýlip aýdylýan bolsa, täze kanunda «kadalaşdyryjy resminamalar standartlaşdyrmak boýunça halkara, döwletara (sebit) standartlaryna, kadalara, düzgünlere we maslahatlara, daşary ýurt döwletleriniň progressiw standartlaryna, häzirki zaman ylmy-tehniki we tehnologik gazanylanlara esaslanmalydyr» diýlip agzalýar.

Şeýle-de degişli kadalaşdyryjy resminamalary bolmazdan ýa-da kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulmagy bilen, önümiň işlenip taýýarlanylmagyna, öndürilmegine, ýerlenilmegine, ulanylmagyna, saklanylmagyna, daşalmagyna we abatlanylmagyna, işleriň (hyzmatlaryň) ýerine ýetirilmegine ýol berilmeýär.

Täze kanun «döwlet standarty (TDS)» bilen «tehniki şertiň (TŞ)» tapawudyny belleýär, ýagny «döwlet standartlary» – birkysmy önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) toparlaryna bolan talaplary, zerur halatlarda anyk önüme bolan talaplary belleýän bolsa, «tehniki şertler» – anyk önüme ýa-da birnäçe görnüşlerine bildirilýän talaplary belleýär. Ýöne olar döwlet standartlarynyň talaplarynyň derejesinden pes bolmaly däldir. Şeýle-de tehniki şertler olary işläp taýýarlan ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan tassyklanylýar. Ol tehniki şerti ulanmak isleýän beýleki gyzyklanýan taraplara, ol tehniki

şertiň eýesinden olaryň notarial tertipde tassyklanylan razylygy bolan ýagdaýynda ulanmaga rugsat berilýär.

Öňki kanunda göz öňüne tutulmadyk «pudaklaýyn standartlar» we «kärhanalaryň standartlary» barada täze kanunda 14-nji maddada agzalyp geçilýär. Pudaklaýyn standartlar önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) degişli döwlet standartlary bellenilmedik görnüşleri üçin işlenilip düzülýär. Kärhanalaryň standartlary bolsa özleri babatda degişli döwlet ýa-da pudaklaýyn standartlar bellenilmedik önüm (işler, hyzmatlar) üçin işlenip düzülýär. Pudaklaýyn standartlary we kärhanalaryň standartlaryny işläp düzmegiň, kabul etmegiň, bellige almagyň, şeýle hem üýtgetmegiň we ýatyrmagyň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylan döwlet standarty bilen bellenilýär.

Şeýle-de öňki kanunda göz öňüne tutulmadyk we täze kanunda kadalaşdyryjy resminamalaryň derejelerine giren «düzgünler, düzgünnamalar, gollanmalar, usulyýet görkezmeleri, kadalar we maslahatlar» barada 16-njy maddada agzalyp geçilýär. Bu resminamalar hem ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan ygtyýarly edaranyň bellän tertibi boýunça işlenilip düzülýär.

Ygtyýarly edara peýdalanyjylary maglumat taýdan üpjün etmek maksady bilen kadalaşdyryjy resminamalaryň gaznasyny döredýär, şeýle hem kabul edilen halkara we döwletara (sebit) standartlaryny, daşary ýurtlaryň döwletleriniň standartlaryny, döwlet tarapyndan bellige alnan döwlet standartlaryny we tehniki şertleri resmi taýdan çap etmegiň aýratyn hukugy ygtyýarly edara degişli edilýär.

Ýagny täze kanun kadalaşdyryjy resminamalaryň ylmylygyna, döwrebaplylygyna, maksadalaýyklygyna, talabalaýyklygyna, yzygiderliligine, kanunalaýyklygyna, biri-biriniň ýerini tutujylygyna, aýdyň we düşnükli bolmaklygyna, ulanyp bolarlylygyna, halkara talaplar bilen utgaşyjylygyna, bitewiligine, ykdysadylygyna, önümiň howpsuzlygyna, obýektiwligine we milliligine ýaly standartlaşdyrmaklygyň esasy ýörelgelerini we talaplaryny öz içinde jemlemek bilen, edebiýat çeşmelerinde nygtalýan ylmy esaslaryň nukdaý nazaryndan çemeleşýär.

Täze kanun 2012-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda kabul edildi we çap edilen gününden başlap, ýagny 2012-nji ýylyň 1-nji noýabryndan güýje girdi.

Aşakda «Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň kanuny we «Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek hakynda» Türkmenistanyň kanuny dolulygyna beýan edilýär.

## TÜRKMENISTANYŇ KANUNY
## Standartlaşdyrmak hakynda

Şu Kanun Türkmenistanda standartlaşdyrmagyň hukuk we guramaçylyk esaslaryny belleýär.

### 1-nji BAP. Umumy düzgünler

**1-nji madda. Şu Kanunda ulanylýan esasy düşünjeler**

Şu Kanunyň maksatlary üçin aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **standartlaşdyrmak** – önüm (işler, hyzmatlar), onuň işlenip taýýarlanylmagynyň, öndürilmeginiň, ýerlenilmeginiň, ulanylmagynyň (peýdalanylmagynyň), saklanylmagynyň, daşalmagynyň prosesleri babatda ölçegleriň, düzgünleriň we häsiýetnamalaryň bellenilmegi boýunça iş;

2) **standartlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalar (mundan beýläk – kadalaşdyryjy resminamalar)** – işiň anyk görnüşlerine ýa-da olaryň netijelerine degişli düzgünleri, talaplary, umumy ýörelgeleri, häsiýetnamalary özünde saklaýan resminamalar;

3) **standartlaşdyrmagyň obýektleri** – önüm (işler, hyzmatlar), ony işläp taýýarlamagyň, öndürmegiň, ýerlemegiň, ulanmagyň (peýdalanmagyň), saklamagyň, daşamagyň prosesleri, ölçemegiň usullaryna we netijelerine bildirilýän talaplar, olaryň ýerine ýetirilmeginiň takyklygy, şeýle hem standartlaşdyrmak babatda ulanylýan kesgitlemeler.

**2-nji madda. Standartlaşdyrmak babatda Türkmenistanyň kanunçylygy**

1. Standartlaşdyrmak babatda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kanundan hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kanundakydan başga düzgünler bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň düzgünleri ulanylýar.

**3-nji madda. Şu Kanunyň hereket ediş çygry**

1. Şu Kanun standartlaşdyrmak babatdaky iş bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Şu Kanunyň hereketi hereket ediş çygry Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilýän bilim, aragatnaşyk, döwletiň goralmagy we howpsuzlygy, saglygy goraýyş, statistik we buhgalterçilik hasaba alnyşy, auditorçylyk işi, bank işi, gymmatly kagyzlaryň emissiýasy babatdaky standartlara, gurluşyk kadalaryna we düzgünlerine degişli däldir.

**4-nji madda. Standartlaşdyrmagyň maksatlary**

Şu aşakdakylar standartlaşdyrmagyň maksatlary bolup durýar:

1) fiziki we ýuridik şahslaryň bähbitlerini kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän önümden (işlerden, hyzmatlardan) goramak;

2) tehniki, tehnologik we maglumat taýdan gabat gelmegini, şeýle hem önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) biri-biriniň ornuny tutup bilmegini üpjün etmek;

3) önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) howpsuzlygyny üpjün etmek;

4) kadalaşdyryjy resminamalarda bellenilen talaplary berjaý etmek;

5) maddy serişdeleriň rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek;

6) ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň gazananlaryny hasaba almak bilen önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) hilini we bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak.

**5-nji madda. Standartlaşdyrmak boýunça işleriň guralmagy**

1. Standartlaşdyrmak boýunça işleriň guralmagy kadalaşdyryjy resminamalaryň işlenip düzülmegini we ulanylmagyny, ýuridik şahslaryň we hususy telekeçileriň standartlaşdyrmak babatda doly we dogry maglumatlar bilen üpjün edilmegini, Türkmenistanda halkara we döwletara (sebit) standartlarynyň ulanylyş kadalarynyň kesgitlenilmegini öz içine alýar.

2. Standartlaşdyrmak boýunça işleriň guralmagyny standartlaşdyrmak babatda ygtyýarly edara (mundan beýläk – ygtyýarly edara), ýuridik şahslaryň standartlaşdyrmak boýunça gulluklary we standartlaşdyrmak boýunça tehniki komitetler şu Kanuna laýyklykda amala aşyrýarlar.

3. Ýuridik şahslaryň standartlaşdyrmak boýunça gulluklaryny we standartlaşdyrmak boýunça tehniki komitetlerini döretmegiň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

**6-njy madda. Standartlaşdyrmagyň maliýeleşdirilmegi**

Şu aşakdakylar standartlaşdyrmagyň maliýeleşdirilmeginiň çeşmeleri bolup durýar:

1) ýuridik şahslaryň we hususy telekeçileriň, olara ygtyýarly edara tarapyndan berilýän tölegli hyzmatlardan gelip gowuşýan serişdeleri;

2) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki serişdeler.

## 2-nji BAP. Standartlaşdyrmak babatda Döwlet gözegçiligi we gözegçilik barlagy

**7-nji madda. Standartlaşdyrmak babatda döwlet gözegçiligini we gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edaralar**

Standartlaşdyrmak babatda döwlet gözegçiligi we gözegçilik barlagy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ygtyýarly edara, beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**8-nji madda. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlylygy**

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti:

1) standartlaşdyrmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny kesgitleýär;

2) standartlaşdyrmak babatda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny çykarýar;

3) ygtyýarly edarany kesgitleýär;

4) standartlaşdyrmak babatda halkara hyzmatdaşlygynyň maksatnamalaryny tassyklaýar;

5) standartlaşdyrmak babatda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**9-njy madda. Ygtyýarly edaranyň ygtyýarlylygy**

Ygtyýarly edara:

1) standartlaşdyrmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;

2) döwlet standartlaryny tassyklaýar we olara üýtgetmeler girizýär, olaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýar, olary herekete girizýär we ýatyrýar;

3) tehniki şertleriň we olara üýtgetmeler girizmegiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýar;

4) döwlet standartlaryny, tehniki şertleri, şeýle hem olara girizilýän üýtgetmeleri bellenilen tertipde çap edýär;

5) halkara, döwletara (sebit) standartlarynyň, daşary ýurt döwletleri tarapyndan kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň Türkmenistanyň çäginde ulanylmagynyň tertibini belleýär;

6) Standartlaryň döwlet sanawyny, Tehniki şertleriň döwlet sanawyny ýöredýär;

7) kadalaşdyryjy resminamalaryň gaznasyny döredýär;

8) kadalaşdyryjy resminamalaryň düşündirilmesini amala aşyrýar;

9) ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny geçirmek maksady bilen muzdsuz esasda barlaglar geçirýär we olaryň bozulmalary ýüze çykarylan mahalynda olar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan degişli çäreleri ulanýar;

10) kadalaşdyryjy resminamalaryň katalogyny döretmegiň we ýöretmegiň düzgünlerini belleýär;

11) standartlaşdyrmak babatda gözegçiligi we gözegçilik barlagyny amala aşyrýan wezipeli adamlaryň hukuklaryny we borçlaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitleýär;

12) standartlaşdyrmak babatda gözegçilik we gözegçilik barlagy amala aşyrylanda gümrük, sanitariýa, weterinariýa, hukuk goraýjy

we döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň beýleki edaralary bilen arkalaşykly hereket edýär;

13) standartlaşdyrmak babatda işi amala aşyrýan halkara guramalarynda Türkmenistana wekilçilik edýär;

14) Türkmenistanyň kanunçylygynda onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**10-njy madda. Döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň beýleki edaralarynyň ygtyýarlylygy**

Döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň beýleki edaralary öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde:

1) standartlaşdyrmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegine gatnaşýarlar;

2) standartlaşdyrmak babatda gözegçiligi we gözegçilik barlagyny amala aşyranlarynda ygtyýarly edara, gümrük, sanitariýa, weterinariýa, hukuk goraýjy edaralar bilen özara hereket edýärler;

3) kadalaşdyryjy resminamalary işläp düzýärler, tassyklaýarlar (kabul edýärler), bellige alýarlar, ýatyrýarlar, olara üýtgetmeler girizýärler;

4) standartlaşdyrmak babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki wezipeleri amala aşyrýarlar.

## 3-nji BAP. Kadalaşdyryjy resminamalar

**11-nji madda. Kadalaşdyryjy resminamalaryň derejeleri**

1. Türkmenistanyň çäginde kadalaşdyryjy resminamalaryň şu aşakdaky derejeleri hereket edýär:

1) döwlet standartlary;

2) halkara standartlary;

3) döwletara (sebit) standartlary;

4) tehniki şertler;

5) pudaklaýyn standartlar;

6) kärhanalaryň standartlary;

7) düzgünler, düzgünnamalar, gollanmalar, usulyýet görkezmeleri, kadalar we maslahatlar.

2. Şeýle-de ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde, Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt döwletleriniň standartlarynyň ulanylmagyna rugsat berlip bilner.

**12-nji madda. Kadalaşdyryjy resminamalara bildirilýän talaplar**

1. Kadalaşdyryjy resminamalar standartlaşdyrmak boýunça halkara, döwletara (sebit) standartlaryna, kadalara, düzgünlere we maslahatlara, daşary ýurt döwletleriniň progressiw standartlaryna, häzirki zaman ylmy-tehniki we tehnologik gazanylanlara esaslanmalydyr, önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) peýdalanylmagynyň şertlerini nazara almalydyr.

2. Önüm (işler, hyzmatlar) babatda kadalaşdyryjy resminamalar ony işläp taýýarlamagyň, öndürmegiň, ýerlemegiň, ulanmagyň (peýdalanmagyň), saklamagyň, daşamagyň proseslerine bildirilýän talaby, önümi (işleri, hyzmatlary) belgilemegiň we gaplamagyň kadalarynyň bu talaplara laýyk gelşine gözegçilik edilmeginiň usullaryny özünde jemlemelidir.

3. Degişli kadalaşdyryjy resminamalary bolmazdan ýa-da kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulmagy bilen, önümiň (önümleriň) işlenip taýýarlanylmagyna, öndürilmegine, ýerlenilmegine, ulanylmagyna (peýdalanylmagyna), saklanylmagyna, daşalmagyna we abatlanylmagyna, işleriň (hyzmatlaryň) ýerine ýetirilmegine ýol berilmeýär.

**13-nji madda. Döwlet standartlary we tehniki şertler**

1. Döwlet standartlary we tehniki şertler ygtyýarly edara, ýuridik şahslar we hususy telekeçiler, ýuridik şahslaryň standartlaşdyrmak boýunça gulluklary, standartlaşdyrmak boýunça tehniki komitetler tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar.

2. Döwlet standartlary ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylýar.

3. Tehniki şertler olary işläp taýýarlan ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan tassyklanylýar.

Gyzyklanýan şahslar ýuridik şahslaryň ýa-da hususy telekeçileriň tehniki şertlerini olaryň notarial tertipde tassyklanylan razylygy bilen ulanmaga haklydyrlar.

4. Döwlet standartlary birkysmy önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) toparlaryna bolan talaplary, zerur halatlarda – önüm (işler, hyzmatlar) işlenilip taýýarlanylanda, öndürilende, ýerlenende, ulanylanda (peýdalanylanda), saklanylanda, daşalanda tehniki kadalara we ölçeglere laýyk gelýän tehniki bitewiligi üpjün edýän anyk önüme (işlere, hyzmatlara) bolan talaplary belleýärler.

5. Tehniki şertler anyk önüme (işlere, hyzmatlara) ýa-da önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) birnäçe görnüşlerine bildirilýän talaplary belleýärler we olar döwlet standartlarynyň talaplarynyň derejesinden pes bolmaly däldir.

6. Döwlet standartlarynda we tehniki şertlerde şu aşakdakylar bolmalydyr:

1) adamyň janyna we saglygyna, daşky gurşawa zelel (zyýan) ýetirilmeginiň töwekgelçiliginiň ýol berilmezligini nazarda tutýan, önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) howpsuzlygy boýunça talaplar, ony işläp taýýarlamagyň, öndürmegiň, ýerlemegiň, ulanmagyň (peýdalanmagyň), saklamagyň, daşamagyň proseslerine bildirilýän talaplar;

2) önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) esasy sarp ediliş häsiýetleri, olara gözegçilik etmegiň usullary, önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) gaplanylmagyna, belgilenilmegine, ýerlenilmegine, ulanylmagyna (peýdalanylmagyna), saklanylmagyna, daşalmagyna bildirilýän talaplar;

3) önüm (işler, hyzmatlar) işlenilip taýýarlanylanda, öndürilende, ulanylanda (peýdalanylanda) tehniki we maglumat bitewiligini üpjün edýän kadalar we ölçegler, şol sanda tehniki resminamalary resmileşdirmegiň, önümiň (işleriň we hyzmatlaryň) hilini üpjün etmegiň, serişdeleriň ähli görnüşlerini rejeli peýdalanmagyň kadalary, adalgalary we olaryň kesgitlemeleri, şertli belgileri, metrologik we beýleki umumy tehniki we guramaçylyk tehniki kadalary we ölçegleri;

4) tehniki we maglumat taýdan gabat gelmegi we önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) biri-biriniň ornuny tutup bilmegi boýunça talaplar.

Döwlet standartlarynda we tehniki şertlerde ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan önüme (işlere, hyzmatlara) bildirilýän başga talaplar hem göz öňünde tutulyp bilner.

7. Döwlet standartlarynyň we tehniki şertleriň talaplary önümi (işleri, hyzmatlary) işläp taýýarlaýan, öndürýän, ýerleýän, ulanýan (peýdalanýan), saklaýan, daşaýan ähli ýuridik şahslar we hususy telekeçiler üçin hökmanydyr.

8. Döwlet standartlaryny we tehniki şertleri işläp düzmegiň, tassyklamagyň, bellige almagyň, üýtgetmegiň we ýatyrmagyň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

**14-nji madda. Pudaklaýyn standartlar we kärhanalaryň standartlary**

1. Pudaklaýyn standartlar we kärhanalaryň standartlary belli bir görnüşli we şol bir sarp edilýän we funksional niýetlenilen önümi (işleri, hyzmatlary) öndürýän ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan işlenilip düzülýär we tassyklanylýar.

2. Pudaklaýyn standartlar önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) degişli döwlet standartlary bellenilmedik görnüşleri üçin işlenilip düzülýär.

Pudaklaýyn standartlar, eger döwlet standartlary tarapyndan bellenilen hil taýdan ulanylyş görkezijileriniň ýaramazlaşmagyny aradan aýyrýan bolsalar, döwlet standartlarynyň çäklendirilmeginiň bellenilmegine zerurlyk ýüze çykanda hem işlenilip düzülüp bilner.

3. Kärhanalaryň standartlary özleri babatda degişli döwlet ýa-da pudaklaýyn standartlar bellenilmedik önüm (işler, hyzmatlar) üçin işlenip düzülýär.

4. Pudaklaýyn standartlar we kärhanalaryň standartlary hakynda maglumatlar tassyklanylandan soň otuz senenama gününden gijä galman ygtyýarly edara iberilýär.

5. Pudaklaýyn standartlary we kärhanalaryň standartlaryny işläp düzmegiň, kabul etmegiň, bellige almagyň, şeýle hem üýtgetmegiň we ýatyrmagyň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylan döwlet standarty bilen bellenilýär.

**15-nji madda. Halkara, döwletara (sebit) standartlary, daşary ýurt döwletleriniň standartlary**

1. Halkara standartlary standartlaşdyrmak boýunça halkara guramasy tarapyndan tassyklanylýar.

2. Döwletara (sebit) standartlary standartlaşdyrmak boýunça döwletara (sebit) guramasy tarapyndan tassyklanylýar.

3. Halkara, döwletara (sebit) standartlary, daşary ýurt döwletleriniň standartlary hyzmatdaşlyk hakynda halkara ylalaşyklarynyň (şertnamalaryň), şeýle hem ygtyýarlyk berlen edaranyň standartlaşdyrmak boýunça degişli halkara, sebit guramalary bilen ylalaşyklary esasynda ulanylýar.

4. Halkara, döwletara (sebit) standartlarynyň, daşary ýurt döwletleriniň standartlarynyň bellige alynmagy we ulanylmagy ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

**16-njy madda. Düzgünler, düzgünnamalar, gollanmalar, usulyýet görkezmeleri, ölçegler we maslahatlar**

1. Düzgünler, düzgünnamalar, gollanmalar, usulyýet görkezmeleri, ölçegler we maslahatlar önümi (işleri, hyzmatlary) öndürýän ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan işlenilip düzülýär we tassyklanylýar.

2. Düzgünleriň, düzgünnamalaryň, gollanmalaryň, usulyýet görkezmeleriniň, ölçegleriň we maslahatlaryň işlenilip düzülmeginiň, kabul edilmeginiň, bellige alynmagynyň, şeýle hem üýtgedilmeginiň we ýatyrylmagynyň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

**17-nji madda. Kadalaşdyryjy resminamalaryň gaznasy**

1. Peýdalanyjylary maglumat taýdan üpjün etmek maksady bilen ygtyýarly edara kadalaşdyryjy resminamalaryň gaznasyny döredýär we ol şu aşakdakylary amala aşyrýar:

1) döwlet tarapyndan bellige alynmakdan geçen döwlet standartlaryny, tehniki şertleri, şeýle hem pudaklaýyn standartlary we kärhanalaryň standartlaryny saklamagy;

2) halkara we döwletara (sebit) standartlaryny, düzgünleri, düzgünnamalary, gollanmalary, usulyýet görkezmelerini, ölçegleri we maslahatlary, daşary ýurt döwletleriniň standartlaryny edinmegi we saklamagy.

2. Öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde kadalaşdyryjy resminamalary tassyklan (kabul eden) ýuridik şahslar we hususy telekeçiler bu

resminamalaryň maglumatlar gaznalaryny döredýärler we alyp barýarlar, şeýle hem peýdalanyjylary olar hakyndaky maglumat bilen üpjün edýärler.

**18-nji madda. Kadalaşdyryjy resminamalaryň çap edilmegi we ýaýradylmagy**

1. Türkmenistanda ulanylmagy üçin kabul edilen halkara we döwletara (sebit) standartlaryny, daşary ýurt döwletleriniň standartlaryny, şeýle hem döwlet tarapyndan bellige alynmakdan geçen döwlet standartlaryny we tehniki şertleri resmi taýdan çap etmegiň aýratyn hukugy ygtyýarly edara degişlidir.

2. Fiziki we ýuridik şahslara, eger döwlet we täjirçilik syryny düzmeýän bolsalar, kabul edilen kadalaşdyryjy resminamalar hakynda resmi maglumatdan, şeýle hem kadalaşdyryjy resminamalaryň özünden erkin peýdalanyp bilmegi üpjün edilýär.

## 4-nji BAP. Jemleýji düzgünler

**19-njy madda. Şu Kanunyň bozulandygy üçin jogapkärçilik**

Şu Kanunyň bozulmagynda günäkär şahslar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi çekýärler.

**20-nji madda. Jedelleriň çözülişi**

Standartlaşdyrmak babatda ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çözülýär.

**21-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi**

1. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

2. 1993-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen «Türkmenistanyň Standartizasiýa we metrologiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1993 ý., № 9-10, 61-nji madda), oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen ähli soňky kanunlary ýa-da olaryň degişli böleklerini güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

3. Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary, şu Kanunyň güýje giren gününden başlap, üç aý möhletde oňa laýyk getirilmäge degişlidir.


8. Sargyt № 2916

# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek hakynda

Şu Kanun Türkmenistanda ölçegleriň bitewiliginiň üpjün edilmeginiň hukuk esasyny belleýär.

### 1-nji BAP. Umumy düzgünler

**1-nji madda. Şu Kanunda ulanylýan esasy düşünjeler**

Şu Kanunyň maksatlary üçin aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **ölçegleriň bitewiligi** – ölçegleriň netijeleri ululyklaryň Türkmenistanda ulanylmagyna rugsat berilýän birliklerinde aňladylýan we ölçegleriň ýalňyşlyklary berlen ähtimallyk bilen bellenilen çäklerdäki ýagdaýy;

2) **ölçegleriň bitewiliginiň üpjün edilmegi** – şu Kanuna laýyklykda ölçegleriň bitewiligini gazanmaga we saklamaga gönükdirilen iş;

3) **ululyklaryň birlikleri** – özleri bilen birmeňzeş ululyklaryň mukdar taýdan aňladylmagy üçin ulanylýan berlen ululyklaryň bitewiligi hökmünde kabul edilen ululyklaryň bellenilen görkezijileri;

4) **ölçegleriň serişdeleriniň deňeşdirilip barlanylmagy** – (mundan beýläk–deňeşdirip barlamak)– ölçegleriň serişdeleriniň metrologik talaplara laýyk gelmegini tassyklamak maksady bilen ýerine ýetirilýän amallaryň jemi;

5) **ölçegleriň serişdeleriniň kalibrlenmegi** – (mundan beýläk–kalibrlemek) – ölçegleriň serişdeleriniň metrologik häsiýetnamalarynyň hakyky manylaryny kesgitlemek üçin ýerine ýetirilýän amallaryň jemi;

6) ölçegleriň serişdeleriniň we standart nusgalaryň metrologik synagy – ölçegleriň serişdeleriniň we standart nusgalaryň ulanylmaga ýaramlylygynyň kesgitlenilmegi üçin barlagdan geçirilmegi.

**2-nji madda. Türkmenistanyň ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek hakynda kanunçylygy**

1. Türkmenistanyň ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek hakynda kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Ka-

nundan hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kanundakydan başga düzgünler bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň düzgünleri ulanylýar.

**3-nji madda. Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek boýunça kadalaşdyryjy resminamalar**

1. Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek boýunça kadalaşdyryjy resminamalar (mundan beýläk – kadalaşdyryjy resminamalar) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işlenip düzülýär we tassyklanylýar.

2. Metrologik kadalary we düzgünleri belleýän kadalaşdyryjy resminamalar Türkmenistanyň çäginde hökmanylyk güýjüne eýedir.

**4-nji madda. Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda işiň maliýeleşdirilmegi**

Şu aşakdakylar ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda işiň maliýeleşdirilmeginiň çeşmeleri bolup durýarlar:

1) fiziki we ýuridik şahslaryň, ygtyýarly edara tarapyndan tölegli hyzmatlaryň edilmeginden gelip gowuşýan serişdeleri;

2) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik başga serişdeler.

## 2-nji BAP. Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda döwlet gözegçiligi we gözegçilik barlagy

**5-nji madda. Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda döwlet gözegçiligini we gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edaralar**

Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda döwlet gözegçiligi we gözegçilik barlagy (mundan beýläk – metrologik gözegçilik we gözegçilik barlagy) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ygtyýarly edara, beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan olaryň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ygtyýarlylygynyň çäklerinde amala aşyrylýar.

**6-njy madda. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlylygy**

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti:

1) ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny kesgitleýär;

2) ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny çykarýar;

3) ygtyýarly edarany kesgitleýär;

4) ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda ygtyýarly edaranyň, beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň özara işlemeklerini guraýar;

5) ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda halkara hyzmatdaşlygynyň maksatnamalaryny tassyklaýar;

6) Türkmenistanyň ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek hakynda kanunçylygynda onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**7-nji madda. Ygtyýarly edaranyň ygtyýarlylygy**

Ygtyýarly edara:

1) ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;

2) metrologik gözegçiligi we gözegçilik barlagyny amala aşyrýar;

3) ölçegleriň serişdeleriniň Döwlet reýestrini ýöredýär;

4) kadalaşdyryjy resminamalaryň maglumat gaznasyny döredýär;

5) ölçegleriň serişdelerine, usullaryna we netijelerine bildirilýän umumy metrologik talaplary kesgitleýär;

6) ýuridik şahslar, hususy telekeçiler tarapyndan kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň berjaý edilişi boýunça barlaglary muzdsuz esasda amala aşyrýar we olaryň bozulmalary ýüze çykarylan mahalynda olar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan degişli çäreleri ulanýar;

7) Türkmenistanda ulanylmagyna rugsat berilýän ululyklaryň birliklerini Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň tassyklamagyna berýär;

8) ululyklaryň birlikleriniň döwlet etalonlaryny, ölçegleriň serişdeleriniň kysymlaryny, standart nusgalaryň görnüşlerini tassyklaýar;

9) ululyklaryň birlikleriniň döwlet etalonlaryny döretmegiň, tassyklamagyň, saklamagyň we ulanmagyň düzgünlerini belleýär;

10) ölçegleri ýerine ýetirmegiň we deňeşdirip barlamagyň usulyýetini işläp düzmegiň tertibini belleýär;

11) ölçegleriň serişdelerini we standart nusgalary deňeşdirip barlamagyň, kalibrlemegiň we döwlet metrologik synagynyň geçirilmeginiň tertibini belleýär;

12) ölçegleriň serişdelerini we standart nusgalary kalibrlemegi, deňeşdirip barlamagy we metrologik synagy amala aşyrýar;

13) ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda ygtyýarlylandyrmagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýar;

14) ölçegleriň serişdeleriniň, standart nusgalaryň synaglaryny geçirmegiň tertibini, şeýle hem ölçegleriň serişdeleriniň kysymyny, standart nusgalaryň kysymyny tassyklamagyň tertibini belleýär;

15) metrologik gözegçiligi we gözegçilik barlagyny amala aşyrýan wezipeli adamlaryň hukuklaryny we borçlaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitleýär;

16) metrologik gulluklarynyň döredilmegi hökmany bolup durýan ýuridik şahslaryň sanawyny kesgitleýär, şeýle hem şol metrologik gulluklary döretmegiň we işini guramagyň tertibini belleýär;

17) metrologik gözegçiligi we gözegçilik barlagyny amala aşyranda gümrük, sanitariýa, weterinariýa, hukuk goraýjy we beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen arkalaşykly hereket edýär;

18) Türkmenistanda ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda işiň sebitara we pudagara utgaşdyrylmagyny amala aşyrýar;

19) ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda işi amala aşyrýan halkara guramalarynda Türkmenistana wekilçilik edýär;

20) Türkmenistanyň kanunçylygynda onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**8-nji madda. Beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlylygy**

Beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary öz ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde:

1) ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda ýeke-täk döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegine gatnaşýarlar;

2) ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda beýleki wezipeleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýarlar.

## 3-nji BAP. Ölçegleriň bitewiligini Üpjün etmegiň esaslary

### 9-njy madda. Ululyklaryň birlikleri

1. Türkmenistanda Ölçegler we agramlar boýunça baş konferensiýa tarapyndan kabul edilen Ululyklaryň birlikleriniň halkara ulgamyna girýän ululyklaryň birlikleriniň ulanylmagyna rugsat berilýär.

2. Ululyklaryň birlikleriniň adyny, aňladylyşyny we ýazylyş kadalaryny we olardan ulanylmagyna rugsat berilýän esse we bölek ululyklary, şeýle hem ululyklaryň birlikleriniň şkalalaryny ygtyýarly edara belleýär.

3. Türkmenistanda ulanylmagyna rugsat berlen ululyklaryň birlikleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

4. Aýratyn halatlarda ygtyýarly edara tarapyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp, Türkmenistanda Ululyklaryň birlikleriniň halkara ulgamyna girmeýän ululyklaryň birlikleriniň ulanylmagyna rugsat berlip bilner.

### 10-njy madda. Ululyklaryň birlikleriniň döwlet etalonlary

1. Ululyklaryň birlikleriniň döwlet etalonlary Türkmenistanyň çäginde berlen ululyklaryň ölçegleriniň ähli serişdelerine olaryň ölçeglerini bermek maksady bilen ululyklaryň birlikleriniň (ululyklaryň birlikleriniň esse ýa-da bölek belgileriniň) gaýtadan döredilmegi we saklanylmagy (saklanylyşy) üçin başlangyçlary hökmünde ulanylýar.

2. Ululyklaryň birlikleriniň döwlet etalonlarynyň saklanylmagy (saklanylyşy), ululyklaryň birlikleriniň gaýtadan döredilmegi we ölçegleriniň döwlet etalonlaryndan ölçemegiň nusgalyk we iş serişdelerine geçirilmegi, ululyklaryň birlikleriniň etalonlarynyň binýadynyň ösdürilmegi we kämilleşdirilmegi, şeýle hem ululyklaryň birlikleriniň

döwlet etalonlarynyň ululyklaryň birlikleriniň halkara etalonlary bilen deňeşdirilip barlanylmagyny ygtyýarly edara üpjün edýär.

3. Ululyklaryň birlikleriniň döwlet etalonlary ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylmaga degişlidir.

**11-nji madda. Ölçegleriň serişdeleri**

1. Kadalaşdyrylan metrologik häsiýetnamalary bolan ululyklaryň ölçelmegi üçin niýetlenilen tehniki gurluşlar ölçemegiň serişdeleri bolup durýarlar.

2. Ölçegleriň serişdeleri ölçegleriň zerur takyklygyny üpjün etmelidirler we metrologik talaplara laýyk gelmelidirler.

3. Tehniki gurluşlaryň ölçegleriň serişdelerine degişli edilmegi hakyndaky karar ygtyýarly edara tarapyndan kabul edilýär.

**12-nji madda. Ölçegleriň ýerine ýetirilmeginiň usulyýetleri**

1. Ululyklaryň ölçegleri ölçegleriň ýerine ýetirilmeginiň synagdan geçen usulyýetlerine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

2. Ölçegleriň ýerine ýetirilmeginiň usulyýetiniň synagynyň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

**13-nji madda. Maddalaryň we materiallaryň standart nusgalary**

1. Maddalaryň we materiallaryň standart nusgalary (mundan beýläk – standart nusgalar) Türkmenistanda ulanylmagyna rugsat berlen ululyklaryň birlikleriniň manylarynda aňladylan maddalaryň (materiallaryň) düzüminiň we häsiýetnamalarynyň gaýtadan döredilmegi, saklanylmagy (saklanylyşy) we berilmegi üçin niýetlenendir.

2. Standart nusgalar metrologik gözegçilik we gözegçilik barlagy amala aşyrylanda ulanylýar.

3. Standart nusgalar ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylýar.

## 4-nji BAP. Metrologik gözegçilik we Gözegçilik barlagy

**14-nji madda. Metrologik gözegçiligiň we gözegçilik barlagynyň ýaýraýyş çygry**

Şu ýagdaýlarda ulanylýan ölçegleriň netijeleri metrologik gözegçilige we gözegçilik barlagyna degişlidir:

1) adamyň keseli anyklanylanda we bejerilende;

2) dermanlar öndürilende;

3) ylmy-barlag işleri geçirilende;

4) harytlaryň gaplanylmagy boýunça işler ýerine ýetirilende;

5) ölçegleriň serişdeleriniň we standart nusgalaryň synaglary, deňeşdirilip barlanmagy we metrologik synagy geçirilende;

6) zähmet şertleriniň howpsuzlygy, güwälendirilýän önümiň hili üpjün edilende;

7) ulagyň ähli görnüşlerinde hereketiniň howpsuzlygy üpjün edilende;

8) sport rekordlary bellige alnanda;

9) söwda, gümrük, hasaba alyş-hasaplaşyk, poçta we salgyt amallary geçirilende;

10) geodeziýa we gidrometeorologiýa işleri geçirilende;

11) gazylyp alynýan peýdaly zatlar çykarylanda;

12) zäherli, tiz ot alýan, partlaýjy we radioaktiw maddalar saklanylanda, daşalanda we ýok edilende;

13) daşky gurşawyň ýagdaýynyň monitoringi geçirilende;

14) kazyýet, arbitraž, derňew bilermenler seljermeleri geçirilende.

**15-nji madda. Metrologik gözegçiligiň we gözegçilik barlagynyň görnüşleri**

Metrologik gözegçilik we gözegçilik barlagy şu aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylýar:

1) ölçegleriň serişdeleriniň kysymyny ýa-da standart nusgalaryň kysymyny tassyklamak;

2) ölçegleriň serişdeleriniň we standart nusgalaryň metrologik synagy;

3) deňeşdirip barlamak we kalibrlemek;

4) ölçegleriň serişdeleri çykarylanda, ulanylanda, saklanylanda, harytlaryň söwda amallary amala aşyrylan mahalynda ýerlenilen sany bilen, şeýle hem harytlar gabyndan çykarylanda, satylanda we import edilende gaplanan harytlaryň sany bilen barlamak;

5) ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda işiň ygtyýarlylandyrylmagy.

**16-njy madda. Ölçegleriň serişdeleriniň kysymynyň, standart nusgalaryň kysymynyň tassyklanylmagy**

1. Ölçegleriň serişdeleriniň kysymynyň, standart nusgalaryň kysymynyň tassyklanylmagy ygtyýarly edaranyň ölçegleriň serişdeleriniň, standart nusgalaryň synaglarynyň netijeleri esasynda ölçeg serişdeleriniň kysymynyň, standart nusgalaryň kysymynyň metrologik talaplara laýyk gelmeginiň ykrar edilmegi hakyndaky karary boýunça geçirilýär.

2. Ölçegleriň serişdeleriniň we standart nusgalaryň synaglary ygtyýarly edara tarapyndan geçirilýär.

3. Ýuridik şahslar we fiziki şahslar tarapyndan Türkmenistana getirilýän ölçegleriň serişdeleriniň we standart nusgalaryň synaglarynyň geçirilmegi üçin baza bolmadyk mahalynda, olar synaglaryň geçirilmegi üçin metrologik enjam satyn almaga borçludyrlar. Synaglar aýratyn halatlarda ygtyýarly edaranyň wekiliniň ölçegleriň serişdelerini we standart nusgalary taýýarlaýjy kärhana gitmegi bilen geçirilip bilner.

4. Ölçegleriň serişdeleriniň tassyklanan kysymlary – Ölçegleriň serişdeleriniň döwletsanawyna, standart nusgalaryň tassyklanan kysymlary – Standart nusgalaryň döwlet sanawyna girizilýär.

5. Ölçegleriň serişdeleriniň döwlet sanawyna ýa-da Standart nusgalaryň döwlet sanawyna girizilmedik ölçegleriň serişdeleriniň we standart nusgalaryň ulanylmagyna, satylmagyna we mahabat edilmegine rugsat berilmeýär, durmuşda ýa-da okuw maksatlarynda ulanylmaga niýetlenilen ölçegleriň serişdeleri we standart nusgalary muňa degişli däldir.

6. Ölçegleriň serişdeleriniň, standart nusgalaryň synaglarynyň geçiriliş tertibi, ölçeg serişdeleriniň kysymynyň, standart nusgalaryň kysymynyň tassyklanylyş tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

7. Aýratyn halatlarda ygtyýarly edara Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşyp, ölçegleriň serişdeleriniň kysymynyň, standart nusgalaryň kysymynyň tassyklanylmagy üçin beýleki şertleri göz öňünde tutup biler.

**17-nji madda. Ölçegleriň serişdeleriniň, standart nusgalaryň metrologik synagy**

1. Türkmenistanyň çäginden daşarda taýýarlanylan ýa-da ýeke-täk nusgalykda Türkmenistana getirilýän ölçegleriň serişdeleri we standart nusgalary metrologik synaga degişlidir.

2. Ölçegleriň serişdeleriniň, standart nusgalaryň metrologik synagy ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Ölçegleriň serişdeleriniň we standart nusgalaryň metrologik synagy ýuridik şahslaryň metrologik gulluklary tarapyndan hem geçirilip bilner. Standart nusgalaryň metrologik synagy degişli ygtyýarnama bolan mahalynda geçirilýär.

4. Ölçegleriň serişdeleriniň we standart nusgalaryň metrologik synagy bellenilen nusgadaky ygtyýarnama bilen tassyk edilýär, onuň hereket edýän möhleti berlen mahalynda kesgitlenilýär.

5. Metrologik synagy geçen ölçeg serişdeleri we standart nusgalary Ölçegleriň serişdeleriniň döwlet sanawyna we Standart nusgalaryň döwlet sanawyna girizilýär.

6. Ölçegleriň serişdeleriniň we standart nusgalaryň metrologik synagynyň netijelerini resmileşdirmegiň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

**18-nji madda. Deňeşdirip barlamak**

1. Şu Kanunyň 14-nji maddasyna laýyklykda metrologik gözegçilige we gözegçilik barlagyna degişli bolan ölçegleriň serişdeleri, olar ulanylyp (peýdalanylyp) başlanmazyndan öň, şeýle hem abatlanylandan soň – ilkinji barlaga, ulanmagyň barşynda bolsa, yzygiderli barlaga degişlidir.

2. Deňeşdirip barlamak ygtyýarly edaranyň deňeşdirip barlaýjylary ýa-da degişli ygtyýarnamasy bolan ýuridik şahslaryň metrologik gulluklarynyň deňeşdirip barlaýjylary tarapyndan amala aşyrylýar.

Deňeşdirip barlaýjylaryň synagynyň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

3. Deňeşdirip barlamagyň netijeleri ynanyş tagma nyşany bilen ýa-da deňeşdirip barlamak hakyndaky şahadatnama bilen tassyklanylýar.

Ynanyş tagma nyşany ölçeg serişdesine we (ýa-da) ulanylyş resminamasyna geçirilýär.

Tagmanyň görnüşi, ony geçirmegiň tertibi we deňeşdirip barlamak hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

4. Deňeşdirip barlamak hakyndaky şahadatnama ýitirilende ýa-da döwlet ynanyş tagmasyna zeper ýetende ölçeg serişdesi ulanylmak üçin ýaramsyz diýlip ykrar edilýär.

Deňeşdirip barlamak hakyndaky şahadatnamanyň öwezlikleri berilmeýär.

5. Ululyklaryň üýtgemegine gözegçilik edilmegi üçin ulanylýan ölçegleriň serişdeleri, olaryň ähmiýetine kadalaşdyrylan takyklygy bolan ululyklaryň birliklerinde baha berilmezden, barlaga degişli däldir.

Görkezilen ölçegleriň serişdeleriniň abatlygyna gözegçilik etmegi olary peýdalanyjylar amala aşyrýarlar.

6. Deňeşdirip barlamaga degişli ölçegleriň serişdeleriniň sanawy, deňeşdirip barlamagyň döwürleýinligi, ony geçirmegiň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan kesgitlenilýär.

**19-njy madda. Kalibrlemek**

1. Metrologik gözegçilige we gözegçilik barlagyna degişli bolmadyk ölçegleriň serişdeleri, olar şol serişdeleriň öndürijisi tarapyndan öndürilen mahalynda bellenilen tertipde kalibrlenilýär.

2. Kalibrlemegiň ölçegleriň serişdeleri ulanylýan mahalynda, şeýle hem olar abatlanandan soň geçirilmeginiň zerurlygyny olary peýdalanyjylar kesgitleýärler.

3. Kalibrlemek ygtyýarly edara tarapyndan geçirilýär.

4. Kalibrlemäge bolan hukuk, ululyklaryň birlikleriniň döwlet etalonlaryna laýyk gelýän ululyk birlikleriniň ulanylmagy bilen, degişli ygtyýarnamasy bolan ýuridik şahslaryň metrologik gulluklaryna hem berlip bilner.

5. Kalibrlemegiň netijeleri ölçegleriň serişdelerine geçirilýän kalibrirleýji nyşan bilen ýa-da kalibrirleme hakyndaky güwänama bilen tassyklanylýar, onda metrologik häsiýetnamalaryň hakyky manylary görkezilýär. Kalibrlemegiň netijeleri ulanylyş resminamalaryna hem ýazylýar.

6. Ygtyýarly edara ýuridik şahslaryň metrologik gulluklarynyň geçirýän kalibrlemegine gözegçilik edýär.

7. Kalibrlemäge degişli ölçegleriň serişdeleriniň sanawy, kalibrlemegiň döwürleýinligi, ony geçirmegiň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan kesgitlenilýär.

**20-nji madda. Ölçegleriň serişdeleri çykarylanda, ulanylanda, saklanylanda, söwda amallary geçirilýän mahalynda ýerlenilýän harytlaryň sanynyň, şeýle hem olar gabyndan çykarylanda, ýerlenilende we import edilende geçirilýän barlaglar**

1. Ölçegleriň serişdeleri çykarylanda, ulanylanda, saklanylanda geçirilýän barlaglar olaryň bellenilen metrologik düzgünlere we kadalara laýyk gelýändiklerini barlamak maksady bilen amala aşyrylýar.

2. Söwda amallary amala aşyrylan mahalynda ýerlenilýän harytlaryň sanyny barlamak olaryň agramynyň, möçberiniň, harajatynyň ýa-da bu harytlaryň mukdaryny häsiýetlendirýän beýleki ululyklarynyň dogrulygyny kesgitlemek maksady bilen amala aşyrylýar.

3. Islendik görnüşdäki gaplara gaplanan harytlaryň sanynyň olar gabyndan çykarylanda, ýerlenilende we import edilende barlanylmagy gapdaky harydyň sanynyň gabyň daş ýüzünde bellenilen sanyna gabat gelýändigini barlamak maksady bilen amala aşyrylýar.

21-nji madda. Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda ygtyýarlylandyrmak

Ýuridik şahslaryň ölçegleriň serişdelerini ýasamagy, olary deňeşdirip barlamagy, kalibrlemegi, abatlamagy, öndürmegi, metrologik synagy ygtyýarlylandyrmak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berilýän ygtyýarnamanyň esasynda amala aşyrýarlar.

## 5-nji BAP. Jemleýji düzgünler

**22-nji madda. Şu Kanunyň bozulandygy üçin jogapkärçilik**

Şu Kanunyň bozulmagynda günäkär şahslar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi çekýärler.

**23-nji madda. Jedelleriň çözülişi**

Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda ýüze çykýan jedeller kazyýet tertibinde çözülýär.

**24-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi**

1. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

2. Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary şu Kanunyň güýje giren gününden başlap üç aý möhletde oňa laýyk getirilmäge degişlidir.

# 7. TÜRKMENISTANDA STANDARTLARYŇ TALAPLARYNYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞINE DÖWLET GÖZEGÇILIGI

Standartlaşdyrmak babatda döwlet gözegçiligi we gözegçilik barlagy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ygtyýarly edara, beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanda standartyň talaplarynyň ýerine ýetirilişine döwlet gözegçiligi ministrlikleriň we pudaklaryň arasynda paýlanan görnüşinde ýerine ýetirilýär. Her bir gözegçilik guramasy kanun esasynda kesgitlenen ugur boýunça önümiň standarta laýyklygyna hem gözegçilik edýär. Mysal üçin: azyk önümleriniň hiline we standartlaryň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty minstrligi gözegçilik edýär. Gurluşyk, dokma, nebit we başga birnäçe önümlere bolsa standartyň talaplary boýunça «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň degişli edaralary gözegçilik edýärler.

Standartlaşdyrmak barada döwlet gullugy standartlaryň talaplarynyň ýerine ýetirilişini esasan hem sertifikatlaşdyrmagyň üsti bilen amala aşyrýar. Ýurdumyza girýän we çykýan harytlaryň ählisi hökmany sertifikatlaşdyrmaga degişli edilýär. Şeýle-de ýerli önümçilige birnäçe döwlet gözegçiligi gurnalýar.

## 7.1. Barlagyň görnüşleri

Standartyň ýerine ýetirilşine geçirilýän barlaglaryň birnäçe görnüşleri bolup esasy duş gelýänleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Meýilnamalaşdyrylan barlag;
- Toplumlaýyn barlag;
- Maksatlaýyn barlag;
- Bilelikde (toparlaýyn) barlag;
- Meýilnamalaşdyrylmadyk barlag;
- Inspeksion barlag;

*Meýilnamalaşdyrylan barlag:* Standartlaşdyrmak baradaky ygtyýarly edaranyň ýylyň başynda (ýa-da birnäçe aý öň) düzen meýilnamasy esasynda ýerine ýetirilýän barlag. Ýagny, barlamaklyklygyň möhleti we obýekti öňünden karara baglanyp meýilnamalaşdyrylýar. Bu ýyllyk meýilnamalar esasynda aýlyk maksatnamalar hem düzülýär.

*Toplumlaýyn barlag:* Standartlaşdyrmak baradaky ygtyýarly edara tarapyndan meýilnamalaşdyrylan bolup, ähli bölümleriň birlikde barlaga gatnaşmagyny aňladýar. Mysal üçin: hil, metrologiýa, zähmeti goramak boýunça ekspertler we ş.m. Barlanan edara kärhanalara birlikde gidilip belli bir möhletde tamamlanýar. Meýilnama esasynda ekspertleriň biri topara ýolbaşçylyk edýär we barlagy gurnaýar.

*Maksatlaýyn ýörüteleşdirilen barlag:* Bu hem standartlaşdyrmak baradaky ygtyýarly edara tarapyndan meýilnamalaşdyrylyp ýa-da meýilnamalaşdyrylman haýsam bolsa bir maksat üçin amala aşyrylýar. Barlanýan obýektiň ýöriteleşdirilen kesgitli maksat üçin ähmiýetliligini göz öňüne tutmak bilen niýetlenişine görä maksadalaýyklygy barlanýar. Mysal üçin: galla möwsümi ýakynlaşanda galla kabul edilýän punktlardaky awtomobil terezileriň takyklygyny we ulanmaga ýaramlylygyny barlamak, ýa-da pagta möwsümi gelende pagta kabul edýän we pagtanyň hilini kesgitleýän barlaghanalaryň ýagdaýyny barlamak, ýa-da daşary ýurda gidýän gazyň möçberini hasaplaýan gaz hasaplaýjylaryň takyklygyny barlamak ýaly...

*Bilelikde (toparlaýyn) barlag:* Türkmenistanda hereket edýän birnäçe barlag guramalaryň birlikde amala aşyrýan barlaglar. Bu barlaglar ýylyň başyndan meýilnamalaşdyrylan bolup bilýär, ýa-da haý-

sam bolsa bir barlag guramanyň haty esasynda gurnalyp geçirilýär. Mysal üçin: prokuratura, häkimlik, söwda inspeksiýasy, arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän gulluk, «Türkmenstandartlary» döwlet gullugy, we beýlekiler....

*Meýilnamalaşdyrylmadyk barlag:* Standartlaşdyrmak baradaky ygtyýarly edarany tarapyndan meýilnamalaşdyrylmadyk bolup haýsam bolsa bir zerurlyk sebäpli ýüze çykan barlaglar. Mysal üçin: arza, şikaýat, ýolbaşçylaryň tabşyryklary, täze açylan kärhanalar we ş.m. sebäpli ýüze çykýar.

*Inspeksion barlag:* Öň sertifikatlaşdyrylan obýektde sertifikatyň möhleti gutarmazdan standartyň ýa-da salgylanylan kadalaşdyryjy resminamanyň, sertifikatyň şertleriniň ýerine ýetirilişini barlamaklyga aýdylýar. Bu barlagyň ýygylygy şertnama esasynda ýa-da kadalaşdyryjy resminamalar esasynda meýilnamalaşdyrylýar.

## 7.2. Döwlet gözegçiliginde umumy düzgünler we ulanylýan ugurlary

Önümleriň (işleriň hyzmatlaryň) hiline, metrologiki üpjünçilige, zähmeti we ýerasty baýlyklary goramaga, standartlaryň we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini geçirmegiň tertibi her bir standartlaşdyrmak baradaky guramanyň düzgünnamasy, tertibi esasynda amala aşyrylýar. Döwlet gözegçiligiň geçirilişi Türkmenistanyň konstitusiýasynda «Standartlaşdyrmak hakyndaky» kanuny, «Önümleriň we hyzmatlaryň Sertifikatlaşdyrmak hakynda», «Sarp edijileriň hukugyny goramak hakynda», «Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek hakynda» kanunlaryna, beýleki kanunlar hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Standartlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalara esaslanýar.

Standartlaşdyrmak baradaky ygtyýarly edara tarapyndan standartlaryň, tehniki şertleriň standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak, metrologiýa, zähmeti we ýerasty baýlyklary goramak boýunça düzgünleriň we kadalaryň berjaý edilişiniň döwlet gözegçiligini we barlagyny geçirmäge ýeke-täk çemeleşmegi belleýär. Döwlet gözegçiliginiň aýratyn ugurlary degişli metodiki görkezmeler bilen anyklandyrylýar.

Standartlaşdyrmak baradaky ygtyýarly edaranyň döwlet inspektorlary (ekspert-auditorlary) eýeçilik görnüşine garamazdan kärhanalarda, edaralarda we guramalarda, şol sanda hususy telekeçilerde (mundan beýläk – kärhana) öz ygtyýarynyň çäklerinde döwlet gözegçiligini amala aşyrýar.

Döwlet gözegçiligi standartlaşdyrmak baradaky döwlet gullugynyň wezipeli adamlary tarapyndan Türkmenistanyň ähli çäklerinde we oňa garaşly bolup durýan welaýatlardaky döwlet gulluklarynyň döwlet inispektorlary ýerleşýän ýerinde amala aşyrýar.

Döwlet gözegçiligi – taslama (proýektirleme), işläp düzme, önümçilige taýýarlama, bejerme, satma, ulanma, belli möhletleýin saklama (konserwasiýa), daşama, gaýtadan ulanma, ýatyrma, ýok etme (utilizasiýa) ýaly önümçilik tapgyrynyň ähli etaplarynda amala aşyrylýar.

## 7.3. Döwlet gözegçiliginiň esasy maksatlary

– ýurduň bähbitlerini, sarp edijileriň hukuklaryny, işgärleriň we ilatyň ömrüni we saglygyny döwlet tarapyndan goramak, ýerasty baýlyklary tygşytly ulanmagyň, hili pes önümleriň çykarylmagynyň öňüni almak;

– önümlere (işlere, hyzmatlara) hökmany talaplary belleýän döwletara we döwlet standartlarynyň, tehniki şertleriň berjaý edilişini, düzgün bozulmalary aradan aýyrmagy we öňüni almagy üpjün etmek;

– önümlere (işlere, hyzmatlary) sertifikatlaşdyrmagyň düzgünlerini berjaý etmegiň we hiliniň barlagy;

– netijeleriň we ölçegleriň nädogry täsir etmekliginden ýuridiki kärhanalaryň we fiziki adamlaryň bähbitlerini goramak;

– kär bilen baglanyşykly döreýän keselleriň, önümçilik şikesligiň we heläkçiligiň ýagdaýlarynyň, düzüminde ionizirleşýän şöhleli esbaplaryň, partlaýjy materiallaryň we önümleriň ýitgisiniň öňüni almak we profilaktika geçirmek;

– ýerasty baýlyklardan rejeli peýdalanmagyň we goramagyň, geologiki derňeme ugurlarynda kanunlaryny, şeýle hem ýerasty baýlyklary ulanylanda işleri howpsuz alyp barmaklygyň döwlet gözegçilik barlagyny berjaý etmek;

## 7.4. Döwlet gözegçiliginiň obýektleri

• önümler (işler, hyzmatlar), şol sanda daşary ýurtdan gelýän we daşary ýurda çykýan harytlar;

• tehnologiki prosesler, önümçilik we kömekçi enjamlar, mehanizmler we gurluşlar;

• barlaghanalar;

• hünärmenler;

• kadalaşdyryjy we önümçilik- tehniki resminamalar, hil kitapçalary we bellikleri;

• fiziki ululyklaryň birlikleri, etalonlar, ölçeg we synag serişdeleri, ölçegleri we synaglary ýerine ýetirmegiň usullary, ölçeg serişdeleriniň görnüşini (tipini) tassyklama we ölçegleriň we synaglaryň netijeleri;

## 7.5. Döwlet gözegçiliginiň usullary

Döwlet gözegçiligi geçirilende ylmy-metodiki seljerme, synaglar, organaleptiki we ölçeg barlagy, ekspertiza, tehniki taýdan gözden geçirilip-barlap görme we anyklandyrma, önümleriň (işleriň hyzmatlaryň) identifikasiýasy hem-de gözegçiligiň netijeleriniň obýektiwligini üpjün edýän başga usullar ulanylýar.

**Ylmy-metodiki seljerme** – önümiň (hyzmatyň, prosesiň) ylmy taýdan taýýarlanan düzgünler, edebiýatlar, reglemtleriň üsti bilen seljerme geçirmek we önümiň hil derejesine baha bermek.

**Synag usul** – kärhanada ýörite gurnalan attestatlaşdyrylan barlaghananyň ýa-da başga akkreditirlenen synag barlaghanalaryň, synag stendiniň üsti bilen önümiň hiline baha berilýär we standart hil görkezijiler bilen deňeşdirilýär.

**Organoleptiki usul** – adamyň duýgy agzalary arkaly alynýan maglumatlaryň üsti bilen önüme baha berilýär. Duýgy agzalary arkaly syzmaklyk – göz, gulak, tagam, duýgy, ellemek we ş.m. bolup durýar. Azyk önümlerde bu usul köp ulanylýar.

**Ölçeýiş usul** – tehniki ölçeýiş serişdeleriniň kömegi bilen önümiň hiliniň görkezijileri kesgitlenýär. (önümiň agramy, toguň güýji, maşynyň tizligi, galmagalyň derejesi we ş.m.)


9. Sargyt № 2916

**Ekspertiza usul** – birnäçe hünärmen-ekspert düzülip, topar tarapyndan geçirilýär. (söwda işgärleri, dizaýnerler, degustatorlar, hünärmenler we bilermenler gatnaşýarlar) Toparyň her agzasynyň öz sesi bolýar we öz pikrini aýdyp bilýär, netijede jemlenip bir karar kabul edilýär. Iň obýektiw usullardan biri hasaplanýar.

Şeýle-de sertifikatlaşdyrmak baradaky gurama tarapyndan döwlet inspektorynyň (ekspert auditoryň) önümi ýerinde baryp daşky görnüşi boýunça barlamaklygy, identifikasiýa geçirmekligi, synag üçin nusgalyk önüm almaklygy, organaleptiki barlag geçirmekligi we standartyň synag etmeklikden başga hil görkezijileriniň barlanmagyna-da **ekspertiza barlagy** diýilýär.

**Identifikasiýa** – önümiň adyny, görnüşini, belgisini, ölçegini, markasyny, sanyny we başga degişli maglumatlaryny önümi öndürijiniň ýa-da satyjynyň arzadaky we beýleki resminamalaryndaky maglumatlary bilen deňeşdirilmegine, şeýle-de önümi standartdaky we beýleki kadalaşdyryjy tehniki resminamalardaky maglumatlar bilen deňeşdirilmegine aýdylýar.

**Identifikasiýanyň usullary:**

- önümiň ady boýunça identifikasiýalaşdyrma;
- önümiň şertli belgisi boýunça identifikasiýalaşdyrma;
- klaslara görä identifikasiýalaşdyrma;
- önümiň häsiýeti boýunça identifikasiýalaşdyrma;
- salgylanma boýunça identifikasiýalaşdyrma;
- ştryh kodlaryň üsti bilen harytlary identifikasiýalaşdyrma;

**Jemgyýetçilik usul** – müşderileriň we önümi sarp edijileriň pikirlerini ýygnap ulanmak bilen alynýan maglumatlara aýdylýar. Şeýle-de sergileriň, auksionlaryň we ş.m. üsti bilen alnan maglumatlar esasynda işlenýän usul.

## 7.6. Döwlet gözegçiligini taýýarlamagyň we geçirmegiň ýörelgeleri

Döwlet gözegçiligi saýlama barlaglar hökmünde aşakadaky tertipde hasaba almak bilen amala aşyrylýar:

– Ygtyýarly edara tarapyndan bellenýän döwlet gözegçiliginiň ilkinji ýerde goýulan ugurlary, (toplumlaýyn we maksatlaýyn (ýöriteleşdirilen) barlaglar);

– ýokary döwlet dolandyryş edaralaryň tabşyrylan ugurlary we sarp edijileriň arzalary boýunça, (bilelikde we meýilnamalaşdyrylmadyk barlaglar);

– Berkidilen meýilnamalaşdyrylan kärhanalara döwlet gözegçiligini geçirmegiň hödürlenýän ýygylygy degişli kadalaşdyryjy görkezmeler bilen bellenilýär, (meýilnamalaşdyrylan we inspeksiýa barlaglary);

Standartlaryň we kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryny berjaý etmegiň döwlet gözegçiligini bir döwlet inspektory ýa-da topar tarapyndan geçirilýär.

Synag barlaghanalara bellenen düzgünleri berjaý etmegiň gözegçiligini welaýatlardaky döwlet gulluklaryň döwlet inspektorlary, şol işi alyp barýan degişli bölüminiň işgärleri, gerekli ýagdaýda, başga edaralaryň ussat hünärmenlerini çekmek arkaly geçirilýär.

Döwlet gözegçiligi geçirilen halatynda, önümiň ahyrky netijesini deňeşdirmek, yzygiderlilik gazanmak, temadan gopup çykmazlyk, alamatlary bilen düşünişmeklik; pikiri bir ýere jemlemek; obýektiwlik gazanmak, bir elden we bir ýerden başlap yzarlamaklyk; iş prosesine ters täsir etmezlik, ýaly gözegçilik ýörelgeleri emele getirilýär.

Barlaga taýynlyk görlende, öňünden:

– öňki, şol sanda başga barlag edaralary tarapyndan geçirilen barlaglaryň netijeleri seljerilýär;

– tehniki resminamalar, standartlar we kadalaşdyryjy resminamalar, tehnologiki prosesler, enjamlar we önümler, ölçeg serişdeleri we zähmeti goramak barada maglumatlar öwrenilýär;

– gerek bolan ýagdaýynda barlag maksatnamasy işlenip düzülýär.

Döwlet inspektory (ýa-da toparyň ýolbaşçysy) barlanýan kärhana gelende;

– gulluk şahadatnamasyny görkezýär we geçiriljek barlagyň maksady we meseleleri barada ýolbaşçyny mälim edýär;

– barlaga gatnaşyjylaryň – döwlet inspektorlaryň we barlaga çekilen hünärmenleriň arasynda işleri bolýar;

– gerekli bolýan materiallaryň we resminamalaryň sanawyny kesgitleýär.

## 7.7 Döwlet gözegçiligini geçirmegiň düzgünleri

**Metrologiýa meseleleri boýunça**

Maddy çig-mal we ýylylyk – energetik çeşmelerini anyk hasaba alnyşyny, önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) standartlarynyň talaplary we önümçiligiň taslamalary bilen bellenen parametrleriň ölçeg birlikleriniň laýyklygy, ölçeg serişdeleriniň takyklygy we ölçeg usullary, ölçeg serişdelerini deňeşdirmegiň ýyllyk grafigi we berjaý edilişi, ölçegleriň netijelerini hasaplaýyş metodiki usullaryny, ölçeg serişdelerini ulanmagyň dogrulugy, ýagdaýlary we üpjünçiligi we beýleki metrologiýa degişli düzgünleri barlanýar.

**Önümleriň hili baradaky meseleler boýunça**

Önümleriň hili barlananda, oňa standartlaryň we tehniki şertleriň, taslamalarynda önümçilik prosesslerine göz öňünde tutulan tehniki resminamalary (tehniki reglamentleri, instruksiýalary, tehnologik kartalary we şoňa meňzeşler) barlygy hasaba alynandygyň ýagdaýy we olara üýtgetme girizmegiň dogrulygy bellenilýär.

Önümiň standartlaryň we tehniki şertleriň talaplaryna laýyklygy, önümiň hili barada resminamalary, sarp edijileriň reklamasiýalary, barlaglaryň we synaglaryň (analizleriň, ölçegleriň) netijelerini öwrenmegiň esasynda kesgitlenýär.

Önümiň hiline baha bermek üçin önümiň nusgalary (nusgalygy) seçip alynýar. Seçip almanyň usuly, alynýan nusgalyklaryň mukdary, olaryň gaplanmasy we belliklenmesi şol önümiň standartlarynyň talaplaryna laýyk getirilýär.

Nusgalaryň seçip alynmasy bellenen görnüşde delilnama bilen resmileşdirýär.

Önümiň identifikasiýasy, orgenoleptiki barlagy we tehniki taýdan gözden geçirilişi döwlet inspektory tarapyndan kärhananyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda geçirilýär.

Nusgalaryň synagy «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň edaralarynyň barlaghanalarynda geçirilýär, käbir halatlarda, ylalaşyk boýunça – kärhananyň attestatlaşdyrylan barlaghanalarynda, döwlet inspektorynyň gatnaşmagynda geçirilýär.

Tehnologik prosesleriň barlagynda önümçiligiň taslamasynda göz öňüne tutulan enjamlar, esbaplar, desgalar, ölçeg serişdeleri bilen üpjünçiligi we olaryň ýagdaýy, şeýle hem tehnologik iş tertibi berjaý etmekligi bellenýär.

Şeýle hem hökmany sertifikasiýalaşdyrmaga degişli bolan önümleriň hili barlanýan wagtynda aşakdakylar barlanylýar:

– ony bermäge ygtyýarly edaralar tarapyndan berlen laýyklyk sertifikatynyň bolmagy, onuň asyl nusgasy, resmileşdirilmegiň dogrulygy, hereket edýän döwri, inspeksiýa barlagy geçirmegi we netijesini tassyklaýan resminamalaryň bolmagy;

– laýyklyk belgisini ulanmagyň dogrulygy, önümiň özboluşlylygy we sertifikatlaşdyrylyşy baradaky maglumaty sarp edijiniň dykgatyna ýetirilmegi;

– sertifikatlaşdyrylan önümiň tehniki resminamalaryna ýa-da önümçiliginiň tehnologik prosesine girizilen üýtgetmeler barada sertifikatlaşdyrmak baradaky organyna öz wagtynda habar edilmegi;

**Akkreditirlenen (attestatlaşdyrylan) synag barlaghanalaryň meseleleri boýunça:**

– synaglary geçirmäge hukuk berýän akkreditirleýiş attestatynyň (attestatlaşdyrylyş barada şahadatnamanyň) bolmagy;

– laboratoriýada synagdan geçýän önümleriň akkreditirlenen ugrunyň sanawyndaky görnüşlerine laýyklygy;

– synag edilýän önümlere standartlaryň we kadalaşdyryjy tehniki resminamalaryň degişli fondunyň bolmagy;

– synaglar geçirilende ulanylýan synag enjamynyň we synag usullarynyň, serişdeleriniň we ölçeg usullarynyň ýagdaýy;

– synag edilýän önümiň nusgalarynyň seçip alma namalarynyň we belgi ulgamynyň (harydyň at bellikleriniň) bolmagy;

– taýýarlaýjydan (ýerine ýetirjiden, satyjydan) alnan nusgalyk önümleriň standartyň we tehniki şertiň talaplaryna laýyklygyň synaglary doly möçberinde geçirmegi, bar bolan düzgünlerini we metodikalaryny berjaý edilmegi;

– synag edilen nusgalyklardan galan bölekleri yzyna gaýdyp berşi we degişli resminamalarynyň barlygy;

– synaglaryň netijesini, ýazgylaryny resmileşdirmegiň we takyklygynyň dogrulygy;

**Zähmeti goramagyň meseleleri boýunça**

Önümçilikde käri bilen bagly keselleri, heläkçiligi we şikesliligi aradan aýyrmak maksady bilen zähmeti goramagyň we önumçilik howpsuzlygynyň döwlet gözegçiligini amala aşyrylýar, şonda aşakdakylar barlanylýar:

– tehnikanyň we tehnologiýanyň esasanam ýokary-howply obýektleriň, standartlaryň, taslamalaryň, howpsuzlyk kadalaryň we düzgünleriň talaplara laýyklygy;

– ulanmaga tabşyrylanda we iş prosesinde ýerine ýetirjilik resminamalarynyň, pasportlarynyň, sertifikatlarynyň, turba geçirijileriň synag aktlarynyň barlygy;

– gurluşykda, gaýtadan dikeldiş we düýpli bejeriş işlerinde ýol berlen taslamalardaky görkezmelerden gyşarmalaryň dogrulygyny kesgitlemek;

– tehnologiki shemalaryň, ulanyş reglamentleriniň barlagy we olaryň ýerine ýetirilişi;

– Türkmenistanda hereket edýän Zähmet goramagy dolandyrmagyň Ýeke-täk ulgamynyň talaplaryna laýyklykda resminamalaryň barlygy;

– Işgärleriň dolulygy we ygtyýarlygy, professional taýdan okuw-bilimlerini gaýtadan taýynlamagyň ýygylygy we zähmet hakyndaky kanunyň berjaý edilişi.

**Ýerasty baýlyklary ulanmagyň we goramagyň meseleleri boýunça**

Döwletiň bähbidini goramak maksady bilen ýerasty baýlyklary goramak ugrunda döwlet geologiki barlagy we gözegçiligi amala aşyrylýar, şonda aşakdakylar barlanylýar:

– ýerasty baýlyklary barada kanunda bellenen, ýerasty baýlyklary goramak we geologik taýdan öwrenmek boýunça işleriň düzgünlerini we kadalaryny berjaý edilmegi;

– ulanylýan metodikanyň we tehnologiýanyň esaslandyrylyşy gözleg-agtaryş we ýerasty baýlyklary geologik taýdan öwrenmek boýunça başga-da işleriň bellenen tapgyrlarynyň, hiliniň, toplumynyň we netijeliliginiň berjaý edilmegi;

– esasy we olar bilen birlikde ýerleşýän we gazylyp alynýan peýdaly magdanlar we olaryň düzümindäki komponentleriň ätiýaçlarynyň

mukdary we hili barada ilkinji (esasly) maglumatlaryň dolulygy we takyklygy;

– gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň delillendirilmedik ýitgilerini we onuň hiliniň peselmegini aradan aýyrýan ýerasty baýlyklary geologiki taýdan öwrenmek işleri alyp barmagyň usullaryny we tehniki serişdelerini doly we dogry ulanmagy;

– gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklarynyň işläp taýýarlamasynda ulanylamagy mümkin bolan dag agtaryş känleriniň we burawlaýyş guýularyň abatlygy, şeýle hem ulanmaklyga degişli bolmadyk dag agtaryş känleri we guýulary bellenen tertipde iş sanawyndan aýyrmak.

## 7.8. Barlagyň netijelerini resmileşdirmek we amala aşyrmak

Geçirilen barlagyň netijeleri boýunça döwlet inspektory tarapyndan bellenen forma boýunça standartlaryň kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryny bozýan görkezmeler bilen 2 nusgada «talapnama (tabşyryk, (görkezme))» taýýarlanýar. Aýratyn seýrek ýagdaýlarda bozulmalaryň ýoklugynda aktyň taýýarlanmagyna mümkinçilik berilýär.

Identifikasiýanyň we organaleptiki barlagynyň, daşyndan seretmesiniň netijesi boýunça, eger önümiň şol görnüşine synag geçirmek üçin akkreditirlenen (attestasiýalaşdyrylan) barlaghana ýok bolsa, döwlet inspektory arza beriji bilen bilelikde diňe «ekspertiza delil namasy» taýýarlaýar. Akkreditirlenen barlaghana bar bolsa standartyň talaplaryna laýyklykda nusgalyk alyp «nusgalary seçip almak delil namasy» we «ekspertiza delil namasy» düzýär we degişli barlaghana iberýär. Önümiň hiline synaglaryň netijesi boýunça bolsa – barlaghananyň hünärmenleri tarapyndan bellenen görnüş boýunça «synagyň (teswirnamasy)» düzülýär.

Bir döwlet inspektory tarapyndan geçirilen kärhananyň (obýektiň) barlagynyň netijesi boýunça diňe ýüze çykan bozulmalar, çäreler we olary düzetmekligiň möhleti boýunça **talapnama** düzülýär.

Kärhananyň toplumlaýyn barlagy geçirilende döwlet inspektorlarynyň topary tarapyndan goşmaça barlaga gatnaşýanlaryň gollary bilen umumylaşdyrylan **talapnama** taýýarlanylýar.

Talapnamada ýazylanda esasy talaplar:

• standartlaryň we kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplary ýerine ýetirilmedik punktlary hökmany görkezmek bilen bozulmalaryň bellenen faktlaryň hakykylygy we esaslylygy görkezilýär;

• barlagyň netijeleriniň beýanynyň gysgalygy, obýektiwliligi we ýeterlikligi.

Döwlet inspektorlaryň topary tarapyndan düzülen toplumlaýyn görkezmenamada kärhananyň gysgaça häsiýetnamasy we ýüze çykan bozulmalar berilýär, olaryň sebäpleri, geljekde ters täsir bolmaklygy mümkin bolan netijeleri görkezilýär, şeýle hem görlen çäreler we esaslandyrylýan başga maglumatlar beýan edilýär.

Talapnamada beýan edilen maglumatlaryň dolulygy, hakykylygy we obýektiwliligi üçin döwlet inspektory (barlag boýunça toparyň ýolbaşçysy) jogapkärlidir.

Talapnama ýazylan maglumatlar kärhananyň ýolbaşçysyna tanyşdyrmak üçin ýetirilýär, ol oňa gol çekýär we ýerine ýetirmek üçin bir nusga özünde galdyrýar. Ýolbaşçynyň oňa gol çekmekden boýun gaçyran ýagdaýynda döwlet inspektory talapnamanynda «Gol çekmekden ýüz dönderdi» diýlen degişli ýazgy ýazýar, senesini we öz goluny goýýar.

Kärhanalaryň wezipeli adamlary talapnama goşulýan barlagyň netijeleri boýunça öz aýratyn pikirlerini, ýazuw görnüşinde beýan edip bilýärler.

Barlagyň netijeleri, toparyň, kärhananyň ýolbaşçylarynyň we hünärmenleriň gatnaşmagynda önümçilik tehniki ýygnakda ara alnyp maslahatlaşylýar.

Standartlaryň we kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň ýüze çykarylan bozulmalary we olary aradan aýyrmak baradaky görkezme teklipleri ýörite depderçede resmileşdirmek bilen barlagyň dowamynda kärhananyň ýolbaşçysyna berilýär.

Standartlaryň we kadalaşdyryjy resminamalarynyň talaplarynyň gödek bozulmalaryň faktlary ýüze çykarylanda hereket edýän kanunlar tarapyndan göz öňüne tutulan administratiw çäreleri ulanylýar.

Standartlaryň we kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň gödek bozulmalarynyň, adamlaryň ömrüne we saglygyna howp

salýan ýa-da önümçilik heläkçiligine getirip biljek faktlary ýüze çykarylanda degişli işler döwlet inspektory tarapyndan wagtlaýyn saklanmalydyr.

Şeýlelikde, kanunlara we «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugynyň hereket edýän talapnamalara laýyklykda, kärhananyň (obýektiň) ýolbaşçysyna – önümçiligiň işleri ýa-da önümleriň tapgyryny satmaklygy «gadagan etmek boýunça tabşyryk» gowşurylýar.

Ulanmaklyga goýbermeklige ýa-da işleri täzeden başlamaga bolsa, berlen görkezme ýerine ýetirilenligi barada kärhananyň hat üsti bilen tassyklamasy alnandan soň barlanyp ýüze çykarylan gödek bozulmalaryň ýok edilendigi anyklanyp «rugsatnama» döwlet inspektory tarapyndan (öz gönüden-göni ýolbaşçysy bilen ylalaşylandan soň) berilýär.

Döwlet inspektory berlen «talapnamalara» we «gadagan ediş resminamasyna» öz wagtynda we doly göwrümde ýerine ýetirilmegine gözegçiligi amala aşyrýar.

# 8. TÜRKMENISTANDA STANDARTYŇ TALAPLARYNYŇ BOZULAN HALATYNDA BILDIRILÝÄN KANUNÇYLYK ESASLARY WE JOGAPKÄRÇILIKLER

Türkmenistanda standartlaşdyryş we sertifikatlaşdyryş kadalaryň bozulan halatynda bildirilýän kanunçylyk esaslary we jogapkärçilikleri «Türkmenistanyň administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksi» we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan «Sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulandygy üçin ykdysady temmi çärelerini ulanmagyň tertibi» bilen düzgünleşdirilýär we ýerine ýetirilýär.

Türkmenistanyň standartlaşdyryş, metrologiýa, zähmeti goramak we senagat howpsuzlygy barada döwlet edaralarynyň administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seretmek boýunça ygtyýarlyklary administratiw kodeksiniň 481-nji maddasynda görkezilen maddalary boýunça amala aşyrylýar.

## 8.1. Administratiw hukuk bozulma barada düşünje

Administratiw hukuk bozulma – bu fiziki ýa-da ýuridik şahsyň kanuna garşy gelýän, günäli (bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk bilen edilen) we onuň üçin administratiw jogapkärçiligi şu Kodeksde göz öňünde tutulan hereketidir (hereketsizligidir). Eger ýuridik şahsyň Kodeksde administratiw jogapkärçilik göz öňünde tutulan düzgünleri we kadalary berjaý etmegi üçin mümkinçiliginiň bolandygy, ýöne onuň olary berjaý etmek boýunça özüne bagly ähli çäreleri görmändigi anyklanylan bolsa, onda ol ýuridik şahs administratiw hukuk bozulmany etmekde günäkär hasap edilýär. Ýuridik şahsa administratiw temmisiniň berilmegi bu hukuk bozulma üçin günäli fiziki şahsy administratiw jogapkärçilikden boşatmaýar, şonuň ýaly-da fiziki şahsyň administratiw ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi bu hukuk bozulma üçin ýuridik şahsy administratiw jogapkärçilikden boşatmaýar. Eger Kodeksiň aýratyn böleginde göz öňünde tutulan hukuk bozulma özüniň häsiýeti boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jenaýat jogapkärçiligine eltmeýän bolsa, onuň üçin administratiw jogapkärçilik ýüze çykýar.

Administratiw hukuk bozulmany eden pursadynda on alty ýaşyna ýeten adam administratiw jogapkärçilige degişlidir.

Wezipeli adam diýlip döwlet edaralarynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhanalarda, edaralarda, guramalarda administratiw-hojalyk ýa-da gözegçilik-derňew ygtyýarlyklary ýerine ýetirýän adamlar, şeýle hem ýuridik şahs döretmezden telekeçilik işini amala aşyranlarynda görkezilen wezipeleri ýerine ýetirýän adamlar wezipeli adamlar diýlip hasap edilýär.

Göz öňünde tutulan hereketi (hereketsizligi) amala aşyran adam tarapyndan edilen administratiw hukuk bozulma üçin jogapkärçiligi şeýle buýrugy ýa-da görkezmäni beren adam çekýär.

**Administratiw temmisiniň maksatlary**

1. Administratiw temmisi jogapkärçilik çäresi bolup, ol administratiw hukuk bozulmany eden şahsy kanunlary berjaý etmek ruhunda terbiýelemek, şeýle hem hukuk bozujynyň hem özi, hem-de beýleki şahslar tarapyndan täze hukuk bozulmalarynyň edilmeginiň öňüni almak maksady bilen ulanylýar.

2. Administratiw hukuk bozulmany eden fiziki şahsa ulanylýan administratiw temmisi fiziki ejir çekdirmegi ýa-da onuň adam mertebesini kemsitmegi, şeýle hem ýuridik şahsyň iş abraýyna şikes ýetirmegi maksat edinip bilmez.

**Administratiw temmisiniň görnüşleri**

1. Administratiw hukuk bozulmalaryň edilendigi üçin administratiw temmisiniň şu görnüşleri berlip bilner:

1) duýduryş;

2) administratiw jerime;

3) administratiw hukuk bozulmanyň edilmeginiň guraly ýa-da gös-göni obýekti bolan zatlary tölegli almak;

4) administratiw hukuk bozulmanyň edilmeginiň guraly ýa-da gös-göni obýekti bolan zatlary muzdsuz almak;

5) fiziki şahsa berlen ýörite hukugy çäklendirmek;

6) daşary ýurt raýatlaryny we raýatlygy bolmadyk adamlary administratiw taýdan Türkmenistanyň çäginden çykarmak, şeýle hem olaryň Türkmenistana gelmegini wagtlaýyn çäklendirmek;

7) administratiw taýdan tussag etmek;

8) administratiw taýdan işi togtatmak.

Şular administratiw hukuk bozulma üçin jogapkärçiligi **ýeňilleşdirýän ýagdaýlar** diýlip hasap edilýär:

1) administratiw hukuk bozulmany eden adamyň ak ýürekden ökünmegi;

2) administratiw hukuk bozulmany eden şahs tarapyndan hukuk bozulmanyň zyýanly netijeleriniň öňüniň alynmagy, zyýanyň öweziniň meýletin dolunmagy ýa-da ýetirilen zeleliň düzedilmegi;

3) hukuk bozulmanyň güýçli ruhy taýdan tolgunmagyň täsiri astynda ýa-da agyr şahsy ýa-da maşgala ýagdaýlarynyň gabat gelmeginde edilmegi;

4) hukuk bozulmanyň kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da maýyplygy bolan adam tarapyndan edilmegi;

5) hukuk bozulmanyň göwreli aýal ýa-da üç ýaşa ýetmedik çagasy (on alty ýaşa çenli maýyplygy bolan çagasy) bolan aýal tarapyndan edilmegi.

Şular administratiw hukuk bozulma üçin jogapkärçiligi **agyrlaşdyrýan ýagdaýlar** diýlip hasap edilýär:

1) bes etmek hakynda edilýän talaba garamazdan kanuna garşy gelýän hereketleriň dowam etdirilmegi;

2) administratiw temmisi ozal berlen şahsyň şol administratiw hukuk bozulmany bir ýylyň dowamynda gaýtadan etmegi;

3) bilkastlaýyn edilen jenaýat üçin iş kesilenlik aýby aýrylmadyk adam tarapyndan administratiw hukuk bozulmanyň bilkastlaýyn edilmegi;

4) administratiw hukuk bozulmanyň edilmegine kämillik ýaşyna ýetmedik, psihiki taýdan bozulma keseli bolan adamlaryň çekilmegi;

5) administratiw hukuk bozulmanyň adamlaryň topary tarapyndan edilmegi;

6) administratiw hukuk bozulmanyň tebigy betbagtçylyk şertlerinde ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaý düzgüni girizilen çäklerde edilmegi;

7) administratiw hukuk bozulmanyň alkogolly, neşe ýa-da seri dumanladyjy beýleki maddalary ulanmak netijesinde dörän serhoş ýagdaýda edilmegi;

8) administratiw hukuk bozulmanyň milli, jynsy ýa-da dini ýigrenç ýa-da duşmançylyk bahanasy, beýleki adamlaryň kanuny hereketleri üçin ar almak sebäpleri boýunça, şeýle hem başga bir hukuk bozulmany ýaşyrmak ýa-da onuň edilmegini ýeňilleşdirmek maksady bilen edilmegi;

9) administratiw hukuk bozulmanyň adamyň öz gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşyklylykda şol adam ýa-da onuň ýakyn garyndaşlary babatynda edilmegi;

10) administratiw hukuk bozulmanyň göwrelidigi günäkäre görnetin mälim bolan aýal babatynda, şeýle hem ýedi ýaşa çenli çaga, başga goragsyz ýa-da biçäre ýagdaýda galan adamlar ýa-da günäkäre garaşly bolan adam babatynda edilmegi.

**Administratiw jogapkärçilige çekmegiň möhletleri we tertibi**

Dowam edýän administratiw hukuk bozulma üçin onuň ýüze çykarylan gününden iki aýdan gijä galman administratiw temmisi berlip bilner.

Işe seretmäge ygtyýarly edara tarapyndan administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama (karar) we işiň beýleki materiallary alnan gününden on bäş gün möhletde administratiw hukuk bozulma barada işe seredilýär.

Jerimäni hukuk bozujy özüne jerime salnandygy hakynda kararyň gowşurylan gününden beýläk otuz günden gijä goýman tölemelidir, şeýle karara şikaýat edilen ýa-da garşylyknama getirilen halatynda bolsa – ol şikaýatyň ýa-da garşylyknamanyň kanagatlandyrylman galdyrylandygy mälim edilen gününden beýläk otuz günden gijä goýman tölemelidir. Bellenen möhletde jerime tölenilmese, onda salnan jerimäniň möçberi möhleti geçirilen her gün üçin 0,5 göterim artdyrylýar.

Jerime bellenen möhletde tölenilmedik halatynda degişli karar jerimäniň Kodekse laýyklykda artdyrylan möçberinde günäkäriň iş hakyndan ýa-da başga girdejisinden, pensiýasyndan ýa-da talyp hakyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda mejbury tertipde tutup almak üçin iberilýär. Eger jerimä sezewar edilen adam işlemeýän bolsa ýa-da başga sebäplere görä jerimäni hukuk bozujynyň iş hakyndan ýa-da başga girdejisinden, pensiýasyndan ýa-da talyp hakyndan tutup almak mümkin bolmasa, jerimäni tutup almak işe sereden edaranyň jerime bermek hakynda karary esasynda kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan hukuk bozujynyň şahsy emlägine, şeýle hem onuň umumy eýeçilikdäki paýyna tutup almagy gönükdirmek ýoly bilen geçirilýär.

Administratiw temmisi berilmegine sezewar edilen şahs onuň ýerine ýetirilmeginiň tamamlanýan gününden soň bir ýylyň dowamynda administratiw hukuk bozulmany täzeden etmedik bolsa, onda ol şahs administratiw jogapkärçilige çekilmedik hasap edilýär.

**Administratiw önümçiligi aradan aýyrýan ýagdaýlar**

Şu ýagdaýlar bar bolanda administratiw önümçilik başlanyp bilinmez, başlanan önümçilik bolsa bes edilmäge degişlidir:

1) administratiw hukuk bozulmanyň wakasynyň bolmazlygy;

2) administratiw hukuk bozulmanyň düzüminiň bolmazlygy;

3) adamyň bialaç zerurlyk ýagdaýynda hereket etmegi;

4) adamyň zerur goranyş ýagdaýynda hereket etmegi;

5) adamyň administratiw hukuk bozulmany eden pursadynda on alty ýaşyna ýetmändigi;

6) adamyň administratiw jogapkärçiligi göz öňünde tutulan kanuna garşy gelýän hereketi ýa-da hereketsizligi edýän wagtynda akyly düzüw däldigi;

7) administratiw hukuk bozulma barada işe seredilýän pursadynda şu Kodeksiň 56-njy maddasynda göz öňünde tutulan möhletleriň geçmegi;

8) administratiw jogapkärçiligine çekilýän şahs babatda şol bir waka boýunça administratiw temmisini bermek hakynda kararyň ýa-da administratiw önümçiligi bes etmek hakynda ýatyrylmadyk kararyň bar bolmagy, şeýle hem şol waka boýunça jenaýat işiniň bar bolmagy;

9) özi babatda administratiw önümçilik başlanan adamyň aradan çykmagy.

**Administratiw önümçilik şu halatlarda togtadylyp bilner:**

1) administratiw önümçilik özi babatda alnyp barylýan adam gaçyp gizlenen bolsa ýa-da başga sebäpler boýunça onuň bolýan ýerini anyklamak mümkin bolmasa;

2) administratiw önümçilik özi babatda alnyp barylýan adam ruhy ýa-da başga agyr kesel bilen kesellän bolsa;

3) administratiw hukuk bozulmany eden fiziki ýa-da ýuridik şahs anyklanylmadyk bolsa;

4) administratiw hukuk bozulma barada iş boýunça bilermenler seljermesi bellenilen bolsa.

Administratiw önümçilik işe seretmäge ygtyýarly edaranyň wezipeli adamynyň delillendirilen karary boýunça togtadylýar. Göz öňünde tutulan ýagdaýlar aradan aýrylandan soň administratiw önümçilik dikeldilýär.

## 8.2. Kadalaşdyryny nesminamalaryň talaplary bozulan halatynda bildirilýän administratiw çäreler

**44-nji madda. Administratiw jerime**

1. Administratiw jerime (mundan beýläk – jerime) şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda işe seretmäge ygtyýarly edara tarapyndan berilýän we günäkär fiziki ýa-da ýuridik şahsa Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň haýryna mejbury tertipde töletdirilýän pul görnüşindäki administratiw temmisidir.

2. Jerimäniň möçberi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän binýatlyk mukdardan ugur alnyp kesgitlenilýär.*

3. Jerimäniň pes möçberi şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen binýatlyk mukdaryň 0,02 böleginden az bolup bilmez.

4. Jerimäniň aňryçäk ýokary möçberi administratiw hukuk bozulmalarynyň aýry-aýry görnüşleri üçin şu Kodeksiň Aýratyn böleginde göz öňünde tutulan möçberden köp bolup bilmez.

**481-nji madda. Türkmenistanyň standartizasiýa, metrologiýa, zähmeti goramak we senagat howpsuzlygy barada döwlet edaralarynyň administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seretmek boýunça ygtyýarlyklary**

1. Türkmenistanyň standartizasiýa, metrologiýa, zähmeti goramak we senagat howpsuzlygy barada döwlet edaralary şu Kodeksiň 88-nji, 106-107-nji, 108-njy (gazylyp alynýan peýdaly magdanlar işlenilip çykarylanda edilen administratiw hukuk bozmalar üçin), 180-nji, 182-nji, 184-191-nji, 196-njy, 207-nji, 237-nji, 247-nji, 280-nji, 304-nji (iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň düzgünleriniň berjaý edilmändigi üçin), 305-nji, 309-njy we 319-njy maddalarynda, 329-njy maddasynyň dördünji we ýedinji böleklerinde hem-de 365-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seredýärler.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen edaralaryň adyndan ygtyýarlyklarynyň çäginde administratiw hukuk bozulma-

---

* 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, administratiw jerimäniň möçberini kesgitlemek üçin binýatlyk mukdary 100 manat möçberinde bellemeli. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany. 2013-nji ýylyň 29-njy noýabry

lary barada işlere seretmäge we administratiw temmisini bermäge «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň başlygynyň, döwlet inspektorlarynyň, welaýat gulluklarynyň başlyklarynyň hukugy bardyr.*

**280-nji madda. Ýörite ygtyýar almazdan önümçilik işiniň alnyp barylmagy we önüm çykarylmagy**

Ýörite ygtyýar (güwänama we beýlekiler) alynmagyny talap edýän önümçilik we önüm çykarmak işiniň şeýle ygtyýar almazdan alnyp barylmagy – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň üçüsinden bäşisine, wezipeli adamlara – bäşisinden onusyna, ýuridik şahslara – onusyndan ýigrimisine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

**309-njy madda. Standartlaşdyrmak we önümleriň hili, ölçeg serişdelerini ulanmaga çykarmak hem-de saklamak we olardan peýdalanmak barada kadalaryň bozulmagy**

1. Standartlaşdyrmak we önümleriň hili, ölçeg serişdelerini ulanmaga çykarmak hem-de saklamak we olardan peýdalanmak barada kadalaryň bozulmagy:

1) hili, düzümi we gaplanylyşy boýunça standartlaryň, tehniki şertleriň we nusgalaryň (etalonlaryň) talaplaryna laýyk gelmeýän önümleriň çykarylmagy (şol sanda abatlamakdan çykarylmagy) ýa-da iberilmegi (ýerlenilmegi);

2) standartlaryň talaplaryna laýyk gelmeýän konstruktorçylyk, tehnologik we taslama resminamasynyň buýruja ýa-da önümçilige berilmegi;

3) önüm daşalanda, saklananda we sarp edilende (peýdalanylanda) standartlaryň hem-de tehniki şertleriň berjaý edilmezligi, eger bu

---

* «Türkmenstandartlary» BDG-nyň №206-13.12.2013 ý. buýrugy bilen tertipleşdirilýär. (Döwlet inspektorlary administratiw jerimäniň möçberini kesgitlemek üçin binýatlyk mukdarynyň fiziki şahsa 2, wezipeli adamlara 5, ýuridik şahslara 10 möçberine çenli; welaýatlaryň «Türkmenstandartlary» BDG başlygy binýatlyk mukdarynyň fiziki şahsa 5, wezipeli adamlara 10, ýuridik şahslara 20 möçberine çenli ýa-da ýuridiki şahslaryň bir aýa çenli möhlete administratiw taýdan işiniň togtadylmagy; «Türkmenstandartlary» BDG başlygy binýatlyk mukdarynyň fiziki şahsa 12, wezipeli adamlara 40, ýuridik şahslara 100 möçberine çenli ýa-da ýuridiki şahslaryň üç aýa çenli möhlete administratiw taýdan işiniň togtadylmagy;)

önümiň hiliniň peselmegine, zaýalanmagyna ýa-da kadadan artyk ýitgisine getirse;

4) döwlet sanawyna girizilmedik, döwlet synaglaryndan ýa-da metrologiýa hünär synagyndan geçmedik, şeýle hem barlanmadyk ýa-da barlag netijeleri boýunça gurat däl we nädogry ölçeg serişdeleriniň we standart nusgalarynyň dolanyşyga goýberilmegi we peýdalanylmagy;

5) ölçeg serişdelerini peýdalanmak kadalarynyň bozulmagy;

6) harytlaryň dürli görnüşleri gaplananda we satylanda gaplara salnan harytlaryň mukdarynyň kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmezligi;

7) söwda amallary geçirilende, maddy gymmatlyklar we energetik serişdeler hasaba alnanda önümleriň, işleriň we hyzmatlaryň hiline täsir edýän esasy tehnologik tapgyrlaryň Türkmenistanyň kadalaşdyryjy resminamalarynda bellenilen tertipde ölçeg serişdeleri bilen üpjün edilmezligi – fiziki şahslara duýduryş berilmegine ýa--da binýatlyk mukdaryň ikisine çenli, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň bäşisine çenli möçberinde jerime salynmagyna eltýär.

2. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ygtyýarnama almazdan ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek, şeýle hem senagat howpsuzlygy, howply desgalary taslamak we gurmak hem-de howply ýükleri daşamak babatdaky işleriň amala aşyrylmagy – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine çenli, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň bäşisine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hukuk bozulmalary üçin administratiw temmisi ulanylandan soň olaryň bir ýylyň dowamynda gaýtadan edilmegi – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine, wezipeli adamlara – bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

**319-njy madda. Sarp edijilere kadalaşdyryjy resminamalary bolmadyk ýa-da olardan çykylyp taýýarlanylan önümleriň ýerlenilmegi, işleriň ýerine ýetirilmegi ýa-da hyzmatlaryň edilmegi**

1. Hili we howpsuzlygy, üpjünçiligi, gaplanylyşy we belgilenilişi boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň we nusgalaryň (etalonlaryň) talaplaryna laýyk gelmeýän önümleriň söwda obýektlerine iberilmegi – wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň sekizisinden ýigrimisine,

ýuridik şahslara – ýigrimisinden kyrkysyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

2. Önümleriň hili we howpsuzlygy, üpjünçiligi, gaplanylyşy we belgilenilişi boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryndan çykylyp öndürilen harytlaryň satuwa goýberilmegi ýa-da ýerlenilmegi, şeýle hem kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän pes hilli işleriň ýerine ýetirilmegi ýa-da hyzmatlaryň edilmegi – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň altysyna, wezipeli adamlara – onusyndan ýigrimi sekizisine, ýuridik şahslara – ýigrimi sekizisinden kyrkysyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hukuk bozulmalary adamyň janyna, saglygyna, daşky gurşawa we emläge zyýan ýetiren ýa-da zyýan ýetirilmegine howp döreden bolsa – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň on ikisine, wezipeli adamlara – ýigrimisinden kyrkysyna, ýuridik şahslara – ýigrimi sekizisinden bir ýüzüsine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

**329-njy madda. Sarp edijileriň hukuklarynyň bozulmagy**

1. Taýýarlaýjy (ýerine ýetiriji, satyjy) tarapyndan harydyň kemçiliklerini aradan aýyrmak, hyzmatlary we işleri ýerine ýetirmek barada möhletleriň bozulmagy – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň dördüsine, wezipeli adamlara – sekizisine, ýuridik şahslara – onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

2. Sarp edijileriň ýerlenilýän harytlar (işler, hyzmatlar), olaryň hili, görnüşi, olary taýýarlaýjy, ýerine ýetiriji we satyjy barada zerur hem-de anyk maglumatlary almaga bolan hukuklarynyň bozulmagy, şonuň ýaly-da alyjynyň satyn alan harydynyň hilini, üpjünçiligini, agramyny we nyrhyny barlamaga bolan hukuklarynyň çäklendirilmegi, söwda işgärleriniň olary howpsuz we dogry ulanmagyň kadalaryny düşündirmekden boýun gaçyrmagy – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara – dördüsine, ýuridik şahslara – onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

3. Hili talaba laýyk gelmeýän, ýetmezçilikli harydyň (işiň, hyzmadyň) ýerlenilmegi bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmakdan, kemçilikleri düzetmekden boýun gaçyrylmagy, şonuň ýaly-da olary çalyşmagyň we yzyna gaýtarmagyň tertibiniň bozulmagy – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň üçüsine, wezipeli adamlara – sekizisi-

ne, ýuridik şahslara – on ikisine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

4. Harytlary satyjylar, hyzmatlary ýerine ýetirijiler tarapyndan harytlaryň (hyzmatlaryň) kepilliklerini üpjün etmek barada düzgünleriň bozulmagy – binýatlyk mukdaryň on ikisine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

5. Satylan çylşyrymly-tehniki topardaky harydyň degişli tehniki pasportynyň ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasynyň berilmezligi, olaryň nädogry resmileşdirilmegi ýa-da doly resmileşdirilmezligi, harydy taýýarlaýjynyň (işleri we hyzmatlary ýerine ýetirijiniň) kepillendirilen borçlaryna düzedişleriň girizilmegi – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň üçüsine, wezipeli adamlara – bäşisine, ýuridik şahslara – on ikisine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

6. Sarp edijileriň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki hukuklarynyň bozulmagy – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara – bäşisine, ýuridik şahslara – onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

7. Sertifikasiýalaşdyryş edaralary, synag barlaghanalary (merkezleri) tarapyndan harytlaryň (hyzmatlaryň) sertifikasiýalaşdyrylmagy barada düzgünleriň bozulmagy – binýatlyk mukdaryň onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

**365-nji madda. Döwlet gözegçiligi ýa-da barlag-derňew hereketleri geçirilende kanuny işe päsgel berilmegi ýa-da olaryň işine bikanun gatyşylmagy**

1. Gözegçilik ýa-da barlag-derňew hereketlerini amala aşyrýan ygtyýarly döwlet edaralarynyň wezipeli adamlaryna ygtyýarlyklaryndan gelip çykýan gulluk borçlaryny ýerine ýetirmegine päsgelçilik döredilmegi, ýagny işi hakynda zerur resminamalary, materiallary we maglumatlary bermekden, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan derňew, barlag, tükelleýiş we beýleki hereketleri geçirmäge goýbermekden ýüz döndirilmegi ýa-da olaryň amala aşyrylmagyna başga görnüşde päsgelçilik döredilmegi ýa-da nädogry maglumatlaryň berilmegi, şeýle hem olaryň işine bikanun gatyşylmagy – duýduryş berilmegine ýa-da fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň 0,5 böleginden üçüsine, wezipeli adamlara – ikisinden bäşisine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

2. Döwlet gözegçilik ýa-da barlag-derňew işlerini amala aşyrýan edaralaryň we olaryň degişli wezipeli adamlarynyň gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykda olaryň kanuny talaplarynyň, görkezmeleriniň, teklipleriniň, netijeleriniň we kararlarynyň bellenen möhletde ýerine ýetirilmezligi – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine, wezipeli adamlara bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

3. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan hereketleriň garşylyk görkezmek bilen utgaşdyrylmagy, şonuň ýaly-da hukuk bozulmalaryny ýaşyrmak ýa-da beýleki bikanun maksatlar bilen edilmegi – fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň üçüsinden bäşisine, wezipeli adamlara – binýatlyk mukdaryň bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

## 8.3. Ykdysady jerime çärelerini Ulanmagyň tertibi

### Sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulandygy üçin ykdysady temmi çäreleri ulanmagyň TERTIBI

**I. Umumy düzgünler**

1. Şu Sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulandygy üçin ykdysady temmi çärelerini ulanmagyň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) «Sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlenip düzüldi hem-de standartlar, tehniki şertler, standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet gözegçilik çäreleri geçirilende kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň berjaý edilişinde düzgün bozulmalar ýüze çykarylanda ykdysady temmi çäreleri ulanmagyň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Tertibiň talaplary «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan hem-de Gulluk tarapyndan döwlet akkreditasiýasy geçirilen beýleki döwlet edaralary (mundan beýläk – sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralar), şeýle hem eýeçiligiň görnüşine garamaz-

dan edara görnüşli we şahsy taraplar, daşary ýurt kompaniýalary, hususy telekeçiler (mundan beýläk – barlanylýan taraplar) tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmandyr.

3. Ykdysady temmi çäreler döwlet gözegçiligini we gözegçilik barlagyny amala aşyrýan mahaly sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralaryň wezipeli adamlary tarapyndan ulanylýar.

4. Ykdysady temmi çäreler ýurdumyzda öndürilýän we daşary ýurtlardan getirilýän önümler (işler we hyzmatlar) babatynda şu aşakda görkezilen ýagdaýlarda we möçberlerde ulanylýar:

a) laýyklyk sertifikatlary bolmadyk önümler ýerlenen (işler we hyzmatlar ýerine ýetirilen) ýa-da ulanylan halatynda ýerlenen ýa-da ulanylan önümleriň (ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň) bahasynyň 110 göterim möçberinde;

b) sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralary tarapyndan gadagan edilendigine garamazdan önümler ýerlenen (işler we hyzmatlar ýerine ýetirilen) ýa-da ulanylan halatynda ýerlenen ýa-da ulanylan önümleriň (ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň) bahasynyň 130 göterim möçberinde;.

5. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi esasynda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän önümler ýerlenende ýa-da beýleki maksatlar bilen ulanylanda (işler we hyzmatlar ýerine ýetirilende) ykdysady temmi çäreler ulanylman bilner.

6. Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralary barlanylýan taraplar babatda şu Tertibiň 4-nji bölüminde görkezilen ýagdaýlar ýüze çykarylan halatynda 10 (on) senenama gününiň dowamynda ykdysady temmi çärelerini ulanmak barada çözgüt (mundan beýläk – Çözgüt) çykarýar.

Çözgüt taraplaryň her biri üçin 2 nusgada resmileşdirilýär.

Çözgüdiň görnüşi «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan tassyklanylýar.

7. Çözgüt gözegçilik barlagyň netijesi boýunça düzülen ykrarnamanyň esasynda çykarylýar. Ykrarnama sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralarynyň kadalaşdyryjy resminamalaryna laýyklykda düzülip, onda hökmany şu aşakdaky maglumatlar degişlilikde görkezilmelidir:

– edara görnüşli tarapyň ady, hukuk salgysy we beýleki zerur maglumatlar;

– şahsy taraplaryň we hususy telekeçileriň familiýasy, ady, atasynyň ady, ýaşaýan ýeriniň salgysy we beýleki zerur maglumatlar;

kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) mukdary ýa-da göwrümi;

– laýyklyk sertifikaty bolmadyk önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) we gadagan edilendigine garamazdan ýerlenen önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) mukdary we möçberi hem-de bahasy baradaky maglumat;

– sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulmalarynyň bolan döwri;

– tertibiň 4-nji bölüminde görkezilen düzgün bozulmalary tassyklaýan maglumatlar.

8. Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralarynyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilen Çözgüt 2 (iki) senenama gün möhletde barlanylýan taraplara iberilýär.

9. Barlanylýan taraplar Çözgüdi alan gününden 20 (ýigrimi) senenama günüň dowamynda ykdysady temmi çäresiniň pul möçberlerini Türkmenistanyň Döwlet býujetine doly tölemäge borçludyrlar.

10. Şu Tertibiň 4-nji böleginde görkezilen ykdysady temmi çäreleriniň pul möçberleriniň bellenen möhletde tölenilmedik halatynda edara görnüşli taraplardan we daşary ýurt kompaniýalardan jedelsiz tertipde, jedelsiz tertipde alynmaga mümkinçilik bolmadyk halatynda edara görnüşli taraplardan we daşary ýurt kompaniýalardan, şahsy taraplardan we hususy telekeçilerden bolsa kazyýet tertibinde tutulyp alynýar.

Tölenmedik döwri üçin tölenilmän geçirilen her bir gününe tölenmedik ykdysady temmi çäreleriniň pul möçberlerinden 0,03 göterim puşmany puly alynýar.

11. Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralary çykarylan Çözgütlerde görkezilen talaplaryň öz wagtynda doly ýerine ýetirilmegini gözegçiligi amala aşyrmaly.

12. Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralary barlanylýan taraplar tarapyndan çykarylan Çözgüdiň talaplarynyň 20 (ýigrimi) senenama günde ýerine ýetirilmedik halatynda olaryň maliýe-karz edaralaryndaky hasaplaşyk hasaby boýunça amallaryň togtadylmagy baradaky habarnamany we çykarylan Çözgüdiň nusgasyny Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň edaralaryna ýollaýarlar.

13. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň edaralary sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralarynyň ýollan habarnamalaryny we çykarylan Çözgütleriň nusgalaryny alan gününden 3 (üç) senenama günden gijä galman barlanylýan taraplaryň maliýe-karz edaralaryndaky hasaplaşyk hasaplary boýunça çykdajy amallaryny togtadýar (salgytlar, zähmet haky we beýleki hökmany töleglerden başga).

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň edaralary barlanylýan taraplar tarapyndan Çözgüdiň çykarylan gününden 3 (üç) aý möhletde ykdysady temmi çäreler üçin pul möçberleri tölenilmedik halatynda, bu barada sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralaryna resmi habar berýär.

Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralary degişli habar gelip gowşan gününden 10 (on) senenama günden gijä galman pul möçberleriniň tutulyp alynmagy üçin kazyýete ýüz tutýarlar. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň edaralary kazyýet edaralary tarapyndan degişli çözgüt çykarylýança barlanylýan taraplaryň maliýe-karz edaralaryndaky hasaplaşyk hasaplaryny togtadylan ýagdaýda saklaýarýar.

14. Barlanylýan taraplar ykdysady temmi çäreler üçin pul möçberleriniň tölenendigi baradaky tassyknamany Çözgüdi çykaran sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralaryna tabşyrmaly. Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralary bolsa, 3 (üç) senenama günden gijä galman barlanylýan taraplaryň maliýe-karz edaralaryndaky togtadylan hasaplaşyk hasaplaryny açmak üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň edaralaryna degişli habarnamany ibermeli.

15. çykarylan Çözgüt boýunça şikaýat Çözgüdiň alnan gününden 10 (on) senenama günden gijä galman «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň appelýasiýa toparyna iberilýär. Appeliýasiýa topary şikaýata 5 (bäş) senenama günüň dowamynda seredýär we şikaýat edilen döwürde Çözgüdiň hereketi togtadylýar.

16. Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralary tarapyndan çykarylan Çözgütleriň ýörite sanaw (reýestr) boýunça hasaby ýöredilýär.

17. Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralary ykdysady temmi çärelerini ulanmak boýunça amala aşyrylan işleriň netijesi barada her çärýekde «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugyna hasa-

bat berýärler hem-de zerurlyk ýüze çykan halatynda degişli çäreleriň görülmegi üçin resminamalar toplumyny hukuk goraýjy edaralaryna geçirýärler.

18. Şu Tertip bilen düzgünleşdirilmedik kadalar Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

**G-6**

________________________________________________
*(sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edarasynyň ady)*

**Ykdysady temmi çärelerini ulanmak baradaky**
**№_____ÇÖZGÜT**

________ ____________________________________________
*(salgyt kody) (edara görnüşli tarapyň ady, hukuk salgysy, şahsy tarapyň we hususy telekeçiniň familiýasy, ady, a.a*

____________________________________________________
*we beýleki zerur maglumatlar)*

Barlagyň netijesinde __________ dan __________ aralygynda________________________

____________________________________________________
*(Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 17-nji aprelinde çykaran 13620-nji karary bilen tassyklanan «Sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulandygy üçin ykdysady temmi çärelerini ulanmagyň Tetlibinde» görkezilen düzgün bozulmanyň degişli bendi we bozulmany tassyklaýan maglumatlar)*

____________________________________________________
____________________________________________________
____________________________________________________
anyklandy.

Şeýlelikde, edara görnüşli tarap, şahsy tarap we hususy telekeçi tarapyndan şu önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy_____________________________
manat möçberinde kesgitlenildi. *(sanlar we sözler bilen ýazmaly)*

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 17-nji aprelinde çykaran 13620-nji karary bilen tassyklanan «Sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulandygy üçin ykdysady temmi çärelerini ulanmagyň Tertibi» laýyklykda laýyklyk sertifikatlary bolmadyk ýa-da sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaralary tarapyndan gadagan edilendigine garamazdan ýerlenen önümleriň________________________________________ manada barabar bahasyny (tölenilmedik möhletiň her gününe tölegiň 0,03 %_________________
20___ ý. başlap puşmany tölegi goşup)________________ çenli Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek. *(senesi)*

**ÇÖZGÜT KABUL EDILDI:**

Barlanýan taraplar şu Çözgüdi ýerine ýetirendigi baradaky habarlary ________________________________________________ bermeli.

*(Çözgüdi iberen sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaranyň ady)*

Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edaranyň ýolbaşçysy________________________________________

*(wezipesi, familiýasy, a., a.a. we goly)*

M.Ýe.

________________________________

*(Çözgüdiň çykarylan senesi)*

Çözgüdiň nusgasyny aldym:______________________________________

*(ykdysady temmi çärelerini ulanylýan edara görnüşli tarapyň ady, şahsy tarapyň we hususy telekeçiniň familýasy, a.,a.a. we goly.)*

# 9. TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTLAŞDYRYŞ ULGAMY

## 9.1. Standartlaşdyrmak işleri boýunça guramaçylyk esaslary

Türkmenistanda standartlaşdyrmak boýunça milli ýokary gurama «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugydyr. «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy: standartlaşdyrmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär; döwlet standartlaryny tassyklaýar we olara üýtgetmeler girizýär, olaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýar, olary herekete girizýär we ýatyrýar; tehniki şertleriň we olara üýtgetmeler girizmegiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýar; döwlet standartlaryny, tehniki şertleri, şeýle hem olara girizilýän üýtgetmeleri bellenilen tertipde çap edýär; halkara, döwletara (sebit) standartlarynyň, daşary ýurt döwletleri tarapyndan kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň Türkmenistanyň çäginde ulanylmagynyň tertibini belleýär; Standartlaryň döwlet sanawyny, Tehniki şertleriň döwlet sa-

nawyny ýöredýär; kadalaşdyryjy resminamalaryň gaznasyny döredýär; kadalaşdyryjy resminamalaryň düşündirilmesini amala aşyrýar; ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny geçirmek maksady bilen muzdsuz esasda barlaglar geçirýär we olaryň bozulmalary ýüze çykarylan mahalynda olar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan degişli çäreleri ulanýar; kadalaşdyryjy resminamalaryň katalogyny döretmegiň we ýöretmegiň düzgünlerini belleýär; standartlaşdyrmak babatda gözegçiligi we gözegçilik barlagyny amala aşyrýan wezipeli adamlaryň hukuklaryny we borçlaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitleýär; standartlaşdyrmak babatda gözegçilik we gözegçilik barlagy amala aşyrylanda gümrük, sanitariýa, weterinariýa, hukuk goraýjy we döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň beýleki edaralary bilen arkalaşykly hereket edýär; standartlaşdyrmak babatda işi amala aşyrýan halkara guramalarynda Türkmenistana wekilçilik edýär; Türkmenistanyň kanunçylygynda onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

Halk hojalygynyň beýleki pudaklarynda standartlaşdyrmak işlerini gurnamak we utgaşdyrmak üçin zerur halatlarda ministrliklerde, pudaklarda, assosiasiýalarda, koorporasiýalarda, konsernlerde we beýleki hojalyk guramalarynda standartlaşdyrmak boýunça gulluk ýa-da standartlaşdyrmak boýunça ýokary gurama açylýar.

Türkmenistanda standartlary we tehniki şertleri işläp düzmek üçin tehniki topar döredip bolar. Tehniki toparyň düzümine gyzyklanýan kärhanalar we guramalar tarapyndan wekilçilik etmäge ygtyýarly bolan ýörite hünärmenler gatnaşýar.

Kärhanalarda standartlaşdyrma işleriniň ýagdaýy boýunça jogapkärçiligi gönümel kärhana ýolbaşçylary çekýär.

Kärhanalarda açylan standartlaşdyrma guramasy ylmy-barlag işlerini ýerine ýetirýär, standartlaşdyrma boýunça tejribe-konstruktorçylyk we beýleki işleri ýerine ýetirýär. Beýleki kärhanalaryň standartlaşdyrmaklyk işlerine gatnaşýar, şeýle-de kärhana boýunça ylmy-tehniki we metodika guramaçylyk işlerini alyp barýar.

Ylmy tehniki we sosial-ykdysady maksatnamalary we taslamalary alyp barýan we işläp düzýän kärhana hökmany ýagdaýda işlenmegi zerur bolan standartlary üpjün etmeli we seretmelidir.

Türkmenistan boýunça işlenip düzüljek döwlet standartlar ýyllyk meýilnama esasynda amala aşyrylýar. Ýagny tehniki komitetiň, ministrlikleriň we pudaklaryň, kärhananyň we birleşikleriň iş maksatnamasynda göz öňüne tutulan perspektiw maksatnamasy esasynda ýyllyk meýilnama düzülýär.

## 9.2. Kadalaşdyryjy resminamalaryň derejeleri (kategoriýasy)

Türkmenistanyň territoriýasynda şu aşakdaky kadalaşdyryjy resminamalaryň derejeleri hereket edýär.

- Türkmenistanyň döwlet standarty; (**TDS**)
- Halkara standartlary (**ISO, IEC** we ş.m.)
- Döwletara (sebit) standartlar; (**ГОСТ** we ş.m.)
- Tehniki şertler; (**TŞ**)
- Pudaklaýyn standartlar;
- Kärhanalaryň standartlary; (**KS**)
- Düzgünler, düzgünnamalar, gollanmalar, usulyýet görkezmeleri, kadalar we maslahatlar

Öňki sowet soýuzy döwründe çykarylan ГОСТ-lar GDA döwletleriň arasyndaky ylalaşyk esasynda döwletara standarty hökmünde hereket edýär.

Öňki sowet soýuzy döwründe çykarylan pudagara standarty (ОСТ) we tehniki şertler (ТУ) bolsa Türkmenistanyň territoriýasynda şol kadalaşdyryjy resminama ulanyşdan aýrylyp ýatyrylýança hereket edýär.

## 9.3. Döwlet standartlaryny işläp düzmegiň, ylalaşmagyň, tassyklamagyň we hasaba almagyň tertibi

TDS 1.1-93 standarty Türkmenistanyň döwlet standartlarynyň (mundan beýläk – standartlaryň) işlenip düzülişine, ylalaşylyşyna,

tassyklanylyşyna, döwlet tarapyndan hasaba alnyşyna, çap edilişine, täzelenilişine (üýtgedilişine, gaýtadan seredilişine) we ýatyrylyşyna degişli umumy talaplary kesgitleýär.

Standartyň düzgünleri eýeçiligiň görnüşine we kime degişlidigine garamazdan, Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän kärhanalar we birleşmeler, assosiasiýalar, konsernler, aksionerçilik jemgyýetleri, korporasiýalar hem-de özge birleşmeler (mundan beýläk – kärhanalar), telekeçilik işi bilen meşgullanýan raýatlar, ministrlikler, wedomostwolar, we Türkmenistanyň özge dolandyryş organlary tarapyndan ulanmaga degişlidir.

**Standartyň taslamasynyň işlenip düzülişi**

Standartlary ýerli, daşary ýurt ylmynyň we tehnikasynyň, öňde baryjy tejribeleriň esasynda önümiň berkidilen nomenklaturasy (işiň ugry) boýunça tehniki komitetler ýa-da dolandyryş guramalary tarapyndan işlenip düzülýär we bellenen tertipde amala aşyrylýar.

Standartlaşdyrmak we metrologiýa baradaky ygtyýarly edara, tehniki komitetler we döwlet dolandyryş guramalary tarapyndan standartlaryň işlenip düzülmegini sazlaşdyrýar.

Standartlary işläp düzüjiler standartyň taslamasyny we oňa degişli düşündiriş hatyny taýýarlaýarlar.

Standartyň taslamasynyň **düşündiriş hatynda** şu aşakdakylar görkezilmelidir:

– standarty işläp düzmek üçin esas; (degişli resminamalary görkezmek bilen).

– standartlaşdyrylýan obýekitiň gysgaça häsiýetnamasy;

– standartyň taslamasynyň halkara, sebitara standartlara gabat gelýändigi hakyndaky maglumatlar;

– standartyň taslamasynyň standartlaşdyrmak boýunça başga resminamalar bilen baglanyşygy barasyndaky maglumatlar hem-de olara gaýtadan seretmek, üýtgetmek ýa-da ýatyrmak hakyndaky teklipler;

– standartyň taslamasynyň seslenmeler üçin iberilmegi baradaky maglumatlar, şonuň ýaly hem gutarnykly redaksiýa üçin bellikleriň we teklipleriň gysgaça umumylaşdyrylan häsiýetnamasy;

– eger geçirilen bolsa taslamanyň ylalaşylandygy hakyndaky maglumatlar;

– maglumat çeşmeleri;

Standarty işläp düzüjiler standartyň kanunçylygyň talaplaryna, standartlaşdyrmanyň döwlet ulgamynyň standartlaryna gabat gelýänligini ýa-da gelmeýändigini barlaýar, guramalaryň bähbidi bolan şahslaryndan gelen teklipleri nazara almak bilen, birinji redaksiýa hökmünde standartyň taslamasyny taýýarlaýar.

Standarty işläp düzüjiler standartyň taslamasyny (1-nji redaksiýasyny) düşündiriş haty bilen bilelikde standarty işläp düzmegi **sargyt edenlere**, degişli guramalara iberýärler.

Kärhanalar we guramalar, ministrlikler (wedomostwalar) standartyň taslamasyna seslenme (syn) ýazýarlar we şol seslenmäni standartyň taslamasy alunandan soň bir aýyň dowamynda 2 nusgada gönüden-göni işläp düzüji gurama iberilýär.

Standartyň taslamasy boýunça bellikler we teklipler umumylykda taslama boýunça, bölümler, kiçi bölümler, punktlar hem-de kiçi punktlar boýunça beýan edilýär.

Standartyň taslamasynda göz öňüne tutulan talaplardan başga täze talaplary girizmek, bar bolan talaplary ýatyrmak ýa-da üýtgetmek baradaky teklipler esasly bolmalydyr.

**Standartyň taslamasynyň (gutarnykly redaksiýasynyň) işlenip düzülişi we tassyklamaga berlişi**

Standarty işläp düzüjiler gelen seslenmeleri göz öňünde tutmak bilen, standartyň taslamasynyň gutarnykly redaksiýasyny taýýarlaýarlar.

Işläp düzüji standartyň taslamasynyň gutarnykly redaksiýasyny düşündiriş haty bilen bilelikde sargytça (sarp edijä), döwlet gözegçilik guramalaryna we eger-de standartyň taslamasynda olaryň ygtyýarlygyna degişli talaplar bellenen bolsa, başga guramalara (ministrliklere, pudaklara we ş.m.) ylalyşyga iberýär.

Standartyň taslamasy ähli organlara bir wagtda iberilmelidir.

Standartyň taslamasyny ylalaşmak standartyň taslamasy alnandan soň bir aýyň dowamynda amala aşyrylýar. Standartyň taslamasy boýunça bellikler bar bolsa olar esaslandyrylyp, şol möhletde işläp düzüja iberilmelidir.

Standartyň taslamasy bilen ylalaşylýandygy baradaky tassyklama ylalaşýan guramanyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilen aýratyn hat bilen ýa-da standartyň taslamasyndaky «Ylalaşyldy» diýip ýazylan ýazgynyň aşagynda ylalaşýan guramanyň ýolbaşçysynyň goýan goly bilen resmileşdirilýär. «Bellikler bilen ylalaşyldy» diýen ýazga ygtyýar berilmeýär.

Standarty işläp düzüji standartyň taslamasyny «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugyna ibermek baradaky karary kabul edýär.

Standarty işläp düzüji standartyň taslamasynyň gutarnykly redaksiýasyny üç nusgada, iki dilde (türkmen we rus dillerinde), taýýarlap «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugyna tassyklamaga iberýär.

Standartyň taslamasynyň ýany bilen standarty işläp düzüjiniň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilen **ugradyş haty** we aşakdaky resminamalar iberilmelidir:

– işläp düzüji edaranyň standartyň taslamasynyň gutarnykly redaksiýasyna seredendigi baradaky protokoly;

– standartyň taslamasynda düşündiriş haty (ýokardaky görkezilenlere laýyklykda);

– seslenmeleriň sanawy;

– eger geçirilen bolsa, standartyň taslamasynyň gutarnykly redaksiýada ylalaşylandygyny tassyklaýan hakyky resminamalar;

**Standartyň tassyklanylyşy we döwlet tarapyndan hasaba alnyşy**

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy standarta seredýär we ony tassyklamak baradaky karary kabul edýär.

Standart tassyklanmazyndan öň «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy onuň kanunçylygyň, hereket edýän döwlet standartlarynyň talaplaryna, metralogiýa düzgünlerine we ulanylýan adalganyň normalaryna, standartlary düzmegiň hem-de beýan etmegiň düzgünlerine dogry gelýändigini ýa-da gelmeýändigini barlaýar.

Standart tassyklananda standarty girizmek üçin zerur bolan çäreleri göz öňünde tutmak bilen, onuň girizilýän senesi bellenýär.

Düzgün bolşy ýaly, önüm (hyzmat) üçin standartlary ylmy-tehniki progresiň ösüşine laýyklykda täzeden seredip durmaklygy

gazanmak üçin möhlet goýulýar. Önüm (hyzmat) üçin standartlara 5 ýyldan artyk bolmadyk möhlet kesgitlenýär.

Standartyň döwlet tarapyndan hasaba alnyşyny «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy özüniň bellän tertibine laýyklykda amala aşyrýar.

**Standartyň neşir edilişi**

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy «Türkmenistanyň Döwlet standartlary» atly maglumat görkezgijinde (katalogda) tassyklanan standartlar barasyndaky maglumaty çap edýär.

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy standartlary öziniň bellän tertibinde çap edýär we ýaýradýar.

**Standartlaryň täzelenilişi, ýatyrylyşy**

Standartlar halk hojalygyň, ilatyň, ykdysadyýetiň hem-de döwletiň bähbitli talaplaryna dogry gelmegini üpjün etmek maksatlarynda täzelenýär.

Standarty işläp düzüji standarty täzelemek boýunça kärhanalardan we hünärmenlerden, şonuň ýaly-da döwlet gözegçiligi, jemgyýetçilik barlag guramalaryndan gelýän teklipleri derňeýär we olary umumylaşdyrýar.

Kärhanalar we hünärmenler standarty üýtgetmegiň taslamasyny ýa-da gaýtadan seredilen standartyň taslamasyny teklip hökmünde hödürläp bilýär.

Standarty işläp düzüji gelen teklipleri göz öňünde tutmak bilen standarta degişli üýtgetmäniň taslamasyny teklip hökmünde hödürläp bilýär.

Standarty işläp düzüji gelen teklipleri göz öňüne tutmak bilen, standarta degişli üýtgetmäniň taslamasyny (standarta gaýtadan seretmek baradaky teklipler) ýa-da standarty ýatyrmak hakyndaky teklipleri işläp düzýär we olary «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugyna iberýär. «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy olar boýunça karar kabul edýär.

Belli bir standart boýunça önüm öndürmek (hyzmat etmek, prosesleri ýerine ýetirmek) bes edilende, bir standartyň deregine standartlaşdyrmak boýunça başga bir kadalaşdyryjy resminama işlenilip düzülende, şonuň ýaly-da, beýleki esasly ýagdaýlarda «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy standartlary ýatyrýar.

**Standarta degişli üýtgetmeleriň işlenilip düzülişi**

**Standartyň üýtgetmeleri** – bu onuň mazmunynyň bölekleýin üýtgemegidir (çalşyrylmagydyr), talaplaryň aýrylmagy ýa-da goşulmagydyr, şonuň ýaly-da, standartyň hereket ediş möhletiniň uzalmagy, çäklendirilmegi we çaklendirilmäniň ýatyrylmagydyr.

Önüm üçin standarta degişli üştgetmeler oňa täze, has progressiw talaplar girizilende işlenilip düzülýär, şol talaplar hereket edýän standart boýunça taýýarlanýan önüm bilen täze önümiň biri-biriniň deregini tutujylygyny we utgaşyklylygyny bozmaly däldir.

Standarta degişli diňe redaksion we (ýa-da) salgylanma häsiýetli üýtgetmeler özbaşdak resminama görnüşinde işlenilip düzülmeýär, şu häsiýetli üýtgetmeler önümiň (hyzmatyň) hiline degişli talaplaryň çalşyrylmagy (goşulmagy, aýrylmagy) bilen baglanyşykly üýtgetmelere, şonuň ýaly-da, halkara, sebitara standartlaryň we başga ýurtlaryň milli standartlarynyň ulanylmagy bilen baglanyşykly üýtgetmelere goşulýar.

Standarta degişli üýtgetmeleriň işlenilip düzülişi standartlar üçin bellenilen tertipde we şu bölümiň talaplaryny nazarda tutmak bilen amala aşyrylýar.

Standartlara degişli üýtgetmeler işlenilip düzülende şol bir wagtyň özünde standartlaşdyrmak boýunça özara baglanyşykly kadalaşdyryjy resminamalary üýtgetmek boýunça teklipler taýýarlanýar.

Standarta degişli üýtgetmeler, düzgün bolşy ýaly üýtgetmäniň güýje girizilmegi göz öňünde tutulýan senä 6 aý galanda «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugyna tassyklamaga iberilýär.

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy standarta girizilýän her bir üýtgetmä tertip nomerini we üýtgetmäniň güýje girizilýän senesini belleýär.

Standarta girizilýän üýtgetmeler baradaky maglumat we şol üýtgetmäniň teksti «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan çykarylýan «Türkmenistanyň döwlet standartlary» atly maglumat görkezgijinde çap edilýär.

Maglumat görkezgijinde standarty çalşyrmak (ýatyrmak) baradaky maglumatlar standartlaşdyrmak hakyndaky kadalaşdyryjy res-

minamalarda olara salgylanmalary çalşyrmak üçin resmi esas bolup durýar.

**Standarta gaýtadan seredilişi**

Standarta gaýtadan seredilende hereket edýän standartyň deregine täze standart işlenilip düzülýär. Şu ýagdaýda hereket edýän standart ýatyrylýar, täze standartda bolsa onuň haýsy standartyň ýerine işlenilip düzülendigi görkezilýär. Täze standarta köne standartyň belligi berkidilýär, ýöne tassyklanan ýylynyň soňky iki sany çalşyrylýar. Önüm üçin standartyň gaýtadan seretmeklik täze, has progressiw talaplar bellenende, eger-de olar hereket edýän standart boýunça öndürilen önüm bilen täze önümiň biri-biriniň deregini tutujylygyny bozýan bolsa we (ýa-da) önümiň hiliniň esasy görkezijilerini üýtgedýän bolsa, amala aşyrylýar.

Anyk önüme (täze we hereket edýän standart boýunça biri-biriniň ýerini tutmaýan) degişli standarta gaýtadan seredilende, eger-de ulanyşdaky öň çykarylan önümleriň ätiýaçlyk şaýlaryny öndürmek ýa-da şol önümleri bejermek zerur bolsa, hereket edýän standart ýatyrylmaýar. Şu ýagdaýda işläp düzüji hereket edýän standarta degişli üýtgetmäniň taslamasyny taýýarlap, onuň ulanylýan ugurlaryny kesgitleýär: «Şu standart diňe ulanyşdaky önümlerň ätiýaçlyk şaýlaryny öndürmäge we şol önümleri bejermäge degişlilikde ulanylýar» diýip ýazgy edilýär.

Şu ýagdaýda üýtgetme girizilýän standartyň hasaba alnan nomeri saklanylýar.

Standarta gaýtadan seredilende şol bir wagtyň özünde standartlaşdyrmak boýunça özara baglanyşykly kadalaşdyryjy resminamalary täzelemek ýa-da ýatyrmak boýunça teklipler taýýarlanylýar.

**Standartyň ýatyrylyşy**

Işläp düzüji standarty ýatyrmak hakyndaky teklip bilen razy bolsa, «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugyna öz ýolbaşçysynyň goly goýlan ugradyş haty bilen bilelikde şu resminamalary iberýär:

– ýatyrylýan standartyň ýerine haýsy resminamanyň hereket etjekdigi baradaky ýa-da standartyň hiç hili resminama bilen çalşyrylmazdan ýatyrylýandygy hakyndaky maglumaty;

– standarty öň ylalaşylan döwlet gözegçiligi guramalary bilen standarty ýatyrmak mümkinçiliginiň ylalaşylandygyny tassyklaýan esasly delilleri we resminamalary;

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy standartyň ýatyrylýan senesine 2 aýdan az bolmadyk wagt galanda, standartyň ýatyrylýandygy hakynda karar çykaryp ony resmileşdirýär.

## 9.4. Tehniki şertleri işläp düzmegiň, ylalaşmagyň, tassyklamagyň we hasaba almagyň düzgüni

TDS 1.4-93 standarty belli bir önüm (hyzmat) üçin tehniki şertleri işläp düzmegiň, ylalaşmagyň, tassyklamagyň we döwlet tarapyndan hasaba almagyň we olara üýtgetmeler girizmegiň tertibini kesgitleýär.

Standart eýeçiligiň haýsy görnüşine we kime degişlidigine garamazdan, ähli ministrlikler, pudaklar, assosiasiýalar, korporasiýalar, konsernler, döwlet, kooperatiw, bilelikdäki, kärendeçilik aksionerçilik kärhanalary, edaralary, guramalary we özge hojalyk emele gelmeleri, hususy kärhanalar, hojalyk jemgyýetleri, şonuň ýaly-da telekeçiler we raýatlar (mundan beýläk kärhanalar) üçin hökmanydyr.

**Tehniki şertleriň taslamasyny işläp düzmek**

Türkmenistanyň tehniki şertleriniň we olara degişli üýtgetmeleriň taslamalary (mundan beýläk-tehniki şertler) standartlaşdyrmak boýunça tehniki komitetler, önüm öndürijiler, kärhanalar we guramalar tarapyndan işlenilip düzülýär we anyk önüme talaplary belleýär. Tehniki şertiň talaplary döwletara we döwlet standartlaryna laýyk gelmelidir.

Tehniki şertler belli bir önüme degişli döwletara standartlaryň, Türkmenistanyň döwlet standartlarynyň bolmadyk halatynda we şol standartlarda bellenen talaplary güýçlendirmek ýa-da olaryň üstüni ýetirmek zerurlygy ýüze çykan halatynda işlenip düzülýär.

Tehniki şertlerde bellenen talaplar, hereket edýän standartlara belli bir önüme bildirilýän talaplardan pes bolmaly däldir we başlangyç önüme (önümlere, materiallara, maddalara) degişli standartlaryň we tehniki şertleriň talaplaryna garşy bolmaly däldir.

Eger-de talaplaryň bir bölegi belli bir önüme degişli standartlarda kesgitlenen bolsa, şol talaplar tehniki şertlerde gaýtalanman, tehniki şertleriň degişli bölümlerinde şol standartlara ýa-da olaryň bölümlerine salgylanylýar.

Tehniki şertlerde belli bir önüme degişli konstruktorçylyk we beýleki tehniki resminamalara, şonuň ýaly-da umumy tehniki resminamalara salgylanmaga rugsat berilýär.

Tehniki şertleriň düzülişi, beýan edilişi we resmileşdirilişi TDS 2.114-iň talaplaryna laýyk gelmelidir.

Eger önüm şu aşakdaky şertlerde öndürilýän bolsa, sargytçynyň (sarp edijiniň) razylygy boýunça aşakdaky ýagdaýlarda **tehniki şertleri düzmezlige rugsat edilýär:**

1) tehniki tabşyryk boýunça – bir gezek öndürilýän önüm üçin;

2) önümiň resminamalarynyň toplumyna girýän konstruktorçylyk resminamalar boýunça – şol önümi düzýän bölekler üçin;

3) tehniki resminamalar boýunça – bir kärhananyň göni sargydy boýunça belli bir möçberde taýýarlanýan, mundan beýläk işlemäge degişli bolan maddalar, materiallar we ýarymfabrikatlar üçin;

4) nusga – etalon we onuň tehniki teswirlenmegi boýunça – ulanyş häsiýetleri hiliniň mukdar ölçegleri kesgitlenmezden harydyň nusgasy boýunça gönüden-göni bellenýän azyk önümlerine degişli bolmadyk halkyň sarp edýän harytlary üçin (durmuş hajatlarynda ulanylýan çylşyrymly tehnika we durmuş himiýasynyň önümleri muňa girmeýär) ýa-da şol görkezijileriň mukdar ölçegi döwletara standart ýa-da Türkmenistanyň döwlet standarty boýunça birmeňzeş önümleriň toplumy üçin bellenen halatynda;

5) şertnama boýunça – diňe eksporta niýetlenen önüm üçin;

Tehniki şertleriň hereket ediş möhletini uzaltmak, çäklendirmek ýa-da çäklendirmeleri ýatyrmak, olary işläp düzen kärhana tarapyndan kabul edip bilner we möhleti uzaltmak, çäklendirmek ýa-da çäklendirmeleri ýatyrmak baradaky resminama (karar, buýruk) degişli tehniki şertleriň hereket ediş möhleti tamamlanmazdan 3 aý öň döwlet hasaba alyş guramasyna tabşyrylmalydyr.

Tehniki şertleri ýatyrmaklyk olaryň deregine özge kadalaşdyryjy resminama işlenip düzülende ýa-da önüm öndürilmek bes edilende

amala aşyrylýar. Tehniki şerti ýatyrmaklygy olary işläp düzen kärhana amala aşyrýar.

Önümçilikden aýrylan önümiň tehniki şertlerini ýatyrman, olary ulanyşdaky önümiň ätiýaçlyk şaýlaryny ýasamak we ony bejermek üçin ulanmak rugsat berilýär. Şu ýagdaýda tehniki şertleriň baş sahypasynda «Bejeriş maksatlary üçin» diýlip ýazylýar we hereket ediş möhletine goýlan çäklendirmeler ýatyrylýar.

Hyzmatdaşlyk baradaky halkara ylalaşyklaryň (şertnamalaryň) esasynda ýa-da standartlaşdyrmak boýunça sebitara guramalaryň we milli organlaryň rugsat bermegi bilen «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynda hasaba alnandan soň we eger-de olaryň talaplary Türkmenistanyň halk hojalygynyň hajatlaryny kanagatlandyrýan bolsa hem-de olaryň esasynda işlenip düzülen Türkmenistanyň Döwlet standartlary ýok bolsa, halkara, sebitara standartlary we özge döwletleriň milli standartlaryny tehniki şertler hökmünde ulanmaga rugsat berilýär.

**Tehniki şertleriň taslamasyny ylalaşmak**

Eger-de önümi önümçilige goýmak barada çözgüt kabul ediji topar tarapyndan çykarylan bolsa, tehniki şertleriň taslamasy kabul ediji toparda ylalaşylmalydyr.

Işläp düzüji tehniki şertleriň taslamasyny sargytçy bilen ylalaşýar, hem-de kabul ediji toparda ylalaşylmaga degişli bolan beýleki resminamalar bilen bilelikde ony kabul ediji topar wekilleri kärhanalara topar işläp başlamazyndan 1 aý öň iberýär.

Toparyň agzalary tarapyndan önümiň tejribe nusgalaryny (tejribe tapgyryny) kabul etmek baradaky akta gol çekilmegi tehniki şertleriň taslamasynyň ylalaşylandygyny aňladýar.

Döwlet gözegçilik guramalaryň ygtyýarlygyna degişli talaplary özünde jemleýän tehniki şertleriň taslamasy şol guramalaryň wekilleri kabul ediji toparyň agzasy bolmasalar, olar bilen ylaşylylmaga degişlidir.

Tehniki şertleriň taslamasyny, eger olaryň wekilleri kabul ediji topara girmeýän bolsalar, beýleki bähbidi bolan guramalara gutarnykly netije çykarmak üçin ibermegiň zerurlygyny ýa-da däldigini sargytçy (sarp ediji) bilen bilelikde taslamany işläp düzüji kesgitleýär.

Eger-de önümi önümçilige goýmak baradaky çözgüt kabul ediji topar bolmazdan çykarylýan bolsa, tehniki şertleriň taslamasyny ylalaşmak üçin sargytça (sarp edijä) iberilýär.

Döwlet gözegçilik guramalaryň ygtyýarlaryna degişli talaplary özünde saklaýan tehniki şertleriň taslamasy olar bilen ylaşylmaga degişlidir.

Tehniki şertleriň taslamasyny gutarnykly netije çykarmak üçin bähbidi bolan beýleki guramalara, eger olarda guramalaryň ygtyýarlygyna degişli talaplar bar bolsa, ibermegiň zerurlygyny ýa-da däldigini sargytçy (sarp ediji) bilen bilelikde taslamany işläp düzüji kesgitleýär. Tehniki şertleriň taslamasyny ähli guramalara şol bir wagtda ibermelidir.

Döwletara standartlaryna, döwlet standartlaryna önümiň adamyň janyna, saglygyna we emlägine howp salmazlygyny, töweregi gurşap alýan sredany gorap saklamaklygy üpjün etmek üçin onuň hiline bildirilýän talaplary özünde saklaýan salgylanmalary we salgylanmaly göçürmeleri, şonuň ýaly-da, döwlet gözegçilik guramalary tarapyndan bellenen düzgünlere we resminamalara salgylanmalary ýa-da salgylanmaly göçürmeleri özünde jemleýän tehniki şertleriň taslamasy olar bilen ylalaşylman hem bilner.

Ylalaşylmaga ýa-da gutarnykly netije çykarmaga hödürlenen tehniki şertleriň taslamasyna garamaklyk işi şol taslamanyň gurama gelip gowşan gününden başlap, 20 günden artyk alnyp barylmaly däldir.

Tehniki şertleriň taslamasy onuň ýüzüne «Ylalaşyldy» diýen ýazgynyň girizilmegi we şol ýazgynyň aşagynda ylalaşýan guramanyň ýolbaşçysynyň golunyň goýlanlygy bilen ýa-da aýratyn resminama bilen (kabul ediji toparyň akty, hat, protokol we ş.m.) ylaşylýar, şu ýagdaýda «Ylalaşyldy» diýen ýazgynyň aşagynda resminamanyň senesi we nomeri görkezilýär.

Taslama ylaşylanda «Bellik etmek bilen ylalaşyldy» diýen ýazgyny girizmäge rugsat berilmeýär.

Tehniki şertlere degişli üýtgetmeler we olary ýatyrmalar tehniki şertler üçin bellenen tertipde ylaşylýar. Tehniki şertlere degişli üýtgetmeleri, eger-de olar tehniki şertleri ylalaşan guramalaryň bähbitlerini

gozgamaýan bolsa, diňe sargytçy (sarp ediji) bilen ylalaşmaga rugsat berilýär.

Tehniki şertleriň üýtgemegi – onuň mazmunynyň bölekleýin üýtgemegi (çalşyrylmagy), talaplaryň ýatyrylamagy ýa-da üstüniň ýetirilmegi, şonuň ýaly-da tehniki şertleriň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy, çäklendirilmegi, çäklendirilmeleriň ýatyrylmagydyr.

**Tehniki şertleriň taslamasyny tassyklamak**

Tehniki şertler sargytçy bilen ylalaşylyp, işläp düzüji (taýýarlaýjy) tarapyndan ýa-da işläp düzüji we sargytçy tarapyndan bilelikde ýa-da sargytçy tarapyndan tassyklanýar.

Tehniki şertleri tassyklamaklyk resminamanyň baş sahypasynda «Tassyklaýaryn» diýen ýazgynyň girizilmegi bilen we şol ýazgynyň aşagynda kärhananyň ýolbaşçysynyň golunyň goýulmagy bilen resmileşdirilýär.

Tehniki şertlere degişli üýtgetmeler, eger-de tehniki resminamanyň toplumyny bermek baradaky şertnamada başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, tehniki şertleriň asyl nusgasyny özünde saklaýan kärhana tarapyndan tassyklanýar.

Tehniki şertleriň hereket ediş möhletini ýatyrmak baradaky görkezmäni özünde saklaýan üýtgetme olaryň möhletiniň tamamlanmagyna 6 aýdan az bolmadyk wagt galanda tassyklamalydyr.

Tehniki şertleriň hereket ediş möhleti sargytçy (esasy sarp ediji) bilen ylalaşylyp, tassyklanýar, ýöne ol 5 ýyldan köp bolmaly däldir. Esaslandyrylan ýagdaýlarda hereket ediş möhleti çäklendirilmeýär.

Tehniki şertleriň belgisi «TŞ» indeksinden, tehniki şertleri tassyklaýan guramanyň şertli san belgisinden, tehniki şertleriň tertip nomerinden, tassyklanan ýylynyň soňky 2 sanyndan durýar.

Mysal üçin: TŞ 103-97-93

Şu ýerde 103 – boýunça guramanyň şertli belgisi:

97 – TŞ-iň tertip nomeri;

93 – tassyklanan ýylynyň soňky 2 sany.

**Tehniki şertleri döwlet tarapyndan hasaba almak**

TDS 1.4-93 standarta laýyklykda ylalaşylan we tassyklanan tehniki şertleriň hökmany döwletara standartlaryna we Türkmenistanyň

döwlet standartyna gabat gelýändigini ýa-da gelmeýändigini barlamak we tehniki şertler hakynda merkezleşdirilen maglumatlary döretmek üçin, olar «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň tehniki şertleri tassyklaýan kärhananyň ýerleşýän ýerindäki döwlet guramalaryna tabşyrylýar.

Işläp düzüji kärhana tehniki şertler (we olara degişli üýtgetmeler) tassyklanandan soň, 1 aýyň dowamynda döwlet **hasaba alyş guramalaryna** şulary tabşyrmalydyr:

- tehniki şertleri (we olara degişli üýtgeşmeleri ) işläp düzüjiniň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilen haty;
- 3 nusgada, 2 dilde (türkmen we rus dillerinde ýazylan tehniki şertleri) (olara degişli üýtgetmeleri), olaryň biri (her dilde) ilkinji nusga bolmaly;
- eger ylalaşylan bolsa, tehniki şertleriň (olara degişli üýtgetmeleriň) ylalaşylanlygyny tassyklaýan hakyky resminamalary;
- TDS 1.4-93 standartynyň A goşundysyna laýyklykda katalog sahypasy;

Tehniki şertlere degişli üýtgetmeler «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň tehniki resminamalarynyň asyl nusgasyny saklaýan kärhananyň ýerleşýän ýerindäki guramalarynda hasaba alynýar.

Tehniki şertlere degişli üýtgetmeler, tehniki şertleriň nusgasy we oňa girizilen üýtgetmeler bilen bilelikde döwlet hasaba alyş guramalaryna tabşyrylýar.

Tehniki şertler döwlet hasaba alyş guramalaryna kitapça görnüşinde tabşyrylýar. Onuň ýüzünde önümiň ady we tehniki şertleriň belgisi görkezilýär.

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň guramalary tehniki şertleri olaryň gelip gowşan gününden başlap 15 güniň dowamynda we «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan bellenen tertipde hasaba alýarlar we kärhana şol tehniki şertleri (olara degişli üýtgetmeleri) olary hasaba alan gullugyň adyny, döwlet tarapyndan hasaba alnan senesini we nomerini görkezmek bilen kärhana gaýtaryp berýär.

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň ýerli guramasy tehniki şertleriň (olara üýtgetmeleriň hasaba alnan nusgasyny we ka-

talog sahypasyny döwlet tarapyndan hasaba alyş hasabaty bilen her aýda (hasabat berilýän aýyň yzyndan gelýän aýyň 5-ine çenli) «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň Türkmen standartlar maglumat merkezine iberýär.

Eger tehniki şertleriň hereket edýän döwründe onuň möhletini uzaltmak barada üýtgetme berilmedik bolsa onda olaryň hereket edýän möhleti gutarandan soň, şeýle hem önüm önümçilikden aýrylmagy mynasybetli tehniki şertler ýatyrylanda tehniki şertleriň döwlet tarapyndan hasaba alyş resminamasy hasaba alnan gurama tarapyndan 3 aýyň dowamynda ýatyrylýar.

Tehniki şertleriň döwlet tarapyndan hasaba alnyşyny ýatyrmak baradaky maglumaty 3 güniň dowamynda tehniki şertleriň asyl nusgasyny saklaýjy kärhana (gurama) we döwlet tarapyndan hasaba alyş hasabaty bilen her aýda «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň Türkmen standartlar maglumat merkezine iberýärler.

Şu aşakdaky önümleriň tehniki şertleri döwlet tarapyndan hasaba alynmaga degişli däldir:

– önümiň tejribe nusgalary (tejribe tapgyry);
– ýadygärlik sowgatlary we halk senediniň önümleri (gymmatbaha daşlardan we metallardan öndürilenlerinden başgasy);
– çig malyň, materiallaryň, ýarym fabrikatlaryň tehnologiki senagat galyndylary;
– özbaşdak ugradylmaga degişli bolmadyk önümleri düzýän bölekler, ýarym fabrikatlar, maddalar we materiallar;
– bir gezek öndirilýän önümler;

## 9.5. Standartyň düzülişine bildirilýän umumy talaplar

Standartyň düzülişine bildirilýän umumy talaplar, ýagny Türkmenistanyň döwlet standartlarynyň düzülişine, beýan edilişine, resmileşdirilişine we mazmunyna bildirilýän umumy talaplar TDS 1.5-2005 standarty bilen kesgitlenýär.

### 9.5.1. Standartyň düzülişine talaplar

Standart umumy ýagdaýda aşakdaky elementleri öz içine alýar:

– baş sahypa
– sözbaşy
– mazmuny;
– giriş;
– at;
– ulanylýan ugurlary;
– kadalaşdyryjy salgylanmalar;
– adalgalar we kesgitlenmeler
– belgiler we gysgaltmalar;
– esasy kadalaşdyryjy düzgünler (talaplar)
– goşundylar;
– bibliografiýa;
– bibliografiki maglumatlar

«Mazmuny» «Giriş», «Kadalaşdyryjy salgylanmalar», «Adalgalar we kesgitlemeler», «Belgiler we gysgaltmalar» , «Goşundylar» elementleri standartda onuň mazmunynyň we beýan edilişiniň aýratynlyklaryndan ugur alyp zerur bolanda getirilýärler.

**Baş sahypa**

Türkmenistanyň döwlet standartlarynyň baş sahypalarynyň birinjisi TDS 1.5-2005 standartynyň A goşundysynda görkezilen görnüşe laýyklykda resmileşdirilýär.

Standartlar zerur bolanda tematiki ýygynda kitapça edilip bilnerler. Şonda ýygyndy goşmaça ýygyndynyň baş sahypasyny, şeýle hem «Ýygyndynyň mazmuny» elementi goşýarlar.

Standartlaryň ýygyndysynyň ýörite baş sahypasynda aşakdaky maglumatlary getirýärler: ýygynda girizilen resminamalaryň durumyny; ýygyndynyň adyny; ýygynda girizilen standartlaryň belgilerini; «Resmi neşir» sözleri; neşirýat hakynda maglumatlary (guramanyň adyny we neşiriň ýerini)

Eger ýygynda girizilen standartlaryň belgileri üznzksiz yzygiderli sanlardan ybarat bolsa, birinji we iň soňky standartlaryň belgilerini olaryň arasyny «kese çyzyk» belgisi bilenbolup görkezmeklige rugsat

berilýär. Iň soňky sahypada ýerleşdirýän «Ýygyndynyň mazmuny» düzümleýin elementde ýygynda girizilen ähli standartlaryň belgilerini we atlaryny we şu standartlaryň yzygiderli sanbelgileriniň başlanýan san belgilerini getirýärler.

**Sözbaşy**

Sözbaşyny baş sahypadan soňky indiki sahypada, ony 2 rim sany bilen belgiläp, ýerleşdirdiler.

«Sözbaşy» sözüni sahypanyň ýokary böleginiň ortasynda görkezýärler, baş harp bilen başlap setir harplar bilen ýazýarlar we ýarym goýy gara harplar bilen tapawutlandyrýarlar.

Sözbaşyda getirilýän maglumatlary arap sanlary (1.2.3.we ş.m.) bilen san belgileýärler we aşakda getirilen nusgalaýyn anyk belgileri peýdalanmak bilen aşakdaky yzygiderlikde ýerleşdirilýärler:

*a) standartyň işlenip düzülişi we ony kabul etmek üçin hödürlenişi hakynda maglumatlar:*

«1______________________________________

*Standarty işläp düzen kärhananyň doly ady*

Tarapyndan işlenip düzüldi.

«2______________________________________

*Standartyň taslamasyny tassyklamaga hödürlän kärhananyň (guramanyň) ady*

Tarapyndan hödürlendi».

b) standartyň kabul edilişi hakynda maglumatlar:

«3______________________________________

*Resminamanyň we edaranyň ady , resminamanyň tassyklanan senesi*

________________________________________

*we san belgisi*

TASSYKLANDY WE GÜÝJE GIRIZILDI».

ç) halkara, sebit ýa-da başga ýurduň milli standartynyň Türkmenistanyň döwlet standarty hökmünde ulanylandygy ýa-da onuň görkezilen standartlar bilen sazlaşandygy hakynda maglumatlar;

d) Türkmenistanyň kanunyň kadalarynyň we düzgünleriniň durmuşa geçirilýändigi hakynda maglumatlar:

Şu standartda ______________________________________________
*Kanunyň ady*

Düzgünleri durmuşa ornaşdyryldy» diýip görkezilmeli.

e) *öndürmek ygtyýarnama boýunça amala aşyrylýan önüme işlenilip düzülen standart hakynda maglumatlar:*

«standartyň talaplary ygtyýarnamanyň eýesiniň tehniki we kadalaşdyryjy resminamalarynda bellenilen talaplara laýyk gelýärler»;

ä) *standart işlenip düzülende ulanylan oýlap tapyşlar hakynda maglumatlar;*

Patentleriň oýlap tapyşlara arzalaryň we awtorlyk şahadatnamalaryň sanbelgilerini we senelerini görkezýärler;

f) *işlenip düzülen standartyň çalşyrylýan kadalaşdyryjy resminamasy (resminamalary hakynda) maglumatlar:*

«_________________________________________DEREGINE

Eger standart ilkinji gezek girizilýän bolsa, onda «ILKINJI GEZEK GIRIZILDI» ýazgy edilýär.

g) *standartyň gaýtadan neşir edilmegi hakynda maglumatlar:*

«________________________________________GAÝTADAN NEŞIR EDILDI”

Zerur bolanda sözbaşa beýleki goşmaça maglumatlar girizilip bilnerler.

**Mazmuny**

«Mazmuny» elementde berlen standartyň bölümleriniň (zerur bolanda – kiçi bölümleriniň) tertip snabelgilerini we atlaryny, onuň goşundylaryny belgilerini we atlaryny getirýärler. Şonda her görkezilen gurluş elementleriň adyndan soň setir nokatlaryny goýýarlar, ondan soň bolsa berlen standartyň gurluş elementiniň başlanýan sahypasynyň san belgisini getirýärler. «Mazmuny» elementde kiçi bölümleriň san belgilerini bölümleriň sanbelgilerine görä, iki alamata deň bolan ak setirden soň getirýärler. «Mazmunda» goşundylaryň atlarynda soň ýaýlarda olaryň durumlaryny (hökmany teklip häsiýetli maglumat häsiýetli) görkezýärler. «Mazmuny» sözbaşyda soň indiki sahypada, sahypany 3 rim sany bilen belgiläp ýerleşdirýärler. «Mazmuny» sözüni sahypanyň ýokary böleginiň ortasynda baş harp bilen başlap setir harplary bilen ýarym goýy gara goýy harplar bilen ýazýarlarlar.

**Giriş**

«Giriş» elementini, eger standarty işlenip düzülmeginiň sebäplerini easalandyrmak toplumynda standartlaryň toplumynda standartyň ýerini görkezmek ýa-da onuň beýleki standartlar bilen arabaglanyşygynyň gaýry görnüşleri peýdalandygyny habar bermek, şeýle hem peýdalanyjylara berlen standartyň ulanylmagyny ýeňilleşdirýän başga maglumaty getirme zerur bolan halatynda getirýärler. Girişde talaplar bolmaly däldir. Girişiň ýazgysyny punktlara, kiçi punktlara we ş.m. bölmeýärler. Girişi «Mazmuny» gurluş elementiň ýerleşdirilen sahypadan soň indiki sahypada ýerleşdirýärler. Sahypany 4 rim sany bilen belgileýärler. Giriş sözüni sahypanyň ýokary bölegininiň ortasynda baş harp bilen başlap ýazýarlar we ýarym goýy gara harplar bilen tapawutlandyrýarlar.

**At**

Standartyň ady gysga bolmalydyr, standartlaşdyrylýan 2 ady takyk häsiýetlendirilmekdir we standarty ony standartlaryň maglumat görkezijisine girizmek üçin dogry toparlanylmagyna üpjün etmelidir. Düzgün bolşy ýaly, standartyň adynda gysgaltmalara (önümiň şertleri belgilerden başga ) rim sanlaryna, matematiki belgile we ş.m. rugsat berilmeýärler. Standartyň ady toparlaýyn atdan, atdan we goşmaça atdan durýar.

Eger standart esas bolujy, guramaçylyk- metodiki ýa-da umumy tehniki standartlaryň ulgamy bolan standartlaryň toplumyna girýän bolsa, onda standartyň adyndan öň toplumyň ähli standartlary üçin umumy we şu ulgamyň ady bolan toparlaýyn ady getirýärler.

*Mysallar:*

| | |
|---|---|
| 1. Düzütçilik resminamalaryň bütewi ulgamy<br>GÝZGYLAR ELEKTRIK<br>Adalgalar we kesgitlemeler | 2. Tehnikada ygtybarlylyk<br>Ygtybarlylygy hasaplamak<br>Esasy düzgünler |

Önümlere, işlere, proseslere standartyň ady, düzgün bolşy ýaly, atdan we goşmaça atdan durýarlar.

*Mysallar:*

| | |
|---|---|
| 1. ULALTGYÇLAR<br>INSTRUMENTAL<br>Umumy tehniki şertler | 2. GAR ÝÜKLEÝJILER<br>Barlag usullary |

Standartyň mazmunyna baglylykda onuň ady toparlaýyn atdan we goşmaça atdan durup biler.

*Mysal:*

Türkmenistanyň döwlet standartlaşdyryş ulgamy

Esasy düzgünler

Standartyň adyny baş harplar bilen çap edýärler. Toparlaýyn ady we goşmaça ady baş harp bilen başlap setir harplar bilen çap edýärler.

Standartyň ady standartlaşdyrylýan zady kesgitleýär.Standartyň adynda berlen standartlaşdyrylýan zady beýleki zatlardan tapawutlandyrýan zerur we ýeterlik alamatlary getirýärler.

Birmeňzeş önümleriň toplumyna standartyň adyny degişli toplumyň önümleriň (hyzmatlaryň) sanawy boýunça adyny göz öňünde tutmak bilen düzýärler.

Standartlaşdyrylýan zady has doly häsiýetlendirmek üçin standartyň adyna goşmaça kesgitlemeler girizilip bilnerler.

eger adalgalara we kesgitlemelere (şertli belgiler) sypat we at bilelikde bilimiň, ylmyň, tehnikanyň ýa-da önümçiligiň pudagynyň olara degişli kesgitli ugruny görkezýän bolsa

*Mysallar:*

| | |
|---|---|
| 1. ÝAPYK BOŞLUK TEHNIKASY<br>Adalgalar we kesgitlemeler | 2. FIZIKI OPTIKA<br>Esasy ululyklaryň belgilenişi |

Göni tertibi standartyň goşmaça adynda, şeýle hem esas bolujy guramaçylyk metodiki we umumy tehniki standartlaryň ady bolan toparlaýyn ulanýarlar

*Mysal:*

Türkmenistanyň döwlet standartlaşdyryş ulgamy

Esas DÜZGÜNLER

Eger standart bir standartlaşdyrylýan zada degişli bolsa, onda onuň adyny stanadartyň adynda birlik sanda getirýärler.

*Mysallar:* 1. FENOL SINTETIKI TEHNIKI; 2. ÝUMURTGA TOZY

Eger standart birnäçe biratly standartlaşdyrylýan zada degişli bolsa, onda olaryň umumy adyny köplük sanda getirýärler.

*Mysal:* KEKSLER

Köplük sanda ulanylmaýan ýa-da başga manysy bolan standartlaşdyrylýan zatlaryň atlary muňa girmeýärler

*Mysallar:* 1. ÝER ALMA, 2. DÄNE

Eger standartlaşdyrylýan zatlar birmeňzeş alamat ýa-da alamatlar bilen häsiýetlendirilýän bolsalar, onda ilki «we» haklaýjy kömekçiler (eger iki atdan köp bolsa – otyr we «we» baglaýjy kömekçi bilen) baglaşylan atlary, soňra bolsa bu alamaty häsiýetlendirýän sypaty ýa-da umumylykda hususylyga tertipde birnäçe alamtlary häsiýetlendirýän sypatlary ýazýarlar.

*Mysallar:*

1. MAŞYNLAR, MEHANIZMLER, ESBAPLAR, GURLUŞLAR WE ESASLAR GÄMI

2. ESBAPLAR WE ÖWRÜJILER ELEKTRIK ÖLÇEÝJI SANLY

eger alamat sanalan standartlaşdyrylan zatlaryň diňe birine degişli bolsa onda bu zadyň adyny iň soňundan, oňa degişli sypaty getirip sözleriň göni tertibinde ýazýarlar.

*Mysallar:*

1. MIKROFONLAR WE MIKROFON BIRLEŞDIRIJILER.

2. KABELLER, GEÇIRIJILER, SIMLER WE KABEL ARMATURASY

eger her standartlaşdyrylan zadyň öz alamatlary bar bolsa onda diňe birinji standartlaşdyrylan zady aňladýan söz düzümi sözleriň ters tertibi bilen getirýärler.

*Mysal:* IZOLÝATORLAR FARFOR WE ÝOKARY WOLTLY GIRIZMELER

Eger standart bu önüm üçin umumy bolan at görnüşinde ady bolan bir bölüniş toparlanma degişli dürli önüme degişli bolsa, onda atda ilki şu ady ýazýarlar, soňra bolsa alamatlary oturyň we «we» baglaýjy kömekçiniň üsti bilen iň soňky alamatyň öňünden sanaýarlar.

*Mysal:* DÜÝPLÜKLER ÝASY, GUTY WE SÖÝEG

Eger standartlaşdyrylýan zat bir bitewi zadyň bölegi bolsa, onda adyň başynda bu bölegiň adyny bütewi zadyň adyny bolsa goşmaça alamat hökmünde görkezýärler. Şonda bütewi zadyň adynda sözleriň göni tertibini saklaýarlar.

*Mysallar:* WTULKALAR ÇEKILI YRGYLDYLY PODŞIPNIKLERIŇ

Standartyň goşmaça adynda standart tarapyndan bellenilýän düzgünleriň gysga umumylaşdyrylan mazmunyny görkezýärler.

*Mysallar:*

| | |
|---|---|
| 1. GALYPLAR METAL<br>Synag usullary | 2. MARGARIN<br>Umumy tehniki talaplar |

**Ulanylýan ugurlary**

«Ulanylýan ugurlary» elementde standartyň niýetlenişini we onuň ýaýraýan ugruny (standartlaşdyrylýan zat) zerur bolanda standartyň ulanylýan ugruny anyklaşdyrylýar. «Ulanylýan ugurlary» 1-nji bölüm görnüşinde resmileşdirilýär we standartyň birinji sahypasynda ýerleşdirilýär. Standartyň niýetlenişi we ýaýraýan ugry görkezilende aşakdaky ýazgylary

Ulanylýarlar: «Şu standart ... belleýär» ýa-da şu standart ... ýaýraýar we .... belleýär»

*Mysallar:*

1. Şu standart podşipnikleriň radial we ok deşikleriniň ölçeglerini belleýär.

2. Şu standart geýimiň ölçegleri kesgitlenilende adamyň bedenini ölçemäge talaplary belleýär.

3. Şu standart çyzyk sandyramanyň tizlenmesiniň datçiklerine (öwrüjilerine) ýaýraýar we olaryň gaýtadan sandyrama kalibrowkanyň usulyny we serişdelerini belleýär.

Standartyň adynyň adynda görkezilen standartlaşdyrylýan zady goşmaça anyklaşdyrmak (takyklamak) zerur bolanda aşakdaky ýazgyny ulanýarlar: «Şu standart .... ýaýraýar»

*Mysallar:*

1. Şu standart ösümlik iýmleriniň, toplumlaýyn iýmleriň we toplum; aýyn iýmiň çig malyň ähli görnüşlerine ýaýraýar, mineral çig mal, iým maýalary we paprin muňa girmeýärler.

2. Şu standart diňe atom elektrik stadartlaryna iberilýän önümlere degişlidir.

Standartyň niýetlenişi, standartlaşdyrylýan zady takyklamagy we standartyň ulanylýan ugurlaryny takyklamagy bir sözlemde birleşdirmäge rugsat berilýär.

*Mysal:* – Şu standart agyz suw bilen üpjünçiligiň merkezleşdirilen ulgamlary tarapyndan taýýarlanan we berilýän agyz suwunyň nusgalyklaryny seçip almaga talaplary belleýär we olary suw bölüş ulgamyna gelmezinden öň baha berlende gollanmaly.

Umumy tehniki şertleri ýa-da tehniki şertleri belleýän standarta standartyň niýetlenişi getirmeýärler, standartlaşdyrylýan zady we standartyň ýazgysynda onuň gysga ýazgysyny, standartyň ulanylan ugurlaryny anyklap (zerur bolanda) görkezýärler.

*Mysal:* – Şu standart saglyk we hünär görkezişleri boýunça olary ulanmaga mätäç bolan pasiýentler üçin niýetlenilen galtaşýan ýeňil linzalara ýaýraýar.

Şu standart reňklenen, şol sanda kosmetiki niýetli, linzalara ýaýramaýar.

Eger önüme işe, hyzmata standartda raýatlaryň jany, saglygy we emlägi üçin howpsuzlygy, töwerekdäki gurşawy goramagy, ylalaşyjylygy, biri-biriniň deregini tutujylygy, gaplamagy, belliklemegi üpjün etmäge hökmany talaplar we hökmany talaplary barlamagyň usullary bar bolsa, onda «Ulanylýan ugurlarda» «Önüme (işe, hyzmata) hökmany talaplar «bölümiň kiçi bölüminde, punktuň belgisinde» diýip görkezýärler.

**Kadalaşdyryjy salgylanmalar**

«Kadalaşdyrjy salgylanmalar» elementi, eger standartyň ýazgysynda başga standartlara we tehniki şertlere salgylanmalar berlen bolsa getirýärler.

«Kadalaşdyryjy salgylanmalary» 2-nji bölüm görüşinde resmilleşdirýärler.

Onda salgylanma kadalaşdyryjy resminamalaryň sanawyny getirýärler.

Salgylanma kadalaşdyryjy resminamalaryň sanawyny: «Şu standartda aşakdaky standartlar we tehniki şertlere salgylanmalar ulanyldy» sözlerden başlaýarlar.

Salgylanma kadalaşdyryjy resminamalaryň sanawynda resminamalaryň kabul edilen ýylynyň sanlary bilen doly belgilerini we atlaryny, bu resminamalary belgileriň bellige alyş sanbelgileriniň ösüş tertibinde ýerleşdirip, aşakdaky yzygiderlikde görkezýärler:

– döwletara standartlar

– Türkmenistanyň döwlet standarty

– tehniki şertler

Umumytehniki we guramaçylyk-metodiki standartlaryň ulgamyna standartlaryň toparlaýynatlary üçin sanawda ulanylan abberwiaturalar anyklandyrylmalydyrlar.

**Adalgalar we kesgitlemeler**

«Adalgalar we kesgitlemeler» elementi zerur bolanda berlen standartda ulanylýan, ozal standartlaşdyrylmadyk adalgalary takyklamak ýa-da bellemek üçin getirýärler. Bellikde getirilen adalgalar we onuň kesgitlemesi adalga maddasyny düzýärler. «Şu standartda aşakdaky adalgalar degişli kesgitlemeler bilen ulanyldy» sözlerden başlaýarlar. Standartda adalgalar we kesgitlemeler bellenilende standartlaşdyrylýan adalgalar we olaryň kesgitlemelerine talaplar babatda standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak boýunça Ýewraziýa geňeşiň (EACC) degişli maslahatlary göz öňünde tutýarlar. Kesgitleme iň amatly gysga bolmalydyr. Şonda goşmaça düşündirişleri bellikde getirýärler. Her adalga madda «adalgalar we kesgitlemeler» bölüminiň sanbelgisinden durýan we ondan şu bölümde maddanyň tertip sanbelgisinden nokat bilen aýrylan sanbelgi berýärler. Her adalga maddadan soň nokat goýýarlar. Adalgany setir harplary bilen ýarym goýy gara harplar, kesgitlemäni bolsa başlap ýazýarlar. Adalgany kesgitlemeden iki nokat bilen aýyrýarlar.

**Belgiler we gysgaltmalar**

Eger standart belgileriň ýa-da gysgaltmalaryň köp sanyny ulanmak zerur bolsa, onda olary bellemek üçin standartyň aşakdaky gurluş elementini ulanýarlar: «Belgiler we gysgaltmalar», «Belgiler», «Gysgaltmalar» we ony berlen satndartyň bir atly bölümi görnüşinde getirýärler. Standartyň şu bölüminde berlen standartda ulanylýan belgileri we gysgaltmalary belleýärler olaryň açyklamasyny we zerur düşündirilişine getirýärler. Şonda belgileriň we gysgaltmalaryň sanawyny elipbiý tertibinde ýa-da olaryň standartynyň ýazgysynda birinji ýatlanmagynyň tertibinde, berlen sanawda belgileri we gysgaltmalary gözlemegiň oňaýlylygyndan ugur alyp belleýärler.

Standartda «Adalgalar we kesgitlemeler» we «Belgiler we Gysgaltmalar» elementleri bar. «Adalgalar we kesgitlemeler belgilemeler we gysgaltmalar» bölüme birleşdirmäge rugsat berilýär.

Eger berlen standartda ulanylýan ähli belgiler we ýa-da gysgaltmalar onda bellenilen adalgalara degişli bolsa onda standartyň degişli bölümini «Adalgalar we kesgitlemeler» atlandyrýarlar. Şertli belgilerden soň ululyklaryň birlikleriniň belgileri hem getirilip bilner, olar otur bilen aýyrýarlar we ýarym goýy gara harplar bilen tapawutlandyrýarlar.

*Mysallar:*

1. *kiçi suw energetika desgasy; KSED*: 1000kWt çenli kadaly kuwwatly suw energetiki desgasy

2. *bank gorag serişdesiniň geçiriji gurluşy (geçiriji gurluş)*: Müşderi bilen bank işgäriniň arasynda bank gymmatlyklary bilen amallary amala aşyrmak üçin niýetlenen oka durnukly bank gorag serişdesiniň gurluşynyň elementi.

**Esasy kadalaşdyryjy düzgünler (talaplar)**

Standartyň esasy kadalaşdyryjy düzgünlerini bölümler görnüşinde resmileşdirilýär, olaryň mazmunyny berlen standartyň talabyna laýyklykda kesgitlenen görnüşinden standartlaşdyrylýan zadyň aýratynlyklarynda we aspektinden ugur alyp belleýärler. Standartyň onuň esasy kadalaşdyryjy düzgünlerini öz içine alýan bölümleriň beýan edilişi 4-nji bölümiň talaplaryna laýyklykda edilýär.

**Goşundylar**

Standartyň esasy bölegini doldurýan materiallary goşundylar görnüşinde resmileşdirilýär. Goşundylarda uly möçberli we ölçegli grafiki materialy, uly ölçegli tablisalary, hasaplamalaryň usullaryny, enjamlaryň we esbaplaryň beýanyny, EHM çözülýän meseleleriň algoritmlerini we maksatnamalaryny we ş.m. getirmek maksada laýykdyr. Durumy boýunça goşundylar hökmany, teklip häsiýetli ýa-da maglumat häsiýetli bolup bilerler. Goşundylary A-dan başlap türkmen harplarynyň baş harplary bilen belgileýärler, Türkmen harplary doly ulanylan halatynda goşundylary arap sanlary bilen belgileýärler. Eger standartda bir goşundy bolsa, onda oňa belgi berýärler. Her goşundyny täze sahypadan başlaýarlar. Şonda sahypanyň ýokary böleginde, ortanda baş harp bilen başlanyp setir harplar bilen ýazylan «Goşundy» sözüni we goşundynyň belgisini getirýärler we ýarym goýy gara harp bilen tapawutlandyrýarlar. Olaryň aşagynda ýaýlarda «hökmany», «teklip häsiýetli» ýa-da «maglumat häsiýet-

li» sözleri ulanyp goşundynyň durumyny görkezýärler. Bir sahypada iki (ondan köp) yzygiderli ýerleşen goşundylaryň, eger olary sahypada doly beýan etmek mümkin bolsa, ýerleşen goşundylaryň eger olary sahypada doly beýan etmek mümkin bolsa, ýerleşdirilmegine rugsat berilýär. Goşundynyň mazmunyny görkezýärler, ony ýazga görä simmetrik ýerleşdirýärler, aýratyn setir (ýa-da setir) görnüşinde getirýärler baş harp bilen çap edýärler we ýarym ýy rgara harplar bilen tapawutlandyrýarlar. Her goşundynyň ýazgysy zerur bolanda bölümlere, kiçi bölümlere, punktlara, kiçi punktlara bölünip biler, olary her goşundynyň çäklerinde san belgileýärler. Bölümiň, kiçi bölümiň, punktyň san belgisinden öň berlen goşundynyň belgisi goýulýar. Goşundylaryň standartyň esasy bölegi bilen sahypanyň umumy yzygiderligi san belgilenmeleri bolmalydyr. Standartyň ýazgysynda hemme goşundylara salgylanmalar berilmelidir, hökmany goşundylar salgylanmalarda «goşunda laýyklykda» sözleri teklip häsiýetlilere we maglumat häsiýetlilere salgylanmalarda «goşundyda getirilendir» sözleri ulanýarlar. Şonda goşundylaryň durumlaryny görkezmeýärler. Goşundylary olara standartyň ýazgysynda salgylanmalar tertibinde ýerleşdirýärler we 4-nji bölümiň talaplaryna laýyklykda beýan edýärler.

**Bibliografiýa**

Eger standartda salgylanmalar berlen bolsalar, onda berlen standarta «Bibliografiýa» ementi girizilýärler, ony «Bibliografiki maglumatlar» elementiň öňünde ýerleşdirýärler. Şonda salgylanma resminamalaryň sanawynystandatyň we onuň goşyndylarynyň ýazgysynda ýatlanyşy tertibinde berlen resminamalaryň kwadrat ýaýlarda getirilen sanbelgilerine görä düzülýär. Bibliografiýada salgylanma resminamalaryň sanbelgisinden soň onuň durumyny (Döwlet sanitar düzgünleri, halkara standart we ş.m.) doly belgisini (kabul edilen ýylynyň sanlary bilen) we adyny görkezýärler.

Eger salgylanma resminamanyň durumy onuň adyndan gelip çykýan bolsa ýa-da onuň belgisi bolmasa, onda degişli sanawda resminamanyň adyndan soň tegelek ýaýlarda şu resminamany haýsy döwlet, döwletara ýa-da halkara edaranyň kabul edendigini (tassyklandygyny) we onuň kabul edilen tassyklanan senesini görkezýärler.

| *Mysal:* | *Bibliografiýa* |
| --- | --- |
| *[1] Правила по мужгосударственной стандартизации ПМГ 02-93* | *Типовое положения о междугосударственном техническом комитете по стандартизации* |
| *[2] Руковоство ИСО/МЕК 2: 1996 (ISO/IEK Guide 2№1996)* | *Стандартизация и смежные виды деятельности. Общий словарь (Standardization and related activities. General vocabulary)* |

[3] *Azyk önümleriniň hilini we howpsuzlygyny üpjün etmegiň meseleleriniň esasy kadalary we düzgünleri (Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 2001-nji iýulyndaky buýrugy).*

**Bibliografiýa maglumatlar**

Bibliografiki maglumatlary standartyň iň soňky sahypasynda getirýärler. Standartyň bibliografiki maglumatlaryna aşakdakylar ýaly girizilýär:

– Универсальная десятичная классификация indeksi (УДК),

– Standartlaryň döwletara klassifikatorlaryň standartyň degişli toparynyň ýa-da kiçi toparynyň kody;

– esasy sözler.

### 9.5.2. Standartyň beýan edilişine talaplar

Standartyň mazmunynyň aýratynlyklaryna baglylykda onyň düzgünlerini ýazgy, tablisalar, grafiki material (suratlar, çyzgylar, diogramalar) ýa-da olaryň birleşmegine görnüşinde beýan edýärler. Standartyň ýazgysy gysga (mümkin boldygyça ), takyk, diňe bir manyda düşünilýän, logiki yzygiderlilikli, standarty onuň ulanylan ugurlanryna laýyklykda ulanmak uçin zeruz we ýeterlik bolmalydyr.

Standarta aşakdakylary girizýärler:

– obýektiw usullar bilen barlanyp bolýan talaplary;
– şu ussalary düzgünleşdirýän görkezmeleri;
– gaýry görkezmeler we maslahatlar.

Standartda hereket edýän standartlar tarapyndan bellenilen standartlaşdyrlan adalgalary, kesgitlemeleri, belgileri we kesgitlemeler, belgiler we gysgaltmalar beýleki standartlar tarapyndan bellenmedik bolsalar, onda olary zerur bolanda degişli gurluş elementlerinde getirilýär. Hökmanly talaplar beýan edilende standartyň ýazgysynda aşakdaky sözleri ulanylýar: «-malydyr/-melidir, «maly/-meli» goşulmalary, «zerur», «talap edilýär», «degişli», «rugsat berilýär», «ýol berilmeýär», «-mysaly/-meli däldir», «degişli däldir», bolup bilmez» we ş.m. «Beýleki düzgünler beýan edilende: «bolup bilerler», «düzgün bolşy ýaly», «zerur bolanda», «bolup biler», «ýagdaýda» we ş.m. sözleri ulanylýar. Standartda talaplar üçin beýan ediş görnüşi ulanmaga ýol berilýär, meselem «ulanýarlar», «görkezýärler» we ş.m. Standartda talaplary ululyklaryň iň uly we iň kiçi bahalaryna getirip: «köp (az) bolmaly däldir» ýa-da «ýokary geçmeli däldir» söz düzümlerini ulanýarlar.

*Mysal* – tehniki kalsileşdirilen sodada kömürturşy natriniň massa bölegi 99,4%-den az bolmaly däldir.

Standartda maglumatlary we goşundylary beýan ediş görnüşinde berýärler.

Standartda aşakdakylary ulanmaga rugsat berilmeýär:
– gepleşik diliniň öwrümlerini, tehnisizmelere we professionalizmlere;
– şol bir düşünje üçin manysy boýunça ýakyn dürli ylmy-tehniki adalgalary (sinonimleri), şonuň ýaly-da türkmen we rus dillerinde manydaş sözleri bar bolsa çet ýurt sözlerini we adalgalary;
– erkin söz düzümleri;
– türkmen we rus orfografiýasynyň kadalary, degişli döwlet standartlary tarapyndan, şeýle hem berlen standartda bellenilenden başga söz gysgaltmalary.

Standartyň ýazgysynda, formulalardan, tablisalardan we suratlardan başga ýerde, aşakdakylary ulanmaga rugsat berilmeýär:

– ululyklaryň otrisatel bahalarynyň öňünde «-» minus matematiki belgisini («minus» sözüni ýazmaly);

– diametri aňlatmak üçin “Ø” belgisini («diametr» sözüni ýazmaly);

– san bahalaryny getirmezden ululyklaryň matematiki belgilerini, mysal üçin «>» (köp), «<» (az), «=» (deňdir), «  » (köp ýa-da deňdir), «  » (az ýa-da deňdir), «  » (deň däldir), şonuň ýaly-da «№» (sanbelgi) we % (göterim) belgilerini.

Bellenen takyklykda önümleri öndürmek üçin (işleri ýa-da prosesleri ýerine ýetirmek üçin) standartda bellenýän görkezijileriň san bahalaryny, kada bolşy ýaly, TDS-8.417 talaplaryny berjaý etmek bilen aňryçäk gyşarmalar bilen getirýärler ýa-da iň uly we/ýa-da iň kiçi san bahalary görnüşinde görkezýärler. Standartda maddalaryň we materiallaryň fiziki hemişelikleri, häsýetleri hakynda maglumatlar getirlende bu maglumatlaryň TDS-8.310 boýunça derejelerini görkezýärler. Rim sanlaryny diňe önümiň sortyny, derejesini, klasyny, himiki elementleriň walentligini, ýylyň çärýeklerini, ýarym ýyly aňlatmak üçin ulanmaga rugsat berilýär.Galan ýagdaýlarda arap sanlaryny ulanýarlar. Rim sanlary, arap sanlary bilen bellenen seneler we mukdar sanlar, düzgün bolşy ýaly, düzgün goşulmasyz bolmalydyrlar. Hasap birlikleriniň we fiziki ululyklaryň birlikleriniň belgilerini tablisalarda, formulalara girýän alamatlaryň düşündirişlerinde we ýazgyda diňe san bahalary bolanda ulanýarlar we nokatsyz ýazýarlar.

*Mysal* – 5 sany, 10 kg

**Ýazgynyň bölünişi**

Standartynyň esasy böleginiň ýazgysyny aşakdaky guruş elementlerine bölýärler: bölümler, kiçi bölümler, punktlar. Bölümler punktlara ýa-da degişli punktlar bilen kiçi punktlara bölünip bilerler. Punktlar zerur bolanda kiçi punktlara bölünip bilerler.

Bellik – Standartyň esasy bölegi onuň 3.1.2 bellenen ähli elementlerini girizýär, baş sahypa, sözbaşy, mazmuny, giriş, göşundylar we bibliografiki maglumatlar muňa girmeýärler. Standartyň teksti punktlara we kiçi punktlara bölünende her punktyň (kiçi punktyň) standartyň aýratyn düzgünini düzmegi, ýagny maglumatyň gutarnykly logiki birligi saklamagy zerurdyr. Bölümleri, kiçi bölümleri, punktlary we kiçi punktlary arap sanlary bilen sanbelgileýärler we ak

setirden ýazýarlar. Bölümleriň ähli ýazgynyň esasy bölegini çäklerinde tertip sanbelgilenmesi bolmalydyr.

*Mysal – 1, 2, 3 we ş.m.*

Kiçi bölümiň sanbelgisi nokatlar bilen bölünen bölümiň we kiçi bölümiň sanbelgilerini, punktyň sanbelgisi bolsa – bölümiň, kiçi bölümiň we punktyň sanbelgilerini (ýa-da bölümiň we punktyň nokatlar (nokat) bilen bölünen sanbelgilerini) girizýär.

*Mysallar:*

*1 1.1.1; 1.1.2; 1.2.1; 1.2.2 we ş.m.*

*2 1.1; 1.2; 1.3; we ş.m*

Kiçi punktyň sanbelgisi bölümiň, kiçi bölümiň (ol bar bolanda), punktyň we kiçi punktyň nokatlar bilen bölünen sanbelgilerini girizýärler.

*Mysal: 1.1.1.1; 1.1.1.2; 1.1.1.3; we ş.m*

Bölümiň, kiçi bölümiň, punktyň, kiçi punktyň sanbelgisinden soň nokat goýmaýarlar, ýöne standartyň ýazgysyndan boş ýer bilen aýyrýarlar. Goşundynyň ýazgysy bölümlere, kiçi bölümlere, punktlara, kiçi punktlara bölünip bilner, olary her goşundynyň çäklerinde ,olaryň sanbelgisiniň öňünden şu goşyndynyň belgisini goýup, ony sanbelgiden nokat bilen aýryp, sanbelgileýärler.

*Mysallar:*

*1 A.1; A.2; A.3 we ş.m.*

*2 B.1.1; B.1.2; B.2.1 we ş.m.*

Eger standartyň bölüminiň ýa-da kiçi bölüminiň ýa-da onuň goşundysynyň diňe bir punkty bar bolsa, onda ony sanbelgilemeýärler.

**Atlar**

Bölümleriň, kiçi bölümleriň atlary bolmalydyrlar. Punkylaryň, düzgün bolşy ýaly, atlary bolmaýarlar. Atlar degişli bölümleriň we kiçi bölümleriň mazmunyny takyk we gysga şöhlelenmelidirler. Bölümleriň, kiçi bölümleriň atlaryny sanbelgiden boş ýer bilen bölüp, baş harp bilen başlap, ahyrynda nokat goýman we aşagyny çyzman çap edýärler. Şonda bölümiň, kiçi bölümiň sanbelgisini ak setirden soň çap edýärler. Eger at iki sözlemden durýan bolsa, onda olary nokat bilen bölýärler. Atlarda gysgaltmalara ýol bermeli däl (umumy ykrar edilen abbrewuaturalar, ululyklaryň birlikleri we önümiň şertli belgilerine girýän gysgaltmalar muňa girmeýärler). Atda sözi indiki

setire geçirmäge, rim sanlaryny, matematiki alamatlary we grek harplaryny ulanmaga rugsat berilmeýär. Bölümleriň kiçi bölümleriň atlaryny ýarym goýy gara harplar bilen tapawutlandyrýarlar.

**Sanawlar**

Standartyň ýazgysynda (düzgün bolşy ýaly, punktlaryň ýa-da kiçi punktlaryň içinde) sanawlar getirilip biliner. Sanawlar ýazgyda ak setir bilen tapawutlandyrýarlar, ony diňe birinji setirde ulanýarlar. Sanawyň her pozisiýasynyň öňünde kese çyzyk goýýarlar. Eger standartyň ýazgysynda bir ýa-da birnäçe sanawlara salgylanmak zerur bolsa, onda her pozisiýanyň öňünde kese çyzygyň deregine elipbiý tertibinde getirilýän setir harpyny, ondan soň bolsa ýaý goýýarlar. Sanawy mundan beýläk jikme-jikleşdirmek üçin olary harplar bilen belgilenen sanawlara görä iki alamata saga süýşirmek bilen getirip arap sanlaryny ulanýarlar, olardan soň ýaý goýýarlar.

*Mysal – Ähli medisina önümleri üçin aşakdaky goşmaça talaplar bellenendirler:*

*a) töwerekdäki gurşawyň, aşakdaky ýagdaýlarda amala aşyrylýan, barlagyny geçirmek;*

*1) zyýansyzlandyrylan önümler iberilende;*

*2) ulanylmagyndan öň zyýansyzlandyrylýan zyýansyzlandyrylmadyk önümler iberilende;*

*b) üpjün ediji tarapyndan aşakdaky önümleriň arassalygyna talaplary bellemek we berjaý etmek;*

*1) zyýansyzlandyrylmagyndan we/ýa-da ulanylmagyndan öň öňünden arassalanan ;*

*2) zyýansyzlandyrylman iberilýän, ýöne zyýansyzlandyrylmagyndan öň arassalanmaga degişli;*

*3) zyýansyzlandyrylman ulanmak üçin niýetlenenler;*

*ç) üpjün ediji tarapyndan hyzmat etmek boýunça talaplary, eger bu önümiň hiline täsir edip biljek bolsa, bellemek.*

**Tablisalar**

Tablisalary görkezijileriň (parametrleriň, ölçegleriň we ş.m.) san bahalaryny deňeşdirmegiň has gowy aýdyňlygy we oňaýlygyüçin ulanýarlar. Tablisa görnüşli, eger dürli görkezijiler haýsy hem bolsa umumy alamat (mysal üçin, fiziki-himiki görkezijiler) toparlamak mümkin bolsa, görkezijileriň her biriniň iki (ýa-da ondan

köp) bahalary bolup biljek bolsa, ulanmak maksada laýykdyr. Tablisada görkezijileriň bilen birlikde berlen standartyň we/ýa-da şu görkezijileriň barlag usullaryna talaplary belleýän beýleki döwletara we döwlet standartlaryna salgylanmalar getirlip bilner. Soňky ýagdaýda şu salgylanmalary standartyň barlag usullaryna talaplar bellenen bölüminde gaýtadan getirmezlige rugsat berilýär. Tablisany aşakdaky mysala laýyklykda resmileşdirýärler. Çepde tablisanyň üstünde «Tablisa» sözüni ýerleşdirýärler. Onuň öňünden tablisanyň sanbelgisini getirýärler. Şonda tablisanyň sanbelgisinden soň nokat goýmaýarlar. Tablisanyň mazmunyny gysga düşündirmek we/ýa-da takyklamak zerur bolanda onuň adyny getirýärler, ony tablisanyň ýokarsynda baş harp bilen başlap, ondan kese çyzyk bilen bölüp, ýazýarlar. Şonda tablisanyň adyndan soň nokat goýmaýarlar.

*Mysal:*

____________ tablisa - ______________________________
Sanbelgisi tablisanyň ady




Tablisalary standartyň bütin ýazgysynyň çäklerinde arap sanlary bilen yzygiderli sanbelgilenmek arkaly sanbelgileýärler, goşundylaryň tablisalary muňa girmeýärler. Her goşundynyň tablisany arap harplary bilen aýratyn sanbelgilemek arkaly her sanbelginiň öňünde berlen goşundynyň belgisini goşup we olary nokat bilen bölüp sanbelgileýärler. Eger standartda bir tablisa bolsa, onda ony «1-nji tablisa»” ýa-da, mysal üçin «B.1 tablisa» (eger tablisa B goşundyda getirlen bolsa) begileýärler. Standartyň hemme tablisalaryna standartyň ýa-da goşundynyň (eger tablisa goşundyda getirlen bolsa), ýazgysynda salgylanmalar getirilmelidirler. Şonda «Tablisa» sözüni ýazýarlar we öňünde onuň sanbelgisini görkezýärler. Tablisalaryň grafalaryň (sütünleriniň) we setirleriniň atlaryny baş harp bilen başlap,sütünleriň

goşmaça atlaryny, eger olar at bilen bir sözlemi düzýän bolsa, setir harpy bilen başlap ýa-da olaryň özbaşdak manysy bolsa baş harp bilen başlap getirýärler. Sütünleriň we setirleriň atlarynyň we goşmaça atlarynyň soňunda nokat goýmaýarlar. Sütünleriň atlaryny we goşmaça atlaryny birlik sanda görkezýärler. Ýan öýjügiň ady ýa-da beýleki sütünleriň diogonal çyzyklar bilen bölmäge rugsat berilmeýär. Sütünleriň atlaryny, düzgün bolşy ýaly, tablisanyň setirlerine parallel ýazýarlar. Zerur bolanda sütünleriň atlaryny tablisanyň setirlerine perpendikulýar ýerleşdirmäge rugsat berilýär. Tablisanyň baş öýjigi tablisanyň galan böleginden çyzyk bilen bölünmelidir. Tablisanyň setirlerini çäklendirýän kese çyzyklary, eger olaryň ýoklugy tablisany peýdalanmagy kynlaşdyrmaýan bolsa, geçirmezlige rugsat berilýär. Tablisany çepden, sagdan we aşakdan çyzyklar bilen çäklendirýärler. Tablisany onuň ölçegine baglylykda oňa ilkinji gezek salgylanma berlen ýazgynyň aşagynda, ýa-da indiki sahypada, zerur bolan halatynda bolsa standartyň goşundysynda ýerleşdirýärler. Tablisany standartyň sahypasynyň uzyn tarapynyň uzaboýuna ýerleşdirmäge rugsat berilýär. Eger tablisa standartyň ölçeginden çykýan bolsa, onda tablisany, bir belgini beýlekisiniň aşagynda, gapdalynda ýa-da indiki sahypada ýerleşdirip, böleklere bolýärler. Tablisa böleklere bölünende «Tablisa» sözüni, onuň sanbelgisini we adyny tablisanyň birinji böleginiň üstünde ýerleşdirýärler, beýleki bölekleriň üstünde bolsa «Tablisanyň dowamy» ýa-da «Tablisanyň soňy» sözleri tablisanyň sanbelgisini görkezmek bilen aşakdaky mysala laýyklykda getirýärler.

*Mysal:*

______tablisa

Millimetrlerde

| Myhyň (nurbatyň şpilkanyň) hyrynyň kadaly diametri | Epenegiň içki diametri | Epenegiň galyňlygy | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Ýenil | Kadaly | agry | | | |
| | | a | b | a | b | a | b |
| 2,0 | 2,1 | 0,5 | 0,8 | 0,5 | 0,5 | - | - |

Eger sahypanyň soňunda tablisa bölünýän we onuň dowamy indiki sahypada boljak bolsa, onda tablisanyň birinji böleginde tablisany

çäklendirýän aşakdaky kese çyzygy geçirmeýärler, many ähmiýeti bolan çyzyklar muňa girmeýärler. Sütünleri köp bolmadyk tablisalary böleklere bölmage we bir bölegini beýlekisiniň ýanynda bir tarapda ýerleşdirmäge rugsat edilýär. Şonda tablisanyň baş öýjügini aşakdaky mysala laýyklykda gaýtalaýarlar.

*Mysal:*

_______tablisa

| Berkidilýän saýyň okunyň diýametiri *mm* | 1000sany polat epenekleriň massasy, *kg* | | Berkidilýän şaýyn okunyň diýametri, *mm* | 1000 sany polat epenegiň massasy, *kg* |
|---|---|---|---|---|
| 1,1 | 0,045 | | 2,5 | 0,192 |
| 1,2 | 0,063 | | 3,0 | 0,350 |
| 1,4 | 0,111 | | 3,5 | 0,553 |

«Tertip boýuça sanbelgisi» sütüni tablisa girizmäge rugsat berilmeýär. Tablisa girizilen görkezijileri sanbelgilemek zerur bolanda, tertip sanbelgileri tablisanyň birinji sütüninde (ýan öýjükde)olaryň adynyň gös-göni öňünde aşakdaky mysala laýyklykda görkezýärler. Ulylyklaryň san bahalaryň we önümiň görnüşiniň, kysymynyň we ş.m. belgisiniň öňünde tertip sanbelgilerini goýmaýarlar.

*Mysal:*

______ tablisa

| Görkezijiniň ady | Kysymy üçin görkezijiniň bahasy | |
|---|---|---|
| | A | B |
| Dykyzlyk, kg / m3,köp däl | 75 | 80 |
| Gysylyjylyk,%, köp däl | 20 | 15 |
| Suw siňdiriş, massa boýunça % köp däl. | 30 | 25 |

Setirdäki ýa-da sütündäki ahli görkezijiler üçin ululygyň birliginiň umumy belgisine degişli görkezijiniň adyndan soň görkezýärler.

*Mysal:*

______ tablisa

| Eredijiniň ady | Temperatyra, ºC | | Howa bilen garyndyda partlama çägi,% |
|---|---|---|---|
| | tutaşma | Öz-özinden ot alma | |
| Ksilol | 24 | 494 | 1,0-6,0 |
| Toluol | 4 | 536 | 1,2-6,5 |
| Butilasetat | 29 | 450 | 1,4-14,7 |

Eger tablisanyň grafalarynda getirlen ähli görkezjiler fiziki ululygyň şol bir birliklerinde getirlen bolsalar, onda şol birligi tablisanyň üstünde sag tarapda, tablisa bölekleri bölünende bolsa onuň her böleginiň üstünde getirýärler. Eger tablisanyň grafalarynyň köpüsünde fiziki ululyklaryň şol bir birliklerinde (mysal üçin millimetrlerde, woltlarda) aňladylan görkezjiler getirilen bolsalar, ýöne fiziki ululyklaryň başga birliklerinde aňladylan görkezjili grafalar bar bolsa, onda 9-njy surata laýyklykda tablisanyň üstünde has agdyklyk edýän görkezjileriň umumylaşdyrylan adyny we fiziki ululygyň şol görkezjiler üçin umumy birligini, mysal üçin «Ölçegler millimetrlerde», «napraženiýe woltlarda» ýazmaly, galan grafalaryň atlarynda (goşmaça atlarynda) bolsa fiziki ululyklaryň başga birlikleriniň belgilerini (degişli görkezijiniň adyndan soň) getirmeli. Grafalaryň atlarynyň (goşmaça atlarynyň) ýazgysyny gysgaltmak üçin parametrleriň (ölçegleriň, görkezjileriň) aýry-aýry atlaryny TDS-2.321 tarapyndan bellenen harp belgileri ýa-da eger olar standartyň ýazgysynda ýa-da grafiki materialda düşündirilen bolsa başga belgiler, mysal üçin D-diametr, L-uzunlyk, H-beýiklik bilen ýalşyrýarlar. Şol bir harp belgili parametrleri, düzgün bolşy ýaly, yzygiderli, olaryň sanbelgileriniň ösüş tertibinde toparlaýarlar. Eger «köp däl», «az däl» ýa-da başga çäklendiriji sözler görkezijiniň (parametriň, ölçegiň) ähli bahalaryna degişli bolsa, onda olary grafanyň adynda (goşmaça adynda) ýa-da setiriň agynda şol görkezijiniň fiziki ululygyň birliginiň belgisinden soň ýerleşdirýärler we onda otur bilen bölýärler. Şonda çäklendiriji sözleri, eger şol görkezijiniň fiziki ululygnyň birligi tablisanyň üs-

tünde görkezilen bolsa, görkezijiniň adyndan soň getirýärler. Fiziki ululyklaryň iki, birnäçe ýa-da ähli setirler üçin meňzeş bolan san bahalarny bir gezek 9-njy surata laýyklykda görkezýärler. Eger tablisanyň grafalarynda ululyklaryň san bahalary fiziki ululyklaryň dürli birliklerinde aňladylan bolsa, onda olaryň belgilerini her grafanyň adynda (goşmaça adynda) görkezýärler. Bir grafada ýerleşdirilen görkezijiniň ululygynyň ähli san bahalaryna degişli aňryçäk gyşarmalary grafanyň adynda (goşmaça adynda) aşakdaky mysala laýyklykda görkezýärler.

*Mysal:*

_______ tablisa

| Hyryň diýametiri, d | S ± 0,2 | H ±0,3 | h ±0,2 | b ±0,2 | Şplintiň şertli diýametri $d^1$ |
|---|---|---|---|---|---|
| 4 | 7,0 | 5,0 | 5,2 | 1,2 | 1,0 |
| 5 | 8,0 | 6,0 | 4,0 | 1,4 | 1,2 |
| 6 | 10,0 | 7,5 | 2,0 | 2,0 | 1,6 |

Görkezijiniň ululygynyň iki ýa-da birnäçe san bahalaryna degişli aňyrçäk gyşarmalary aýratyn grafada aşakdaky mysala laýyklykda görkezýärler. Şol bir grafanyň setirlerinde gaýtalanýan we bir sözlerden ybarat bolup, harplar ýa-da harp-san belgiler bilen belgileşýän ýazgyny goşdyrmak bilen çalşyrýarlar.

*Mysal:*

______ tablisa

<table>
<tr><th rowspan="3">Podşipnigiň daşky diýametri</th><th colspan="4">Salmajyk</th><th rowspan="3">$D^2$</th><th colspan="3">Oturdykýan halka</th></tr>
<tr><th colspan="2">$D^1$</th><th colspan="2">A</th><th colspan="2">H</th><th rowspan="2">C</th></tr>
<tr><th>Kadaly</th><th>Aňyrçäk gyşartmalar</th><th>Kadaly</th><th>Aňyrçäk gyşartmalar</th><th>Kadaly</th><th>Aňyrçäk gyşarmalar</th></tr>
<tr><td>30</td><td>23,2</td><td rowspan="2">-0,25</td><td rowspan="4">2,05</td><td rowspan="4">-0,15</td><td>34,6</td><td rowspan="4">3,2</td><td rowspan="4">-0,15</td><td rowspan="4">1,10</td></tr>
<tr><td>32</td><td>30,2</td><td>34,6</td></tr>
<tr><td>35</td><td>33,2</td><td rowspan="2">-0,2</td><td>39,6</td></tr>
<tr><td>37</td><td>34,8</td><td>41,2</td></tr>
</table>

Egerde gaýtalanýan ýazgy iki ýa-da ondan hem köp sözden ybarat bolsa, onda ony birinji gezek gaýtalananda «Şonuň ýaly» sözler, soňra bolsa goöa dyrnaklar bilen 13-nji surata laýyklykda çalşyrýarlar. Egerde jümläniň diňe bir bölegi gaýtalanýan bolsa,onda şol bölegi goşmaça maglumatlary goşup «Şonuň ýaly» sözler bilen çalşyrmaga rugsat berilýär. Kese çyzyklar bolanda ýazgyny gaýtalamak gerek. Tablisada gaýtalanýan sanlary, matematiki alamatlary, göterim belgileri we sanbelgileri, materiýalaryň kysymlarynyň we önümiň görnüş ölçegleriniň belgilerini, salgylanma kadalaşdyryjy resminamalaryň belgilerini goşa dyrnak bilen çalşmaga berilmeýär. Standartda möçberi boýunça uly bolmadyk san materialy bolanda ony tablisa görnüşinde bermek maksada laýyk däldir, ony ýazgy görnüşinde san maglumatlaryny bir ýa-da iki sütünler görnüşinde ýerleşdirip getirmek maslahat berilýär.Şonda eger, san maglumatlary bir sütün görnüşinde getirlen bolsa, olary ýazgydan nokatlar bilen bölýärler. Eger san maglumatlary iki sütünler görnüşinde getirilen bolsa, onda düşündiriş ýazgyny olaryň arasynda ýerleşdirýärler, ondan başga-da ikinji we soňky setirlerde düşündiriş ýazgynyň gaýtalanýan bölegini goşa dyrnaklar bilen çalyşýarlar.

**Grafiki material**

Standartda grafiki materialy (çyzgy, çyzy, diagramma, surat we ş.m.) standartlaşdyrylýan zadyň käbir häsiýetlerini (häsiýetnamalaryny bellemek we suratlandyrmak, şeýle hem oňa gowy düşünmek maksady bilen standartyň ýazgysyny düşündirmek üçin ýerleşdirýärler. Standartyň ýazgysynda her grafiki materiala salgylanma bolmalydyr. Grafiki materialy ol barada ilkinji gezek agzalan ýazgynyň gös-göni yzynda ýa-da indiki sahypada, zerur bolanda bolsa aýratyn goşundyda ýerleşdirýärler. Standartda ýerleşdirlen çyzgylar, çyzylar, diagrammalar we ş.m. bolmalydyrlar. Standarda islendik grafiki materialy (çyzgy, çyzy, diagramma we ş.m.) «Surat» sözi bilen belgileýärler. Standartda grafiki materialyň üstüni ýetirýän tablisalar bolanda tablisalary grafiki materialdan soň ýerleşdirýärler. Goşundylaryň grafiki materialyndan başga grafiki materialy yzygiderli sanbelgilemek arkaly arap sanlary bilen sanbelgileýärler, şol sanbelgileri «Surat» sözünden soň getirýärler. Eger surat bir bolsa, onda ony «1-nji surat» belgileýärler. Grafiki materialy bölçmiň ýakle-

rinde belgilemäge rugsat berilýär. Şeýle ýagdaýda suratyň sanbelgisi nokat bilen bölümiň sanbelgisinden we suratyň tertip sanbelgisinden ybarat bolýar.

*Mysal – 1.1 surat, 1.2 surat we ş.m*

Her goşundynyň grafiki materialyny aýratyn sanbelgilemek arkaly arap sanlary bilen sanbelgileýärler, her sanbelginiň öňünden berlen goşundynyň belgisini goşýarlar we olary nokat bilen bölýärler. «Surat» sözüni we onuň sanbelgisini grafiki materialyň aşagynda getirýärler. Ondan soň kese çyzyk bilen bölünen tematiki at getirilip bilner.

*Mysal -1-nji surat – Abzalyň şaýlary*

Zerur bolanda, grafiki materialyň aşagynda düşündiriş beriji maglumatlary ýerleşdirýärler. Şeýle ýagdaýda «Surat» sözüni we grafiki materialyň adyny düşündiriş beriji maglumatlardan soň ýerleşdirýärler. Eger grafiki material bir sahypada ýerleşmeýän bolsa, onda ony beýleki sahypalara geçirmäge rugsat berilýär. Şonda tematiki ady grafiki materialyň başlanýan sahypasynda, düşündiriş beriji materiallary her sahypada ýerleşdirýärler, olaryň aşagynda bolsa «___surat,___sahypa» görkezýärler.

**Formulalar**

Zerur bolanda standartyň ýazgysynda, tablisalarda we grafiki materialyň düşündiriş beriji maglumatlarynda formulalar ulanyp bilinerler. Goşundylarda, tablisalarda we grafiki materiala düşündiriş beriji maglumatlarda ýerleşdirilýän formulalardan başga formulalary yzygiderli sanbelgilemek arkaly arap sanlary bilen sanbelgileýärler we olary onuň deňinde sag tarapda tegelek ýaýlarda ýazýarlar. Eger standartda bir formula bolsa ony (1) belgileýarler. Formulalary bölümiň çäklerinde sanbelgilemäge rugsat berilýär.Şeýle bolanda formulanyň sanbelgisi nokat bilen bölünen bölümiň sanbelgisinden we formulanyň tertip sanbelgisinden ybarat bolýar.

*Mysal – (3.3)*

Goşundylarda ýerleşdirilýän formulalary aýratyn sanbelgilemek arkaly arap sanlary bilen her goşundynyň ýäklerinde, her

sanbelgisiniň öňünden berlen goşundynyň belgisini goşup we olary nokat bilen bölüp sanbelgileýärler. Tablisalarda ýa-da grafiki materiala düşündiriş aýratyn maglumatlarda ýerleşdirilýän formulalary sanbelgilemeýärler. Formula girýän alamatlaryň we san koeffisiýentleriň düşündirişlerini (eger degişli düşündirişler ozal ýazgyda getirilmedik bolsa) gös-göni formulanyň aşagynda getirýärler. Her alamatyň düşündirişini täze setirden bu alamatlaryň formulada getirilen yzygiderliliginde getirýärler. Düşündirişiň birinji setirini «bu ýerde» söz bilen başlaýarlar.

*Mysal – Her nusganyň dykyzlygyny, kg/m³, aşakdaky formula boýunça hasaplaýarlar:*

$$\rho = \frac{m}{v} \qquad (1)$$

*bu ýerde, m – nusganyň massasy, kg;*
*v – nusganyň göwrümi, m³.*

Biri-biriniň yzyndan gelýän we ýazgy bilen arasy bölünmedik formulalaryň arasynda otur goýýarlar. Formulalary indiki setirde diňe ýerine ýetirilýän matematiki amallaryň belgilerinde geçirmäge rugsat berilýär, şu ýagdaýda belgi indiki setiriň başynda gaýtalaýarlar. Formula köpeltmek amalyny alamatlandyrýan belgide geçirlende « · » belgini ulanýarlar. Standartyň ýazgysynda formulalara salgylanmada olaryň tertip sanbelgilerini ýaýlarda getirýärler.

*Mysal – .... (1) formula boýunça*

Standartlarda matematiki deňlemeleriň beýan edilişiniň tertibi edil formulalaryňky ýalydyr.

**Salgylanmalar**

Salgylanmalary aşakdakylar maksada laýyk bolan halatlarda ulanýarlar:

a) standartda aýratyn talaplaryň ýa-da onuň bölekleriniň gaýtalanmagyny aýyrmak;

b) şu standartyň düzgünleriniň beýleki standartlaryň düzgünleri bilen gaýtalanmagynyň öňüni almak;

ç) görkezilen düzgüniň, onuň bölegniň, toparlanyşynyň, aýratyn görkezijiniň, onuň ähmiýetiniň, görkezijileriň we olaryň bahalarnyň toplumynyň, grafiki materialyň, onuň pozisiýasynyň we ş.m. berlen

standartyň degişli gurluş elementinde ýa-da gaýry standartynda getirlendigi hakynda habar bermek;

d) standartlaşdyrylýan berlen zada ýaýraýan başga kadalaşdyryjy resminamanyň barlygy hakynda habar bermek;

e) başga standart boýunça goýberilýän önümiň häsiýetnamasyny getirmek.

Berlen standartyň gurluş elementlerine salgylanmalara aşakdakylary görkezýärler:

– goşundylaryň belgisini;

– bölümleriň, kiçi bölümleriň, punktlaryň, kiçi punktlaryň, grafiki materialynyň, formulalaryň we tablisalaryň (ş.s. goşundylarda getirlenleriň) sanbelgilerini;

– sanawlaryň belgilerini (we sanbelgilerini);

– tablisalarda getirilen görkezijileriň sanbelgilerini.

Şeýle hem berlen standartda getirlen grafiki materialyň gurluş elementleriniň belgilerine (sanbelgilerine), mysal üçin, suratda görkezilen önümiň düzüm bölekleriniň pozisiýalarnyň sanbelgilerine, salgylanmalara rugsat berilýär. Ýazgynyň nokat bilen arasy bölünmedik sanlardan sanbelgilenmesi bolan gurluş elementinde salgylanmalarda bu elementiň sanbelgisini doly görkezýärdiler, mysal üçin, «5-nji bölüme laýyklykda», «...3-nji punkt boýunça». Eger standartyň gurluş elementiň san belgisi (belgisi) nokat bilen arasy bölünen sanlardan (harplar we sanlar) ybarat bolsa, onda bu elementiň adyny görkezmeýärler, mysal üçin «...4.10 boýunça)» ...A.12 (A goşundy) laýyklykda. Bu talap tablisalara, formulalara we grafiki materiala ýaýramaýar, olara salgylanmalarda şol elementleriň adyny görkezýärler, mysal üçin, «...(3.3) formula boýunça», «B2 tablisada (B goşundy)», «...1.2 suratda». Standartyň gurluş elementlerine salgylanmarda aşakdaky ýazgylary ulanmak maslahat berilýär: «...2-nji bölüme laýyklykda», «...3.1 görä», «...3.1.1 punkt boýunça», «...b) 4.2.2 sanawa laýyklykda», «...(3.3) formula boýunça», «1-nji tablisa laýyklykda», «2-nji tablisanyň 1-nji görkezijisiniň ... babatda». Goşundylaryň käbir gurluş elementlerine salgylanmalarda aşakdaky ýazgylary ulanmak maslahat berilýär:

«... A.12 (A goşundy) laýyklykda», «... A.2 (A goşundy) surata laýyklykda», «... B.2 (B goşundy) tablisada» we ş.m.

Eger standarty peýdalanyja haýsy hem bolsa bir düzgüniň, onuň bölegniň; aýratyn görkezijiniň, onuň bahasynyň; grafiki materialyň, onuň pozisiýasynyň we ş.m. standartyň degişli gurluş elemntinde getirlendigini ýatlatmak zerur bolsa, onda şol gurluş elemntinde salgylanmany ýaýlarda «ser» («seret» sözünden) gysgaltmadan soň getirýärler.

*Mysallar*

1. .... daşamagyň we saklamagyň düzgünleri (5-nji bölüme ser.)
2. .... fiziki-himiki görkezijileri (3.2.1 se.)
3. .... galtaşma nokady (8-nji surat, 2-nji pozisiýa ser.)

Başga standartda ýa-da standartlaşdyrmakda boýunça gaýry kadalaşdyryjy resminama salgylanmany, eger onda işlenilip düzülýän standartda beýan etmek ýa-dapeýdalanmak gerek bolan talaplar eýýäm ýeterlik doly we birmanyly bellenen bolsa ulanýarlar. Şeýle salgylanmalar kadaşdyryjy hasaplanýarlar we şeýle kadalaşdyryjy resminamalar hakynda maglumatlary «Kadalaşdyryjy resminamalar» bölümde getirýärler (3.8 ser.) Kadalaşdyryjy salgylanmany ýazgy üçin salgylanma standartyň belgisini standartyň kabul edilen ýylyny görkezýän sanlarsyz, şol standartyň anyk düzgünine salgylanylanda bolsa, onuň belgisinden soň, ýaýlarda, standartyň şu düzgüniniň beýan edilen gurluş elementiniň adyny we sanbelgisini (goşundynyň belgisini) görkezýärler.

*Mysallar*

*1. Goňur kömürlerde çygy keskitlemek – TDS -30100 boýunça*

*2. Döwlet standartlaryna üýtgetmeler girizmek – TDS 1.1 (3-nji bölüm) boýunça*

*3. standartyň taslamasy boýunça çözgüdi TDS – 1.2 (3.2.6.4 kiçi punkt) laýyklykda kabul edilýär.*

*4. Töwerekdäki gurşawy dolandyrmagyň ulgamy talaplar TDS ISO 14001 (A goşundy) laýyklykda.*

Standatyň taslamasy işlenip düzilende, eger ol standarty ulanmagy kynlaşdyrjak bolsa, artykmaç esaslandyrylmadyk kadalaşdyryjy salgylanmalardan saklanmaly. Standartyň ýazgysynda birnäçe standartlara salgylananynda standartyň indekslerini gaýtalaýarlar .

*Mysal – Synaglary TDS – 12.1· 0.12, TDS – 1651 we TDS – 1644 laýyklykda geçirýärler.*

Standartda bellige alyş sanbelgileri sanlary üznüksiz yzygiderligi bolan byrnäçe standartlara şol bir wagtda salgylanmak gerek bolsa, onda şol salgylanma ýazylanda birinji we soňky standartlaryň belgilerini (sanbelgileriniň ösüşi tertibinde), olaryň kese çyzyk bilen arasynda bölüp, görkezýärler. Standartyň ýazgysynda başga standartlaryň bölümleriniň, kiçi bölümleriniň, punktlarynyň, kiçi punktlarynyň mazmunyny gaýtalamaga (olardan göçürme etmäge) rugsat berilýär, şu ýagdaýda gaýtalanýan düzgünden soň ýaýyň içinde gaýtalanýan bölümiň, kiçi bölümiň, punktyň we kiçi punktuň sanbelgisini getirmezden, standartlaryň belgileri görkezilýär. Eger berlen standarta laýyklyga salgylanma standartynyň ähli talaplaryny berjaý etmek gerek bolsa, onda häsýetlendirilýän önümiň adyny sözlerň ters tertibinde (salgylanma standartynyň adnynyň adyndaky ýaly) getirýärler, ondan beýläk «boýunça» kömekçi baglaýjydan soň salgylanma standartynyň belgisini 4.8.3.1 laýyklykda getirýärler. Eger salgylanma standarty önümiň (çig malyň, matrialyň), birnäçe tiplerine (görnüşlerine, kysymlaryna, modellerine we ş.m.) degişli bolsa, salgylanmany bolsa olaryň birine ýa-da birnäçelerine bermek gerek bolsa, onda işlenip düzülýän standartda salgylanma standartynyň belgisinden soň, oturdan soň şol tipiň, görnüşiň, kysymyň ýa-da modeliň adyny, şertli belgisini ýa-da gaýry häsiýetnamasyny görkezýärler. Eger salgulanama standartynda önümiň şertli belgileri bellenen bolsa, onda bu önümiň tipini (kysymny, modelini we ş.m.) anyklaşdyrmak gerek bolan halatynda işlenip düzülýän standartda degişli şertli belgini getirýärler. Şonda standartyň gysga belgisini (onuň kabul edilen ýylyny görkezmezden) getirýärler. Standartlarda «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy ýa-da ýerine ýetiriji häkimýetiň beýleki edaralary tarapyndan kabul edilen görkezmelere, düzgünlere, attestasiýadan geçen synag usullaryna, metodiki görkezmelere we maslahatlara we beýleki kadalaşdyrjy resminamalara salgylanmaga rugsat berilýär. Şonda resminamanyň aňladýan manysy, ony kabul eden guramanyň (kabul eden ýa-da tassyklanan edaranyň) adyny we «Bibliografiýa» elementinde getirlen we burçak ýaýyň içinde ýerleşdirlen salgylanma resminamalaryň sanawy boýunça nobatdaky tertip sanbelgisini görkezýärler.

*Mysal – Önümde zäherli elementleriň mukdary Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenen äňryçäk-rugsat berilýän möçberlerden ýokary geçmeli däldir.*

**Bellikler**

Standartda, eger onuň käbir düzgünlerine, tablisalaryna we grafika materialyna düşündirişleri ýa-da mazmuna täsir etmeýän maglumatlary getirmek zerur bolsa, bellikleri girizýärler. Belliklerde talaplar bolmaly däldir. Bellikleri bu belligiň degişli bolan düzgüninden (grafiki materialdan) gös-göni soň ýerleşdirýärler. Tablisa belligi tablisanyň soňunda tablisanyň gutarandygyny aňladýan çyzygyň ýokarsynda ýerleşdirýärler. Belligi baş harp bilen başlap çap edýärler we ak setirden başlaýarlar. Belligiň ýazgysynyň soňunda (ondaky sözlemleriň sanyna garamazdan) nokat goýýarlar. Bellikleri standarta şriftiň keseldilen ölçegi bilen tapawutlandyrýarlar. «Bellik» sözüni arasyny açyp tapawutlandyrýarlar. Bir belligi sanbelgilemeýärler, «Bellik» sözünden soň bolsa kese çyzyk goýýarlar. Birnäçe bellileri tertip boýunça arap sanlary bilen sanbelgileýärler. Şonda “Bellik” sözünden soň iki nokat goýmaýarlar.

*Mysallar**

1 B e l l i k – Konsensus hökmany doly raýdaşlygy göz öňünde tutmaýar.

2 B e l l i k l e r

1 Özbaşdak synaglaryň derejesine esaslandyrlan halatlarda ygtybarlylyga, radiasion durnuklyga we başgalar synaglar girizilip bilnerler.

2 Sertifikasiýa maksatlary üçin sertifikasiýa synaglaryny geçirýärler ýa-da başga derejeli synaglaryň netijelerini sertifikasiýanyň düzgünleri tarapyndan bellenen tertipde ulanýarlar.

**Çykgytlar**

Eger standartda getirlen käbir sözleri, söz düzümlerini ýa-da maglumatlary düşündirmek gerek bolsa, onda olardan soň çykgydyň setir üsti belligini goýýarlar. Çykgydy ak setirden, düşündirilýän sözüň, söz düzüminiň ýa-da maglumatyň getirlen sahypasynyň soňunda, tablisanyň maglumatlaryna degişli çykgydy bolsa, tablisanyň soňunda tablisanyň gutarandygyny aňladýan çyzygyň ýokarsynda ýerleşdirýärler. Şonda çykgydy ýazgydan gysga tutuş inçe kese çyzyk bilen sahypanyň çep tarapyndan, tablisanyň maglumatlaryndan bolsa

edil şonuň ýaly, ýöne tablisany çäklendirýän dik çyzyklara çenli geçirlen çyzyk bilen bölüp aýyrýarlar. Ondan başga-da, çykgydy şriftiň kiçeldilen ölçegi bilen tapawutlandyrýarlar. Çykgydyň soňunda nokat goýýarlar. Çykgydyň belgisini düşündiriş berilýän sözüň, sanyň, alamatyň gös göni soňundan, şeýle hem düşündiriş berilýän ýazgynyň öňünden goýýarlar. Çykgydyň belgisini ýaýa alnan arap sanlary bilen ýerine ýetirýärler we olary şriftiň ýokarky gyrasynyň deňinde ýerleşdirýärler. Çykgytlary sanlaryň ýerine ýyldyzjyklar («*») bilen ýerine ýetirmäge rugsat berilýär. Dörtden artyk ýyldyzjyklary ulanmaga rugsat berilmeýär. Çykgydyň belgisini ýazgydan boş ýer bilen blüp aýyrýarlar.

*Mysallar:*

1 YBI ýerine ýetirmek üçin ony ýetirmäge TT** ýa-da işler buýruk boýunça ýerine ýetirlende buýrujy*** bilen şertnama (kontrakt) esas bolup hyzmat edýär.

**Gysgaltma**

Standartda aşakdaky gysgaltmalary ulanmaga rugsat berilýär: ş.m. – şuňa meňzeş; we başg. – we başgalar; ş.ş. – şol sanda;min. – iň kiçi; maks. – iň uly; sn – sany; s sahypa; ý – ýyl; ýý.-ýyllar; ýok – ýokary; ser – seret; goşm.- goşmak bilen. Şonda hasap birlikleriň gysgaltmasyny tablisalarda diňe san bahalarda ulanýarlar.

*Mysal – 5 sany*

Grafiki materiýallarda degiňli latyn sözlerinden aşakdaky gysgaltmalar hem ulanmaga rugsat berilýär: min. – iň kiçi; maks – iň uly. Standartda diňe berlen standartda ulanylýan goşmaça gysgaltmalar bolup biler.Şonda doly ady ol standartda birinji gezek agzalanda, doly atdan soň bolsa ýaýlarda- gysgaldylan ady ýa- da abbrewiaturany getirmeli. Soňraky agzalanda gysgaldylan ady ýa-da abbrewiaturany ulanýarlar.

---

* Şu mysallarda bellikleri suratlandyrmagyň maksada laýyklygy sebäpli kursiw ulanylmady.

Her sahypa üçin çykgytlary sanbelgilemegiň aýratyn ulgamy ulanýarlar.

** 1) buýrujy kärhananyň ýolbaşçysy (şertnamalaýyn YBI) ýa-da ýerine ýetiriji kärhananyň ýolbaşçysy (başlangyç goýuş YBI) tassyklaýar.

*** YBI buýrujysy döwlet buýrujysy ýa-da eýeçiligiň islendik görnüşiniň hojalyk ýörediş subýekt bolup biler.

*Mysallar*

*1 Şu astandart kiçi kalibrli bir razrýadly pistoletlere (mundan beýläk pistoletler) ýaýraýar.*

*2 Luminesset magnit tozy (LMT).*

Eger standartda gysgaltmalar «Gysgaltmalar» ýörite bölümde ýa – da «belgiler we gysgaltmalar» bölümde ýa – da «adalgalar we kesgitlemeler» bölümde ýa-da degişli birleşdirilen bölümde *bellenen bolsalar, onda bu gysgaltmalary standartda diňe berlen bölümden soň ulanmaga rugsat berilýär. Şonda ýazgynyň 4.12.2 bellenen görnüşini ulanmaýarlar. Standart işlenip düzülende berlen standarty peýdalanmagy kynlaşdyryp biljek esaslandyrylmadyk (artykmaç) gysgaltmalary ýol bermeli däl.

**Şertli belgiler, şekiller we alamatlar**

Standartda zerur bolan şertli belgiler, şekiller we adalgalar ulanylyp bilinerler. Standartda başga standartlarda kabul edilen şertli belgiler, şekiller we alamatlar, mysal üçin önümiň şertli belgileri ulanylyp bilnerler. Eger şertli belgiler, şekiler we alamatlar başga standartlar tarapyndan bellenmedik bolsalar, şol şertli belgileri, şekilleri,alamatlary standartyňýazgysynda ýa-da resmileşdirilýän «Belgileri we gysgaltmalar» elementde düşindirilýärler. Eger gerek şertli belgiler,şekiller we alamatlar eýýäm halkara ýa-da döwletara standartnda bellenen bolsa, onda berlen standartda şol şertli belgileri (şekilleri, alamatlary) ulanmak maslahat berilýär.

**Ulylyklaryn birlikleri**

Standartda TDS-8.417 tarapyndan bellenen ulylyklaryň standartlaşdyrylan birliklerini, olaryn atlaryny we belgilerini ulanýarlar. Şonda CU-niň birlikleri bilen bir hatarda, zerur bolan hatynda, ýaýyň içinde oň ulanylýan ulgamlaryň ulanmaga rugsat edilen birliklerini görkezýärler. Bir standartda ulylyklaryň birliklerini aňlatmanyň dürli ulgamlaryny ulanmaga ýol berilmeýär. Ulylyklaryň birlikleriniňbelgileri tablisalaryň grafalarynyň we setirleriň atlarynda (Goşmaça atlarynda), formulalarda ulanylýan alamatlaryň düşündirişlerinde, galan halatlarda bolsa, mysal üçin standartyň ýazgysynda bu ulylyklaryň diňe san bahalarynda ulanylyp bilniler. Bir standartyň çäklerinde şol bir görkeziji (parametr, öllçegler) üçin, düzgün bolyşy ýaly, ululygyň şol bir birligini ulanýarlar. Mysal üçin, turbanyň uzynlygyny standartyň bü-

tin ýazgysynda mertlerde; turbanyň diwarjygynyň galyňlygyny – millimetrlerde; elektrik napryýaženiýesini bolsa – woltlarda görkezilýärler. Eger standartyň ýazgysynda ululygyň sol bir birliginde aňladylan ululygyň san bahalarynyň hatary getirilen bolsa, onda ululygyň birliginiň belgisi diňe iň soňky san bahanyň soňunda görkezýärler.

*Mysal – 1,0;1,5;2,0;2;5 mm*

Standartyň ýazgysynda sanlaryň aralyklary, eger ululygyň birligi sanlardan soň görkezilen bolsa «-dan- den» «çenli» sozler bilen, eger bu sanlar ölçegsiz Kolffisiýentler bolsa kese çyzyk goýmak arkaly ýazylýarlar. Eger standartyň tekstinde ululygyň şol bir birliginde anladylan ululygyň san bahalarynyň aralygy getirilen bolsa, onda ulylygyň birliginiň belgisini aralygyň iň soňky san bahasynda soň goýulýar, «%» «°C» «...°» belgiler muňa girmeýärler.

*Mysallar:*

... 10-dan 100 kg çenli.

... 65%-den 70 % çenli.

... 10°C-den 20°C çenli.egerde sanlaryň aralygy tertip sanbelgilerini öz içine alýan bolsa, onda aralygyň ýazgysy üçin kese çyzgy ulanýarlar.

Ululygyň birligini san bahasyndan aýyrmaga ( olary dürli setirlere ýa-da sahypalara geçirmäge) rugsat berilmeýär, tablisalarda ýerleşdirýän ululyklaryň birlikleri muňa girmeýär.

**San bahalary**

Standartyň tekistinde hasap birlikleriniň we ululyklaryň birlikleriniň belgileri bilen berlen ululyklaryň san bahalaryny sanlar bilen ýazylýar, ululyklaryň birlikleriniň (hasap birlikleriniň) belgileri bilen berilmedik sanlary birden dokuza çenli sözler bilen ýazýarlar.

*Mysallar*

*... hersi 5m uzynlykly bäş turbalaryň synagyny geçirmeli.*

*...basyşa synag etmek üçin 15 turbalary seçip almaly.*

*...üç nusgalardan az däl.*

Drob sanlary onluk groblar görnüşinde ýazýarlar, dýuým ölçegleri muňa girmeýärler,olar «1/4»; «1/2» görnüşinde (ýöne « $\frac{1}{4}$ »; « $\frac{1}{2}$ » ýaly däl) ýazmaly. Onluk droblar ýazylanda sanyň bitin bölegini drob böleginden aýyrýan otury nokat bilen çalşyrmaga rugsat be-

rilmeýär. San bahany onluk drob görnüşinde aňlatmak mümkün bolmasa (ýa-da maksada laýyk bolmasa), ony ýönekeý drob görnüşinde bir setirden gyýtag çyzyk bilen ýazmaga rugsat berilýär.

*Mysal – 5/32; (50A-4C)/(40W+20).*

Standartlarda ululyklaryň san bahalarny öňüme talap edilýän häsiýetleri bermek üçin zerur bolan takyklyk derejesinde ýazýarlar. Şonda bahalaryň hatarynda oturdan soňky belgileriň sanlarynyň deňlenmegini amala aşyrýarlar. Ululyklaryň san bahalarynyň birinji, ikinji, üçünji we ş.m. onluk belgä çenli tegelenmegi birmeňzeş atly önümiň dürli görnüş-ölçegleri, kysymlary we ş.m üçin birmeňzeş bolmalydyr.

*Mysal – Eger gyzgyn süýülen polat lentanyň galyňlygynyň gradasiýasy 0,25 mm bolsa, onda lentanyň galyňlygynyň bütin hataryny onluk belgileriň şol mukdardaky belgileri bilen görkezilýärler; mysal üçin: 1,50; 1.75; 2.00; 2.25; 2.50 mm.*

Önümiň tehniki häsiýetnamasyna we niýetlenşine baglylykda, şol bir görkezijiniň (parametriň, ölçegiň) san bahalarynda onluk belgileriň sanynyň birnäçe derejeden (topardan) ybarat bolup biler we şol derejäniň (toparyň) içinde birmeňzeş bolmalydyr. San bahalaryň aralygy görkezilende birinji we iň soňky san bahanyň onluk belgileriniň birmeňzeş sanyny görkezýärler. Ululygyň san sanbahalarnyň onluk belgileriniň sany kadaly ölçege gyşarma bilen kesgitlenip biler. Mysal üçin, turbanyň diametriniň ýa-da diwarjygynyň galyňlygynyň takyklyk möçberleri diametre baglylykda üýtgeýärler. Standarta görkezijiniň (parametriň, ölçegiň) kadaly bahalardan aňryçäk (rugsat berilýän) gyşarmalary bellemek zerur bolanda san bahalary (kadaly we aňryçäk) ýaýlarda görkezýärler.

*Mysal – (65±2) % , ýöne 65±2 % däl.*

Şonda kadaly bahanyň belgileriniň sany şu görkezijiniň (parametriň, ölçegiň) äňryçäk (rugsat berilýän) gyşarmasyna onluk belgileriň sany bilen, eger olar ululygyň şol bir birligi bilen aňladylan bolsa, birmeňzeş bolmalydyr.

*Mysal – (7,0±0,4) kg*

Rim sanlaryny diňe önümiň sortuny (derejesini, klasyny we ş.m.), himiki elementleriň walentliligini, ýylyň çärýegini, ýarym ýyly aňlatmak üçin ulanmaga rugsat berilýär. Galan halatlarda san bahalary

bellemek üçin arap sanlaryny ulanýarlar. Rim sanlarynyň, kalendar seneleriniň we mukdar sanlaryň san bahalarynyň düşüm goşulmalary bolmaly däldir. Düşüm goşulmalaryna diňe ergininiň toplamasy görkezilende rugsat berilýär.

*Mysal – 5 % -li ergin*

Sandan kök almagyň matematiki amalyny radikalyň belgisi ýa-da derejeli san arkaly aňlatmaga rugsat berilýär, mysal üçin,  ýa-da 3 1/2 . Şonda bir standartda berlen amalyň belgisi bir meňzeş bolmalydyr.

**Standartyň üýtgetmäniň düzülişine we beýan edilişine talaplar**

Üýtgetmäniň ýazgysyny beýan edilende bölümleriň, kiçi bölümkeriň, punktlaryň, tablisalaryň, goşundylaryň we başgalaryň üýtgedilýän, aýrylýan we üsti ýetirilýän gurluş elementleriniň atlaryny we sanbelgilerini (belgilerini) görkezýärler, şeýle hem «çalşyrmaly», «üstüni ýetirmeli», «aýyrmaly», «täze redaksiýada beýan etmeli» sözleri ulanyp degişli görkezmeleri getirýärler.

*Mysallar*

*1. 5.6 punkty täze redaksiýada beýan etmeli:*

*«Goraýjy klapanyň açylýan wagty – TDS-6268 boýunça».*

*2. 3.1 punkt. «Ikinji sahypada» sözleri «Arka tarapynda» sözlere çalşyrmaly.*

*3. 4.5 punkty aýyrmaly.*

*4. 2.4.4.1 Kiçi punktyň aşakdaky abzas bilen üstüni ýetirmeli:*

*«Reduktorlary gofrirlenen kartondan gutulara gaplamaga rugsat berilýär».*

*5. 5.1 punkt. «Birinji abzasyň aşakdaky sözler bilen üstüni ýetirmeli:*

*«Tablisanyň adynyň soňundan nokat goýmaýarlar».*

*6 5.3 punkt. Üçünji abzasyň «ozal hereket eden» sözlerden soň «ýa-da indikileriň» sözler bilen üstüni ýetirmeli.*

Standartyň ýazgysynyň täze bölümler, kiçi bölümler, punktlar, kiçi punktlar, tablisalar, grafiki materiallar, goşundylar bilen üsti ýetirlende ýa-da standartyň ýazgysyndan käbir gurluş elementleri aýrylanda bölümleriň, kiçi bölümleriň, punktlaryň, kiçi punktlaryň, tablisalaryň, grafiki materiallaryň, goşundylarynyň ozal kabul edi-

len san belgilenmesini üýtgetmäge rugsat berilmeýär. Täze bölümler göşundylaryň öňünden, täze kiçi bölümler, punktlar, kiçi punktlar bolsa degişli bölümleriň, kiçi bölümleriň, punktlaryň soňundan şu gurluş elementleriň san belgilenmesiniň ösüşi tertibinde ýerleşdirilmelidirler. Täze punktlara (olarda kiçi punktlar bolmadyk halatynda), kiçi punktlara, tablisalara, grafiki materiallara, doşundylara ozal hereket eden (ýa-da zerur bolanda soňkularyň) punktlaryň, kiçi punktlaryň, tablisalaryň, grafiki materiallaryň san belgilerini türkmen elipbiýiniň setir harpyny goşup we olar degişli gurluş elementleriň soňundan ýa-da olaryň öňünden ýerleşdirip bermäge rugsat edilýär.

*Mysal – 1.13a; 4a surat*

Standartyň şol bir punktyň (kiçi punktyň, abzasynyň, tablisasynyň, grafiki materialynyň) mazmuny gaýtadan üýtgedilende soňky üýtgetmede ähli öňki üýtgetmeleri hasaba alýarlar. Eger standartda dürli üýtgetmeleriň mazmuny onuň dürli gurluş elementlerine degişli bolsa, onda iň soňky üýtgetmede öňki üýtgetmeleriň ýazgysyny getirmeýärler, şu ýagdaýda her üýtgetme beýlekilerden aýratyn hereket edýär. Üýtgetme girizilen standartyň täze neşirine her üýtgedilen ýa-da täze bölümiň, kiçi bölümiň, punktyň, kiçi punktyň, goşundynyň soňundan ýaýlarda ýarym goýy gara şrift bilen girizilen üýtgetme (üýtgetmeler) hakynda maglumaty onuň sanbelgisini (sanbelgilerini) görkezip tapawutlandyrýarlar.

*Mysallar – (Üýtgedilen redaksiýa, № 3 üýtg.).*

Eger berlen maglumat birnäçe yzygiderli ýerleşdirlen punktlara ýa-da kiçi punktlara degişli bolsa, onda ony şu punktlaryň (kiçi punktlaryň) soňundan maglumatyň öňünden onuň degişli bolan punktlaryň (kiçi punktlarynyň) sanbelgilerini görkezip ýaýlarda ýerleşdirýärler.

*Mysallar*

*1. 2.18,2.19 (Goşmaça girizildi, №1 üýtg.)*

*2. 1.14 – 1.16 (Üýtgedilen redaksiýa, №2, 3 üýtg.).*

Eger üýtgetme (üýtgetmeler) hakynda maglumat bölüme ýa-da kiçi bölüme degişli bolsa, onda şol gurluş elementiň adyny doly görkezýärler.

*Mysal – 8.7 kiçi bölüm (Goşmaça girizildi, №2 üýtg.).*

Standartyň käbir bölümleri, kiçi bölümleri, punkty, kiçi punkty, tablisasy, grafiki materiallary, goşundylary aýrylan üýtgeme bilen täze neşirine, bu gurluş elementlerini çap etmeýärler, diňe olaryň san-belgilerini we aýrylandygyny hakynda maglumaty ýetirýärler. Şonda, eger standartyň grafiki material ýa-da tablisa aýrylan bolsa, onda aýrylandygy hakynda maglumaty öňdäki aýrylmadyk grafiki materiala (tablisa) çykgytda getirýärler.

*Mysallar*

*1. 2.6 (Aýryldy, №1 üýtg.)*

*2. G goşundy (Aýryldy, №3 üýtg.).*

*3. D.2 surat**

### 9.5.3. Standartyň belgilenilişine talaplar

**Standartyň taslamasynyň ýazgysynyň resmileşdirilişine talaplar**

Standartyň taslamasyny maşyn usuly bilen resmileşdirýärler. Şonde Times New Roman şriftiň garniturasyny ulanylýar. Bölümiň (kiçi bölümiň) we öňki ýa-da soňky ýazgynyň arasyndaky, şeýle hem bölümiň we kiçi bölümiň arasyndaky aralyk standartyň esasy ýazgysynyň ýyglanan şriftiniň azyndan dört beýikligine deň bolmalydyr. Kiçi bölümleriň we punktlaryň atlarynyň setirleriniň arasyndaky aralygy edil ýazgydaky ýaly edýärler. Abzas üçin goýulýan boş ýer standartyň taslamasynyň bütin ýazgysy boýunça birmeňzeş we baş belga deň bolmalydyr. Standartyň taslamasy resmileşdirilende standatyň ýazgysynyň çep tarapyndaky boş ýeriň möçberi azyndan 20 mm bolmalydyr. Standartyň taslamasynyň ýazgysy taýýarlananda, gerek we gaýry elipbiýleriň harplaryny,formulalary, aýry-aýry şertli belgileri gara pasta tuş bilen ýazmaga rugsat berilýär. Şondan ýazylan ýazgynyň ýygylygy galan ýazgynyň ýygylygyna ýakyn bolmalydyr. Eger çyzgylary, çyzuwlary, diagrammalary, suratlary ýa-da başga grafik materýaly maşyn usuly bilen ýerine ýetirmek mümkin bolmasa, gara tuşy ýa-da pastany ulanýarlar. Standartyň taslamasy taýýarlananda onuň oňat hilli nusgasy reprografiýa usullary bilen taýýarlamagyň mümkinçiligi üpjün edilmelidir.

**Standartyň taslamasynyň sahypalarynyň resmileşdirilişine talaplar.**

Türkmenistanyň döwlet standartynyň birinji sahypasyny TDS 1.5-2005 standartynyň F goşundysyna laýyklykda, kärhana standartynyňkyny bolsa G goşunda laýyklykda resmileşdirilýärler. Birinji sahypada F goşundyda görkezilişi ýaly standartyň adyny aşakdan çäklendirýän çyzgyň aşagynda ýerleşdirip, standartyň girizilýän senesini görkezýärler. Senäni kese çyzyklar bilen bölünen arap sanlary bilen aşakdaky yzygiderlilikde belgileýärler: ýyl, aý, gün. Standartyň sahypalaryny resmileşdirmek we sanbelgilemek (baş sahypadan we birinji sahypadan başga) – TDS 1.5-2005 standartynyň H goşundysyna laýyklykda ýazylýar. Şonda ähli sahypalaryň, ýokarda görkezilenlerden başga, sanbelgilenmelerini arap sanlary bilen goýýarlar. «Sözbaşy», «Mazmuny», «Giriş», ýerleşdirilen sahypalary, “II” sanbelgiden başlap, rim sanlary bilen sanbelgileýärler. Baş sahypada sahypanyň san belgisini goýmaýarlar. Standartlary ýýgyndysynyň yzygiderli tertip sanbelgilenmesi bolýar, şona her standartyň sahypalarynyň sanbelgilenmesi saklanýar. Satandartlaryň ýygyndysynyň sahypalarynyň sanbelgilenmesini aşakda sahypanyň ortasynda goýýarlar. Standartlaşdyrmak boýunça tehniki komitet tarapyndan işlenip düzülen Türkmenistanyň döwlet standartynyň soňky sahypasyny TDS 1.5-2005 standartynyň J goşundysyna laýyklykda resmileşdirilýär. Türkmenistanyň döwlet standarty ministrlik (kärhana) tarapyndan işlenip düzülende standartyň taslamasynyň soňky sahypasyny TDS 1.5-2005 standartynyň K goşundysyna laýyklykda resmileşdirilýär.

### 9.5.4. Standartyň mazmunyna talaplar

**Esas bolujy standartlaryň mazmunyna talaplar**

Esas bolujy standartlary işiň belli bir ugry üçin umumy guramaçylyk-tehniki düzgünleri, şeýle hem önümi öndürmegiň we ulanmagyň prosesinde özara düşünişmegi, tehniki bütewiligi we ylmyň, tehnikanyň we önümçiligiň dürli ugurlarynda özara gatnaşygyny, töwerekdäki gurşawy goramagy, önümiň, prosesleriň we hyzmatlaryň jana, saglyga, emläge howpsyzlygyny we standartlaşdyrmagyň beýleki maksatlaryny gazanmagy üpjün edýän umumy tehniki talaplary we düzgünleri bellemek zerur bolanda işläp düzýärler.

Esas bolujy guramaçylyk-metodiki standartlar aşakdakylary belleýärler:

– işiň belli bir ugrunda işleri geçirmegiň maksatlaryny we wezipelerini, şu ugurda standartlaşdyrylýan zatlaryň toparkanyş gurluşyny, bu işleri geçirmegiö esasyguramaçylyk-metodiki düzgünlerini we ş.m.;

– dürli resminamalary: kadalaşdyryjy, düzütçilik, tilsimat, taslama, maksatnamalary, beýleki tehniki, guramaçylyk-buýruk beriji we başg. Işläp düzmegiň, kabul etmegiň (tassyklamagyň) we ornaşdyrmagyň umumy tertibini ( düzgünlerini) ;

– önümi önümçilige goýmagyň düzgünlerini.

Esas bolujy umumy tehniki standartlary aşakdakylary belleýärler:

– ylymda, tehnikada, tilsimatda, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda we işiň gaýry ugurlarynda köp gezek ulanylýan ylymy-tehniki adalgalary we olaryň kesgitlemelerini;

Standartlaşdyrmagyň dürli zatlary üçin şertli harp, san, harp-san, grafiki we ş.m belgileri ( alamatlary, kadalary, bellikleri, şekilleri we ş.m), ş.şş ululyklaryň parametirleriniň ( türkmen, rus, latyn, grek harplary bilen) belgilerini, ýazgylary, şekilleri we ş.m çalşyrýan ululyklaryň birliklerini;

– esminamalaryň dürli derejeleriniň we görnüşleriniň (kadalaşdyryjy, düzütçilik, gurluşyk, taslama,tilsimat, ulanyş, abatlaýyş, guramaçylyk-buýruk beriji, maksatnamalary, magdan-grafiki we başg.) düzülişiniň, beýan edilişiniň, resmileşdirilişiniň, belgileşiniň düzgünlerini we mazmunyna talaplar;

– dürli önümçilik proseslerini tehniki, tilsimat, metrologiki üpçin etmek üçin zerur umumy talaplary we düzgünleri;

– howply faktorlaryň toparlary boýunça we tilsimat prosesleriniň aýratyn görnüşleri boýunça howypsyzlygyň umumy talaplaryny;

– tebigaty goramak we tebigy serişdeleri peýdalanmagy gowlandyrmak ugry umumy talaplary.

Hususan, şu standartlar aşakdakylary belleýärler:

– ölçeglerin (inisturmental) takyklygyny möçberlerini we statistik bahalaryň takyklygynyň möçberlerini;

– maddalaryň we materiallaryň häsiýetleriniň we düzüminiň standartnusgalaryna talaplary;

– göwnejaý sanlary, paramaterleýin we ölçeg hatlary (mysal üçin, elektrik togynyň kadaly ýygylyklarynyň we napryýaženiýeleriniň hatarlary);

– ölçegden çykmalary we ýol bermeleri;

– üstüň tekizligine talaplary;

– şaýlaryň we ýygym birlikleriň (hyrly,hebşirli we ş.m.) birleşmeleriniň dürli görnüşine talaplary;

– geçirijileriň (dişli, gaýyşly, çarykly we başg.) takyklygyna möçberleri;

– enjamlaryň takyklyk klaslaryny;

– çyzgylary (çyzgylary) ýerine ýetirmegiň, ýazgylary, ölçegleri goýmagyň düzgünlerini;

– önümiň tehniki ylalaşyjylygynyň dürli görnüşlerine ( düzütçilik, maksatnamaly, anyklaýyş we başg.) talaplary;

– zyýanly madallaryň taşlandylarynyň we zyňyndylarynyň rugsat berilýän aňyrçäk bahalaryny, şeýle hem olaryň rugsat berilýän toplamalaryny;

– güwwüldileriň, sandyramalaryň, radiasion höhle ýaýramalaryň, radiopäsgelçilikleriň aňyrçäk rugsat berilýän bahalaryny;

– daşky täsiriň rugsat berilýän çäklerini;

– tehniki talaplary we/ýa-da umumy önümçilik-tehniki niýetlenişli möçberleri.

**Önümlere degişli standartlaryň mazmuny**

Önümlere aşakdaky standartlary işläp düzýärler:

– birmenzeş önümleriň toplumyna hemmetaraplaýyn talaplary öz içine alýan umumy tehniki şertleriň standartlaryny;

– anyk önime hemmetaraplaýyn talaplary* öz içine alýan tehniki şertleriň standartlaryny;

– birmeňzeş önümiň belli bir toplumy üçin umumy talaplary belleýär umumy tehniki talaplaryň standartlaryny.

Birmeňzeş önümiň birnäçe toplumlary ýa-da has ýokary toparlama toplumlar üçin umumy talaplary bellemek mümkin bolan halatynda, önüme aşakdaky talaplaryň toparyny belleýär standartlary işläp düzmek maksada laýykdyr: adalgalary we kesgitlemele-

---

* Hemme taraplaýyn talaplarda tehniki talaplary, howpsyzlyk we töwerekdäki

ri; toparlamalary tipleri, sontamentleri, kysymlary, görnüşleri we önümiň başga toplanmalaryny; howypsyzlygyň we ýa-da towerekdäki gurşawy goramagyňumumy talaplaryny, kabul etmegiň, belliklemegiň,gaplamagyň, daşamagyň, ulanmagyň (peýdalanmagyň), abatlamagyň we gaýtadan peýdalanmagyň umumy düzgünlerini.

Talaplaryň görkezilen toplumlarynyň her biri aýratyn standartda bellenip, standartyň goşmaça adynda görkezilip, talaplaryň beýleki toparlarybilen birleşdirilip biler. Standartlaşdyrylýan zadyň aýratynlyklaryny hasaba alyp, görkezilen toparlanmalara girýän birnäçe talaplary standarta girizmezlige rugsat berilýär. Esaslandyrylan halatlarda aýratyn standartda birmenzeş önümiň toplumy (ýa-da has ýokary toparlama toplanmasy) üçin umumy düzütçilik talaplary, görnüşleri, esasy parametirleri we ýa-da ölçegleri bellenip bilner.

**Umumy tehniki şertleriň standartlarynyň mazmuny**

Umumy tehniki şertleriň standartyna, düzgün bolşy ýaly, aşakdaky bölümleri girizýärler:

*– toparlama;*

*– tehniki talaplar;*

*– howpsuzlyk talaplar;*

*– töwerekdäki gurşawy goramagyň talaplary;*

*– kabul ediş düzgünleri;*

*– barlag ( synag) usullary;*

*– daşalyşy we saklanyşy;*

*– ulanylyşy ( peýdalanmak, taýýarlamak usuly, tehniki hyzmat etmek, abatlamak, gaýtadan peýdalanmak) boýunça talaplar;*

*– taýýarlaýjynyň kepili.*

Standartyň bölümleriniň nomenklaturasyny (atlaryny), düzümini (gurluşyny) we mazmunyny standartlaşdyrýan önümiň aýratynlyklaryny we oňa bildirilýän talaplary hasaba almak bilen kesgitlenýärler gurşawa zyýan ýetirip biljek önümlere standartlara «Howpsuzlyk we töwerekdäki gurşawy goramagyň talaplary» bölümleri girizmeli. «Toparlama» bölümde önümiň klaslaryny, tiplerini, görnüşlerini ýa-da assortimentini, şeýle hem onuň kysymyny (modelini, sortyny we ş.m) belleýärler. Eger önümi esasy parametrleri we ýa-da ölçegleri boýunça toparlaýan bolsalar, onda «Toparlama» bölümiň adynyň «esasy parametrleri we ýa-da ölçegleri» sözleri bilen üstüni ultirýärler.

Şonda, önümiň aýratynlyklaryndan ugur alyp, aşakdakylary getirýärler:

– önümiň esasy ulanyş (sarp ediş) häsiýetnamalary boýunça toparlamasyny;

– önümiň düzütçilik parametrleri we ölçegleri (ş.ş gabara, ýerine ýetiriş,birleşdiriliş we ş.m) boýunça toparlamasyny;

– önümiň beýleki esasy parametrler boýunça toparlamasyny.

Bellenýan toparlamanyň aýdyňlygy üçin önümiň düzütçilik aýratynlyklaryny we ýa-da onuň esasy ölçeglerini suratlandyrýan grafiki materialy (mysal üçin, esasy ölçegleri görkezmek bilen umumy görnüşiň çyzgylary) getirýärler.

Esaslandyrylýan halatlarda önüm (mysal üçin, prokat) geometriki görnüşleri we anyk ölçegleri boýunça toparlanyp bilner.

Şonda aşakdakylary getirýärler:

– geometriki görnüşi kesgitleýän suratlary (çyzgylary);

– ölçegler aňryçäk gyşarmalar, kesigiň meýdanlary, oklaryň maglumat ölçegleri bolan we beýleki şulara meňzeş maglumatlar bolan tablisalary;

– goşmaça talaplary (şekilleriň uzynlygy, üstleriň geometriki görnüşlerinden gyşarmalary we ş.m).

Eger standart madda, materiala, çig mala, azyk we gaýry şulara meňzeş önüme degişli bolsa, onda ony himiki ýa-da fraksion düzümi we beýleki fiziki- himiki häsiýetleri, şeýle hem esasy sarp ediş häsiýetleri (mysal üçin, kaloriýalylygy), taýýarlanyş (mysal üçin, dokalan, işilen örülen) ýa-da işleniş (mysal üçin, kakadylan, duzlanan, zyýansyzlandyrlan we ş.m.) usuly boýunça toparlaýarlar. Zerur bolanda, «Toparlama» bölümde önümiň şertli belgilerini belleýärler, düzgünleri we olaryň ýazylyş mysallaryny getirýärler.

«Tehniki talaplar» bölüme umumy ýagdaýda aşakdaky kiçi bölümleri girizýärler:

– esasy görkezijiler we ýa-da häsiýetnamalar (häsiýetler);

– çig mala, materiallara, satyn alynýan önümlere talaplar;

– toplumlylyk;

– bellik edilişi;

– gaplanşy.

«Esasy görkezijiler we ýa-da häsiýetnamalar (häsiýetler)» kiçi bölümde taýýar önüme diňe ony kabul ediş prosesinde, standartlaryň talaplarynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligi geçirlende, önümiň häsiýetli boýunça onuň sarp edijileri (buýrujylary) bilen agzalalyklar ýüze çykanda barlamaga degişli talaplary getirýärler. Eger bu talaplaryň käbirleri belli bir görkezijileri (häsiýetnamalar) bilen aňladyp bilinmejek, haýsy hem bolsa başga talaplaryň (önümçilik jaýlaryna we ýerine ýetirijileri sanitar gigiýeniki talaplar; belli bir tilsimat proseslerini ýa-da usullaryny ulanmaga örtükleri etmäge, ýörite tilsimat enjamlaryny ýa-da abzallaryny ulanmaga talaplar; zerur uzak türgenleşmäge talaplar; taýýar önümi ýa-da materiallary we ş.m.) saklamaga talaplar gürrüňsiz berjaý edilende gazanalyp bilinjek bolsa, onda şu talaplary hem şu kiçi bölümde getirýärler.

Esasy görkezijiler we ýa-da häsiýetnamalar (häsiýetler) “kiçi bölüme aşakdakylary belleýän punktlary girizýärler:

– niýetleniş görkezijileri;

– düzütçilik talaplary;

– fiziki-himiki we mehaniki häsiýetleri;

– ylalaşyjylyga we ýa-da biri biriniň deregini tutujylyga talaplary;

– ygtybarlylyga talaplary;

– daşky täsirlere durnuklylyga we çydamlylyga talaplary;

– ergonomika talaplary;

– çig maly, materiallary, ýangyjy, energiýany we zähmet serişdelerini tygşytly peýdalanmaga talaplary (maslahatlary);

– tilsimatlylyga talaplary;

– daşamaga çemililige talaplary.

*Niýetleniş görkezjileri* bellenýän punkta önümiň onuň esasy funksiýalaryny (niýetlenen) belli bir şertlerde ýerine ýetirmäge ukyplylygyny häsiýetlendirýän görkezijileri, mysal üçin öndürijilige, takyklyga, tizlige, berklige we başg. Talaplary getirýärler. Azyk önümi üçin niýetleniş görkezijileriň deregine organoleptiki görkezijileri belleýärler.

Önüme düzütçilik talaplary getirilýän punktda önümiň öz funksiýalaryny has netijeli ýerine ýetirmegini, şeýle hem onuň rejeliligi-

ni üpjün edýän anyk düzütçilik sözgütleri belleýärler. Şonda önümiň aýratynlyklaryndan ugur alyp, aşakdaky talaplary bellemek maslahat berilýär:

– önümiň her biriniň ýa-da onuň belli bir möçberiniň aňryçäk rugsat edilýän massasyny we gabara ölçeglerini;

– önümiň daş görnüşine talaplary (göniçyzyklylyk, proporsionallyk, süýrülik we ş.m.);

– düzüm bölekleriň düzütçilik ýerine ýetirilişine, olaryň sanyna, görnüşine, massasyna, ölçeglerine, düzülişine;

– düzüm bölekleriniň baglanşygyny we özara täsirini, olaryň ylalaşyjylygyny we biri-biriniň deregini tutujylygyny üpjün edýän düzütçilik talaplary (aýlanmagyň ugry we tizligi, hereketleriň tizligi we çäkleri we ş.m.);

– dürli örtükleri olaryň görnüşini (metal, metal däl, lak-boýag we başg.) görkezmek bilen ulanmaga talaplary, şeýle hem olaryň hiline we täsirleriň dürli görnüşlerine durnuklylygyna talaplary;

– aýratyn düzüm böleklerine tegniki hyzmat we abatlamak wagtynda olary görkmezden elýeterlilige talaplary;

– nädogry ýygnamagyň, kabelleri we şlanglary nädogry birleşdirmegiň, hyzmat edýän işgärleriň ýalňyş we ygtyýar edilmedik we beýleki ýalňyşlarynyň hehniki hyzmat wagtynda mümkünçiligini aradan aýyrmaga gönükdürilen talaplary;

– bazarlaýyn gurluşlary we bazalaýyn önümleri ulanmaga talaplary;

– önümi agregatlaşdyrmaga we blok-modul gurmaga talaplary.

Aýratyn punkta konsistensiýa, himiki we fraksion düzüme, düzüjileriň we ýa-da garyndylaryň toplanmasynyň mukdaryna gaýry talaplary, şeýle hem önümiň beýleki fiziki-himiki, mehaniki we başga, şolara meňzeş häsiýetlerine talaplary belleýärler. Standartda ylalaşyjylygyň aşakdaky görnüşlerine talaplar bellenip bilinerler: fuksional-geometriki; ölçegli-biologiki; elektromagnit; elektirik, berklik, maksatnamalaýyn, tilsimat, maglumat, metrologiki, anyklaýyş, guramaçylyk we başg. Önümiň ygtybarlylygynyň talaplary bellenýän punkta önümiň ygtybarlylygynyň toplumlaýyn görkezijileriniň anyk bahalary we ýa-da onuň bökdensizliginiň, çydamlylygynyň, abatlama-

ga ýaramlylygynyň we abatlygynyň ýek-tük görkezijileri görnüşinde mukdarlaýyn talaplary getirýärler, olar önümiň wagtyň bellenen aralygynda bellenilen netijelilik bilen öz wezipelerini ýerine ýetirmäge ukyplylygyny we tehniki hyzmatyň, abatlamagyň, saklamagyň we daşamagyň bellenen şertlerinde abatlygynyň mümkünçiligini häsiýetlendirýärler. Daşky täsirlere durnuklylyga we çydamlylyga talaplar bellenýän punkta önümiň ýanaşyk zatlaryň we tebigy gurşawyň täsiri wagtynda we ýa-da täsirinden soň peýdalanyş (ulanyş) daşaýyş we saklanyş proseslerinde işe ukyplylygyny üpjün etmäge (saklamaga) gönükdürilen talaplary getirýärler, şol sanda:

– mehaniki täsirlere (sandyrmaga, ugry, towlaýjy, ýel we başg) durnuklylyga talaplary;

– klimatiki täsirlere durnuklyga talaplary: tempraturanyň ýokary we aşak bahalaryna, onuň ýiti üýtgemelerine, ýokary çyglylyga, aşak atmosfera basyşyna, gün radiasiýasyna, atmasfera ygallaryna, tozana we ş.m.);

– ýörüte täsir edýän faktorlara geologiki, elektromagnit, radiasiýa, himiki (şol sanda agressiw maddalara: gazlara, ýuwujy serişdelere, ýangyja, ýaglara, aktiwsizleşdiriji, gazsyzlaşdyryjy, zyzýansyzlandyryjy serişdelere we ş.m.) durnuklylyga talaplary;

– önümiň päsgelçilikden goraglygyny, ony öz elektromagnit we ionlaşdurujy şöhle ýaýramalaryndan, şeýle hem keseden ( şol sanda öňünden niýetlenen) emeli we tebigy gelip çykyşy elektromagnit şöhle ýaýramalaryndan gorag üpjün etmäge talaplary.

*Ergonomikanyň talaplary* bellenýän punktda önümiň parametrini we başga tehniki häsiýetnamalaryny adamyň antronometriki we fiziologiki häsiýetleri bilen ylalaşygy üpjün etmäge gönükdürilen talaplary (hyzmat edişi işgärleriň iş ýerlerine talaplary, önümiň we onuň elementleriniň adamyň beden ölçeglerine laýyklygy we ş.m.) getirýärler. Çigmaly, materiallary, ýangyjy, energiýany we zähmet serişdelerini tygşytly peýdalanma boýunça talaplar getirýärler punktda we önümiň öndürmegiň tilsimat proseslerinde, şeýle hem önümi niýetlenişi boýunça peýdalanmagyň (ulanmagyň) tertibine degişli düzgünler bellenip bilnerler. Şonda aşakdaky görkezijileri belleýärler. Çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň, elektrik energiýasynyň, başga

energiýa göterijileriň udel harçlanyşy; peýdaly täsir koffisiýenti, sarp ediş häsiýetleriniň birligi üçin hasaplananda zähmet talap edijiligi we ş.m. Önümiň tilsimatlylygyna we ýa-da daşamaga çemelilige talaplary belleýän punktda onuň taýýarlamagyň, ulanmagyň, abatlamagyň we ýa-da daşamagyň proseslerine laýyk gelýändigini kesgitleýän talaplary getirýärler. «Çig mala, materiallara, satyn alynýan önümlere» kiçi bölümde aşakdakylar babatda talaplary we ýa-da maslahatlary belleýärler:

– önümi taýýarlamak üçin belli materiallary (başlangyç önümleri), çig maly (maddalary), ýarym taýýar önümleri we satyn alynýan (taýýar) önümleri ulanmak;

– önüm peýdalanylanda (ulanylanda) abatlananda we gaýtadan peýdalanylanda ulanylýan belli materiallary, maddalary we ätiýaç şaýlary we gurallary ulanmak ýa-da ulanmagy çäklendirmek (eger berlen standartda görkezilen talaplar «Ulanmak boýunça görkezmeler» bölümde bellenmedik bolsa);

– gaýtadan çig mal we senagat önümçiliginiň galyndylaryny ulanmagyň mümkünçiligi ýa-da maksada laýyklygy.

Çig mala, materiallara, ýarym taýýar önümlere, satyn alynýan (taýýar) önümlere talaplar beýan edilende olary gysga, ýöne anyk häsiýetnamalary çig malyň, ýarym taýýar önümleriň, materiallaryň, taýýar önümleriň niýetlenişiň esasy görkezijilerine kanagatlandyrmaly talaplary görkezmek bilen getirýärler.

*Mysal – Konýak içgilerini taýýarlamak üçin azyndan üç ýyl saklanan, etil spirtiniň göwrümleýin paýy azyndan 60% we ýokary sipirtleriň izoamil spirtine gaýtadan hasaplananda massalaýyn toplanmasy suwsuz spirtiň azyndan 170 mg/100 sm3 bolan konýak spirtine ulanýarlar.*

Eger bu talaplary (häsiýetnamalary) gysga beýan etmek mümkin bolmasa, onda olary goşundyda (degişlilikde hökmany ýa-da teklip häsiýetli) ýerleşdirýärler. Eger şulara meňzeş talaplar şu çig mala, materiallara we taýýar önümlere standartlarda beýan edilen bolsa, onda şol standartlara 4.8.3 laýyklykda salgylanmalary getirýärler. Eger çig mal, ýarym taýýar önümler, materiallar ýa-da satyn alynýan taýýar önüm Türkmenistanda hereket etmeýän kadalaşdyrjy

resminama boýunça taýýarlanýan bolsa, onda işlenip düzülýän standartda bu resminama salgylanma getirmeýärler, ony degişli talaplar (häsiýetnamalar) bilen çalşyrýarlar. «Toplumlyk» kiçi bölümde iberilýän toplum boýunça talaplary (maslahatlary) getirýärler, oňa girýän önümiň aýratyn (iberilende mehaniki baglanyşmadyk) düzüm böleklerini, oňa ätiýaç şaýlary, gurallary we senetleri, materiallary we ş.m şeýle hem önüm bilen bilelikde iberilýän resminamalary (ulanyş abatlaýyş, maksatnamalaýyn, kadalaşdyryjy we ş.m.) «Bellik edilişi» we «Gaplanyşy» kiçi bölümleriň, «Howpsuzlyk talaplary», «Kabul ediş düzgünleri», «Barlag usullary», «Daşalyşy we saklanyşy» bölümleri 7.6.7.9 laýyklykda beýan edýärler. «Peýdalanmak (ulanmak, taýýarlanyş usuly, tehniki hyzmat, abatlamak, gaýtadan peýdalanmak) boýunça görkezmeler» bölümde ýerine ýetirilmegi belli bir şertler we/ýa-da düzgünler berjaý edilende işe ukyplylygy (ýa-da has netijeli ulanmagy), önümiň howpsuzlygyny  we ekologikligini üpjün edýän, onuň berlen standartda bellenen tehniki talaplara laýyklyklygyny kepillendirýän, şeýle hem berlen önüm abatlanandan soň işe ukyplylygynyň dikelmegine ýardam edýän talaplary (maslahatlary) belleýärler. Şu bölümde önümi ulanmaga girizmäge taýýarlamaga esasy talaplary, ulanylýan ýerinde ony gurnamagyň tertibini, önümi ulanmagyň we ony abatlamagyň esasy düzgünlerini getirýärler. Şol sanda üznüksüz we döwürleýin işiniň wagtyny, ulanmagyň kesgitli şertlerini we/ýa-da düzgünlerini, hyzmat edýän işgärlere talaplary, tehniki hyzmat etmegiň we abatlamagyň görnüşlerini (kalendarlaýyn, seişdeleri boýunça, tehniki ýagdaýy boýunça we başg.), olaryň döwürleýinligini we möçberi, ulanylanda we abatlananda peýdalanmak gerek bolan gurallara, enjamlara, kömekçi materiallara talaplary, şeýle hem önüm ýok etmäge (eger ol töwerekdäki gurşaw üçin howp döredýän bolsa) talaplary. Ulanmagyň ýa-da saklamagyň bellenen möhleti (resursy) geçenden soň peýdalanylmagy adamlaryň janyna, saglygyna howp bolup, olaryň emlägine we/ýa-da tebigy gurşawa zyýan ýetirip biljek önüme gulluk möhleti (serişdesi) ýa-da ýaramlylygy boýunça çäklendirilme bellenýärler. «Taýýarlaýjynyň kepili» bölümde önümi taýýarlaýjy kärhanalaryň kanunçylyga laýyklykda özleri tarapyndan göýberilýän önümiň berlen standartynyň bu önüm

uçin tehniki şertlerinde, oňa ulanyş resminamalarynda önümiň belliginde kepil borçlary (şol sanda anyk dowamlylyk we kepil möhletini hasaplamagyň tertibini) belleýärler ýa-da ýörite ony ibermegiň resminamalarynda kesgitleýärler. Şonda önümiň düzüji önümleriniň we düzüm bölekleriniň ulanylmagynyň, esasy önümiň kepil möhletine deň bolan kepil möhletini bellemek boýunça maslahatlary geçirýärler, şeýle hem düzüji düzüm bölekleriň esasy önümiň kepil möhletinden köp ýa-da az dowamly ulanmagyň kepil möhletlerini belleýän ýagdaýlary kesgitlenýär.

**Tehniki şertleriň standartlarynyň mazmuny**

Tehniki şertleriň standartyny,eger birmenzeş önümiň ähli toplumyna umumy tehniki şertleriň standartyny işläp düzmek mümkin ýa-da maksada laýyk bolmasa we şol bir wagta anyk önüme ýa-da birmeňzeş önümiň berlen toplumyna degişli ähli önüme öz içine almaýan anyk önümiň toplumyna giňişleýin talaplary düzgünleşdirmek gerek bolanda işläp düzýärler. Tehniki şertleriň standartlarynyň bölümleriniň nomenklaturasyny (atlaryny), düzümini (gurluşyny) we mazmunyny umumy tehniki şertleriň standartlarynyňky ýaly, ýöne standartlaşdyrylýan önümiň aýratynlyklaryny göz önünde tutmak bilen belleýärler. Şonda tehniki şertleriň standarty, düzgün bolşy ýaly, «Toparlama» bölümi girizmeýärler.

**Umumy tehniki talaplaryň standartlarynyň mazmuny**

Umumy tehniki talaplaryň standartyny birmeňzeş önümiň berlen toplumynyň toparlamasyny, kabul ediş düzgünlerini, barlag usullaryny, daşamagyň  we saklamagyň dügünlerini düzgünleşdirýän dügünler birmeňzeş önümiň edil şol topumyna ýa-da önümiň has ýokary toparlama toplumyna degişli aýratyn standartlarda beýan edilen bolsa işläp düýärler. Umumy tehniki talaplaryň standartyna, dügün bolşy ýaly, umumy tehniki şertleriň standartynyň «Tehniki talaplar» bölüminiň atlary we mazmuny boýunça kiçi bölümlerine laýyk gelýän bölümleri girizýärler. Esaslandyrylan ýagdaýlarda umumy tehniki talaplaryň standartyna «toparlama» we «Esasy parametrler we/ýa-da ölçegler» bölümleri girizýärler.

**Belliklemäge, gaplamaga, daşamaga we saklamaga talaplaryň bellenişi we olaryn mazmuny**

Önümi belliklemäge, gaplamaga, daşamaga we saklamaga talaplary umumy tehniki şertleriň standartynyň (tehniki şertleriň standartynyň) ady boýunça degişli bölümlerinde (kiçi bölümlerinde) ýa-da bu talaplary birmeňzeş önümiň toplumyna ýa-da has ýokary klassikasion toparlamasyna belleýän aýratyn standartda bellenýär. «Bellik edilişi» bölümde (kiçi bölümde) önümiň sarp ediş we ulag belliklenişine aşakdaky talaplary belleýärler.

– belligiň goýlýanýeri (gös-göni önüme, ýarlyga, etiketka, sarp ediş we/ýa-da ulag gabyna we ş.m.);

– belligiň goýuluş usuly (çaphana möhri, grawirleme, oýma we ş.m);

– belligiň mazmuny.

Sarp ediş belligiň mazmunyna talaplary standartlaşdyrylýan önümiň aýratynçylyklaryny hasaba almak bilen bellenýär. Şonda önümiň belliginiň umumy ýagdaýda aşakdaky maglumatlary öz içinde deýanlygyndan ugur alýar;

– önümiň adyny;

– taýýarlaýjy ýurdyň adyny;

– taýýarlaýjy kärhananyň adyny;

– önümiň esasy (funksional) niýetlenişini we ony ulanmagyň ugry (zerur bolanda);

– önümiň howpsyz saklanmagyň we ýa-da daşamagyň, howpsyz we ýa-da netijeli peýdalanmagyň, abatlamagyň, dikeltmegiň, gaýtadan peýdalanmagyň,gömmegiň, ýok etmegiň, (zerur bolanda düzgünlerini we şertlerini;

– önümiň esasy sarp ediş häsiýetlerini we ýa-da häsiýetnamalaryny;

– sertifikasiýa hakynda maglumatlary;

– taýýarlayjy kärhananyň ýurudiki salgysy;

– önümiň arassa massasyny, esasy ölçeglerini, göwrümini ýa-da birlikleriniň sanyny;

– düzümini (toplumlylygyny);

– taýýarlaýjy kärhananyň haryt belgisini;

– taýýarlanan senesi;

– ýaramlylyk (saklamagyň, ýerleşdirmegiň ýa-da gullugynyň) möhletini;

– önümiň taýarlanýan we barabarlaşdyrylýan standartyň belgisini.

Standartda ulag belliklemegiň mazmunyna talaplar bellenende ýükleri belliklemäge umumy talaplaryň TDS-14192, howply ýükleri belliklemäge bolsa TDS-19433 bellenendigini göz önünde tutulýar. «Gaplanyşy» bölümde (kiçi bölümde) gaplaýyş materiallarynda, önümi gaplamagyň usulyna we hiline we ş.m talaplary belleýärler.

Şonda aşakdakylary belleýärler:

– önümiň gaplamaga taýýarlamagyň (konserwa siýany goşmak bilen) düzgünlerini ulanylýan serişdeleri görkezmek bilen;

– sarp ediş gabyna we ony taýýarlamak üçin ulanylýan materiallara talaplary;

– ulag gabyna onuň standart görnüşlerini (şol sanda köp aýlawly gaby) ulanmagyň maksada laýyklygyny ( maksada laýykl däldigni) göz önünde tutmak bilen talaplary, zerur bolan halatynda bolsa TDS-21140 degişli ulgamyny göz önünde tutmak bilen ulag gabyny birhilleşdirmäge talaplary;

– gaplananda ulanylýan kömekçi materiallar talaplary;

– sarp ediş gabyň birliginde önümiň kadaly mukdaryny (massasyny, göwrümini we ş.m.), şeýle hem ondan rugsat edilýän änyrçäk gyşarmalary;

– önümin ulag gabyna gaplamagyň tertibini (ýerleşdirmegiň tertibini we ýerleşdirip goýmagyň usullaryny);

– gaba goýulýan resminamalary ýerleşdirmegiň usullaryny;

– önümleri daşamak uçin ulag paketlerini, düplükleri, herbap ýa-da ýöriteleşdirilen konteýnirleri konteýnirlerde önümiň ýerleriniň sanyny (massasyny), paketleriň gabara ölçeglerini, paketde önümiň ýerleriniň sanyny we ş.m. görkezmek bilen ulanmak boýunça talaplary.

«Daşalyşy we saklanylşy» bölümde önümiň ol daşalanda we saklananda abatlygny üpjün etmäge, şol sanda howpsyzlygy we töwerekdäki gurşawy goramagy üpjün etmäge talaplary bellenýärler. «Daşalyşy we saklanyşy» bölümde ýa-da «Daşalyşy» aýratyn bölümde (kiçi bölümde) ulagyň görnüşlerini (awtomabil, demir ýol, suw, how, turba geçirijiliwe başg.) we ulag serişdelerini (ýapyk ýada açyk kuzowlary we wagonlar, izotermiki we refrizorator kuzowlary we wagonlar, sisternalar, gämileriň trýumlary we palubalary we ş.m), önümi

şu serişdelerde berkitmegiň we ýapmagyň usullary, şeýle hem önüm ýöriteleşdirilen ulag bilen daşalanda talaplary görkezýärler. Zerur bolanda daşamagyň parametrlerini (rugsat berilýän uzaklygy, daşamagyň tizligini we ş.m), daşalanda rugsat berilýän mehaniki täsirleri we klimatiki şertleri, önümleri daşamak bilen baglanşykly ýörite talaplary (daşky täsirediji faktorlardan goramagyň zerurlygny, önümli ulag gabyny ulag serişdelerinde ýerleşdirmegiň tertibini, daşalandan soň bellenen şertlerde saklamagyň zerurlygynyň düzgünlerini, täzeden işletmegiň tertibini we ş.m.) görkezýärler. «Daşalysy we saklanyşy» bölümde ýa-da «Daşalyşy» aýratyn bölümde (kiçi bölümde) önümi, onuň abatlygny üpjün edýän, saklamagyň şertlerini, şol sanda önümiň saklanýan ýerine (bassyrma, ýapyk ammar, ýyladylýan jaý we ş.m.) ýa-da saklamagyňaýratyn şertlerine (doňdyryjy kamera, sowadyjy we ş.m.) önümi daşky gurşawyň (göni gün şöhlesinden, çygdan, zyýanly bugarmalardan we ş.m.) täsirinden goramaga, saklamagyň temperatura düzgünini zerur bolan halatynda bolsa önümi gaýtadan konserwasiýasynyň möhletlerini görkezýärler. Ondan başga-da, önümi ýerleşdirip goýmagyň usulyny (hatarlara, tekjelere, direglere we ş.m.), şeýle hem tiz zaýalanýan, zäherli, howply, radioaktiw we başga potensiýal howply önümi saklamagyň ýörite düzgünlerini getirýärler. Standartlarda maşyn gurluş we esbap gurluşuk önümlerine klimatiki faktorlaryň täsiri babatda daşaýyş we saklaýyş şertli bellelende TDS-15150 boýunça saklaýyş şertleriniň degişli toparyny görkeziýärler. Sarp ediş häsiýetleri wagtyň geçmegi bilen erbetleşmegi mümkin bolan önümlere (azyk önümleri, parfumeriýa-kosmetiki harytlary, durmuş himiýasynyň önümleri we başg.) Standartlarda saklamagyň iň uzak möhletini görkezýärler.

Saklaýyş düzgünlerini aşakdaky yzygiderlilikde beýan edilýär:

Saklanýan ýeri;

Saklamagyň we ýerleşdirip goýmagyň şertleri;

Saklaýyş möhletleri;

Saklamagyň ýörütedüzgünleri (zerur bolan halatlarda).

*Mysallar:*

*1. Gips plitalaryny ulag gabynda (obreşethalarda) ýapyk ammar jaýlarynda, gysga wagtlaýyn bolsa (10 gije gündize çenli)*

*bassyrmalaryň aşagynda saklamaly. Şonda hatarlaryň beýikligi 1.5 ýokary geçmeli däldir. Gips plitalary saklamagyň möhleti – bir ýyldan köp däl.*

*2. Şitoklary saklamagyň şertleri – TDS 15150 boýunça 2 (C) topara laýyklykda.*

**Howpsuzlyk talaplaryň bellenişi we olaryň mazmuny**

Önümiň howpsuzlyk tarapyny aýratyn standartlarda (olaryň adynda degişli goşmaça at bilen) ýa-da howpsuzlyk talaplaryny olaryň synag usullary bilen birleşdirýän standartlarda, şeýle hem umumy tehniki şertleriň standartlaryň we tehniki şertleriň standartlarynyň «Howpsuzlyk talaplary» bölümlerinde olara bu bölüm «Töwerekdäki gurşawy goramagyň talaplary» bölüm bilen birleşdirilip biliner bellenýärler. Howpsuzlyk talaplary eger onuň ulanylmagy tehnogen weýrançylyklaryň, heläkçilikleriň howpy, ýa-da adamyň janyna, saglygyna, maddy zyýan we ýa-da töwerekdäki gurşawa zyýan ýetirmegiň mümkiçiliginiň hakyky ýa-da potensial howpsuzlygy bilen baglanşykly bilen bolsa belleýärler. Standartlaşdyrylýan zatlaryň aýratynlyklaryna baglylykda önümiň howpsuzlyk taraplary bellenende aşakdakylary getirýärler:

– Elektrik howpsuzlygyna talaplar;

– Ýangyn howpsuzlygyna talaplar;

– Radiasion howpsuzlygyna talaplar;

– Maşynlara we enjamlara hyzmat edilende howpsuzlyk talaplar, şol sanda hyzmat edýän işgärleriň ýalňyş hereketlerini we ýa-da enjamyň işlemeginiň öz-özünden bozulmagnyň öňüni almana gönükdirilen talaplar;

– Gorag şertlerini ulanmaga we maşynlaryň enjamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmäne gönükdirilen beýleki çäreleri geçirmäge, şol sanda howply bölekleriň we elementleriň germewlerini goýmana, hereketi çäklendiriş blokirowkalary we hereket edýän bölekleriň aňyrky aýyryjylaryny guramaga, bellik edijileri we aýyrylýan elementleri berkitmegiň beýleki görnüşlerini ulanmaga talaplar;

– Maşynlaryň we enjamlaryň dolandyryş organlaryna, şeýle hem barlag esbaplarynyň howpsuz işleýşine talaplar;

– Heläkçilikli signalizasiýanyň gurluşyna talaplar;

– Howpsuzlyk alamatlaryny goýmaga we signal reňklerini ulanmaga talaplar;

– Howply we zyýanly faktorlaryň (güwwüldi, sandyrama, zyýanly maddalaryň toplanmasy we ş.m.) häsiýetnamalary, olaryň rugsat edilýän derejelerini görkezmek bilen;

– Howply we zyýanly önümçilik faktorlaryň olaryň ýüze çykýan we/ýa-da täsir edýän ýerlerinde öňüni almana, peseltmäge we/ýa-da çäklendirmäge talaplar;

– Senagat ýygylygynda talaplar;

– Töwerekdäki gurşawa himiki, mehaniki, radiasion, elektrik ýylylyk we biologiki täsirleriň rugsat berilýän (derejesi we wagty boýunça) aňyryçäk möçberi;

– Howply önümi we onuň önümçiliginiň galandylaryny gaýtadan prýdalanmaga, şeýle hem önümiň aýratynlyklaryny (hususylygy) bilen baglanşykly talaplar.

Maddanyň (materialyň) howpsuzlyk talaplary bellenende aşakdakylary görkezýärler:

TDS-12.1.007 boýunça zyýanly madda hököminde onuň howplulyk klasyny (ýa-da materiala düzüjiler görnüşinde girýän howply maddalaryň howplulyk klasy) onuň adamyň bedenine täsiriniň häsiýetini;

Berlen maddanyň mukdarynyň aňryçäk rugsat berilýän derejelerini (eger ol zyýanly maddalara degişli bolsa ýa-da eger bu maddalar berlen materiala düzüjiler görnüşde girýän bolsa);

– Berlen maddanyň (materialyň TDS-12.1.044 boýunça ýangyn partlama howpsuzlygy hakynda maglumatlar;

– Maddanyň (materialyň) howa gurşawunda we ýa-da hapa suwlarda beýleki maddalaryň bolmagynda ýa-da belli bir faktorlaryň täsiri astynda zäherli we ýa-da ýangyn partlama birleşmeleri emele getirmäge ukyplylygy hakynda maglumatlar;

– Berlen madda (material) ulanylanda saklananda öz-özünden ýanmagyň we ýa-da partlamagyň öňüni almak boýunça çäreleri;

– Berlen maddanyň (materialyň) ualanylýan we saklanylýan ýerlerinde ýangyn söndüriş serişdeleriniň, ýangyna garşy goragyň tehniki serişdeleriň we ýangyn tehnikasynyň barlagyna talaplar;

– Berlen madda (materiala) ulanylanda, saklananda daşalanda we gaýtadan peýdalanylanda ýeke bar we ýa-da toplumlaýyn gorag serişdeleriň ulanmagyň we ýa-da sanitar-gigiýena düzgünleriniň berjaý edilşiniň zerurlugyna talaplary;

– Şu proseslere gatnaşýan önümçilik işgärlerine talaplary;

– Berlen maddany (materialy) howpsuz ulanmak (peýdalanmak) boýunça talaplary;

– Maddanyň töwerekdäki gurşawyň dürli zatlarynda (suw gurşawy, atmosfera howasy, toprak, flora, inosfera we başg.) durnuklylygynyň häsiýetnamasyny eger bu madda hapalaýjy,zäherli, howply, zyýanly ýa-da radioaktiw maddalara degişli bolsa ýa-da şulara meňzeş maddalar berlen materiala düzijiler görnüşinde girýän bolsalar;

– Berlen maddany we/ýa-da ony gaýtadan işlemegiň galyndylaryny zyýansyzlandyrmagyň, regentasiýasynyň, gaýtadan işlemegiň we ýa-da gaýtadan peýdalanmagyň (gömmegiň) usullary;

– berlen maddany (materialy) ol ulanylanda (peýdalanylanda), daşalanda, saklananda we gaýtadan peýdalanylanda howpsuzlygy üpjün etmäge beýleki talaplary.

**Kabul ediş düzgünleriniň bellenilişi we olaryň mazmuny**

Kabul ediş düzgünlerini umumy tehniki şertleriň (tehniki şertleriň) standartyň degişli bölüminde ýa-da birmeňzeş önümiň toplumy üçin ýa-da önümiň has ýokary toparlama toplanmasy üçin umumy bolan kabul edişe aýratyn standartda belleýärler. Önümi kabul etmegiň düzgünlerini belleýän standartda edil şol önümiň nusgalyklaryny seçip almagyň we/ýa-da barlag (synag, derňew) usullaryny kesgitleýän düzgünler girizilip biliner we ony standartyň goşmaça adynda görkezýärler.

*Mysallar:*

*1 EFIR ÝAGY ALYNÝAN ÖSÜMLIKLERIŇ MIWELERI SENAGATDA GAÝTADAN IŞLEMEK ÜÇIN*

*Kabul ediş düzgünleri we nusgalyklary seçip almagyň usullary*

*2 ARMATURA GYZYKLY*

*Kabul ediş düzgünleri we synag usullary*

Standartda kabyl ediş düzgünleri bellenende önümiň berlen standartyň degişli bölüminde ýa-da umumy tehniki talaplaryň aýratyn

standartynda (standartlarynda) bellenilen tehniki talaplara laýyklygyny barlamagyň tertibini getirýärler. Zerur bolanda, şu standarta önümiň howpsuzlyk we/ýa-da töwerekdäki gurşawy goramagyň talaplaryna laýyklygyny barlamagyň tertibini hem belenip bilner. Standartda önümiň kabul ediş düzgünleri bellenende önümi synag etmegiň düzgünlerini (kabul ediş-tabşyryş, döwürleýin, nusgalaýyn, derejeleýin we başg.) görkezýärler we olary önümi işläp taýýarlamagyň we önümçilige goýmagyň standartynyň we şu synaglary geçirmegiň tertibini belleýän beýleki standartlaryň düzgünlerini hasaba almak bilen geçirmek gerek. Standartda kabul ediş-tabşyryş synaglara talaplar bellenende aşakdakylary getirýärler:

– kabul etmäge teklip edýän tapgyryň kesgitlenmesini tapgyryň möçberini görkezmek bilen;

– önümiň kabul ediş-tabşyryş synaglary başlanmazdan öň saklamaly wagtyny (zerur bolanda);

– barlagyň görnüşi (tutuşlaýyn, bölekleýin ýa-da statistiki);

– barlanýan parametrleriň, görkezijileriň, häsiýetnamalaryň we beýleki talaplaryň sanawyny;

– olary barlamagyň yzygiderliligini zerur bolan halatynda bolsa şu yzygiderliligi üýtgetmegiň mümkinçiligini.

Önümiň hiliniň bölekleýin barlagy peýdalanylanda barlagyň meýilnamasyny, şol sanda almanyň möçberini (täk-täkden öndürilýän önüm üçin) ýa-da nusgalygyň möçberini (täk-täkden öndürilmeýän önüm üçin olaryň tapgyryň möçberini baglylygyny görkezýärler, nusgalary (nusgalyklary) seçip almagyň usullaryny, şikesliligini ölsütlerini we kabul ediş derejesini getirýärler, şeýle hem zaýalanan tapgyry ýa-da zaýalanan önümi peýdalanmagyň tertibini belleýärler.

Ondan başga-da, standartda kabul ediş-tabşyryş synaglara talaplar bellenende kabul etmegiň netijelerini resmileşdirmegiň tertibini getirýärler, şonda hil hakynda resminamanyň mazmunyna talaplary we/ýa-da önümiň kabul edilmedigini tassykalaýan möhürsanyň (tagmanyň, beklegijiň) goýulan ýerini görkezýärler.

Standartda döwürleýin synaglara talaplar bellenende olary geçirmegiň döwürleýinligini, barlag görünüşini we meýilnamasyny, barlanýan parametrleriň, görkezijileriň, häsiýetnamalaryň we beýleki

talaplaryň sanawyny, şeýle hem barlagy amala aşyrmagyň yzygiderliligini görkezýärler we zerur bolanda ondan gyşarmagyň mümkünçiligini şertleşýärler.Şonda synaglaryň netijelerini ykrar etmegiň alsutlerini, olary hasaba almagyň tertibini (kabul etmegi we önümi ýükläp ibermegi togtatmak we şikesleriň ýüze çykmagynyň sebäpleriniň derňewinden we olar düzedilenden soň gaýtadan başlamak), döwürleýin synaglaryň netijelerini resmileşdirmegiň tertibini getieýärler. Standartda nusgalaýyn synaglara talaplar bellenende olary geçirmegiň zerurlugyny ýüze çykýan ýagdaýlaryny görkezýärler, nusgalaýyn synaglary geçirmegiň maksatnamasyny getieýärler, nusgalary (nusgalyklary) seçip almagyň usullaryny, şeýle hem baha bermegiň ölsütlerini we olary geçirmegiň netijelerini resmileşdirmegiň tertibini belleýärler.

**Barlag (synag, kesgitleýiş, ölçeýiş, derňew) usullaryna talaplaryň bellenilişi we olaryň mazmuny**

Barlag (synag, kesgitleýiş, ölçeýiş, derňew) usullaryny umumy tehniki şertleriň standartynyň we tehniki şertleriň standartlarynyň önümiň şu standartynyň hersiniň degişli bölüminde bellenen ähli tehniki talaplara laýyklygyny hemmetaraplaýyn we obýektiw barlagyny üpjün etmek üçin aýratyn bölüminde belleýärler. Eger tehniki talaplar birnäçe standartlarda bellenen birmeňzeş önümiň birnäçe toplumlary üçin umumy bolan barlag (synag) usullarynyň toplumyna bellenýän bolsa, onda bu talaplary aýratyn standartda beýan edýärler. Şonda birmeňzeş önümiň ähli görkezilen toplumlaryny öz içine alýan toparlama toplanmalaryň adyny standartyň adyna girizilýär.

*Mysal:*

*SORUJYLAR DINAMIKI*

*Synag usullary*

Esaslandyrylan halatlarda aýratyn standartda dürli standartlarda birmeňzeş önümiň birnäçe toplumlaryna ýa-da önümiň has ýokara toparlama toplanmalaryna tehniki talaplary bellemek üçin giňden ulanylýar bir görkezijiniň bir ýa-da birnäçe barlag (keskitleýiş, derňew ýa-da laýyklyga synag) usullary bellenip bilner.

*Mysallar*

*1 ÇIG MAL WE AZYK ÖNÜMLERI*

*Sinkin mukdaryny keskitlemegiň usuly*

*2 BETONLAR*

*Aýaza çydamlylyga barlag usullary*

Eger bir standartda bir gňrkezijiniň iki ýa-da ondan köp usullary bellenýän bolsa, onda bu usullaryň berlen usullary peýdalanylanda alnan synaglaryň (ölçemeleriň,derňewiň, keskitlemeleriň) netijeleriniň deňeşdirmegini üpçün edýändigini (kepillendirýändigini) görkezýärler. Eger bir görkezijiniň standartda bellenilen usullary doly biri-birini çalşyrmaýan bolsa, onda olaryň tapawutlarynyň we ýa-da olaryň her biriniň niýetlenişiniň aýratynlyklaryny getirýärler. Şonda barlagyň usullaryndan haýsynyň araçylyk hökümünde ulanylmalydygyny görkezýärler.

Eger barlagyň dürli usullary üçin aýratyn talaplaryň mazmuny gabat gelýän bolsa, onda ähli talaplaryň doly beýanyny diňe birinji usul üçin getirýärler, galan usullar beýan edilende bolsa birinji usul uçin bellenen degişli talaplara salgylanmalary getirýärler.

Barlag (synag, kesgitleýiş, ölçeýiş, derňew) usullary obýektiw, takyk bolmalydyrlar we yzygiderli we dikeldilýän netijeleri üpjün etmelidirler. Barlag usullaryň beýan edilişi takyk we ýeterlik giňişleýin bolmalydyr.

Her usul üçin ony geçirmegiň aýratynlyklaryna baglylykda usulyň manysyny beýan edýärler, umumy talaplary we howpsuzlyk talaplary getirýärler, ondan soň bolsa aşakdakylary belleýärler:

– barlagyň (synagyň, ölçemegiň derňewiň) geçirilýän şertlerine talaplary;

– barlag (ölçeg) serişdelerine, enjamlara, materiallara, reaktiwlere we erginlere talaplary ;

– barlagy geçirmäge taýýarlygyň tertibini;

– barlagy geçirmegiň tertibini;

– barlagyň netijelerini işlemegiň düzgünlerini;

– barlagyň netijelerini resmileşdirmegiň düzgünlerini;

– berlen barlag usulynyň rugsat berilýän ýalňyşlygyny.

Barlag (ölçeg) serişdelerini, enjamlara, mareriallara, reaktiwlere, erginlere we kömekçi gurluşlara talaplar bellenende zerur standart* enjamlaryň (synag gurluşlarynyň, esbaplaryň, abzallaryň, senetleriň,

gurallaryň we ş.m.) we standart* materiallaryň (reaktiwleriň, erginleriň) sanawyny getirýärler.

Standart enjamlara (synag gurluşlaryna, esbaplara, abzalara, senetlere, gurallara we başg.) we/ýa-da standart materiallara (reaktiwlere, erginlere) talaplary anyklaşdyrmak zerur bolanda olaryň kysymlarynyň, görnüşleriniň, ýerine ýetirilişleriniň we ş.m şertli belgilerini getirýärler, takyklyk klasyny, ölçegleriň aralygyny ýa-da synaglaryň netijeleriniň talap edilýän takyklygyny we deňeşdirilmegini upjün etmek üçin berjaý edilmegi zerur bolan parametirleri we birmanyly häsiýetnamalary görkezýärler.

Standart däl** enjamlary (synag gurluşlaryny, esbaplary, abzallary, senetleri, gurallary we ş.m) we/ýa-da materiallary (reaktiwleri, erginleri,) ulanmak zerur bolanda standartyň ýazgysynda ýa-da onuň goşundysynda bu enjamlaryň (materiallaryň,reaktiwleriň) esasy tehniki häsiýetnamalaryny ölçemeleriň aralygyny, yzygiderli ýalňyşlygyny we talap edilýän takyklygy üpjün etmek üçin zerur başga häsiýetnamalary, şol sanda dürli gurluş we funksional çyzylary we çyzgylary ýa-da materiallaryň tehniki beýanyny, ýa-da reaktiwleriň taýýarlanyş usuly zerur bolanda bolsa enjamlary we materiallary taýýarlamagyň tilsimatynda talaplary ýa-da reaktiwleriň taýýarlanyş usulyny hem getirýärler.

*Mysallar:*

*1 Synaglary geçirmek üçin aşakdaky barlaghana enjamlaryny ulanýarlar:*

*– injektoryň halkasynyň doly doldurylmagyňy üpjün edýän göwrümli has kiçi şprisler;*

*– (90 ± 2) ºC temperaturany saklamak üçin ýaramly suw hammamyny;*

*2 Bugdaý unyndan hamyryň reologiki häsiýetlerini keskitlemek üçin suw hammamynda temperaturany hemişelik saklaýan termostaty ekstensografy ulanýarlar. Ekstensografyň beýany A goşundyda getirilendir, iş häsiýetnamalary bolsa aşakdaky talaplara laýyk bolmalydyrlar:*

---

* Döwletara ýa-da döwlet standartlary boýuça göýberilýän enjamlar (materiallar) standart hasaplanýar.

** Tehniki talaplary döwletara ýa-da standartlarynda bellenmedik enjamlar standart däl hasaplanýar.

*– tegeleýjiniň aýlaw ýygylygy..............(83± 3)min -1 ;*
*– düzüji gurluşyň aýlaw tizligi ...........(15± 1) min -1 ;*
*– gaňyrçagyň hereketiniň tizligi..........(1,45±0.05) sm /s.*

Önümiň synaglaryny (onuň häsiýetlerini derňewini) geçirmäge taýýarlygyny tertibi beýan edilende taýýarlaýyş we usulyna, olaryň mukdaryna, ölçeglerine ýa-da massasyna, zerur bolan halatynda bolsa olaryň formasyna, görnüşine, saklanyş we/ýa-da daşalyş şertlerine, hasaba almagyň tertibine talaplary belleýärler.

Zerur bolanda, berlen synaglary geçirmek uçin ulanylýan esbaplaryň, abzallaryň ýa-da gaýry enjamlaryň ýerleşişiniň we/ýa-da birleşdirilişiniň we ýa-da birleşdirilişiniň çyzylaryny getirýärler.

TDS 1.5-2005

Barlagy (synaglary, ölçeýişleri, derňewi) geçirmegiň tertibine (metodikasyna) talaplar beýan edilende barlagyň şertlerini olaryň bahalarynyň rugsat berilýän çäkleri bilen bellenýär, geçirilýän amallaryň yzygiderligini (eger bu yzygiderlilik barlagyň netijelerine täsir edýän bolsa) görkezýärler, aýratyn amallaryň giňişleýin beýanyny getirýärler. Barlagyň netijelerini resmileşdirmäge talaplar beýan edilende hasaplaýyş formulalaryny getirýärler. Barlagyň netijelerini resmileşdirmäge talaplar beýan edilende barlag zurnallaryna (synaglaryň teswirnamalaryna), olara ýazylýan maglumatlaryň mazmunyna we beýan edilişiniň yzygiderliligine talaplary belleýärler. Barlagyň (ölçemegiň) usulunyň takyklygyna talaplar beýan edilende usuluň rugsat edilýän ýalňyşlygyny, hasaplamalaryň takyklygyny we maglymatlaryny tegeleklemegiň derejesini görkezýärler. Barlag usulyna howpsuzlyk talaplary, eger ol ulanylanda işgärleriň janyna we saglygyna hakyky ýa-da potensial howp, maddy zyýan we/ýa-da töwerekdäki gurşawa zyýan ýetirmegiň mümkinçiligini bar bolsa, belleýärler.

**Tilsimat we gaýry proseslere degişli standartlaryň mazmuny**

Tilsimat proseslerine standartlarda, düzgün bolşy ýaly, senagatyň dürli pudaklarynda ulanylýan, şeýle hem gurşuşykda, oba hojalygynda we ulagda ulanylyp bilinjek tilsimat proseslerine talaplary belleýärler. Şeýle tilsimat proseslerine metallary kebşirlemek, galaýylamak we berşinlemek, metallary basyş we kesmek bilen işlemek, metallaryň

ýylylyk we ýylylyk himiki işlenmesi, polimerleri kebşirlemek we ş.m. degişli bolýarlar.

Standartlarda önümçiliginiň köpçülikleýin häsiýetli bolan önümi taýýarlamagyň nusgalaýyn tilsimat proseslerine talaplar bellenip bilinerler.

*Mysal: Çaphana palatalarynyň usul nusgalaryny we surat ülňülerini taýýarlamagyň nusgalaýyn umumy talaplar.*

Tilsimat proseslerine standartlarda aşakdakylary belleýärler:

– olary geçirmäge umumy talaplar;

– adalgalary we kesgitlemeleri;

– toparlamany (mysal üçin, kebşirleme birleşmeleriniň esasy görnüşleri boýunça olaryň düzüt elementlerine we ölçeglerine talaplary görkezmek bilen);

– tilsimat prosesinde ulanylýan enjamlara, senetlere, gurallara we materiallara talaplar;

– aýratyn tilsimat amallaryny ýerine ýetirmegiň yzygiderliligini, zerur bolanda ýerine ýetiriliş tilsimat çyzgysyny getirmek bilen;

– tilsimat proseslerinde aýratyn işleri ýerine ýetirmegiň usullary we tärleri;

– tilsimat düzgünlerine talaplar we tilsimat prosesinde işleriň dürli görnüşlerini ýeine ýetirmegiň düzgünleri;

– tilsimat prosesini optimal alyp barmak üçin berjaý edilmeli ölçegden çykmalar, propusklar, napusklar;

– hili barlamagyň usullary;

– howpsuzlyk we/ýa-da töwerekdäki gurşawy goramagyň talaplary (geçirilmegi tehnogen weýrançylyklarynyň, heläkçilikleriň howply, adamyň jany we saglygy üçin hakyky ýa-da notensial howp, töwerekdäki gurşawyň hapalanmagynyň mümkinçiligi bilen baglanşykly tilsimat prosesleri üçin).

Tilsimat proseslerine howpsuzlyk talaplary bellenende aşakdakylary görkezýärler:

– berlen tilsimat prosesiniň ýa-da onuň aýratyn amallarynyň howply we zyýanly täsir ediji faktorlarynyň häsiýetnamalaryny (täsirleriň her biriniň rugsat berilýän derejelerini goşmak bilen);

– tilsimat prosesiniň howply we zyýanly täsir ediji faktorlaryny peseltmek we ýa-da çäklendirmek boýunça talaplary;

– tilsimat prosesi (aýratyn amallar) geçirlende ýeke-bara we/ýa-da köpçülikleýin gorag serişdelerini ulanmaga talaplary;

– sanitar-gigiýena düzgünlerini berjaý etmäge talaplar;

– ýandyn söndürmegiň serişdeleriniň, ýangyna garşy gorag tehniki serişdeleriniň, ýangyn tehnikasynyň barlagyna talaplary;

– önümçilik işgärlerine talaplary;

– heläkçilik signalizasiýanyň gurluşyna hopwsuzlyk belgilerini we signal reňklerine ulanmaga TDS-12.4.026 boýunça talaplary.

Töwerekdäki gurşawy goramagyň talaplary bellenende tilsimat prosesleri üçin aşakdakylar arkaly zyýanly täsirleriniň öňüni almaga ýa-da azaltmaga  talaplary getirýärler:

– galyndylary gaýtadan peýdalanmak;

– galyndylar zyňyndylary arassalamak;

– tilsimat düzgünlerini goşmaça çäklendirmek;

– tilsimat prosesinde ekologiki babatda howply materiallary ulanmagy çäklendirmek;

– dökmeleriň we zyňmalaryň aňryçäk rugsat berilýän möçberlerini bellemek;

– heläkçilik dökmeleriň (zyňmalaryň) öňüni alamak.

Proseslere standartlarda şeýle hem aşakdakylar hem bellenip bilnerler:

– maglumat tilsimatlarynda işleri ýerine ýetirmegiň tertibi, usullary we düzgünleri;

– awtomatlaşdyrylan taslamagyň we maglumat tilsimatlaryny ulanmak boýunça beýleki işleri geçirmegiň usullary;

– blok modul konstruirlemgiň usullary;

– dürli görnüşli işleri ýerine ýetirmegiň gaýry usullary (usullary, tärleri) we düzgünleri.

**Hyzmatlara degişli standartlaryň mazmuny**

Hyzmatlara aşakdaky standartlary işläp düzýärler:

– hyzmatlara esas bolujy standartlary;

– hyzmatlaryň hil görkezijileriniň nomenklaturasyna we howpsuzlygyna talaplaryň standartlary;

– umumy talaplaryň standartlary;

– umumy tehniki şertleriniň standartlary;

– hyzmat edýän işgärlere talaplary belleýän standartlary;

– hyzmatlaryň hiline we howpsuzlygyna barlagyň (baha bermegiň) usullaryna standartlary.

Hyzmatlara esas bolujy standartlarda aşakdakylary belleýärler:

– belli bir çygyrda (ylmy-tehniki, bank, ätiýäçlandyryş, syýahat-gezelenç, maglumat-mazmlama, söwdada, aragatnaşykda we ş.m.) hyzmatlary standartlaşdyrmak boýunça esasy düzgünleri;

– adalgalary we olaryň kesgitlemelerini;

– hyzmatlaryň we ýa-da olaryň edýän kärhanalaryň toparlamasy.

Hyzmatlara galan esas bolujy standartlaryň mazmunyny hyzmatlaryň berlen çygrynyň aýratynlyklaryndan ugur alyp alyp kesgitleýärler.

Aýratyn standartda belli bir çygyr (ýa-da hyzmatlaryň toplumy) üçin hyzmatlaryň hil görkezijileriniň we howpsuzlygynyň nomenklaturasyna umumy, eger şu görkezijiler boýunça umumy düzgünleri döwlet derejesinde bellemek maksada laýyk bolmasa, belleýärler:

Şeýle standartda aşakdakylary belleýärler:

– hyzmatlaryň hil görkezijilerini we howpsuzlygyny saýlap almak boýunça esasy düzgünleri we şol görkezijileriň kanagatlandyrmaly esasy talaplar;

– hil görkezijileriň toplumunyň (rahatlygy, tygşytlylygy, ergonomikligi, estetikligi we başg.) we howpsuzlygynyň (ýangyn, himiki, radiasion, ekologiki, emlägiň abatlygy we başg.) nomenklaturasyny, şeýle hem toplumlaryň her biriniň häsiýetnamasyny;

– berlen görkezijileri olaryň esasynda anyk hyzmatlara talaplary (düzgünleri) bellemek üçin peýdalanmagyň tertibi boýunça görkezmeleri (ýa-da maslahatlary);

Şonda döwlet standartynda berlen hyzmatlara anyk talaplary (düzgünleri) düzgünleşdirýän resminamalaryň durumy (derejesi) görkezilip bilner (kärhana standartlary, tehniki şertler we ş.m.)

Birmeňzeş hyzmatlaryň toplumyna aýratyn standartda beýan edilýän umumy talaplar bellenip bilnerler.

Bellik: – Umumy talaplaryň standartyny durmuş-medeni hyzmatlara işläp düzmek maslahat berilýär.

Belli bir şygyrda edilýän hyzmatlaryň aýratynlyklaryna baglylykda umumy talaplaryň standartlarynda hyzmatlara aşakdaky talaplar getirýärler:

– hyzmatyň berlen görnüşini guramak we hzymatlaryň hilini dolandyrmak boýunça;

– hyzmat edilýan ilatyň hyzmat edilýän we hyzmat edýän kärhanalaryň, hyzmatlary beýleki sarp edijileriň we ýerine ýetirijileri jany we saglygy üçin hyzmatlaryň howpsuzlygyny;

– hyzmat edýän ilatyň (kärhanalaryň) emlägini abat saklamaga;

– töwerekdäki gurşawy goramaga (hyzmatlaryň ekolokligi);

– hyzmatlaryň niýetlenen maksadyna laýyklygyna;

– ýerine ýetirmegiň takyklygyna, öz wagtyndalygyna we/ýa-da tizligine;

– hyzmatlaryň toplumlygyna;

– hyzmatlaryň ergonomikligine we rahatlygyna;

– hzymatlaryň estetikligine;

– hyzmat edýän işgärlere we hyzmat etmegiň medeniýetine;

– durmuşy saglygyna (sarp edijileriň belli bir toparynyň aýratynlyklaryna laýyklygyna);

– hyzmat etmek üçin kärhana (jaýa) we onuň maddy-tehniki enjamlaşdyrylyşyna;

– hyzmatlaryň maglumatlylygyna*;

– hyzmatlaryň birhilleşdirilen resminamalaryna;

– hyzmatlaryň durmuşy derňewlerine (barlaghanalaryna)

Umumy tehniki şertleriň standartyny material hyzmatlara, şeýle hem önümçilik hyzmatlaryna işläp düzýärler. Standartda birmeňzeş hyzmatlarynyň toplumy üçin umumy tehniki şertler bellenende oňa, düzgün boşy ýaly, öňüne standartlara girizilýän meňzeş bölümleri girizýärler, «Daşalyşy we saklanyşy» we «Ulanyşy boýunça görkezmeler» bölümler muňa girmeýärler. «Toparlama» bölümde hyzmatlaryň bir ýa-da birnäçe tapawutlary alamatlar boýunça toparlanan görnüşlerini, zerur bolan halatynda bolsa şu alamatlaryň häsiýetnamalaryny belleýärler. «Tehniki talaplar» bölümde hyzmatlaryň esasy sarp ediş häsiýetnamalaryny (görkezijilerini) kesgitleýän talaplaryň we/ýa-da düzgünleriň doly toplumyny getirýärler. Şonda standartda

hyzmatlara diňe döwlet barlagy we hyzmatlary sertifikasiýalaşdyrmak prosesinde standartlaryň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçilik geçirilende we/ýa-da edilýän hyzmatlaryň hili boýunça agzalalyklar ýüze çykanda laýyklygy barlanyp bilinjek talaplar girizmelidirler.

Eger bu talaplar anyk görkezijiler we oalryň bahalary görnüşinde aňladylyp bilinmese, onda standartda edilýän hyzmatlaryň iň az assprtimentini we/ýa-da hyzmatlaryň her biriniň möçberini ýa-da olaryň gaýry häsiýetnamasyny getirýärler.

«Tehniki talaplar» bölümde (aýratyn kiçi bölüm ýa-da punkt görnüşinde) hyzmatlaryň aýratynlyklaryndan ugur alyp, hyzmat edilende belli bir enjamlary, gurallary, esbaplary, materiallary, çig maly we beýleki serişdeleri (ulag, aragatnaşyk serişdeleri, maglumatlary dolandyrmak şekillendirmek we ş.m.) Ulanmak (ýa-da ulanmagy çäklendirmek) babatda, şeýle hem hyzmatlaryň edilýän jaýy (ýa-da ýeri) babatda talaplar we/ýa-da maslahatlar getirilip bilnerler. Şonda 7.3.6 getirlen dügünlerini gollanýarlar.

Zerur bolanda «Tehniki talaplar» bölümde sarp edijä hyzmat hakynda maglumatlary bermegiň tertibine talaplaryny we/ýa-da tabşyrygy kabul etmegiň we resmileşdirmegiň umumy düzgünlerini, şeýle hem ony bermegiň düzgünlerini getirýärler.

Eger hyzmatlaryň hili möhüm derejede hyzmat edýän işgärlere bagly bolsa, onda standartda «Tehniki talaplar» bölümden soň «Hyzmat edýän işgärlere talaplar» goşmaça bölümi getirýärler we beýan edýärler. Eger hyzmatlar edilende amala aşyrylýan prosesler ýa-da olaryň netijeleri hyzmatlary sarp edijileriň, hyzmat edýän işgärleriň jany, saglygy üçin we/ýa-da töwerekdäki gurşawa potensial howp döredýän, maddy zyýan ýetirmäge ukyply (emlägiň islendik görnüşi üçin howp bolýan) bolsa, onda umumy tehniki şertleriň standartyna «Howpsuzlyk (we töwerekdäki gurşawy goramak) talaplary» bölümi girizýärler we ýokardaky talabalaýyk düzgünleri göz öňünde tutmak bilen beýan edýärler. Hyzmatlara standartlara edilýän hyzmatlaryň hiliniň barlygynyň tertibi beýän edilýän bölümiň «Hili barlamagyň düzgünleri» ýa-da «Kabul ediş dügünleri» (eger hyzmatyň hiline önümiň berlen hyzmatyň edilmegi netijesinde alman ýa-da gazanylan hili boýunça baha bermek mümkin bolsa, mysal üçin abatlanan durmuş radioelektron enjamlaryň hili boýunça ýa-da jemgyýet iýmit

kärhanasynda taýýarlanan kulinariýa önümiň hili boýunça) ady bolup biler.

Hyzmatlara standartda bu bölüm beýän edilende hyzmatlaryň şu standartyň degişli bölümlerinde getirilen tehniki talaplara, zerur bolan halatynda bolsa howpsuzlyk we ekologikligiň talaplaryna laýyklygyny barlamaga mümkinçilik berýän düzgünleri belleýärler. Hyzmatlara standartda «Kabul ediş« düzgünleri beýan edilende ýokardaky aýratyn düzgünler ulanylyp bilnerler. «Ýerine ýetirijiniň kepili» bölümde hyzmat edijileriň (berlen çygryň kärhanalarynyň we ýeke-bara telekeçileriň) olar tarapyndan edilýän hyzmatlaryň şu standartyň, standartlaryň (tehniki şertleriniň) talaplaryna öz kärhanasynyň her anyk hyzmatynyň laýyklygy boýunça kepil borçlaryny belleýärler we olar hyzmata şertnamada getirýärler).

Hyzmat edýän (işçi) işgärlere talaplar bellenende aşakdakylara talaplary getirýärler:

– derejeleýin we/ýa-da hünär (ýörite) taýýarlylyga;

– saglyk ýagdaýyna we ony ýaşy, jynsy we beýleki fiziki maglumatlary boýunça barlamagyň (medisina anyklama ýa-da seretmegi geçirmek arkaly) tertibine;

– gaş görnüşiniň estetikligine;

– söz mediniýetine;

– etikligine (hoşamaýlyk, hoşniýetlilik, absaklyk we başg.);

– şahsy gigiýenanyň düzgünlerini berjaý etmäge;

– hyzmat edýän işgärleriň synagdan geçiş tertibine we/ýa-da olaryň bildirýän talaplara laýyklygyny barlamagyň dürli görnüşlerine we usullaryna;

– bu laýyklygy tassyklaýan resminamalara (sanitar depderçeleri we ş.m.)

Hyzmatlaryň hiline we howpsuzlygyna barlag (baha bermek) usullaryna talaplary aýratyn standartda ýa-da umumy tehniki şertleriň standartynyň aýratyn bölüminde belleýärler, esaslandyrýan ýagdaýlarda bolsa «Barlagy (baha bermegi) geçirmegiň düzgünleri» bölüme girizýärler.

Hyzmatlaryň hiline we howpsuzlygyna barlagyň (baha bermegiň) usullaryna talaplary şu hyzmatlar üçin häsiýetli aýratynlyklardan ugur alnyp ýokardaky düzgünleri hasaba almak bilen beýan edýärler.

Hyzmatlaryň hilini barlamak üçin, dügün bolşy ýaly, aşakdaky usullary ulanýarlar:

– organoleptiki (hyzmatlaryň köpüsi üçin – seretmek arkaly);

– analitiki (resminamalry derňemek arkaly amala aşyrylýan);

– esbaplary (fiziki – himiki, mikrobiologiki, medikobiologiki gerňew);

– seljermeli;

– sosiologiki.

### 9.5.5. Standartyň belgilenilişine talaplar

Türkmenistanyň döwlet standartynyň belgisi «TDS» indeksden, bellige alyş sanbelgiden we ondan kese çyzyk bilen arasy bölünen tassyklanan ýylynyň dört sanlaryndan ybaratdyr.

*Mysal: TDS 550-2002*

Täze işlenip düzülen döwlet standartyna bellige alyş sanbelgileri sanbelgileriň ösüş tertibinde olar «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan bellige alyndygyça berýärler. Standart ýatyrylanda onuň bellige alyş sanbelgisini täze standarta bermeýärler, standartyň ýatyrylmagy oňa gaýtadan seredilmegi we onuň deregine başga standartyň kabul edilmegi bilen baglanşykly ýagdaý muňa girmeýär.

Eger döwlet standarty umumy tehniki ýa-da guramaçylyk- metodiki döwlet standartynyň ulgamyna (toplumyna) girýän bolsa, onda bu standartyň belgisini ol işlenip düzülende berlen ulgamyň esas bolujy standarty tarapyndan bellenen tertipde düzýärler. Şonda standartyň belgisine belginiň galan san böleginden bölünen standartlaryň ulgamynyň bir razrýadly koduny girizýärler.

*Mysallar:*

*1 Döwlet standartlaşdyryş ulgamynyň standarty TDS 1.0-93, TDS 1.1-93,*

*...TDS 1.4-93, TDS 1.5-2005 we ş.m. ýaly belgileýärler.*

*2 Ölçegleriň bütewliligini üpjün etmegiň döwlet ulgamynyň standartlaryny:*

*TDS 8.001-93, TDS 8.002-93, ...TDS 8.023-2000 we ş.m. ýaly belgileýärler.*

Halkara standatlary ulanmak esasynda resmileşdirilen döwlet standartynyň belgilenişi GR ISO/IEG 21:2002.

Kärhana standartynyň belgisi «KS» indeksden, kärhanada bellenen tertipde berilýän bellige alyş sanbelgiden we ondan arasy bölünen tassyklanan ýylynyň dört sanyndan ybaratdyr.

Döwletara standartlary TDS belgisiniň yzyndan kese çyzyk bilen bölünip ГОСТ-iň belgisi ýazylýar. *Mysal: TDS-28425-90*

Önüm eksporta ugradylanda döwletara standartlary TDS-ГОСТ 28425-90 görnüşinde ýazylýar.

# 10. TÜRKMENISTANYŇ SERTIFIKATLAŞDYRMAK BARADAKY KANUNY

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly: «Bazar gatnaşyklaryna geçmegiň şertlerinde tehniki kadalaşdyrma, standartlaşdyrma we sertifikatlaşdyrma bolmazdan içerki bazar, şeýle hem daşarky bazar üçin önümleriň hiliniň bäşleşige ukyplylyk derejesini üpjün etmek mümkin däldir».

2012-nji ýylda «Standartlaşdyrmak hakynda» we «Ölçegleriň bütewüligini üpjün etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary täzelendi. Umuman, milli kanunçylygy kämilleşdirmegiň toplumlaýyn maksatnamasyna laýyklykda hem-de ýurdumyza getirilýän we çykarylýan önümleri, şeýle-de ýurdumyzda öndürilýän önümleri, hyzmatlary, önümçiligi, ulgamy sertifikatlaşdyrmak işini düzgünleşdirmek, degişli täze hukuk namalaryny işläp düzmek uly ähmiýete eýedir. Şol esasda hem 1993-nji ýylda çykan «Önümleri we hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ýatyryldy we 2013-nji ýylyň dekabr aýynda «Sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň täze Kanuny kabul edildi. Türkmenistanda önümleriň, hyzmatlaryň, önümçiligiň we ulgamyň kadalaşdyryjy res-

minamalara we standartlara laýyklygynyň tassyklanmasy sertifikatlaşdyrmak işiniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Türkmenistanda bazar gatnaşyklarynyň oýlanyşykly ornaşdyrylmagy bilen netijeli ösüşler gazanylýar. Ykdysadyýetiň ähli pudaklary gyradeň ösdürilýär, olara dünýä tejribesinde we ylymda, tehnikada ýüze çykarylan täzelikler ornaşdyrylýar. Bu durmuşa geçirilýän işleriň ählisiniň maksady ýurduň tebigy baýlyklaryny netijeli we oýlanyşykly peýdalanmaga, öndürilýän önümleriň, ýerine ýetirilýän işleriň, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga, ilkinji nobatda bolsa, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilýär.

Şunda durmuşymyzyň ähli ugurlaryndaky ösüşlerde, dünýäniň häzirki zaman ylmy-tehniki gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmakda ýurdumyzda ulanylýan sertifikatlaşdyrmak babatda hukuk gatnaşyklaryny kämilleşdirmek we bu ugurdaky hereket edýän kanunçylyk namalarynyň binýadyny berkitmek we olary döwrebaplaşdyryp, halkara standartlaryna laýyklykda täzeden işläp düzmek zerurlygy ýüze çykýar. Şu maksat bilen degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň hünärmenleri bilen bilelikde Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan «Sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny işlenip düzüldi.

Kanunyň işlenilip düzülmegi üçin ilkinji nobatda Türkmenistanyň Konstitusiýasy, sertifikatlaşdyrmak babatda hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän häzirki hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalary, halkara ýörelgeleri we kadalary, şeýle hem bu ugurdaky halkara tejribesi esas edilip alyndy.

Bu Kanunyň esasy maksady maddy serişdeleriň rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek bilen raýatlaryň ýaşaýşy we saglygy, olaryň emläginiň we daşky gurşawyň goragy üçin önümiň, işleriň ýerine ýetirilmeginiň, hyzmatlaryň edilmeginiň howpsuzlygyny, şeýle hem fiziki we ýuridik şahslaryň bähbitlerini sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän önümden, işleriň ýerine ýetirilmeginden, hyzmatlaryň edilmeginden goramakdan ybarat bolup durýar. Kanunyň maddalarynda sertifikatlaşdyrmak babatda ulanylýan adalgalara sada dilde düşnükli kesgitlemeler berildi.

Kanunda sertifikatlaşdyrmagyň ýörelgeleri beýan edildi, sertifikatlaşdyrmagyň obýektleri kesgitlenildi. Oňa önümler, prosesler, işiň ýerine ýetirilişi we hyzmatlaryň edilmegi degişli bolup durýar. Şeýle-de sertifikatlaşdyrmak babatda işi maliýeleşdirmegiň çeşmeleri kesgitlenildi, oňa laýyklykda hususy telekeçilere we ýuridik şahslara ygtyýarly edara, başga döwlet edaralary tarapyndan edilýän tölegli hyzmatlardan gelýän serişdeler we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik başga serişdeler maliýeleşdirmegiň çeşmeleri bolup durýar.

Kanunda bellenilen kadalar esasynda Türkmenistanda öndürilen önüm, şeýle hem Türkmenistandan çykarylýan ýa-da Türkmenistana getirilýän önüm (şol sanda Türkmenistana getirilýän ulanyşda bolan önüm) ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde sertifikatlaşdyrylmaga degişli bolup durýar. Sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek we gözegçilik Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ygtyýarly edara, özleriniň ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde beýleki döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Bu edaralaryň ygtyýarlylyklary Kanunyň maddalarynda aýratynlykda beýan edildi.

Şeýle-de fiziki şahslaryň şahsy, maşgala we telekeçilik işiniň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly bolmadyk zerurlyklary üçin niýetlenip Türkmenistana getirilýän önümleriň sertifikatlaşdyrmakdan boşadylmagy we şeýle önümleriň aýry-aýry görnüşleriniň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan sanawa laýyklykda sertifikatlaşdyrylmagy göz öňünde tutuldy.

Kanuna laýyklykda ygtyýarly edara, başga döwlet edarasy tarapyndan önümleriň bellenilen talaplara laýyklygy tassyk edilen mahalynda laýyklyk sertifikaty berilýär we onuň esasynda önümi öndürijiniň, taýýarlaýjynyň, ýerine ýetirijiniň, iberijiniň döwlet laýyklyk nyşanyny ulanmaga hukugy bardyr we laýyklyk sertifikatlarynyň, akkreditasiýa (attestasiýa) baradaky şahadatnamalarynyň nusgalary, döwlet laýyklyk nyşanynyň görnüşleri we ölçegleri ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylýar hem-de sertifikatlaşdyrmak boýunça Döwlet sanawynyň emele getirilmeginiň we ýöredilmeginiň tertibiniň bellenilmegi göz öňünde tutuldy, sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet gözegçilik barlagynyň amala aşyrylmagynyň kadalary bellenildi,

gözegçilik barlagyny amala aşyrýan wezipeli adamlaryň, bilermen-auditorlaryň, önüm öndürijileriň, taýýarlaýjylaryň, ýerine ýetirijileriň, satyjylaryň, iberijileriň hukuklary we borçlary kesgitlenildi.

Kanunda barlaghanalaryň we sertifikatlaşdyrmak baradaky guramalaryň akkreditasiýa meselesini hem düzgünleşdirýän kadalaryň bolmagy üpjün edildi. Häzirki wagtda ösen döwletleriň köpüsinde standartlaşdyrmak pudagyndaky akkreditasiýa meselesi giň gerim alýar. Şeýle-de, sertifikatlaşdyrmak baradaky guramalary we synag barlaghanalary akkreditirlemek meselesi bu kanunyň çäginde hukuk kadalary bilen düzgünleşdirildi.

**Sertifikatlaşdyrmak** – sertifikatlaşdyrmak baradaky gurama tarapyndan bellenen tertipde önümiň (iş, hyzmat, hadysa, önümçilik, ulgam) kadalaşdyryjy resminamalara we talaplara laýyk gelýändigini tassyklamak barada geçirilýän işdir. **Laýyklyk sertifikaty** – munuň özi sertifikatlaşdyrylýan obýektiň bellenen kadalaşdyryjy resminama laýyk gelýändigi barada sertifikatlaşdyryş ulgamynyň düzgünlerine laýyklykda tassyklanan resminamadyr. Ol kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna gözegçilik etmegiň iň esasy guralydyr. Sertifikatlaşdyrmak ulgamy sertifikatlaşdyrmak işini amala aşyrmak üçin edilýän düzgünleriň toplumy, gatnaşyjylar we olaryň hereketleriniň jemi bolup durýar. Ýagny, ol sertifikatlaşdyrmagy geçirmek üçin amalyň we dolandyryşyň öz düzgünlerine eýe bolan ulgamdyr. Ýurdumyzda häzirki wagtda sertifikatlaşdyrmak işi bilen baglanyşykly ulanylýan laýyklyk sertifikatlaryň görnüşleri: önümiň laýyklyk sertifikaty (TDS 1.2-01-93); hyzmatlaryň laýyklyk sertifikaty (TDS 1.2-11-95); önümçiligiň laýyklyk sertifikaty (TDS 1.2-08-95); hil ulgamynyň laýyklyk sertifikaty (TDS 1.2-07-94); howpsuzlyk sertifikaty (TDS 1.2-09-94) bolup durýar. Ýaýyň içindäki standartlar bolsa şol sertifikatlary bermegiň tertibini düzgünleşdirýär. Hil ulgamyny we önümçiligi bilelikde sertifikatlaşdyrmak bolsa, TDS 1.2-05-95 boýunça amala aşyrylýar. Şeýle-de her bir sertifikatlaşdyrmak baradaky gurama öz gulluklaryna degişli sertifikatlaşdyrmak boýunça degişli «**tertipleri**» çykarýar. Degişli tertipler ýokardaky görkezilen döwlet standartlarynyň talaplaryna we ýörelgelerine laýyklyklanyp taýýarlanýar.

«Sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ýurda getirilýän we eksport edilýän önümler, şol sanda

Türkmenistanda öndürilýän önümler sertifikatlaşdyrmaga degişlidir. Fiziki şahslaryň şahsy, maşgala we telekeçilik işini amala aşyrmak bilen bagly bolmadyk başga zerurlyklary üçin niýetlenip ýurda getirilýän we eksport edilýän önümler hökmany sertifikasiýa edilmekden boşadylýar. Şeýle önümleriň aýry-aýry görnüşleri ýurda getirilende hökmany sertifikasiýa edilmäge degişli edilip hem bilner. Hökmany sertifikasiýa edilmäge degişli ýurda getirilýän önümleriň sanawy bolsa Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar. Sertifikatlaşdyrmak işini geçirmek üçin Türkmenistanda hereket edýän kadalaşdyryjy resminamanyň bolmagy zerurdyr. Şonuň üçin söwda we önümçilik işi bilen meşgullanýan taraplara bökdençsiz söwda akymyny amala aşyrmagy üçin öz işi bilen baglanyşykly kadalaşdyryjy resminamalar barada maglumat üpjünçiligini edinmek maslahat berilýär.

Şeýle-de, ýerli önüm öndürijileriň degişli kadalaşdyryjy resminamalary bolmazdan ýa-da kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň ýoýulmagy bilen, önümiň işlenip taýýarlanylmagyna, öndürilmegine, ýerlenilmegine, ulanylmagyna, saklanylmagyna, daşalmagyna we abatlanylmagyna, işleriň (hyzmatlaryň) ýerine ýetirilmegine ýol berilmeýär. Şol sebäpli ýerli önümiň ýokardaky işleri amala aşyrylanda, hökmany sertifikatlaşdyrma geçirilýär. Önümçiligiň sertifikaty önümiň hilini kadaly ýagdaýda köpçülikleýin öndürmegi üpjün edip bilýän tehnologiýasyna, hadysalaryna, hili dolandyrmak ulgamyna, barlaghana we synag bilen baglanyşykly ýagdaýlaryna seredilip berilýär.

Sertifikatlaşdyrmak işiniň alnyp barlyşynda obýektiwlik, sertifikatlaşdyrmagyň geçirilişiniň tertibi baradaky maglumatlaryň ähli gyzyklanýan şahslar üçin açyklygy we hakykylygy; ygtyýarly edaranyň önüm öndürijilerden, taýýarlaýjylardan, ýerine ýetirijilerden, satyjylardan, iberijilerden we sarp edijilerden garaşsyzlygy; belli bir önüm babatda sertifikatlaşdyrmak üçin berilýän resminamalaryň gutarnykly sanawynyň bellenilmegi; sertifikatlaşdyrmak işlerini geçirmegiň möhletiniň amatlaşdyrylmagy; sertifikatlaşdyrmak işleriniň geçirilmeginiň barşynda alnan maglumatlar babatda ýaşyrynlygyň we täjirçilik syrynyň berjaý edilmegi; baha berliş netijesiniň her gezekde deň gaýtalanmagy, maglumatlaryň üpjünçiligi ýaly ýörelgeleri bardyr.

Önümçilik, hil ulgamynyň sertifikaty hili ýokary önümi öndürmegiň durnuklylygyny kepillendirýär, sebäbi ol önümçiligiň gurnalyşyny we hususanda, önümiň hilini gurşap alýar. Kärhananyň sertifikatlaşdyrylan hil ulgamy oňa ynamly hyzmatdaşlaryň toparyny giňeltmäge we önümiň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Sertifikatlaşdyrmak kärhananyň abraýyna oňaýly täsir edýär. Ahyrky netijede ösen, milli sertifikatlaşdyrmak ulgamy alyjyny hili pes hem-de saglyga zyýanly önümi satyn almakdan gorap saklamakda sarp edijileriň isleglerine hyzmat edýär. Önümçilik ýerleriniň hilini kämilleşdirmegi goldamak we olaryň halkara derejesine laýyk önümler çykarmagyna itergi bermek, şeýle-de bu kärhanalaryň hil ulgamlarynyň sertifikatlaşdyrylmagy boýunça işlerini düzgüne salmak, sertifikatlaşdyryş işine gatnaşyjylaryň ygtyýarlaryny we hereketlerini kesgitlemek maksady bilen, önümçiligiň we hil ulgamynyň biri-birine ýakyn bolan görnüşi bilen sertifikatlaşdyrmak netijeli bolup biler.

Hyzmatlaryň sertifikasiýasy hem hökmany sertifikasiýa degişli bolup, işleriň we hyzmatlaryň hilini kepillendirmek, hili we şertleri boýunça derejelere, synplara we ýyldyzlara bölmek üçin esas bolup çykyş edýär. Her bir hyzmatyň aýratynlygyna görä, taýýarlanan kadalaşdyryjy resminama esasynda seredilip geçirilýär. 3 ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen berlip, belli aralyklarda inspeksiýa gözegçiligi amala aşyrylýar.

Howpsuzlyk sertifikaty bolsa kärhananyň we önümçiligiň ýagdaýynyň, şeýle-de işleýänleriň zähmeti goramak bilen baglanyşykly kadalaşdyryjy resminamalara we düzgünlere laýyk gelýändigini kepillendirýän resminama bolup durýar.

## TÜRKMENISTANYŇ KANUNY
## Sertifikatlaşdyrmak hakynda

Şu Kanun Türkmenistanda sertifikatlaşdyrmagyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny belleýär.

### 1-nji BAP. Umumy düzgünler

**1-nji madda. Esasy düşünjeler**

Şu Kanunyň maksatlary üçin şu esasy düşünjeler ulanylýar:

1) sertifikatlaşdyrmak – netijesi sertifikatlaşdyrmagyň obýektiniň sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalarda bellenen talaplara laýyk gelşiniň resminamalaýyn tassyk edilmegi bolup durýan iş;

2) laýyklyk sertifikaty – sertifikatlaşdyrmagyň obýektiniň sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalarda bellenen talaplara laýyk gelýändigini tassyk edýän resminama;

3) sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalar – işiň anyk görnüşlerine ýa-da olaryň netijelerine degişli düzgünleri, talaplary, umumy ýörelgeleri, häsiýetnamalary özünde jemleýän we sertifikatlaşdyrmak babatda ygtyýarly edara (mundan beýläk – ygtyýarly edara) tarapyndan bellige alnan kadalaşdyryjy resminamalar;

4) döwlet akkreditasiýasy (attestasiýasy) – ygtyýarly edara tarapyndan onuň garamagyndaky kärhanalaryň (guramalaryň), beýleki döwlet edaralarynyň, tejribe barlaghanalarynyň (merkezleriň) ýa-da sertifikatlaşdyrmak boýunça bilermen-auditorlaryň sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalara laýyklykda sertifikatlaşdyrmak babatda anyk işleri ýerine ýetirmekde olaryň ukyplylygyny tassyk etmek maksady bilen amala aşyrylýan iş;

5) sertifikatlaşdyrmak boýunça bilermen-auditor (mundan beýläk bilermen-auditor) – bellenilen tertipde attestasiýadan geçirilen, sertifikatlaşdyrmak babatda kesgitlenen işleri geçirmek üçin degişli hünär derejesi bolan hünärmen;

6) önümi öndüriji, taýýarlaýjy, ýerine ýetiriji, satyjy, iberiji – önümi öndürýän, goýberýän, ýerleýän (işleri ýerine ýetirýän, hyzmatlary edýän) we onuň hili üçin jogapkärçilik çekýän hususy telekeçiler we ýuridik şahslar.

**2-nji madda. Türkmenistanyň sertifikatlaşdyrmak babatdaky kanunçylygy**

1. Türkmenistanyň sertifikatlaşdyrmak babatdaky kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar hem-de şu Kanundan we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kanundakydan başga düzgünler bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň düzgünleri ulanylýar.

**3-nji madda. Şu Kanunyň hereket edýän çygry**

1. Şu Kanun sertifikatlaşdyrmak babatdaky iş bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Şu Kanun döwlet edaralarynyň, olaryň döwlet akkreditasiýasyny almagynyň zerurlygy boýunça, Türkmenistanyň sertifikatlaşdyrmak babatda iş bilen baglanyşykly beýleki Kanunlaryna laýyklykda amala aşyrýan gatnaşyklaryna ulanylýar.

**4-nji madda. Sertifikatlaşdyrmagyň maksatlary**

Şular sertifikatlaşdyrmagyň maksatlary bolup durýar:

1) fiziki we ýuridik şahslaryň bähbitlerini sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän önümden, işleriň ýerine ýetirilmeginden, hyzmatlaryň edilmeginden goramak;

2) raýatlaryň ýaşaýşy we saglygy, olaryň emläginiň we daşky gurşawyň goragy üçin önümiň, işleriň ýerine ýetirilmeginiň, hyzmatlaryň edilmeginiň howpsuzlygyny üpjün etmek;

3) maddy serişdeleriniň rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek;

4) sarp edijilere oňat hilli önümi saýlamaga ýardam bermek;

5) içerki we halkara bazarlarda önümiň, işleriň ýerine ýetirilmeginiň, hyzmatlaryň edilmeginiň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek;

6) fiziki we ýuridik şahslaryň Türkmenistanyň ýeke-täk haryt bazarynda iş alyp barmagy üçin, şeýle hem olaryň halkara ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyga gatnaşmagy üçin amatly şertleri döretmek.

**5-nji madda. Sertifikatlaşdyrmagyň ýörelgeleri**

Sertifikatlaşdyrmak aşakdakylar esasynda amala aşyrylýar:

1) sertifikatlaşdyrmagyň geçirilişiniň tertibi baradaky maglumatlaryň ähli gyzyklanýan şahslar üçin açyklygy we hakykylygy;

2) ygtyýarly edaranyň, beýleki döwlet edaralarynyň, synag barlaghanalarynyň (merkezleriniň) we bilermen-auditorlaryň önüm öndürijilerden, taýýarlaýjylardan, ýerine ýetirijilerden, satyjylardan, iberijilerden we sarp edijilerden garaşsyzlygy;

3) belli bir önüm babatda sertifikatlaşdyrmak üçin berilýän resminamalaryň gutarnykly sanawynyň bellenilmegi;

4) sertifikatlaşdyrmak işlerini geçirmegiň möhletiniň amatlaşdyrylmagy;

5) sertifikatlaşdyrmak işleriniň geçirilmeginiň barşynda alnan maglumatlar babatda ýaşyrynlygyň we täjirçilik syrynyň berjaý edilmegi.

**6-njy madda. Sertifikatlaşdyrmagyň obýektleri**

1.Şular sertifikatlaşdyrmagyň obýektleri bolup durýar:

a) önüm;

b) prosesler;

ç) işiň ýerine ýetirilişi;

d) hyzmatlaryň edilmegi.

2. Ygtyýarly edara tarapyndan sertifikatlaşdyrmagyň obýektlerine sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplary bellenilen başga obýektler hem degişli edilip bilner.

**7-nji madda. Sertifikatlaşdyrmak boýunça işleriň guralyşy we amala aşyrylyşy**

1. Sertifikatlaşdyrmagyň geçirilmegi boýunça işleriň guralmagyny ygtyýarly edara we beýleki döwlet edaralary amala aşyrýarlar.

2. Sertifikatlaşdyrmak boýunça işler önümçiligiň barlanylmagyny, önümiň, onuň häsiýetnamalarynyň sertifikatlaşdyrmak üçin kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýändigini barlamak üçin synag edilmegini, hususy telekeçiler, ýuridik şahslar tarapyndan sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň berjaý edilmegine döwlet tarapyndan gözegçiligi we gözegçilik barlagyny öz içine alýar.

3. Ygtyýarly edara, onuň garamagyndaky kärhanalar (guramalar), beýleki döwlet edaralary, synag barlaghanalary (merkezleri), şeýle hem bilermen-auditorlar sertifikatlaşdyrmak boýunça işleri amala aşyrýarlar.

4. Beýleki döwlet edaralary, synag barlaghanalary (merkezleri), şeýle hem bilermen-auditorlar sertifikatlaşdyrmak boýunça işleri ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde berlen akkreditasiýa (attestasiýa) hakynda degişli resminama esasynda amala aşyrýarlar.

5. Synag barlaghanalary (merkezleri) özleriniň akkreditasiýasy babatyndaky çäklerinde önümiň synaglaryny ýa-da synaglaryň anyk görnüşlerini amala aşyrýarlar, şeýle hem ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde we görnüşlerde synaglary resmileşdirýärler we netijelerini berýärler.

6. Akkreditasiýa hakynda degişli resminamasy bolmadyk synag barlaghanalary (merkezleri) bolmadyk mahalynda ygtyýarly edara tarapyndan sertifikatlaşdyrmak boýunça işleriň amala aşyrylmagyna attestasiýadan geçen synag barlaghanalary (merkezleri) goýberilip bilner.

7. Bilermen-auditorlar ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde önümiň we hyzmatlaryň anyk görnüşleriniň sertifikatlaşdyrmak boýunça işleriň amala aşyrylmagyna gatnaşýarlar.

**8-nji madda. Döwlet akkreditasiýasy (attestasiýasy)**

1. Ygtyýarly edaranyň garamagyndaky kärhanalaryň (guramalaryň), beýleki döwlet edaralarynyň, synag barlaghanalarynyň (merkezleriniň), bilermen-auditorlaryň sertifikatlaşdyrmak babatda anyk işleri ýerine ýetirmäge ygtyýarlylygyny tassyklamak maksady bilen, ygtyýarly edara tarapyndan olaryň döwlet akkreditasiýasy (attestasiýasy) geçirilýär.

2. Döwlet akkreditasiýasynyň (attestasiýasynyň) tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

**9-njy madda. Sertifikatlaşdyrmak boýunça işleriň maliýeleşdirilmegi**

1. Şular sertifikatlaşdyrmak boýunça işleriň maliýeleşdirilmeginiň çeşmeleri bolup durýar:

1) hususy telekeçilere we ýuridik şahslara ygtyýarly edara, başga döwlet edaralary tarapyndan sertifikatlaşdyrmak babatda edilýän tölegli hyzmatlardan gelýän serişdeler;

2) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik başga serişdeler.

2. Sertifikatlaşdyrmak babatda hyzmatlar üçin bellenilen nyrhlar ygtyýarly edara, başga döwlet edaralary tarapyndan Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen ylalaşmak arkaly bellenilýär.

## 2-nji BAP. Sertifikatlaşdyrmak babatda Döwlet tarapyndan Düzgünleşdirmek we gözegçilik

**10-njy madda. Sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi we gözegçiligi amala aşyrýan edaralar**

Sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek we gözegçilik Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ygtyýarly edara, özleriniň ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde beýleki döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

**11-nji madda. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlylygy**

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti:

1) sertifikatlaşdyrmak babatda bitewi döwlet syýasatyny kesgitleýär;

2) Türkmenistanyň sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy hukuk namalaryny çykarýar;

3) ygtyýarly edarany kesgitleýär;

4) sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulandygy üçin ykdysady temmi çäreleriniň ulanylmagynyň tertibini tassyklaýar;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen başga wezipeleri amala aşyrýar.

**12-nji madda. Ygtyýarly edaranyň ygtyýarlylygy**

Ygtyýarly edara:

1) sertifikatlaşdyrmak babatda bitewi döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;

2) sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, şeýle hem sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalary işläp düzýär we kabul edýär;

3) sertifikatlaşdyrmak babatda guramaçylyk-usulyýet ýolbaşçylygyny amala aşyrýar;

4) beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň sertifikatlaşdyrmak babatda işini utgaşdyrýar;

5) sertifikatlaşdyrmagyň obýektlerini sertifikatlaşdyrýar;

6) hususy telekeçiler, ýuridik şahslar tarapyndan sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryny berjaý etmek boýunça barlaglary geçirýär, düzgün bozmalar ýüze çykarylan halatynda bolsa olar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan degişli çäreleri ulanýar;

7) garamagyndaky kärhanalaryň (guramalaryň) we beýleki döwlet edaralarynyň akkreditasiýasyny, synag barlaghanalarynyň (merkezleriniň) akkreditasiýasyny (attestasiýasyny), bilermen-auditorlaryň attestasiýasyny amala aşyrýar;

8) şulary belleýär:

a) önümi sertifikatlaşdyrmagyň tertibini, şol sanda öň ulanyşda bolan harytlaryň;

b) garamagyndaky kärhanalaryň (guramalaryň) we beýleki döwlet edaralarynyň sertifikatlaşdyrmak babatda anyk işleri ýerine ýetirmekleri üçin akkreditasiýasynyň tertibini, synag barlaghanalarynyň (merkezleriniň) akkreditasiýasynyň (attestasiýasynyň) tertibini, bilermen-auditorlaryň attestasiýasynyň tertibini;

ç) sertifikatlaşdyrylan önüme gözegçilik barlagyň tertibini;

d) beýleki döwlet edaralarynyň, synag barlaghanalarynyň (merkezleriniň), bilermen-auditorlaryň sertifikatlaşdyrmak babatda işine gözegçiligiň tertibini;

e) daşary ýurt döwletleriniň sertifikatlaşdyrmak boýunça edaralarynyň beren laýyklyk sertifikatlarynyň we synaglaryň netijeleriniň ykrar edilmeginiň tertibini;

ä) sertifikatlaşdyrmak boýunça Döwlet sanawynyň döredilmeginiň we ýöredilmeginiň tertibini;

9) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda sertifikatlaşdyrmak babatda gözegçilik barlagyny amala aşyrýan wezipeli adamlaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär;

10) sertifikatlaşdyrmak boýunça Döwlet sanawyny ýöredýär;

11) sertifikatlaşdyrmagyň meseleleri boýunça arza-şikaýatlara garaýar;

12) sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulandygy üçin jerime salýar we (ýa-da) başga ykdysady temmi çärelerini ulanýar;

13) sertifikatlaşdyrmak babatda gözegçilik barlagyny amala aşyran mahalynda gümrük, sanitariýa, weterinariýa, hukuk goraýjy we beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşykda hereket edýär;

14) sertifikatlaşdyrmak babatda işi amala aşyrýan halkara guramalarynda Türkmenistana wekilçilik edýär;

15) sertifikatlaşdyrmak babatda halkara hyzmatdaşlygynyň anyk taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi barada teklipleri işläp düzýär we olary ylalaşmak üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine ýollaýar;

16) sertifikatlaşdyrmak babatda düzgün bozmalary aradan aýyrmak barada teklipnamalary berýär;

17) sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulmalary ýüze çykarylan halatynda önümiň öndürilişini, satylmagyny, ulanylmagyny (peýdalanylmagyny) togtadýar;

18) önümiň kybaplaşdyrylmagyny, synaglaryny we (ýa-da) bilermenler seljermesini geçirýär;

19) özleriniň beren laýyklyk sertifikatynyň hereketiniň möhletini uzaldýar, togtadýar, olaryň öwezlik nusgasyny berýär, şeýle hem laýyklyk sertifikatlaryny ýatyrýar;

20) berlen sertifikatlara gözegçiligi we gözegçilik barlagyny amala aşyrýar;

21) Türkmenistanyň kanunçylygynda öz ygtyýarlylygyna degişli edilen başga wezipeleri amala aşyrýar.

**13-nji madda. Beýleki döwlet edaralarynyň ygtyýarlylygy**

Beýleki döwlet edaralary:

1) öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde sertifikatlaşdyrmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegine gatnaşýarlar;

2) akkreditasiýa ugruna laýyklykda önümi sertifikatlaşdyrýarlar;

3) öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalary işläp düzýärler, şeýle-de olara üýtgetmeleri girizýärler we olaryň bellige alynmagy üçin ygtyýarly edara ýollaýarlar;

4) sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet gözegçiligini amala aşyran mahalynda ygtyýarly edara, gümrük, sanitariýa, weterinariýa, hukuk goraýjy edaralar bilen özara gatnaşykdaky hereketlerini amala aşyrýarlar;

5) ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde özleri tarapyndan berlen laýyklyk sertifikatlarynyň hasabyny ýöredýärler;

6) önümiň kybaplaşdyrylmagyny, synaglaryny we (ýa-da) bilermenler seljermesini geçirýärler we laýyklyk sertifikatlaryny berýärler;

7) özleriniň beren laýyklyk sertifikatynyň hereketiniň möhletini uzaldýarlar, togtadýarlar, olaryň öwezlik nusgasyny berýärler, şeýle hem laýyklyk sertifikatlaryny ýatyrýarlar;

8) özleriniň beren laýyklyk sertifikatlaryna gözegçiligi amala aşyrýarlar;

9) ýüze çykarylan düzgün bozulmalary aradan aýyrmak hakynda teklipnamalary berýärler;

10) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jerime salýarlar;

11) Türkmenistanyň kanunçylygynda öz ygtyýarlylygyna degişli edilen başga wezipeleri amala aşyrýarlar.

## 3-nji BAP. Sertifikatlaşdyrmak babatda işiň amala aşyrylmagy

### 14-nji madda. Önümi sertifikatlaşdyrmak

1. Türkmenistanda öndürilen önüm, şeýle hem Türkmenistandan çykarylýan ýa-da Türkmenistana getirilýän önüm (şol sanda Türkmenistana getirilýän ulanyşda bolan önüm) ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde şu maddanyň ikinji-dördünji böleklerinde göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen, sertifikatlaşdyrylmaga degişlidir.

2. Fiziki şahslaryň şahsy, maşgala we telekeçilik işiniň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly bolmadyk zerurlyklary üçin niýetlenip Türkmenistana getirilýän önüm sertifikatlaşdyrmakdan boşadylýar, şu maddanyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

3. Fiziki şahslaryň şahsy, maşgala we telekeçilik işiniň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly bolmadyk zerurlyklary üçin nieýtlenip Türkmenistana getirilýän önümleriň aýry-aýry görnüşleri sertifikatlaşdyrmaga degişli edilip bilner. Şeýle önümleriň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

4. Türkmenistana getirilýän şu önümler sertifikatlaşdyrylmaga degişli däldir:

1) barlaghana synaglary (barlaglary) üçin niýetlenen nusga hökmündäki;

2) sergi üçin we soňra ýerlenilmek ýa-da peýdalanylmak üçin niýetlenilmedik;

3) daşary ýurt döwletleriniň we Türkmenistandaky halkara guramalarynyň resmi wekiliýetleri, diplomatik we olara deňleşdirilen wekilhanalar üçin.

**15-nji madda. Senagat howpsuzlygyny sertifikatlaşdyrmak**

1. Howply önümçilik obýektleriniň, işleriň ýerine ýetirilmeginiň, hyzmatlaryň edilmeginiň, önümçilik işgärleriň goragynyň, ilata we daşky gurşawa howply we zyýanly önümçilik faktorlarynyň täsiriniň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen önümçilik we tehnologik enjamlar, maddy we himiki maddalar, howply ýükleri daşaýan ulag serişdeleri, şeýle hem işgärleriň aýratynlykda we köpçükleýin gorag serişdeleri senagat howpsuzlygynyň talaplaryna laýyklygy babatda sertifikatlaşdyrylmaga degişlidir.

2. Senagat howpsuzlygynyň talaplaryna laýyklygyň sertifikatlaşdyrylmagy ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

**16-njy madda. Laýyklyk sertifikaty we döwlet laýyklyk nyşany**

1. Ygtyýarly edara, başga döwlet edarasy tarapyndan önümleriň bellenilen talaplara laýyklygy tassyk edilen mahalynda laýyklyk sertifikaty berilýär we onuň esasynda önümi öndürijiniň, taýýarlaýjynyň, ýerine ýetirijiniň, satyjynyň, iberijiniň döwlet laýyklyk nyşanyny ulanmaga hukugy bardyr.

2. Laýyklyk sertifikatlarynyň, akkreditasiýa (attestasiýa) baradaky şahadatnamalaryň nusgalary, döwlet laýyklyk nyşanynyň görnüşleri we ölçegleri ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylýar.

3. Laýyklyk sertifikaty bolmadyk önümleriň mahabatyna we (ýa-da) ýerlenilmegine ýol berilmeýär.

4. Türkmenistana önümleriň getirilmegi üçin baglaşylýan şertnamalaryň şertlerinde olaryň hilini we howpsuzlygyny tassyklaýan resminamalaryň bolmagy göz öňünde tutulmalydyr.

5. Laýyklyk sertifikaty gümrük edaralaryna gümrük deklarasiýasy bilen bilelikde berilýär we önümleriň Türkmenistana getirilmegine (önümleriň Türkmenistandan çykarylmagyna) rugsat almak üçin zerur resminama bolup durýar.

6. Laýyklyk sertifikatlary ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde sertifikatlaşdyrmak boýunça Döwlet sanawynda hökmany bellige alynmaga degişlidir.

7. Sertifikatlaşdyrmak boýunça Döwlet sanawynda bellige alynmadyk laýyklyk sertifikatlary hakyky däldir.

**17-nji madda. Sertifikatlaşdyrmak boýunça Döwlet sanawy**

1. Sertifikatlaşdyrmak boýunça Döwlet sanawy maglumatlar binýadyny özünde jemleýär we synag barlaghanalary (merkezleri), bilermen-auditorlar, sertifikatlaşdyrylan obýektler we önümçilikler, sertifikatlaşdyrylan önümler baradaky habarlary, şeýle hem tehniki syýasatyň alnyp barylmagy we önümleriň sertifikatlaşdyrylmagynyň dolandyrylmagy boýunça işe maglumat taýdan ulgamlaýyn hyzmat etmek üçin zerur bolan başga maglumatlary özünde saklaýar.

2. Sertifikatlaşdyrmak boýunça Döwlet sanawynyň emele getirilmeginiň we ýöredilmeginiň tertibi, beýleki döwlet edaralary tarapyndan berlen laýyklyk sertifikatlarynyň hasaba alnyşy boýunça maglumatlaryň ygtyýarly edara berilmeginiň tertibi, şeýle hem fiziki we (ýa-da) ýuridik şahslar tarapyndan sertifikatlaşdyrmak boýunça Döwlet sanawynda saklanýan maglumatlaryň berilmeginiň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

**18-nji madda. Daşary ýurt döwletleri tarapyndan berlen sertifikatlaşdyrmak boýunça resminamalaryň ykrar edilmegi**

1. Önümiň hilini we howpsuzlygyny tassyklaýan Türkmenistanyň çäginden daşarda alnan resminamalar, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda ykrar edilýär. Halkara şertnamasy bolmadyk ýagdaýynda, önümiň hilini we howpsuzlygyny tassyklaýan resminamalaryň ykrar edilmegi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

2. Getirilýän önümler üçin ygtyýarly edara tarapyndan hasaba alnan sertifikatlaşdyrmak boýunça Türkmenistanda hereket edýän kadalaşdyryjy resminamalar bolmadyk halatynda, şeýle hem laýyk-

lyk sertifikatlarynyň özara ykrar edilmegi hakynda ikitaraplaýyn halkara şertnamasy baglaşylmadyk bolsa, sertifikatlaşdyrmak maksady bilen bir gezeklik tertipde öndürijiden ýa-da daşary ýurt döwletleriniň sertifikatlaşdyrmak boýunça edarasyndan önümleriň hilini we howpsuzlygyny tassyklaýan resminamalaryň ykrar edilmegine we ulanylmagyna ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde rugsat berilýär.

## 4-nji BAP. Sertifikatlaşdyrmak babatda Döwlet gözegçilik barlagy

**19-njy madda. Sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet gözegçilik barlagynyň amala aşyrylmagy**

1. Sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet gözegçilik barlagy hususy telekeçiler we ýuridik şahslar tarapyndan sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň berjaý edilişini barlamak arkaly amala aşyrylýar.

2. Sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet gözegçilik barlagy ygtyýarly edaranyň wezipeli adamlary tarapyndan olaryň ygtyýarlylygynyň çäklerinde amala aşyrylýar.

**20-nji madda. Sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet gözegçilik barlagyny amala aşyrýan wezipeli adamlaryň esasy hukuklary we borçlary**

1. Sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet gözegçilik barlagyny amala aşyrýan wezipeli adamlaryň şulara hukugy bardyr:

1) gulluk şahadatnamasyny görkezmegi boýunça sertifikatlaşdyrylan önümleriň hiline, işleriň ýerine ýetirilmegine, hyzmatlaryň edilmegine, şeýle hem sertifikatlaşdyrmak babatda beýleki döwlet edaralarynyň we synag barlaghanalarynyň (merkezleriniň) işine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak üçin päsgelçiliksiz baryp bilmäge;

2) fiziki we ýuridik şahslardan sertifikatlaşdyrylan önümleriň hiline, işleriň ýerine ýetirilmegine, hyzmatlaryň edilmegine döwlet gözegçilik barlagyny geçirmek üçin, şeýle hem sertifikatlaşdyrmak

babatda beýleki döwlet edaralarynyň we synag barlaghanalarynyň (merkezleriniň) işine döwlet gözegçilik barlagyny geçirmek üçin zerur bolan resminamalary we maglumatlary soramaga we almaga;

3) sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyklykda onuň laýyklygynyň gözegçiligi üçin önümleriň nusgalyklaryny we nusgalaryny saýlap almagy geçirmäge;

4) sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalarda bellenilen talaplaryň bozulmalaryny aradan aýyrmak ýa-da laýyklyk sertifikatlary (laýyklyk sertifikatlarynyň göçürme nusgalary) bolmadyk halatynda bozulmanyň häsiýetiniň göz öňünde tutulmagy bilen, önümiň ýerlenilmegini kesgitlenilen möhlete gadagan etmek hakynda talapnamalary bermäge;

5) önümleriň sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalarda bellenilen talaplara laýyk gelmeýändigi ýüze çykarylan halatynda laýyklyk sertifikatlaryny togtatmaga we (ýa-da) ýatyrmaga;

6) sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalarda bellenilen talaplara laýyk gelmeýän önümleri taýýarlaýan we (ýa-da) ýerleýän şahslary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekmäge.

2. Döwlet gözegçilik barlagyny amala aşyrýan wezipeli adamlar şulara borçludyrlar:

1) sertifikatlaşdyrmak babatda Türkmenistanyň kanunçylygyny ulanmak boýunça düşündiriş işlerini geçirmäge, öndürijileri, taýýarlaýjylary, ýerine ýetirijileri, satyjylary, iberijileri sertifikatlaşdyrmak boýunça bar bolan kadalaşdyryjy resminamalar barada habarly etmäge;

2) täjirçilik we kanun tarapyndan goralýan başga syrlary berjaý etmäge;

3) sertifikatlaşdyrmak babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen döwlet gözegçilik barlagyny amala aşyrmagyň tertibini berjaý etmäge;

4) geçirilen döwlet gözegçilik barlagynyň netijeleri esasynda ýüze çykarylan düzgün bozulmalary aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmäge.

**21-nji madda. Bilermen-auditorlaryň esasy hukuklary we borçlary**

1. Bilermen-auditorlaryň şulara hukugy bardyr:

1) anyk önümleriň kybaplaşdyrylmagyny we bilermenler seljermesini amala aşyrmaga we özleriniň attestasiýa babatdaky çäklerinde olar boýunça netijenamalary bermäge;

2) barlanylýan kärhananyň (guramanyň) zerur resminamalary bilen tanyşmaga;

3) barlag geçirmek üçin zerur bolan maglumatlary soramaga, döwlet ýa-da täjirçilik syryny düzýän maglumatlar muňa degişli däldir.

2. Bilermen-auditorlar şulara borçludyrlar:

1) sertifikatlaşdyrmagyň obýektleriniň garaşsyz resminamalaşdyrylan seljermesini geçirmäge;

2) özleriniň sertifikatlaşdyrmagyň barşynda alan ýaşyryn maglumatlaryny ýaýratmazlyga, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir;

3) anyk önümleriň kybaplaşdyrylmagy we bilermenler seljermesi amala aşyrylan mahalynda netijenamalarda şol önümiň görkezijilerini esaslandyryp we dogry beýan etmäge.

**22-nji madda. Önüm öndürijileriň, taýýarlaýjylaryň, ýerine ýetirijileriň, satyjylaryň, iberijileriň esasy hukuklary we borçlary**

1. Önüm öndürijileriň, taýýarlaýjylaryň, ýerine ýetirijileriň, satyjylaryň, iberijileriň şulara hukuklary bardyr:

1) sertifikatlaşdyrmakdan geçen önümlere babatda döwlet laýyklyk nyşanyny ulanmaga;

2) beýleki döwlet edaralarynyň, synag barlaghanalarynyň (merkezleriniň), bilermen-auditorlaryň bikanun hereketleri üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ygtyýarly edara ýüz tutmaga;

3) öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin kazyýete ýüz tutmaga.

2. Önüm öndürijiler, taýýarlaýjylar, ýerine ýetirijiler, satyjylar, iberijiler şulara borçludyrlar:

1) önümleri diňe sertifikatlaşdyrmakdan geçenden soň dolanyşyga goýbermäge;

2) önümleri diňe olaryň hilini we howpsuzlygyny tassyk edýän sertifikaty bar bolan mahalynda ýerlemäge;

3) önümiň ýany bilen iberilýän resminamalarda sertifikatlaşdyrmak hakynda we sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalar hakynda olara laýyk gelmeli maglumatlary görkezmäge we ol maglumatlaryň sarp edijilere ýetirilmegini üpjün etmäge;

4) döwlet gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edaralara, şeýle hem sarp edijilere önümleriň sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýändiginiň resminamalaýyn tassyklanylmasyny bermäge;

5) taýýarlanylýan we (ýa-da) ýerlenilýän önümleriň hiliniň sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmegini üpjün etmäge we ony bellenilen tertipde döwlet laýyklyk nyşany bilen belgilemäge;

6) eger sertifikatlaşdyrylan önümler, sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän bolsa, şeýle hem sertifikatyň hereket ediş möhleti tamamlanan ýa-da laýyklyk sertifikatynyň hereketi togtadylan halatynda ýa-da sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet gözegçilik we gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edaranyň çözgüdi bilen ýatyrylan bolsa, onda şeýle önümleriň taýýarlanylmagyny we (ýa-da) ýerlenilmegini bes etmäge ýa-da togtatmaga;

7) önümleriň sertifikatlaşdyrylmagyny we sertifikatlaşdyrmagyň obýektlerine döwlet gözegçilik barlagyny amala aşyrýan wezipeli adamlara öz wezipelerini päsgelçiliksiz ýerine ýetirmegi üçin şertleriň üpjün edilmegine;

8) bellenilen tertipde sertifikatlaşdyrylan önümleriň tehniki resminamalaryna ýa-da öndürilişiniň tehnologik prosesine girizilen üýtgetmeler barada ygtyýarly edara habar bermäge.

## 5-nji BAP. Jemleýji düzgünler

23-nji madda. Şu Kanunyň bozulandygy üçin jogapkärçilik

Şu Kanunyň bozulmagynda günäkär şahslar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi çekýärler.

**24-nji madda. Jedelleriň çözülişi**

Sertifikatlaşdyrmak babatda ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çözülýär.

**25-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi**

1. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

2. Şulary güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli:

1) 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen «Önümleriň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1993 ý., № 9-10, 94-nji madda);

2) 1999-njy ýylyň 23-nji noýabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji bölegini (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1999 ý., № 4, 56-njy madda);

3) 2001-nji ýylyň 7-nji iýulynda kabul edilen «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň V bölegini (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2001 ý., № 2, 22-nji madda);

4) 2009-njy ýylyň 18-nji noýabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler, goşmaçalar girizmek we güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň XIII bölegini (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2009 ý., № 2, 33-nji madda);

5) 2011-nji ýylyň 4-nji awgustynda kabul edilen «Önümleriň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2011 ý., № 3, 63-nji madda);

6) 2012-nji ýylyň 4-nji awgustynda kabul edilen «Önümleriň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2012 ý., № 3, 70-nji madda).

3. Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary ol güýje giren pursadyndan üç aý möhletde şu Kanuna laýyk getirilmäge degişlidir.

## Peýdalanylan edebiýat çeşmeleriniň sanawy


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow* «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy, I-II top, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2010 ý.

2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2009 ý.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow* «Ösüşiň täze belentliklerine tarap», I kitap, Aşgabat, 2008 ý.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow* «Ösüşiň täze belentliklerine tarap», II kitap, Aşgabat, 2009 ý.

5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr», TDNG, Aşgabat, 2008

6. «Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň kanuny №343-IV, 19.10.2012.

7. «Ölçegleriň bütewiligi üpjün etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, №342-IV, 19.10.2012 ý.

8. «Sertifikatlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, Aşgabat, №459-IV 18.12.2013.

9. «Sarp edijileriň hukugyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, Aşgabat, 08.11.2014.

10. «Administratiw hukuk bozulmalary hakynda» Türkmenistanyň kodeksi.

11. «Önümleriň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, Aşgabat, №897-XII, 08.10.1993.

12. «Standartizasiýa we metrologiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, Aşgabat, №866-XII, 01.10.1993 ý.

13. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasy»

14. «Türkmenistanyň standartlaşdyryş ulgamyny ösdürmegiň 2011-2015-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy», Türkmenistanyň Prezidentiniň 11367 belgili Karary, 26.11.2010 ý.

15. «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy hakynda düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary 11357-20.11.2010 ý.

16. «Sertifikatlaşdyrmak babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplarynyň bozulandygy üçin ykdysady temmi çäreleri ulanmagyň tertibi», Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary 13620 – 17.04.2014 ý.

17. TDS 1.0-93 Türkmenistanyň döwlet standartlaşdyryş ulgamy, esasy düzgünler.

18. TDS 1.1-93 Döwlet standartlaryny işläp düzmegiň, ylalaşmagyň, tassyklamagyň we hasaba almaklygyň tertibi.

19. TDS 1.4-93 Tehniki şertleriň işläp düzmegiň, ylalaşmagyň, tassyklamagyň we hasaba almaklygyň tertibi.

20. TDS 1.5-93 Standartlaryň düzülişine, beýan edilişine, resmileşdirilişine we mazmunyna bildirilýän umumy talaplar.

21. TDS 1.6-93 Kärhana standartlary, umumy düzgünler.

22. TDS 1.8-94 Başga döwletleriň halkara, sebitara we milli standartlaryny gönümel ulanmaklygyň tertibi.

23. TDS 1.19-2002 Kadalaşdyryjy resminamalar bilen üpjün etmegiň tertibi.

24. TDS 1.2-93 Türkmenistanyň döwlet sertifikatlaşdyryş ulgamy, umumy düzgünler.

25. TDS 1.2-01-93 Önümi sertifikatlaşdyrmagyň tertibi.

26. TDS 1.2-11-95 Hyzmatlary sertifikatlaşdyrmagyň tertibi.

27. TDS 1.2-08-95 Önümçiligi sertifikatlaşdyrmagyň tertibi.

28. TDS 1.2-07-94 Hil ulgamyny sertifikatlaşdyrmagyň tertibi.

29. TDS 1.2-09-94 Howpsuzlyk sertifikatlaşdyrmagyň tertibi.

30. TDS 1.2-05-95 Önümçiligi we hil ulgamyny sertifikatlaşdyrmagyň tertibi.

31. TDS 1.2-02-93 Synag barlaghanalaryna bildirilýän talaplar.

32. TDS ISO 9000-2011 Hil ulgamyny dolandyrmak, Esasy düzgünler we sözlük.

33. TDS ISO 14001-2002 Töwerekdäki gurşawy dolandyrmagyň ulgamy.

34. TDS ISO 9001-2011 Hil ulgamyny dolandyrmak, Esasy düzgünler

35. TDS-15467-79 «Управление качеством продукции» основные понятия.

36. TDS 8.003-2009, Ölçeg serişdeleriniň döwlet reýestriniň ýöredilmeginiň tertibi.

37. TDS-15467-79 «Önümiň hilini dolandyrmak. Esasy düzgünler. Adalgalar we kesgitlemeler».

38. «Halkara, döwletara (sebit) standartlarynyň, daşary ýurt döwletleri tarapyndan kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň Türkmenistanyň çäginde ulanmagyň tertibi», «Türkmenstandartlary» BDG., buýruk 167-23.09.2013 ý.

39. «Önümi sertifikatlaşdyrmagyň tertibi», «Türkmenstandartlary» BDG., buýruk 1/60-27.03.2014 ý.

40. «Senagat howpsuzlygyny sertifikatlaşdyrmagyň tertibi», «Türkmenstandartlary» BDG., buýruk 1/75 – 11.04.2014 ý.

41. «Döwlet edaralaryň, synag barlaghanalaryň (merkezleriň) we bilermen-auditorlaryň sertifikatlaşdyrmak babatda işine gözegçiligi amala aşyrmagyň tertibi», «Türkmenstandartlary» BDG., buýruk 1/76 – 14.04.2014 ý.

42. «Sertifikatlaşdyrylan önüme döwlet gözegçiligi amala aşyrmagyň tertibi», «Türkmenstandartlary» BDG., buýruk 1/94 – 01.03.2014 ý.

43. «Hyzmatlary sertifikatlaşdyrmagyň tertibi», «Türkmenstandartlary» BDG., buýruk 1/143-02.07.2014 ý.

44. «Döwlet akkreditasiýasynyň (attestasiýasynyň) tertibi», «Türkmenstandartlary» BDG., buýruk 766 – 11.06.2014 ý.

45. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri, Aşgabat, 2013.

46. EASC (МГС) döwletara geňeşiň düzgünnamasy, 1992 ý.

47. GDA arasyndaky «Standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak ugurlary boýunça sazlaşykly syýasaty alyp barmak hakynda» ylalaşyk, 12.03.1992 ý.

48. GR 16162325-16-2002 Pudaklaýyn standartlaşdyryş gulluklary barada düzgünnama.

49. GR ISO/IEC 21:2002 Halkara standartlaryny sebitara we milli standartlar hökmünde ulanmaklygyň tertibi

50. ISO 31000:2009, Risk management – principles and guidelines

51. ISO/IEC 17011:2004, Conformity assessment – General requirements for accreditation bodies accrediting conformity assessment bodies

52. ISO/IEC 17025:2006, Общие требования к компетентности испытательных и калибровочных лабораторий

53. ISO 8402:1994 «Управление качеством и обеспечение качества-Словарь»

54. *Ataýew Ç.A., Hojanazarowa S.K., Kadyrow K.H, Sarygulow D.G.* «Marketing». 1-nji kitap. Aşgabat, TDNG, 2013 ý.

55. *Rahmanow B., Berdigylyjow T., Kakalyýewa G., Şükürow A., Hojamgulyýewa B.* «Marketing». 2-nji kitap. Aşgabat, TDNG, 2013 ý.

56. *Mämmedow M.B.* we başgalar, Menejment, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2001 ý.
57. *Şallyýewa N.* «Ölçeg atlarynyň sözlügi», Ylym, Aşgabat, 1995 ý.
58. «Standart, hil we howpsuzlyk» žurnaly, Aşgabat, 2000–2005 ý., 2012–2014 ý.
59. *Babagulyýew A., Akmämmedow O.*, «Türkmen diliniň ykdysady terminleriniň gysgaça sözlügi» Ylym, Aşgabat, 1988 ý.
60. *Kadyrow K., Ýagşygeldiýew A., Kakalyýewa G., Mollaýewa O.,* «Hili dolandyrmak, metrologiýa we standartlaşdyrmak» I kitap, Aşgabat, 2012 ý.
61. *Kadyrow K., Ýagşygeldiýew A., Kakalyýewa G., Gurbanmämedow S.*, «Hili dolandyrmak, metrologiýa we standartlaşdyrmak» II kitap, Aşgabat, 2012 ý.
62. *Yılmaz Özkan* «Toplam Kalite» Sakarya kitapevi, İstanbul, 2005 y.
63. *Muhittin Şimşek* «Toplam kalite yönetimi» Alfa basim yayın, İstanbul, 2001 y.
64. *Seyfi Top* «Toplam Kalite Yönetimi» TURTEP ýüksek lisans egitim notu, 2007 y.
65. *Ahmet Yatkın* «Toplam kalite yönetimi», Nobel, Ankara, 2004 y.
66. Терминология «Качество продукции, испытания, сертификация», Москва, 1989 г.
67. *Ткаченко В.В.* «Основы стандартизации» Москва, 1986 г.
68. *Швандер В.А.* «Стандартизация и управление качеством продукции» Москва, 2001 г.
69. *Сергеев А.Г.* «Сертификация», Москва, 2008 г.
70. *Бесирова В.В.*, Демидова Н.В., Якорова А.С. «Метрология, стандартизация и сертификация» изд «Эксимо», 2007 г.
71. *Ламоткин С.А., Власова Г.М.* «Основы стандартизации и сертификации» Минск БГЭУ, 2007 г.
72. *Аристов А.И., Карпов Л., Приходько В.* «Метрология, стандартизация и сертификация» изд.центр «Академия» 2006 г.
73. *Мишина В.М.* «Основы стандартизации, метрологии и сертификации», Москва, 2007 г.
74. *Крылова Г.Д.* «Основы стандартизации, метрологии и сертификации», Москва, 2007 г.
75. http://www.iso.org/iso/home.html
76. http://www.easc.org.by
77. http://www.cen.eu/cen/Members/Pages/default.aspx



17. Sargyt № 2916

78. http://www.cenelec.eu/Cenelec/About+CENELEC/Our+ +organization/CENELEC+Members/Default.htm
79. http://www.etsi.org/WebSite/membership/currentmembers.aspx
80. http://www.rcc.ru/Rus/LegalServices/?ID=43318
81. http://www.promexgost.com/international-organizations/copant.php
82. http://www.copant.org
83. http://www.iec.ch/

# MAZMUNY

**STANDARTLAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI, MANYSY, DÜÝP ESASY WE USULLARY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10**
1.1. Standartlaşdyrmagyň ähmiýeti we peýdalary . . . . . . . . . . . . . . . . 10
1.2. Hil we bäsleşige ukyplylygyň nazary esaslary . . . . . . . . . . . . . . . . 15
1.3. Standartlaşdyrmak barada kesgitlemeler we düşünjeler . . . . . . . . 22
1.4. Standartlaşdyrmagyň düýp esasy we mazmuny . . . . . . . . . . . . . . 26
1.5. Standartlaşdyrmaklygyň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29

**HIL we STANDARTLAŞDYRMAGYŇ TARYHY ÖSÜŞINIŇ GYSGAÇA BEÝANY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37**
2.1. Hili dolandyrmaklygyň daşary ýurt tejribesi . . . . . . . . . . . . . . . . 37
2.2. Standartlaşdyrmanyň taryhy boýunça gysgaça maglumat . . . . . . 44
2.3. SSSR döwründe standartlaşdyrmagyň ýagdaýy . . . . . . . . . . . . . . 47
2.4. Türkmenistanda standartlaşdyrmagyň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . 50

**STANDARTLAŞDYRMAGYŇ HALKARA WE SEBITARA GURAMALARY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 55**
3.1. ISO – Standartlaşdyrmak boýunça halkara gurama . . . . . . . . . . . 55
3.2. IEC Halkara elektrotehniki topar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 59
3.3. IRSA (MAC) Standartlaşdyrmak boýunça sebitara assosiasiýasy . . . 60
3.4. EASC (MГC) – Standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak boýunça döwletara geňeşi . . . . . . . . . . . . . . . . 63
3.5. Standartlaşdyrmak boýunça beýleki sebitleýin guramalar . . . . . 67
3.6. Halkara döwlet (sebit) standartlaryň, daşary ýurt döwletleri tarapyndan kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy resmi çäpinde ulanylmagyny. Tertibi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 72

**STANDARTLAŞDYRMAGYŇ MAKSATLARY, WEZIPESI, ESASY ÝÖRELGELERI WE OBÝEKTLERI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 76**
4.1. Standartlaşdyrmagyň maksatlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 76
4.2. Standartlaşdyrmagyň wezipesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
4.3. Standartlaşdyrmanyň esasy ýörelgeleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 79
4.4. Standartlaşdyrmagyň obýektleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82

**TÜRKMENISTANYŇ STANDARTLAŞDYRMAK BARADAKY DÖWLET DOLANDYRYŞ GURAMASY WE GURLUŞY . . . 82**
5.1. Standartlaşdyrmak baradaky döwlet dolandyryş guramasynyň wezipeleri, işleýiş düzgüni we hukuklary . . . 82
5.2. Standartlaşdyrmak baradaky döwlet dolandyryş guramasynyň gurluşy . . . 88
5.3. Pudaklaýyn standartlaşdyryş gulluklary barada . . . 89

**STANDARTLAŞDYRMAK WE METROLOGIÝA BARADA KANUNÇYLYK ESASLARY . . . 98**
**Türkmenistanyň kanuny Standartlaşdyrmak hakynda . . . 104**
1-nji BAP. Umumy düzgünler . . . 104
2-nji BAP. Standartlaşdyrmak babatda Döwlet gözegçiligi we gözegçilik barlagy . . . 106
3-nji BAP. Kadalaşdyryjy resminamalar . . . 108
4-nji BAP. Jemleýji düzgünler . . . 113

**TÜRKMENISTANYŇ KANUNY . . . 114**
1-nji BAP. Umumy düzgünler . . . 114
2-nji BAP. Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmek babatda döwlet gözegçiligi we gözegçilik barlagy . . . 115
3-nji BAP. Ölçegleriň bitewiligini üpjün etmegiň esaslary . . . 118
4-nji BAP. Metrologik gözegçilik we gözegçilik barlagy . . . 119
5-nji BAP. Jemleýji düzgünler . . . 124

**TÜRKMENISTANDA STANDARTLARYŇ TALAPLARYNYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞINE DÖWLET GÖZEGÇILIGI . . . 125**
7.1. Barlagyň görnüşleri . . . 126
7.2. Döwlet gözegçiliginde umumy düzgünler we ulanylýan ugurlary . . . 127
7.3. Döwlet gözegçiliginiň esasy maksatlary . . . 128
7.4. Döwlet gözegçiliginiň obýektleri . . . 129
7.5. Döwlet gözegçiliginiň usullary . . . 130
7.6. Dowlet gözegçiligini taýýarlamagyň we geçirmegiň ýörelgeleri . . . 131
7.7 Döwlet gözegçiligini geçirmegiň düzgünleri . . . 132
7.8. Barlagyň netijelerini resmileşdirmek we amala aşyrmak . . . 135

TÜRKMENISTANDA STANDARTYŇ TALAPLARYNYŇ BOZULAN HALATYNDA BILDIRILÝÄN KANUNÇYLYK ESASLARY WE JOGAPKÄRÇILIKLER . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 137
8.1. Administratiw hukuk borulma barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . 138
8.2. Kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplary bozulan halatynda bildirilýän administratiw çäreler . . . . . . . . . . . . . . . . . . 143
8.3. Ykdysady jerime çärelerini ulanmagyň tertibi . . . . . . . . . . . . . . 148

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTLAŞDYRYŞ ULGAMY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 153
9.1. Standartlaşdyrmak işleri boýunça guramaçylyk esaslary . . . . . 153
9.2. Kadalaşdyryjy resminamalaryň derejeleri (kategoriýasy) . . . . . 155
9.3. Döwlet standartlaryny işläp düzmegiň, ylalaşmagyň, tassyklamagyň we hasaba almagyň tertibi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 155
9.4. Tehniki şertleri işläp düzmegiň, ylalaşmagyň, tassyklamagyň we hasaba almagyň düzgüni . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 162
9.5. Standartyň düzülişine bildirilýän umumy talaplar . . . . . . . . . . . 168
9.5.1. Standartyň düzülişine talaplar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 169
9.5.2. Standartyň beýan edilişine talaplar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 180
9.5.3. Standartyň resmileşdirilişine talaplar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 203
9.5.4. Standartyň mazmunyna talaplar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 204
9.5.5. Standartyň belgilenlişine talaplar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 232

TÜRKMENISTANYŇ SERTIFIKATLAŞDYRMAK BARADAKY KANUNY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 233
TÜRKMENISTANYŇ KANUNY
Sertifikatlaşdyrmak hakynda. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 238
1-nji BAP. Umumy düzgünler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 238
2-nji BAP. Sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet tarapyndan Düzgünleşdirmek we gözegçilik. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 243
3-nji BAP. Sertifikatlaşdyrmak babatda işiň amala aşyrylmagy . . . . 246
4-nji BAP. Sertifikatlaşdyrmak babatda döwlet gözegçilik barlagy. . . 249
5-nji BAP. Jemleýji düzgünler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 252

Ö. Meläýew, Ç. Ataýew

# STANDARTLAŞDYRMAGYŇ HUKUK ESASLARY

Ýokary okuw mekdepleri üçin
okuw kitaby

Redaktor
Surat redaktory
Teh. redaktor
Neşir üçin jogapkär

Çap etmäge rugsat edildi . Ölçegi 60x90 1/16.
Mekdep garniturasy. Şertli çap listi . Şertli reňkli ottiski .
Hasap-neşir listi . Çap listi . Sargyt № 2916. Sany .

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi
744004. Aşgabat. 1995-nji köçe, 20.